Türkmenistanyň Bilim ministrligi

B Çaryýew., N Seýtiýew

# Geografiýany öwretmegiň nazaryýeti we usulyýeti

Türkmenistanyň ýokary okuw
mekdepleri üçin synag okuw kitaby

Aşgabat – 2010

OUT 01.08/00-09

**B.Çaryýew, N.Seýtiýew**

**Geografiýany öwretmegiň nazaryýeti we usulyýeti.**

**Synag okuw kitaby.**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Syn ýazanlar: geografiýa ylymlarynyň kanditaty, dosent M.Hudaýýarow, J.Atdaýewa**

**2010-njy ýyl. 198 sah.**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi.**

**Ylmy redaktory: professor M.Kurambaýew**

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde Garaşsyzlyk ýyllarynda halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň, ylmyň, medeniýetiň, bilim ulgamynyň ösüşinde uly özgerişler bolup geçdi. Orta, ýörite orta mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda okadylýan dersleriň sany we düzümi düýpli özgerdi. Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda ýurduň bilim ulgamynda bilim bermegiň milliligine, ylmylygyna we dünýä ülňülerine laýyk getirilmegine aýratyn üns berlip gelinýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Bilim döwlet ykbalyny, onuň sazlaşykly we üstünlikli öňe gitmegini kesgiteýän ýagdaý bolup durýar. Islendik ýurduň, islendik jmgyýetiň, ykdysady, syýasy we medeni ösüşi, hünärine ökde işgärleriň taýýarlanmagyna, hemmetaraplaýyn sowatly, döwrüň ruhuna laýyk derejede pikirlenýän ýaş nesliň terbiýelenmegine baglydyr” diýen sözleri ýokary okuw mekdeplerinde kärine ökde mugallymlary taýýarlamakda jogapkärli wezipäni öňde goýýar.

Ýurt Garaşsyzlygyny alandan soňra orta mekdeplerde bilim we terbiýe bermegiň has-da kämilleşdirilmegi netijesinde geografiýany okatmagyň usulyýetine degişli maksatnamasynda özgerişlikler bolup, okuwçylara berilýän bilimler has-da giňeldildi we berilýän bilimleriň üsti bilen dürli başarnyklar öwredilip gelinýär.

Geografiýa derslerini okatmaklyk üçin hödürlenýän maksatnamalara laýyklykda orta mekdepleriň 4-nji synpynda tebigaty öwrenişi, 5-nji synpynda bolsa fiziki geografiýa aýratyn ders hökmünde okadylyp gelinýär. Bulardan başga-da 6-njy synpda materikleriň we ummanlaryň geografiýasy, 7-8-nji synplarda Türkmenistanyň fiziki we ykdysady durmuş geografiýasy, 9-njy synplarda Dünýäniň ykdysady we sosial geografiýasy aýratyn dersler hökmünde girizilendir. Bu derslerde ýer şarynyň umumy tebigatyna, tebigatynyň düzümine, ondaky bolup geçýän hadysalara, ol hadysalaryň

emele gelmeginiň sebäplerine, Dünýäniň ykdysady we sosial-durmuş geografiýasyna, Türkmenistanyň umumy tebigatyna, tebigy aýratynlyklaryna, ýurduň hojalyk pudaklaryna degişli okuw maglumatlary ýerleşdirilip, okuwçylara görkezilen geografiki düşünjeleri öwretmeklige aýratyn üns berilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda geografiýany okatmagyň usulyýetinde okuw işini guramagyň täze usullaryny, görnüşlerini işläp düzmeklige, geografiýadan okuw kitaplaryny täzelemeklige, kitaplary we kartografiki serişdeleri peýdalanmaklygy gowulandyrmaga, okuwçylaryň okuw ýüklerini rejeleşdirmek ýaly işlere has uly üns berlip, bu işler şu günki günlerde hem ylmy esasda dowam etdirilýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi pedagogika ylymlar ulgamynyň düzüm bölekleriniň biri bolup, ol mekdeplerde geografiýa degişli dersleri okatmagyň maksatlaryny we wezipelerini işläp düzýär. Bu ders "Täze bilim" syýasaty esasynda, ýurdumyzyň ähli pudaklaryndaky alnyp barylýan işleri, halkymyzyň ykdysady durmuşyna degişli okuw maglumatlaryny okuwçylara öwretmek bilen, dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim we terbiýe bermekligi amala aşyrýar.

Häzirki döwürde geografiýa okuw kitaplarynyň, geografik kartalarynyň, atlaslarynyň täze nusgalaryny taýýarlamaklyga, geografiýa sapaklarynda we sapakdan daşary işlerde peýdalanylýan dürli okuw serişdelerini,enjamlaryny, gurallaryny, görkezme esbaplaryny döretmeklige, kämilleşdirmeklige we olar bilen ähli mekdepleri doly üpjün etmeklige aýratyn üns berilýär.

## §1. Geografiýany okatmagyň usulyýeti, dersi maksady we wezipeleri

Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi umumy pedogogikanyň we didaktikanyň bir bölegi bolup, olar bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr.Umumy pedagogika we didaktika terbiýe bermek bilen bitewilikde bilim bermekligiň mazmunyny, okatmaklygyň umumy kanunalaýyklaryny öwrenýär.Bu dersiň mazmuny mekdeplerdäki okuw – terbiýeçilik işleriniň maksady bilen kesgitlenýär. Geografiýany okatmagyň usulyýeti, dersiň esasy maksady okuwçylara okuw sapaklarynda, synpdan daşary we beýleki okuw–terbiýeçilik işlerinde bilim bermegiň, terbiýelemegiň we olary ösdürmegiň esasy ugurlaryny, usuly aýratynlyklaryny öwretmekden ybarat bolup durýar.

<u>Geografiýany okatmagyň usulyýeti</u> dersi mekdep geografiýasynyň didaktikasy bolup,orta mekdeplerde synplar boýunça geografiýa degişli dersleri okatmagyň maksatlaryny, wezipelerini, mazmunyny kesgitlemek bilen okuwçylara bilim we terbiýe bermegiň şeýle-de okuwçylary hemme taraplaýyn ösdürmegiň usullaryny we görnüşlerini öwrenýän ylymdyr. Onuň öwrenýän meseleleri,ugurlary şu aşakdakylardan ybarat bolup:

-Mekdeplerde geografiýa dersleriniň bilim berijilik, ösdürijilik wezipeleri;

-Mekdeplerdäki geografiýa dersleriniň mazmuny.

-Mugallymyň geografiýany okatmak bilen bagly okuw işleriniň guralyşy;

-Okuwçylara bilim bermekligiň tärlerini, ýollaryny, usullary;

-Okuw işlerinde okuwçylara terbiýe bermegiň we olary hemme taraplaýyn ösdürmegiň ýollary öz içine alýar.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi mekdeplerde geografiýa sapaklarynyň okadylyşynyň, okatmaklygyň üsti bilen okuwçylara terbiýe berlişiniň tärlerini işläp düzýär. Bu ders mekdeplerde synplar boýunça geografiýa dersleriniň okadylyşyna degişli okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini gowulandyrmaga, mugallymlara ýardam etmeklige

gönükdirilip, şu aşakdaky wezipeleriň ýerine ýetirilişine degişli işleri amala aşyrýar:
-Bilim ulgamynda geografiýanyň ähmiýetini we wezipelerini kesgitlemek hem-de okuwçylarda ylmy dünýägaraýyşlary kemala getirmek;
-Mekdep geografiýasy dersiniň mazmunyny kämilleşdirmek we ony ylmy barlaglar bilen üpjün etmek;
-Mugallymlary mekdep geografiýa dersleriniň ylmy mazmuny bilen, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary, häzirki zaman okuw serişdelerini ulanmaklygyň ylmy taýdan öwrenilen we barlanylan usullary boýunça okatmak, terbiýe bermek ussullary bilen ýaraglandyrmak;
-Okatmagyň oňaýly, görnüşlerini we ugurlaryny işläp düzmek;
-Okuwçylara geografik bilimleri bermegiň we olaryň başarnyklaryny ösdürmegiň has netijeli usullaryny kesgitlemek;
-Okuw kitaplaryna we okuwdan daşary okamak üçin niýetlenen kitaplara edilýän talaplary işläp düzmek;
-Geografiýany okatmakda okuw serişdelerini, enjamlaryny, esbaplaryny ulanmagyň, olary okuw işlerinde peýdalanmagyň ýollaryny salgy bermek;
-Mugallymlary synpdan daşary, ülkäni öwreniş işleriniň görnüşleri,olaryň mazmuny we guralyş usullary bilen tanyşdyrmak;
-Mekdepdäki geografiýa desleriniň mazmuny we okadylyşyny dünýä ülňülerine laýyk getirmek;
-Bilim bermegiň usullaryny we görnüşlerini milli aýratynlyklarymyz esasynda düýpli kämilleşdirmek we täzeçe guramak;
-Mekdepdäki geografiýa dersleriniň üsti bilen okuwçylarda täze ylmy dünýägaraýyşlary kemala getirmekdäki işini ýokarlandyrmak;
-Okuwçylaryň gyzyklanma, fakultatiw okuwlara we okuwdan daşary işlere doly gatnaşygyny gazanmak ýaly işleri amala aşyrýar.

**Geografiýany okatmagyň usulyýeti, dersi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky orny.** Beýik Galkynyşlar we Özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň aladasy netijesinde bilim, ylym ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyryldy. Muňa orta mekdepleriň on ýyllyk okuw maksatnamalaryna geçirilmegi, synplarda okaýan okuwçylaryň sanynyň kemeldilmegi, mugallymlaryň netijeli işlemegini ýokarlandyrmak maksady bilen olaryň iş ýükleriniň kemeldilmegi anyk mysallar bolup biler. Sebäbi Hormatly Prezidentimiziň baş şygary **"Döwlet adam üçindir".** Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamynyň işgärlerine bildirýän talaplaryny ödemek her bir mugallymyň mukaddes borjudyr. Öz borjuňy mynasyp ýerine ýetirmek bolsa- Prezidentimiziň, Döwletimiziň talabyny ýerine ýetirmekdir. Hormatly Prezidentimiziň bellän **"Adam döwlet üçindir"** diýen şygaryny amala aşyrmak her kim üçin öz hünäriňi söýmeli we ony yzygiderli kämilleşdirmeli. Aslynda, mugallymlaryň hünär ussatlyklaryny kämilleşdirmek hem geografiýany okatmagyň usulyýetiniň öňünde durýan esasy wezipeleriň biridir. Mugallymlara bolan ynamyny Hormatly Prezidentimiz şeýle beýan edýär: **"Mugallymçylyk adamzat durmuşynyň irki döwürlerinden bäri iň abraýly, hormatly kärleriň biridir. Bilim berýän adam aýratyn hormat-sylaga mynasypdyr"**

Häzirki wagtda bilimleriň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, geografiýany okatmagyň usulyýeti we ony okatmagyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmak, geografiýadan okuw gollanmalaryny we kitaplaryny çap etmek, okatmagyň häzirki zaman ülňilerine gabat gelýän usullaryny işläp düzmek, kämilleşdirmeklik barada uly aladalar edilýär. Geografiýa tebigy ylymlar toplumyna degişli bolup, dersiň üsti bilen okuwçylara tebigat, onuň baýlyklary, olary gorap saklamak, rejeli peýdalanmak, ekologik bilim we terbiýe

bermek mümkinçilikleri bar. Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi okuwçylara öz ýurdumyzyň we dünýä ýurtlarynyň tebigatyny öwretmekligiň hem-de ony gorap saklamagyň usullaryny öwredýär. Tebigaty gorap saklamak bolsa ylmyň, tehnikanyň ösen döwründe örän wajypdyr.

Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, ýurdumyzyň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek meselesini döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kabul etdi. Tebigaty goramak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmeginde ýurdumyzyň ekologlary, çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutlary uly goşant goşýarlar. Şeýle-de orta mekdeplerde okadylýan geografiýa dersleriniň okuw meýilnamalarynyň döwrebap kämilleşdirilmegi bu ugurda alnyp barylýan işleriň ilerlemegine kömek edýär. Diýmek geografiýany okatmagyň usulyýetiniň bilim ulgamyndaky ähmiýeti örän uludyr.

**Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň mazmuny we düzüm bölekleri.**

Geografiýany okatmagyň usulyýeti “Fiziki geografiýany okatmagyň usulyýeti” we “Ykdysady geografiýany okatmagyň usulyýeti” diýen iki sany uly bölümden durýan umumy usulyýet ylmy hasaplanýar. Bu bölümler hem öz gezeginde mekdep geografiýasynyň aýry-aýry derslerini we olaryň bölümlerini öz içine alýan hususy usulyýetlerden durýar. Şu hödürlenýän okuw kitaby 4-nji synpda tebigaty öwrenişi, 5-nji synpda fiziki geografiýa derslerini okatmaklygyň usullaryna degişli maglumatlary hödürlemekligi öz öňünde maksat edinýär.

<u>Geografiýany okatmagyň umumy usulyýeti</u> dersi didaktikanyň umumy düzgünlerinden, kanunalaýyklyklaryndan ugur alýar. Okuwçylara geografiýadan bilim bermegiň ugurlaryny, tärlerini, ýollaryny, usullaryny georafiýanyň hususy aýratynlygy bilen bilelikde öwredýär. Geografiýanyň

hususy aýratynlygy bolsa kartadyr. Karta geografiýanyň dilidir.

Geografiýany okatmagyň umumy usulyýeti geografiýany iki bölege bölüp öwredýär: a) fiziki geografiýa; b) ykdysady geografiýa.Geografiýany okatmagyň umumy usulyýeti dersi fiziki geografiýanyň we ykdysady geografiýanyň aýratynlyklaryny hasaba alyp, şol esasda okatmaklygyň ýollaryny, tärlerini, ugurlaryny,usullaryny hödürleýär.

Geografiýany okatmagyň umumy usulyýeti nazary we ylmy ugur görkeziji (metodologik) meseleleri, soraglary,okatmaklyga degişli ylmy barlaglaryň netijelerini, okatmaklygyň usullaryny aýry-aýrylykda öwrenip, okuw terbiýeçilk maksatlaryny işläp düzmeklige aýratyn üns berýär. Bu ders okuw – terbiýeçilik işlerini hasaba almak bilen mekdeplerde synplar boýunça geografiýa dersleriniň okadylyşynyň we öwredilişiniň mazmunyny işläp düzýär.

Her bir synp üçin geografiýa okuw dersiniň hususy usulyýet ugurlary mekdep geografiýasynyň aýry- aýry dersleriniň okuw maglumatlaryny öwretmegiň maksatlaryny işläp düzmek bilen , mekdep geografiýasynyň dürli synplarda okadylýan ugurlaryny, temalaryny öwretmegiň takyk usullaryny kesgitleýär. Şeýle-de geografiýa dersleriniň mazmunynyň aýratynlyklary esasynda okuw işlerini guramagyň, dürli tebigy we geografik düşünjeleri öwretmegiň , okuwçylaryň özbaşdak işlerini, başarnyklaryny barlamak we bahalandyrmak ýaly usullaryny kesgitleýar.

Umuman, geografiýany okatmagyň usulyýeti ylym hökmünde şu aşakdakylara anyk jogaplary berip bilmelidir:

-Geografiýa ylmynyň esaslaryny okuwçylara näme üçin öwretmeli we nähili usullarda öwretmegi ýola goýmaly?

-Okuwçylara geografiki bilimleriň we düşünjeleriň haýsylaryny bermeli, berilýän bilimleri bilim ulgamyndaky haýsy talaplara laýyk getirmeli we haýsy

usulyýet ugurlaryndan, jemgyýetçilik esaslaryndan ugur almaly?

-Aýry-aýry synplaryň geografiýa derslerinde dürli mazmunly dersler öwrenilende okatmaklygyň has oňaýly, netijeli usullary haýsylar we olary nähili peýdalanmaly?

Diýmek, geografiýany okatmagyň usulyýetiniň esasy öwrenýän ugry mekdep geografiýasy bolup, ol ylym hökmünde mekdepde geografiýany okatmaklygyň mazmunyny,geografiýa degişli okuw maglumatlaryny okuwçylara öwretmegiň anyk usullaryny we görnüşlerini kesgitleýär hem-de geografiýa mugallymlary üçin öňdebaryjy tejribelere esaslanýan maslahatlary, hödürnamalary, usuly talaplary we düzgünleri taýýarlaýar.

Beýleki ylymlaryň ählisinde bolşy ýaly, geografiýany okatmagyň usulyýeti hem tejribe bilen berk baglanyşyklydyr. Mekdepde geografiýany okatmagyň tejribe usuly onuň ylym hökmünde ösüşine uly täsir edýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda ylmyň ähli ugurlarynda täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda has-da uly özgerişler, ösüşler başlandy. Bu ösüşler we özgerişler Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyndaky alyp barýan çäksiz aladalary bilen ýaş nesle dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilimi bermekde, watançy ýaşlary terbiýelemekde köp sanly işler amala aşyrylýar. Aýdylanlardan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň ykdysady durmuşyndaky uly ösüşleri okuwçylara döwrebap öwretmekligi dogry ýola goýmagyň usullaryny işläp düzmekde geografiýany okatmagyň usulyýeti dersiniň ähmiýeti has-da artýar.

## § 2. Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersiniň beýleki ylymlar bilen baglanyşygy

Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi pedagogika ylymyna girmek bilen, onuň didaktika bölümine degişlidir.Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi mekdeplerde ösüp gelýän ýaş nesle fiziki we ykdysady geografiýa degişli bilimleri bermekde esasy wezipäni çözýär.Hemme ylymlaryň biri- biri bilen baglanyşykda bolşy ýaly geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi hem mekdepde geografiýa dersleriniň okadylyşyny, okatmaklygyň üsti bilen terbiýe berlişini işläp düzülenenide: a) geografiýa ylymlaryna; b) pedagogika ylmyna we onuň pudaklaýyn ugurlaryna, ç) psihologiýa ylmyna esaslanýar.

Bilimleriň özara baglanyşyk bütindünýä jemgyýetiniň, halkara gatnaşyklarynyň ösmegi, ylym we tehnikanyň çalt depginler bilen ýokary göterilmegi netijesinde has-da giňelýär. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň köp ylymlar bilen baglanyşykda ösỳär. Olardan iň esasylary geografiýa ylymlary we onuň pudaklaýyn ugurlary, pedogogika, psihologiýa ylymlarydyr.

Geografiýa ylmy mekdeplerde geografiýa dersleriniň diňe bir mazmunyna däl, eýsem olary okatmagyň usullaryna we serişdelerine hem täsir edýär. Şonuň üçin geografiýany okatmagyň usulyýetine kartografik, hasabat, gözegçilik, deňeşdirme, meýdan barlag – ölçeg işleri ýaly usullar berk ornaşandyr.

Pedagogika we psihologiýa ylymlary mekdepde geografiýany okatmagyň umumy kanunalaýyklyklaryny, öwrenilýän bilimleriň güýçýeterligini, mugallym bilen okuwçylaryň özara baglanyşygyny, okatmaklygyň terbiýeçilik meselelerini, okatmakda okuwçylaryň işjeňligini we bilimlerini hasaba almaklygy, bahalandyrylmagyny kesgitleýär. Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi hususy didaktika ylmyna degişli hasaplanylýar. Didaktika bolsa okuw işleriniň alnyp barlyşynyň umumy nazaryýeti bolmak bilen usulyýet dersleriniň ösmeginde uly orny eýeleýär. Didaktika usulyýet

dersleri üçin umumy metodologik düzgünleri (prinsipleri) işläp düzýär. Onuň işläp düzen düzgünleri esasynda aýry-aýry usulyýet dersleri okatmaklygyň mazmunyny we düzümini, okuwçylaryň okuw işlerini guramagyň ýollaryny, olarda ylmy dünýägaraýşy kemala getirmegiň tärlerini, ugurlaryny, usullaryny taýýarlaýar hem-de didaktika üçin nazary taýdan seljermeleriň maglumatlaryny hödürleýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti diňe bir pedagogika däl, eỳsem psihologiýa ylmy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Onuň maglumatlary okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, ösüş aýratynlyklaryna laýyklykda geografiýany okatmagyň mazmunyny, usullaryny we görnüşlerini saýlap almakda hem-de kesgitlemekde zerurdyr. Psihologiýa ylmy geografiýany okatmagyň usulyýetini dürli ýaşdaky okuwçylaryň ýadyna, pikirlenişine, okuwçylara tabşyrylýan işleriniň möçberine (iş ýüküniň möçberine) degişli ylmy maglumatlar bilen üpjün edýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti geografiýanyň meteorologiýa, geologiýa, gidrologiýa, kartagrafiýa, ekologiýa ýaly köp sanly pudaklaýyn ugurlary bilen, tebigat ylymlary bolan botanika, zoologiýa, adam anatomiýasy ýaly başga-da köp ylymlar bilen özara baglanyşyklydyr.Şeýle-de geografiýany okatmagyň usulyýeti ykdysadyýet, ykdysady-durmuş, jemgyýetçilik ylymlary, şeỳle-de beỳleki gumanitar häsiỳetindäki ylymlary bilen hem özara baglanyşyklydyr.

Ylymlaryň ählisi bir-biri bilen berk baglanyşyklylykda ösýär we kämilleşýär. Geografiýany okatmagy usulyýeti dersini hem pedagogika, psihologiýa, tebigat bilimleri bilen arabaglanyşyksyz göz öňüne getirmek mümkin däldir.

Pedagogika we psihologiýa ylymlary mekdepde geografiýany okatmagyň umumy kanunalaýyklyklaryny, öwrenilýän bilimleriň okuwçylaryň ýaş we zehin aýratynlyklaryna baglylygyny, okatmak we terbiýe bermek işiniň arabaglanyşygyny kesgitleýär. Bu ylymlar arkaly

geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi okatmaklygyň mazmunyny we düzümini, okuw işlerini guramagyň ýollaryny kämilleşdirýär. Pedagogika we psihologiýa ylymlarynyň maglumatlary we düzgünleri okuwçylaryň ýaş, zehin we ösüş aýratynlyklaryna laýyklykda geografiýany okatmagyň mazmunyny, usullaryny we görnüşlerini saýlap almakda hem-de kesgitlemekde zerurdyr.

Geografiýany okatmagyň usulýeti geografiýa, kartografiýa, ekologiýa ýaly ylymlar bilen hem özara baglanyşyklydyr.

**Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersiniň geografiýa ylymlary we beýleki tebigat ylymlary bilen baglanyşygy.** Geografiýa bilimi okuwçylaryň aňynda tebigat bilen jemgyýetiň özara gatnaşyklaryny we bu işde adamyň ornunyň möhüm ähmiýete eýedigini düşündirmekden ybaratdyr. Şeýlede bu ylym tebigy hadysalar we geografik düşünjeler ulanylanda olara toplumlaýyn çemeleşmäge daýanyp, häzirki zaman jemgyýetiniň umumy meselelerine okuwçylaryň dogry düşünmeklerine ýardam etmelidir.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi şol maglumatlary okuwçylara öwretmegiň toplumlaýyn meselelerini çözmek bilen meşgullanýar.

## § 3. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ylmy – barlag usullary

Geografiýany okatmagyň usulyýetinde umumy pedogogikanyň we didaktikanyň gönüden- göni peýdalanýan gözegçilik, mekdep iş kagyzlaryny öwrenmek (*mugallymlaryň iş meýilnamalaryny, hasabatlaryny, okuwçylaryň özbaşdak hem-de toparlaýyn işleriniň netijelerini we ş.m.*), mugallymlar hem-de okuwçylar bilen söhbetdeşlik, pikir alyşma, tejribe, laboratoriýa, synag sapaklarynyň adaty sapaklar bilen

deňeşdirmesi ýaly usullary giňden peýdalanylýar. Geografiýany okatmagyň usulyýeti boýunça ylmy – barlag işlerini alyp barmagyň esasy maksady Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynyň ýaş nesline döwrebap, dünýä ülňülerine gabat gelýän bilimleri, başarnyklary we endikleri bermegiň has oňaýly ýollaryny gözlemekden hem-de tapmakdan ybaratdyr.

Ylmy – barlag işleri geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ylym hökmünde kemala gelýän ilkinji döwürlerinde ýörite geçirilen synaglara, tejribelere esaslanýan görnüşlerde alnyp barlypdyr. Soňky ýyllarda ylmy- barlaglaryň nazary hem-de logiki usullaryna aýratyn üns berilýär. Bu usullaryň aýry-aýry görnüşleri: ulgamlaýyn we düzümleýin çemeleşmek, okuw dersiniň gurluşyna görä ondaky bilimleriň mazmunyny logiki-didaktiki taýdan derňemek, mekdepdäki geografiýa dersleriniň okuw maglumatlaryny logiki-düzüm we logiki-düşünjeler taýdan derňemek has giňden peýdalanylýar. Geografiýany okatmagyň hili barlananda we synag işleriniň netijelerine baha berlende, pedagigik taýdan netije çykarylanda matematiki ylmy-barlag usullary hem ulanylýar. Ylmy barlaglaryň netijeleri işlenende statistiki hasabatlaryň peýdalanylmagy olara az sanly okuwçylar ýa-da mugallymlar gatnaşdyrylan bolsa-da, belli bir derejede anyk, ylmy taýdan esaslandyrylan maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

Her bir georafiýa mugallymy geografiýa dersini okatmak bilen bagly ylmy-barlag işlerini alyp barmaklyga degişli bilimleri ele almalydyr. Sebäbi her bir geografiýa mugallymy okadýan dersleri bilen bagly barlag-döredijilik işlerini alyp barmalydyr we özüniň bilim bermekdäki ýeten derejesine özbaşdak baha berip bilmelidir. Umuman, häzirki wagtda geografiýany okatmagyň usulyýetinde örän köp sanly ylmy – barlag usullary ulanylyp, olardan şu aşakdakylary esasylary hökmünde bellemek bolar:

**1. Nazary ylmy-barlag usullary**. Olara kitaplar we edebiýatlar bilen işlemek (*derse degişli okuw kitaplarynyň we edebiýatlarynyň derňewi*), matematiki hasabat, taryhy, deňeşdirme, ulgamalaýyn-düzüm we logiki- düzüm usullary degişlidir.

Kitaplar we edebiýatlar bilen işlemek usulynda derse degişli okuw kitaplaryň we edebiýatlaryň derňewi boýunça ylmy- barlag işleri guralýar**.**

**Matematiki** hasabat usuly arkaly geçirilen synag – tejribe, labaratoriýa işleriniň netijeleri anyk san maglumatlary bilen görkezilýär.

**Taryhy** usulynyň üsti bilen okatmagyň usulyýetiniň meseleleriniň dürli döwürlerde we ýagdaýlarda ösüşi, özgerişi hem-de özara tapawutly aýratynlyklary taryhy döwürleri deňeşdirmek bilen kesgitlenilýär.

**Deňeşdirme** usuly arkaly ylmy bilimleriň aýry-aýry ulgamlaryna, geografiýanyň dürli synplarda okadylýan derslerini okatmagyň usuly aýratynlyklary deňeşdirilip giňişleýin seljerme berilýär.

**Ulgamlaýyn – düzüm** we **logiki –düzüm** usullary, esasan, bilelikde ulanylyp, olar okuw maglumatlarynyň logiki düzüminiň, gurluşynyň has amatly, oňaýly (*optimal*) yzygiderliligini kesgitlemäge ýardam edýär.

**2. Ýörite synaglara – tejribelere esaslanýan usullar**. Bu usullara okuw işine gözegçilik, pedagogik synagy – tejribäni öwrenmek we öwrenilenleri jemlemek degişlidir. **Gözegçilik** (*syn etmek*)usuly ylmy barlaglarynyň has giň ýaýran görnüşidir we pedogogik işiň ýagdaýyna düşünmegiň, seljerme bermegiň has netijeli usulydyr. Gözegçilik edip bilmek başarnygy her bir mugallym üçin zerurdyr. Sebäbi gözegçilik etmek mugallymyň (islendik adamyň) pedagogik başarnyklarynyň mümkinçilikleriniň görkezijisidir. Geografiýany okatmagyň usulyýetinde gözegçilik usuly okuw işini alyp barmakdaky ulanylýan okatmak usullaryna,

mugallymyň şol usullary sapakda okuwçylaryň özbaşdak işleriniň guralyşyna, öý işiniň tabşyrylyşyna, saýlap bilşine okatmakdaky gerekli serişdelerini ýerlikli peýdalanyp bilmek başarnygyna bagly guralyp bilner.

Gözegçilik usuly ylmy-barlagda giňden ulanylýar. Okuwçylaryň ýazuw işleri barlanylýar, ýörite barlaglar guralýar, aýry-aýry okuwçylar (indiwidual) barlanylýar. Gözegçilik usulynda okatmaklyga degişli dürli tärler, ýollar, usullar öwrenilýär, okuwçylaryň bilim derejesiniň ösüşine, okuwçylaryň akyl ýetirişiniň artyşyna täsiri barlanylýar. Gözegçiligiň meýilnamasy we maksatnamasy ylmy-barlagyň, gözegçiligiň alnyp barylýan, syn edilýän obýektlerine (ýerlerine, ýagdaýlaryna) bagly meseleler esasynda düzülýär. Gözegçiligiň maksatnamasynda gözegçilik geçirilýän ýerler we olaryň anyk wagtlary görkezilýär. Maksatnamada gözegçilik alnyp barylýan synpy kesgitlenilýär, haýsy temalar okadylanda gözegçilik geçirilendigi hasaba alynýar, gözegçilik üçin soragnamalar belli edilýär, gürrüňdeşlik üçin soraglar, ýazuw üsti üçin soraglar taýýarlanylýar. Gözegçiligiň hemme maglumatlary toplanylyp netije çykarylýar.

Ylmy – barlag maksatlary bilen geçirilýän geografiýany okatmagyň usulyýeti boýunça gözegçilikler dürli zerur maglumatlary almak üçin beýleki usullar bilen utgaşdyrylyp ulanylýar. Olardan has giňden ulanylýany ýazgy üsti bilen, sorag-jogap, söhbetdeşlik, pikir-soraşma (*anketa, takyk soraglara her bir mugallymyň, okuwçynyň şahsy jogabyny, pikirini anyklamak*) usullarydyr.

Öňdebaryjy pedagogik iş tejribe öwrenilende söhbetdeşlik, mekdep resminamalaryny, iş kagyzlaryny öwrenmek, okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamak maksady bilen geçirilen barlaglaryň netijelerini derňemek ýaly usullar has ähmiýetlidir. Geografiýany okatmagyň tejribesi öwrenilende pedagogik synag-tejribe usuly giňden ulanylýar. Sebäbi bu usul geografiýany okatmagyň

özüne mahsus aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga, her bir dersiň, bölümiň,aýry-aýry temanyň öwreniliş usullaryny kesgitlemäge, ol ýa-da beýleki usulyň netijeliligini anyklamaga has gowy mümkinçilikler berýär.

Mekdep resminamalaryny öwrenmek. Mekdep resminamalaryna okuw meýilnamasy, okuw maksatnamasy, mekdebiň iş meýilnamasy, mekdebiň hasabatlary, okuwçylaryň gündelikleri, amaly iş depderleri, amaly işde ýerine ýetrýän sudur kartalary,ýerine ýetiren çyzgylary (ýeriň çyzgysy) topografiki kartalary, mugallymlaryň ulanýan görkezme esbaplary, okuwçylaryň taýýarlan esbaplary, okuwçylaryň ýerine ýetiren gözegçilik gündelikleri we tebigatyň kalendary, okuwçynyň şahsy jiltleri, mekdep kitaphanasyndaky okuwçynyň okan kitaplarynyň sanawy degişlidir. Mekdep resminamalary bilen işlemek alnyp barylýan barlagyň maksadyna görä guralýar. Köp ýyllaryň resminamalary barlanylýar.

Mekdep mugallymlary we beýleki işgärler bilen geçirilýän söhbetdeşlik. Bu ylmy- barlag usuly okuw kitaplary, okuw maksatnamalary, görkezme esbaplary synag edilende giňden ulanylýar. Ylmy-barlag söhbetdeşlik görnüşinde, ýazyp beýan etmek görnüşinde-de alnyp barlyp bilinýär.

Laboratoriýa-eksperiment ylmy-barlaglary. Bu ylmy barlag ýörite otagda degişli enjamlaryň, serişdeleriň üsti bilen alnyp barylýar.

Tebigy tejribe ylmy –barlaglary. Bu ylmy-barlagda gözegçilik edilýän, barlag geçirilýän synpa ýa-da okuwça tebigy –adaty gündelik ýagdaýlarda gözegçilik etmek arkaly amala aşyrylýar.

Ylmy – barlag usullary şu aşakdaky yzygiderlilikde toplumlaýyn alnyp barylýar:

-Ylmy – barlaglaryň obýektlerini we meselesini kesgitlemek.

-Barlaglaryň geçiriljek ýerini anyklamak.

-Ylmy – barlaglaryň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemek.

-Barlagyň mazmunyň takyk iş meýilnamasyny, maksatnamasyny düzmek.

-Öňdebaryjy iş tejribesini ( birnäçe mekdebiň, mugallymyň ýa-da şahsy bir mugallymyň iş tejribesini) köpçülikleýin öwrenmek hem-de umumylaşdyrmak.

-Ylmy –barlagyň netijelerini derňemek, üstüni doldurmak, ähli pedogogiki ylmy barlaglardan netije çykaryp , ýaýratmaga hödürlemek.

Watanymyzyň mekdeplerinde geografiýa dersleriniň okadylyşyny mundan beýläk-de gowulandyrmak maksady bilen geçirilýän ylmy-barlaglar beýik Galkynyşlar we täze Özgertmeler zamanasynda ýokary depginli durmuş-ykdysady ösüşleriň netijesinde hil we san taýdan barha giňeldilýär, çuňlaşdyrylýar. Sebäbi geografiýany okatmagyň usulýetiniň maksady we wezipeleri, ösüp gelýän ýaş nesle dünýä ülňülerine gabat gelýän bilimleri bermek bilen baglydyr. Bu wezipeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda mekdepde geografiýa derslerini okatmagyň usulyýeti şu aşakdaky meseleleriň üstünde dürli görnüşli ylmy-barlag işlerini alyp barýar:

-Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ỳurdumyzda bilim ulgamyny mundan beỳläk-de ösdürmek, kämilleşdirmek boỳunça alyp barỳan syỳasatyna baglylykda mekdepde geografiýany okatmagyň mazmunyny, usullaryny, serişdelerini kämilleşdirmek.

-Geografiýany okatmakda ülkäni öwreniş we ýerli geografik maglumatlary peýdalanmagyň tejribesini ösdürmek.

-Geografiýany okatmakda ykdysady, ekologiýa bilimleriniň berlişiniň usullaryny kämilleşdirmek hem-de ösdürmek.

-Geografiýany okatmaklygyň üsti bilen Watana, Hormatly Prezidentimize, türkmen halkyna, onuň zähmetine söýgi döretmek we hünärlere ugrukdyrmak, gönükdirmek.

-Geografiýa sapaklaryny guramagyň has oňaýly usullaryny kesgitlemek.

-Okuw kitaplaryny, geografiki kartalary we beýleki kartagrafik önümleri täzelemegiň hem-de ulanmagyň meseleleri.

-Geografiýadan alnyp barylýan synpdan daşary işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak we beýleki işleri utgaşykly alyp barmak.

**Geografiýadan mekdep iş kagyzlarynyň öwrenilişi we ýöredilişi.**

Mekdep iş kagyzlary – synp dergileri, mugallymlaryň meýilnamalary we hasabatlary, okuwçylaryň geografik depderleri we gözegçilik gündelikleri, doldurylan sudur kartalary, aýry-aýry geografik obýektleriň ýazgylary we häsiýetnamalary, amaly işleriň netijesinde taýýarlanylan kartagrafik çyzgylar we kartalar, dürli wagtda taýýarlanylan barlag ýazuw işleri, mugallymyň taýýarlan görkezme esbaplary we başgalar, geografiýa mugallymynyň iş tejribesini öwrenmekde we oňa baha bermekde esasy çeşmelerdir.

Okuwçylaryň we mugallymlaryň sapak döwründe geçirýän işlerini öwrenmekde geografiýany okatmagyň temalaýyn ýyllyk we ýarym ýyllyk kalendar iş meýilnamalary esasy çeşmeleriň biridir. Bu kalendar temalaýyn iş meýilnamalary arkaly okuwçylaryň özbaşdak işleriniň guralyşy, täze temany öwretmekde ulanylýan usullar, okuw esbaplary, temalary öwrenmäge berilýän wagtyň maksadalaýyklygy barada netijeler çykarmak bolýar.

Geografiýa dersini okatmak işiniň guralyşynyň usulyýet nukdaý-nazardan edilýän talaplara näderejede laýyk gelýändigini giňişleýin derňemek, baha bermek üçin mugallymlaryň okuw ýylyndaky çärýekler boýunça taýýarlan

hasabatlaryndan peýdalanylýar. Bu hasabatlaryň üsti bilen mugallymyň hünärine ussatlygy belli bir derejede kesgitlenip biliner.

Geografiýa dersi boýunça okuwçylaryň bilimleriniň we başarnyklarynyň hiline baha berlende okuwçylaryň geografiýa depderleri, ýerine ýetiren amaly ýumuşlarynyň ýazgylary, taýýarlan sudur kartalary, kartashemalary, beýleki kartagrafik çyzgylary we geçirilen ýazuw barlag işleriniň netijeleri ulanylýar. Şonuň üçin her bir mugallym bu iş kagyzlarynyň talaba laýyk ýöredilişine aýratyn üns bermelidir.

Umuman, geografiýa dersi boýunça mekdep iş kagyzlarynyň birnäçe ýyllaryň dowamynda ýygnanan we aýawly saklanan toplumy mugallymyň öz iş tejribesini öwrenmäge, derňemäge, ony seljermäge we ösdürmäge ýardam edýär. Şonuň üçin soňky ýyllarda mekdeplerde, bilim ulgamynyň dolandyryş edaralarynda, Milli bilim institutynda bu işe aýratyn üns berlip başlandy. Netijede geografiýa mugallymlarynyň öz iş tejribesi, bilim ulgamynyň dolandyryş edaralarynyň hünärmenleriniň, usulyýetçileriniň öňdebaryjy iş tejribeleri esasynda taýýarlanan teklipnamalary, ylmy maslahatlardaky, pedagogik okaýyşlardaky nutuklarynyň, gazet sahypalaryndaky makalalarynyň, okuw - usuly gollanmalarynyň sany barha artýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda mekdep iş kagyzlarynyň bir-birini gaýtalaýan görnüşleriniň sanyny azaltmak, ýöredilişine gözegçiligi güýçlendirmek Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň üns merkezinde durýar. Sebäbi mekdep iş kagyzlary Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenýär. Mekdep iş kagyzlaryny uzak möhletleýin abat saklamaklyga degişli işlere aýratyn üns berlip başlandy.

Mekdepde geografiýa mugallymlary hem döwlet möçberinde ýeke-täk talaplar esasynda ýöredilmeli iş kagyzlarynyň öz wagtynda taýýarlanylmagy, saklanylmagy üçin aladalanmalydyrlar. Sebäbi mekdep iş kagyzlary diňe bir

mugallymyň döredijilikli işiniň netijelerini giňden açyp görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, geçirilen işleriň ýagdaýyny seljermäge, goýberlen säwlikleri, kemçilekleri ýüze çykarmaga we düzetmäge mümkinçilik berýär.

**Mekdep geografiýa dersleriniň düzümi we yzygiderligi.**

Mekdepde geografiýa derslerini okatmagyň usulyýetiniň köp ýyllyk ylmy – barlaglarynyň netijeleri, Garaşsyzlyk ýyllarynda bilim ulgamyndan edilýän talaplardan, beýik Galkynyşlar we täze Özgertmeler zamanasyndaky ýörelgelerinden gelip çykýan wezipelere baglylykda Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde geografiýany okatmaklygyň dersler boýunça düzümi hem-de yzygiderligi kesgitlenilýär.

Mekdepde geografiýa dersleriniň yzygiderlikde öwredilmegi baradaky mesele döwlet möçberinde usulyýetçi alymlaryň,geografiýa derslerini okatmakda baý iş tejribesi bolan mugallymlaryň gatnaşmagynda çözülýär. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň mekdeplerde okuw işlerini guramaklygyň dersler boýunça okuw ýyly üçin maksatnamasynda geografiýa derslerini aýry-aýry synplarda okatmagyň yzygiderligi hem-de her bir dersi öwretmek üçin berilýän okuw sagatlarynyň möçberi kesgitlenilýär. Umumybilim berýän türkmen, rus we beýleki dillerde okadylýan orta mekdeplerde geografiýa dersleri şu aşakdaky yzygiderlikde öwrenilýär:

1. 4-nji synpda ,, Tebigaty öwreniş “ , hepdede 1 sagat, jemi 34 sagat.
2. 5-nji synpda “Fiziki geografiýa”, hepdede 2 sagat, jemi 68 – sagat.
3. 6-njy synpda “Materikleriň we ummanlaryň (okeanlaryň) geografiýasy”, hepdede 2 – sagat, jemi 68 – sagat.
4. 7-nji synpda “Türkmenistanyň fiziki geografiýasy”, hepdede 2 – sagat, jemi 68 – sagat.

**5.** 8-nji synpda “Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy”, hepdede 2 – sagat, jemi 68 – sagat.

**6.** 9-njy synpda “Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy”, hepdede 2 – sagat, jemi 68 – sagat.

Türkmenistanyň çäklerindäki ýöriteleşdirilen ýa-da aýry-aýry dersleriň çuňlaşdyrylyp okadylýan mekdeplerinde geografiýa dersleriniň okadylyş yzygiderligi saklanylýar, emma olara berilýän okuw sagatlary belli bir derejede köpelip ýa-da azalyp bilýär.

Mekdepde okadylýan geografiýa dersleri boýunça okuw maksatnamalary taýýarlanyp (*usulyýetçi alymlar, tejribeli geografiýa mugallymlary tarapyndan*), ol maksatnamalar Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Geografiýa dersleri eýeçiligiň haýsy görnüşine degişli bolmagyna garamazdan, ähli mekdeplerde hökmany suratda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen maksatnamalary esasynda okadylmalydyr.

Geografiýany okatmaklygyň döwlet maksatnamalary esasynda ähli synplar üçin geografiýadan okuw kitaplary döredilýär we olar bilen mekdep okuwçylary mugt üpjün edilýär. Okuw kitaplarynyň mazmuny Garaşsyzlyk ýyllarynda ykdysady we durmuş ösüşinde, ýurduň tebigatyny özgertmekde we tebigy baýlyklary peýdalanmakda gazanylan belent üstünlikler, ýetilen sepgitler ykdysady we fiziki geografik maglumatlar bilen geografiýa dersleri has-da baýlaşdyrylýar.

Geografiýany okatmagyň usulyýetinde alnyp barylan ylmy-barlaglaryň täzeçe netijeleri, okatmak usullarynyň has kämil görnüşleriniň ulanylmagy we döwletimiziň ykdysadyýetiniň ösmegi netijesinde geografik atlaryň we maglumatlaryň täzelenmegi, özgermegi mekdepde geografiýany okatmagyň döwlet maksatnamasyny, şeýle-de okuw kitaplaryny kämilleşdirip durmaklygy talap edýär. Şonuň üçin ýurduň bilim ulgamynda geografiýa derslerini okatmagyň usulyýetiniň ylmy-barlag işleri yzygider alnyp barylýar, döwrebap, dünýä

ülňülerine laýyk gelýän, okatmagyň pedogogik – psihologik talaplaryny ödeýän durnukly okuw maksatnamalary we okuw kitaplary taýýarlanylýar.

## Geografiýa bilimleriniň we geografiýany okatmagyň geçmiş taryhy

### § 4. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ösüş taryhy

**Geografiýa – gadymy ylymlaryň biridir.** Geografiýa has gadymy ylymlaryň biridir. Beýleki ylymlarda bolşy ýaly geografiýa hem belli bir derejede onuň taryhy gazananlary esasynda ösýär we kämilleşýär.

Gadym zamanlarda adamlar tebigat, esasanda janly tebigat bilen gös-göni aragatnaşykda bolupdyr. Ilkidurmuş adamlary Ýer üstüni aňyrsy- bärsi görünmeýän daglyklar, çöllükler,tokaýlar, derýalar we köller bilen gezekleşip gelýän tekizlik diýip düşündiripdiler.Ýer hem öz gezeginde rowaýatlardaky duşýan ägirt uly haýwanlaryň üstünde saklanýar diýip hasap edipdiler.

Biziň eramyzdan birnäçe müň ýyllar ozal Hytaýda kompasyň oýlanyp tapylmagy adamlaryň, açyk deňizlere, uzak aralyklara ýüzmegine mümkinçilik beripdir. Täze ýerleriň açylmagy, harby ýörüşler we söwda gatnaşyklary Ýer baradaky bilimleriň toplanmagyna getiripdir.Adamlar täze açylan ýerleri çyzgyda şekillendirip başlapdyrlar. Ilkinji mysaly planlar,kartalar peýda bolupdyr.Adamlaryň ýer üsti we onuň şekili baradaky pikirleri üýtgäp başlapdyr.Olar Ýeriň şar şekillidigi (togalak) baradaky netijä gelipdirler.Onuň şar şekillidigi ilkinji gezek gadymy grek alymy Eratosfen hasaplamalar arkaly subut edýär.

Gadymy grek alymlary Erotosfeniň we Ptolemeýiň biziň eramyzyň başlaryndaky ilkinji kartalarynda Ýewraziýa we

Afrika materikleriniň Orta Ýer sebitleri şekillendirilipdir. Şol döwrüň geograflaryna Aziýanyň we Afrikanyň köp bölegini, Demirgazyk Amerika, Günorta Amerika, Awstraliýa, Antarkdida mälim däl ekeni.

Erotesfeniň kartasynda Hind okeany – Gyzyl deňiz, Demirgazyk buzly okean – Skif okeany diýlip atlandyrylypdyr. XV- asyrda nemes alymy Martin Behaýmyň ýasan globusynda hem Demirgazyk Amerika, Günorta Amerika we Antarktidada ýok ekeni. Bu materikler ýewropalylara birnäçe asyrdan soň mälim bolupdyr. Klawdiý Ptolemeý gadymy alymlaryň Ýer we Älem hakyndaky maglumatlaryny umumylaşdyrmak we toplamak bilen on sekiz tomdan ybarat bolan “Geografiýadan gollanma” diýen işini ýazýar. Bu işi alymlar, syýahatçylar söwdagärler 1400 ýyllap ulanypdyrlar we ol 42 gezek neşir edilýär.

Türkmen alymy Mahmyt Kaşgary özüniň “Diwany lugat at türk” (1072-1083-nji ýyllar) atly üç tomdan ybarat bolan ajaýyp işinde “Dünýäniň kartasyny” ýerleşdiripdir. Mahmyt Kaşgary özüniň şol kartasynda teswirleýän şäherleriniň, derýalarynyň, ýurtlarynyň ýerleşýän ýerlerini görkezipdir. Onuň kartasynda daglar goýy gyzyl reňk bilen, ýurtlarynyň arasyndaky serhetler inçe çyzyklar bilen bellenipdir. Deňizler goýy ýaşyl, derýalar bolsa gök reňk bilen reňklenipdir. Mahmyt Kaşgarynyň bu kartasy kartografiýanyň klassyk mekdepleriniň (grek, arap we ş.m.) häzirki zaman kartalary bilen ýakyn meňzeşligi bar.

**Orta asyrlarda geografiýa bilimleriniň ösüşi.** Orta asyrlarda ylymyň we bilimiň ösmegine Merkezi Aziýaly birnäçe alymlar uly goşant goşýarlar. Orta asyrlarda geografiýa ylmynyň ösüşine Aby-Abdulla Muhammet Ibn Musa Horezmi (783-850ý) hem uly goşant goşýar. Ol ýaşlykdan matematika bilen gyzyklanýar, arap, pars, hindi dillerini öwrenýär. Ol 100-e golaý ylmy işiň ýazarydyr. Astrologiýa”, “Gün sagady barasynda” diýen işleri AL-

Horezmini görnükli astronom hökmünde tanadýar. “Ýeriň - suraty” kitaby öz döwründe geografiýa ylmyna saldamly goşant goşýar.

Matematika, astronomiýa, botanika, geologiýa we başga ylymlaryň ösmegine Orta Aziýaly alym, ensiklopedist Biruni (973 – 1048ý) goşant goşýar we 150-den gowrak ylmy işi miras galdyrýar. Biruni ilkinjileriň biri bolup, Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýandygy baradaky pikiri aýdýar we Ýeriň meýdanyny ölçeýär. Ol 22 ýaşynda (985-nji ýylda) Ýeriň ilkinji globugyny ýasan (Ýewropada şonuň ýaly globus “Ýer almasy” ady bilen Germaniýaly alym Martin Behaým tarapyndan 1492-nji ýylda oýlanyp tapylýar) alym. Öz döwründe “Beýik ensiklopediýaçy” adyny alan alym. “Ýyldyzlar hakynda ylym” diýen işi 530 sowal we jogap görnüşinde ýazylandyr.

Dünýäde “Ptolomeýden soňky ikinji astronom” diýen adyň berilmegine esas döreden “Masudyň kanuny” diýen işi 11 kitapdan ybarat bolup, onuň bölümleri şeýle atlandyrylypdyr:

1. Dünýäniň umumy keşbi
2. Hronologiýa
3. Trigonometriýa
4. Sferik astronomiýa
5. Matematik geografiýa
6. Günüň hereketi
7. Aýyň hereketi
8. Ýeriň, Günüň hem Aýyň özara ýerleşişi, olaryň tutulmagy
9. Hereket etmeýän ýyldyzlar
10. Planetalaryň hereketi
11. Ýyldyzlaryň we planetalaryň özara ýerleşişi

Şeýle-de ol okuwçylara bilim bermekde aşakdaky talaplary öňe sürýär:

- bilim bermekde dürli dersleri-ylymlary baglanyşykly öwretmek
- yzygiderli okatmaklyk
- görkezip okatmak

Orta asyryň görnükli alymlarynyň biri hem ensiklopedist Ibn Sina (Awisenna, 980-1037ý) bolupdyr. Ol Buharada, Gürgençde (häzirki Köneürgenç), soň Arabystanda ýaşaýar. Onuň gyzyklanmasy çäksiz bolupdyr. Ol tebigat bilimlerinden, lukmançylykdan, geologiýadan köp işleri edýär. Onuň bilim bermek baradaky pikirleri:

- Çaganyň ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutmak
- Okatmagyň mekdepde toparlaýyn bolmagy

Omar Haýýam (1040-1123) – özüniň düzen senenamasy (kalendary) bilen dünýäni haýran galdyran beýik astronom. Onuň senenamasynda ýylyň ortaça dowamlylygy 365,2424 gije-gündize deňdir, bu bolsa 5000 ýylyň dowamynda 1 gün ýalňyşylýandygyny aňladýar. Umuman alanyňda, orta asyrlarda geografik bilimleriň ösmeginde we özgermeginde uly ösüşler bolup geçipdir

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistan dürli medeniýetleri birleşdiren medeni we ruhy galkynyşlaryň gadymy mekanydyr. Gadymy Marguş, Parfiýa, Garahanly, Gaznaly, Seljuk, Köneürgenç türkmenleriniň döwletleriniň gülläp ösen döwründe ata-babalarymyzy ylmyň, medeniýetiň, sungatyň gaýtalanmajak nusgasyny dünýä bagyş etdi" diýen sözlerinden görnüşi ýaly, Türkmenistan gadymy geçmişden ylmyň, medeniýetiň gülläp ösen ýerleriniň biridir (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji tom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009).

Türkmenistanyň gadymy döwürlerinden belli bolşy ýaly, entek Ýewropa ýurtlarynda ylymda, medeniýetde ýokary

göterişler döwri bolmazyndan has öň, IX–XIV asyrlarynyň aralygynda ylym, medeniýet gülläp ösüp dünýä ylmynyň, medeniýetiniň ösmegine öz uly täsirini ýetirenligini taryhy maglumatlar bize habar berýär. Tebigat ylymlary bolan matematikanyň, astronomiýanyň, lukmançylyk ylymlarynyň, şol sanda geografiýanyň ösmegine goşant goşan belli alymlarynyň Muhammet Horezminiň, Abu Nasr Farabynyň, Abu Reýhan Biruniniň, Ibn Sinanyň, Mahmyt Kaşgarlynyň işlerini mysal getirip bolar. Mongol basybalyjylarynyň çozuşlary döwründe müňläp kitaplary bolan kitaphanalarynyň ýakylyp, ýandyrylmagy, dürli ylmy çeşmeleriň ýok edilmegi netijesinde, XV asyrdan soňra bolsa, türkmen döwletleriniň synmagy sebäpli, ýurduň dagynyklyk döwründe ylymdaky, medeniýetdäki ýetilen derejeler doly öwrenilmändir.

Türkmenistanyň geçmiş taryhyna göz aýlanymyzda, XIX asyryň aýagyna çenli, ýagny ruslaryň Türkmenistana gelmezinden öň dini mekdepler bolup, onda aýratyn geografiýa dersleri okadylmandyr. Okadylýan beýleki dersleriň üsti bilen tebigata, geografiýa degişli düşünjeler berlipdir.

Ruslar Türkmenistana gelenden soň ýerli-rus mekdepleri açyldy. Olara rus-türkmen mekdepleri diýip at berýärdiler. Olar 4 synply başlangyç mekdeplerdi. Ol mekdeplerde aýratyn ders hökmünde geografiýa dersi okadylỳar. Ýöne bu dersde Russiỳanyň geografiỳasy boỳunça maglumatlar öwredilỳärdi. Türkmenistana degişli ýerli maglumatlary diňe ony okadýan mugallymlaryň özleri goşup öwredýärdiler. Olardan Muhammetguly Atabaýewi, Alyžbeg Alyýewi, Artykgül Tekinskaýany belläp geçmek bolar.

Türkmenistanda geografiki bilimleriň mekdeplerde giňişleỳin mazmunda berlişi, olary okatmagyň ösüşi sowetler döwrüne degişlidir. Geografiki bilimi bermek diňe bir düşünjäni ösdürmek bilen çäklenmän, geografiki medeniýeti hem ösdürýär.

Bütin SSSR-de ýeke-täk zähmet mekdepleri – 9 ýyllyk hereket etdi. Olarda III – IX synplarynda geografiýa okadylỳardy.

III synp öz territoriýaňy öwrenmekden başlanýar.

1924-nji ýylda GUS (Gosudarstwennyý Uçýonny Sowet) kompleksleýin okuw ulgamyna geçdi, ýagny tebigat, zähmet, jemgyýet diýen üç ugur bilen alnyp baryldy. Geografiýa ugry ikä bölündi, ýagny tebigat we jemgyýet ugruna goşuldy.

1927-1928-nji okuw ýylyndan ýene geografiýa predmetleýin görnüşe geçirildi (hemme predmetler hem aýratyn geçilip başlandy). Okatmagyň brigade-labaratoriýa metodlary girdi, ýöne uzak saklanmady.

Umuman, III – IX synplarda dürli geografiki dersler okadylyp gelinýär.

IV synp. Tebigaty öwreniş.

V synp. Fiziki geografiýanyň başlangyç kursy.

VI synp. Materikler geografiýasy.

VII synp. SSSR-iň fiziki geografiýasy. Türkmenistanyň geografiýasy.

VIII synp. SSSR-iň ykdysady geografiýasy.

IX synp. Daşary ýurtlaryň ykdysady geografiýasy.

50-nji ýyllardan soň okuw maksatnamasy boýunça geografiýa derslerine berlen sagatlar:

IV synp. Tebigaty öwreniş - 70 sagat (2)

V synp. Fiziki geografiýanyň başlangyç kursy - 70 sagat (2)

VI synp. Materikler geografiýasy - 105 sagat (3)

VII synp. SSSR-iň fiziki geografiýasy.Türkmenistanyň geografiýasy - 70sagat(2)

VIII synp. SSSR-iň ykdysady geografiýasy - 70 sagat (2)

IX synp. Daşary ýurtlaryň ykdysady geografiýasy - 70 sagat (2)

Geografiýany okatmagyň usulyýeti ylmynyň taryhyna seljerme berlende onuň has gowy gazananlaryny we açyşlaryny

şu günki wezipeleri çözmekde hem peýdalanyp boljak. Sebäbi geçilen günlerdäki üstünliklere baha bermän, olary ýatdan çykaryp, şu günki günlerde hem gowy netijeler gazanyp bolmaýar. Beýleki ylymlarda bolşy ýaly, geografiýany okatmagyň usulyýeti hem belli bir derejede onuň taryhy gazananlary esasynda ösýär we kämilleşýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti boýunça köp ylmy açyşlar we tejribeler mekdep geografiýasynyň ösüşinde, okuw işleriniň has täsirli we netijeli guralmagynda uly rol oýnaýar.

Geografiýa ylmynyň ýagdaýy we mekdep geografiýasynyň mazmuny hem-de orny sowetler döwründe has syýasylaşdyrylypdy. Geografiýany öwrenmek öz ýaşaýan ýeriňden başlanýan hem bolsa, ýerli geografik maglumatlary, esasan hem Türkmenistanyň geografiýasyny öwrenmeklige ýeterlik üns we wagt berilmeýärdi. Okuw kitaplarynda örän köp sanly maglumatlaryna, sowet ulgamynyň "üstünliklerine", düşnüksiz we zerur bolmadyk geografik atlary, desgalary ýazyp görkezmäge aýratyn orun berilýärdi.

Türkmenistanyň mekdepleriniň ýolbaşçylaryny, mekdep mugallymlaryny okuw-terbiýeçilik işlerinde ýerli ýagdaýlara dogry gelmeýän we ýat bolan usullary ulanmaklyga mejbur edýärdiler. Mekdep mugallymlaryna öz işinde has oňaýly, netijeli usullardan peýdalanmaklyk köp ýagdaýlarda gadagan edilýärdi.

Ýurt Garaşsyzlygyny alandan başlap, Türkmenistanda ähli ylymlar bilen bir hatarda geografiýany okatmagyň usulyýetiniň hem ösmegine we döwrebaplaşmagyna uly mümkinçilikler açyldy. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Milli bilim institutynyň hünärmenleriniň, ylmy işgärleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň alymlarynyň, orta mekdepleriň baý tejribeli mugallymlarynyň gatnaşmagynda geografiýa dersiniň täze mazmuny, maksatnamalary düzülip, olar esasynda okuw kitaplary taýýarlanyldy. Geografiýany okatmagyň usullary,

meýilnamalaşdyrylyşy baradaky hödürnamalary we maslahatlary “Mugallymlar gazetinde” hem-de aýratyn kitapçalar görnüşinde çap edip, ähli mugallymlar üçin elýeterli bolmagyna aýratyn üns berilýär.

Usulyýetçi alymlaryň, mugallymlaryň ýörite ylmy-amaly maslahatlaryny geçirmek, geografiýany okatmagyň usullary hakyndaky nutuklaryň, görkezme esbaplaryň gözden geçirişlerini we bäsleşiklerini guramak döwlet möçberinde däbe öwrüldi. Bu çäreler bolsa mekdepde geografiýa dersleriniň okadylyşyny mundan beýläk-de gowulandyrmaga uly itergi bolýar.

## § 5. Türkmenistanda geografiýa we onuň okadylyşynyň kämilleşdirilmegi.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti boýunça köp ylmy açyşlar we tejribeler mekdep geografiýasynyň ösüşinde, okuw işleriniň has täsirli we netijeli guralmagynda uly ähmiýete eýedir.

Geografiýa ylmynyň ýagdaýy we mekdep geografiýasynyň mazmuny hem-de orny SSSR döwründe has syýasylaşdyrylypdy. Geografiýany öwrenmek öz ýaşaýan ýeriňden başlanýan hem bolsa, ýerli geografik maglumatlary, esasan hem Türkmenistanyň geografiýasyny öwrenmeklige ýeterlik üns we wagt berilmeýärdi. Munuň özi bolsa okuwçylary öz ýurdumyzyň geografiýasy bilen tanyş etmekde kynçylyklary döredýärdi.

Türkmenistanyň öz Döwlet Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen ähli ylymlar bilen bir hatarda geografiýany okatmagyň usulyýetiniň hem ösmegine we döwrebaplaşmagyna uly mümkinçilikler açyldy. Türkmenistanyň bilim Ministrliginiň, Milli bilim institutynyň hünärmenleriniň, ylmy işgärleriniň,

ýokary okuw mekdepleriniň alymlarynyň, orta mekdepleriň baý tejribeli mugallymlarynyň gatnaşmagynda geografiýa dersiniň täze mazmuny, maksatnamalary düzülip, olar esasynda okuw kitaplary taýýarlanyldy. Geografiýany okatmagyň usullary, meýilnamalaşdyrylyşy baradaky hödürnamalary we maslahatlary "Mugallymlar gazetinde" hem-de aýratyn kitapçalar görnüşinde çap edip, ähli mugallymlar üçin elýeterli bolmagyna aýratyn üns berilýär.

Usulyýetçi alymlaryň, mugallymlaryň ýörite ylmy-amaly maslahatlaryny geçirmek, geografiýany okatmagyň usullary hakyndaky nutuklaryň, görkezme esbaplaryň gözden geçirişlerini we bäsleşiklerini guramak döwlet möçberinde däbe öwrüldi. Bu çäreler bolsa mekdepde geografiýa dersleriniň okadylyşyny mundan beýläk-de gowulandyrmaga uly itergi bolýar.

Geografiýany okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilen işler, gazanylan üstünlikler hem örän köp bolup, olardan iň esasylary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- Geografiýany öwrenmekligiň we okatmaklygyň mazmuny belli bir derejede täzelenip, oňa millilik äheňi berildi. Didaktikanyň "Ỳakyndan-daşa" diýen ülňisinden ugur alynyp Türkmenistanyň geografiýasyny hemmetaraplaýyn öwrenmeklige aýratyn üns berilip başlandy. Orta mekdeplerde Türkmenistanyň geografiýasynyny öwrenmeklik üçin berilýän okuw sagatlary köpeldildi.
- Okuw kitaplary doly täzelendi we olaryň mazmunyny has-da kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär.
- Geografiýany okatmaklygyň serişdeleri bolan geografik kartalary, atlaslary, globuslary, sudur kartalary we başgalary täzelemek, olaryň hilini has-da gowulandyrmak boýunça işler döwlet möçberinde giň gerim alýar.

- Geografiýany okatmaklygyň täze, has kämilleşdirilen usullaryny tapmak, mugallymlara öwretmek boýunça döwlet möçberinde we ýerli bilim ojaklarynda ylmy-amaly işlere uly üns berilýär, bu işleri durmuşa geçirmekde metbugat, radio we teleýaýlymlar, neşirýat gulluklary aýratyn netijeli işleýärler.
- Mekdepde geografiýany okatmaklyga öz netijeli goşantlaryny goşmak üçin ähli mugallymlara, talyplara we alymlara zerur bolan mümkinçilikler döredildi

Bu alnýp barylýan işler we täze maksatnamalar geljekde geografiýany okatmagyň usulyýetiniň has-da ösmegine ýardam eder.

**“Täze bilim“ syýasatynyň geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ösüşindäki aýgytlaýjy orny.**1993-nji ýylyň maý aýynyň 3-inde Garaşsyz döwletimizde Türkmenistanyň bilim işgärleriniň maslahatynda “Bilim” syýasaty kabul edildi. Onda ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işini täzeçe guramak barada örän zerur bolan wezipeleriň toplumy öňe sürlüp, olaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiň maksatnamalary we meýilnamalary taýýarlanyldy. Bilim syýasatynda bellenilen sepgitler üstünlikli amala aşyrylyp gelinýär.

“Bilim” syýasatynda mekdepde çagalara bilim we terbiýe bermegi täzeçe guramakda bilim işgärleriniň mundan buýana ýerine ýetirilmeli işleri, mugallymlaryň okatmak işindäki täze usullary, täze ugurlary anyk kesgitlenildi. Olardan şu aşakdakylar bilim ulgamyny ösdürmekde, geografiýa derslerini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekde ýol görkeziji we hökmany amal edilmeli işlerdir:

-Türkmenistanyň her bir ýolbaşçysynyň, diňe magaryfda däl, beýleki işlerde işleýän ýolbaşçylaryň hem iň esasy we mukaddes wezipesi ýurduna we Watanyna wepaly, bilimli, giň ylmy dünýägaraýyşly kämil nesli ösdürip ýetişdirmekden ybarat bolmalydyr. Şeýle nesliň bar ýerinde biziň gazanan Garaşsyzlygymyz barha berkeýär, halkymyzyň ruhy galkynýar,

döwletimiz dünýäde ösen döwletleriň hataryna çalt depginde goşulýar.

-“Täze bilim” syýasatynyň düýp manysy, mazmuny Garaşsyz Türkmenistanyň konstitusiýasynyň talaplaryna, ýurdumyzyň halklarynyň milli ruhuna, medeniýetine, isleglerine, geljekki ösüş ugurlarymyza laýyk gelýän, Watanymyzda häzirki döwürde alnyp barylýan syýasy, ykdysady, sosial-durmuş öwrülişikleri özünde jemleýän, şonuň ýaly-da, bilim bermeklik işini dünýäniň ösen döwletlerindäki derejä ýetirmäge ukyby bolan bilim ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

-Umumybilim berýän orta mekdebi tamamlan ýaşlary älem syrlaryna, töwerekde bolup geçýän tebigy hadysalaryň sebäplerine, ýaşaýan jemgyýetiniň we döwletiniň syýasy, ykdysady-maddy gurluşlaryna, adamzat aňy bilen döredilen ylmy enjamlaryň işleýiş syrlaryna, döwletleriň we halklaryň taryhyna, olaryň ýerleşiş we ykdysady geografiýasyna, ynsan medeniýetiniň we sungatynyň gazananlaryna, umuman ýaşaýan dünýäsine akyl ýetirip bilmegini üpjün etmelidir we olary durmuşa taýýarlamalydyr. Şonuň üçin hem umumybilim berýän mekdeplerde ýokarda aýdylyp geçilen sypatlarymyzyň ýaşlarda jemlenmegi üçin zerur bolan okuw derslerine, okuw sapaklaryna, maksatnamalaryna we okadylyş düzgünine düýpli özgerişler girizilmegi hökmany hasaplanylýar.

-Türkmenistan tebigy gazylma baýlyklaryň mesgenidir. Her bir okuwçyda Watanymyzyň tebigaty, ösümlik we haýwanat dünýäsi barada giň düşünjeleri bolmalydyr. Bu zatlary diňe orta mekdeplerde öwrenilýän hemme dersler bilen birlikde tebigat ylymlaryna degişli bolan geografiýa, himiýa, biologiýa sapaklarynyň döwrebap okadylmagy bilen gazanyp bolar. Bu sapaklar boýunça okuw kitaplary täzeden ýazyldy we olar ýene-de kämilleşdirilýär.

**Garaşsyzlyk ýyllarynda geografiýany okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilişi.** Geografiýany okatmagyň

usulyýetini kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilen işler, gazanylan üstünlikler hem örän köp bolup, olardan iň esasylary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

-Türkmenistanyň bilim ulgamynyň täzeçe guralmagy netijesinde geografiýany okatmaklyk hem üç basgançakda alnyp barylýar. Birinji basgançak bolan "Sowat" basgançagynda tebigaty öwreniş dersleriniň üsti bilen tebigy we geografiki düşünjeler öwredilýän bolsa, ikinji basgançak bolan "Bilim" basgançagynda umumy geografiýa 5 sany dürli dersleriň üsti bilen has giň we çuňňur öwredilýär. Üçünji basgançak bolan "Ylym" basgançagynda ýörite,orta mekdeplerinde, ýokary okuw jaýlarynda ýaşlar geografiýanyň köp sanly pudaklaryny öwrenip, ylmy işler bilen meşgullanýarlar. Bu bolsa ýurdumyzda geografiýany okatmagyň dünýä derejesinde alnyp barylýandygyny görkezýär.

-Geografiýany öwrenmekligiň we okatmaklygyň mazmuny belli bir derejede täzelenip, oňa millilik äheňi berildi. Didaktikanyň "Ỳakyndan-daşa" diýen ülňüsinden ugur alnyp, Türkmenistanyň geografiýasyny hemmetaraplaýyn öwrenmeklige aýratyn üns berlip başlandy. Umumybilim berýän orta mekdeplerde geografiýany öwrenmeklik üçin berilýän 374 sagadyň ýarysyna golaýy Watanymyzyň geografiýasyny öwrenmeklige degişlidir. Watanymyzyň geografiýasyna degişli Türkmenistanyň fiziki we durmuş-ykdysady geografiýa dersleri , okuw maksatnamalary esasynda 7-8-nji synplarda okadylýar.

-Garaşsyzlyk ýyllarynda okuw kitaplary doly täzelendi we olaryň mazmunyny kämilleşdirildi.

-Geografiýany okatmaklygyň beýleki serişdeleri bolan geografik kartalary, atlaslary, globuslary, sudur kartalary we başgalary täzelemek, olaryň hilini has-da gowulandyrmak boýunça işler döwlet möçberinde giňden alnyp barylýar.

-Geografiýany okatmaklygyň täze, has kämilleşdirilen usullaryny ulanmak we olary mugallymlara ýetirmek we öwretmek boýunça döwlet möçberinde, ýerli bilim edaralarynda ylmy-amaly işlere uly üns berilýär. Bu işleri durmuşa geçirmekde metbugat, radio we telewideniýe, neşirýat gulluklary aýratyn netijeli işleri amala aşyrýarlar.
-Mekdepde geografiýany okatmaklyga öz netijeli goşantlaryny goşmak üçin ähli mugallymlara, talyplara we alymlara zerur bolan mümkinçilikler döredilýär.

Bu alnyp barylýan işler we täze maksatnamalar geljekde geografiýany okatmak usulyýetiniň has-da ösmegine ýardam edýär.

**Türkmenistanyň “Bilim hakynda” kanuny we geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi.** “Türkmenistanda bilim hakynda” Kanun ýurt Garaşsyzlygyny alandan soň 1993-nji ýylda kabul edilip, 7-sany bölümden we 36-maddadan ybaratdyr. Bu Kanunda Türkmenistanda bilim ulgamy, onuň düzümine girýän edaralaryň, okuw jaýlarynyň, mugallymlaryň, terbiýeçileriň we beýleki bilim ulgamyndaky hünärmenleriniň işi hakyndaky umumy düzgünler, olaryň hukuklary we borçlary, bilim ulgamyny dolandyrmagyň kadalary, bilim edaralarynyň maliýe-hojalyk işleri we halkara gatnaşyklary kesgitlenilip, Kanunyň esasy maksady Garaşsyzlyk eýýamynda bilim ulgamyny, onuň işiniň netijeliligini has-da ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

”Türkmenistanyň bilim hakynda” Kanunynda bilim barada şeýle bellenilýär:

Bilim jemgyýetiň ruhy, sosial, ykdysady we medeni taýdan öňe gitmeginiň esasy bolup, ol döwleti ösdürmegiň ileri tutulýan ugrudyr. Bilimiň maksady milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda şahsyýeti hemme taraplaýyn ösdürmekden ybaratdyr. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşünjelige hem-de

adamlaryň we halklaryň bir-birine hormat goýmagyna esaslanýar. Bu Kanun Türkmenistanda bilim bermek işiniň we bilim ulgamyny dolandyrmagyň umumy esaslaryny berkarar edýär.

"Türkmenistanda bilim hakynda" Kanun mekdepde okadylýan ähli dersler bilen bir hatarda geografiýa derslerini okadýan mugallymlaryň hem-de geografiýany okatmagyň usulyýetiniň öňünde şu aşakdaky wezipeleri we borçlary goýdy:

-Geografiýa dersleri boýunça okuwçylara berilýän bilimler döwlet standartlary esasynda ýola goýlup, mekdebi tamamlaýanlar bildirilýän talaplaryň zerur, hökmany, minimal derejesini berk özleşdirmelidirler.

-Geografiýa sapaklary, synpdan daşary işler, ähli iş kagyzlary Türkmenistanyň bilim berýän edaralarynda "Dil hakyndaky" Kanuny esasynda alnyp barylmalydyr.

-Ähli görnüşli bilim ojaklarynda okatmak işi okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda geçirilip, olar bolsa döwlet bilim dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanmalydyrylar ýa-da şol edara tarapyndan bellenilen tertipde ylalaşylan bolmalydyr.

-Mugallymlar, terbiýeçiler we beýleki bilim işgärleri özleriniň hünär hem-de pedagogik ussatlyklaryny birsyhly kämilleşdirip durmalydyrlar, okuw-terbiýeçilik işlerini ýokary derejede alyp barmagy, okuwçylaryň bilimleriniň döwlet maksatnamalarynyň hökmany talaplaryna laýyk bolmagyny üpjün etmelidirler.

-Mugallymlar okuwçylaryň şahsy we döredijilik ukyplaryny ýüze çykaryp, olaryň bilimleriniň artmagy, ösmegi üçin ähli çäreleri görmelidir.

-Mugallym mekdepde we köpçülik ýerlerinde pedagogik etikanyň ýörelgelerini doly berjaý etmelidirler we olary okuwçylaryna hem öwretmelidirler.

Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynyň ösýän talaplary bilen bagly 2009-njy ýylda Türkmenistanyň “Bilim hakyndaky” Kanuny kabul edildi. Bu Kanun 8 bapdan, 43 sany maddadan ybaratdyr. Şu Kanunda bilim adamyň, jemgyýetiň, döwletiň terbiýe we okatmak babatda isleglerini kanagatlandyrmagy maksat edinýän maksatlaýyn we ulgamlaýyn iş hökmünde kesgitlenýär.

2009-njy ýykyň Türkmenistanyň “Bilim hakyndaky” Kanunda bilim babatynda:

-Bilim babatyndaky döwlet syýasatynyň ýörelgeleri;

-Türkmenistanyň bilim hakyndaky kanunçylygy we wezipeleri;

-Türkmenistanyň raýatlarynyň bilim babatyndaky döwlet kepillikleri;

-Bilim ulgamy we onuň basgançaklary;

-Bilim maksatnamalary, bilimiň mazmunynda bildirilýän umumy talaplar we beýlekiler görkezilýär.

Omar Haýýam (1040-1123) – özüniň düzen senenamasy (kalendary) bilen dünýäni haýran galdyran beýik astronom. Onuň senenamasynda ýylyň ortaça dowamlylygy 365,2424 gije-gündize deňdir, bu bolsa 5000 ýylyň dowamynda 1 gün ýalňyşylýandygyny aňladýar. Umuman alanyňda, orta asyrlarda geografik bilimleriň ösmeginde we özgermeginde uly ösüşler bolup geçipdir.

## § 6. Geografiýany okatmagyň mazmuny

**Mekdepde geografiýa sapaklaryny okatmagyň maksatlary we wezipeleri.** Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan döwletinde hormatly Prezidentimiz tarapyndan

alnyp barylýan bilim syýasaty hem-de beýik Galkynyşlar we täze Özgertmeler döwründäki bilim ulgamyndan edilýän talaplar mekdepde okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini has ýokary derejä ýetirmek, okuw dersleriniň ylmylyk derejesiniň dünýä ülňülerine laýyk bolmagyny üpjün etmek, okuwçylara ylymlaryň esaslaryny birkemsiz öwretmek, olarda ýokary ahlaklylygy, ynsanperwerligi, ruhubelentligi, türkmen döwletine we halkyna, Hormatly Prezidentimize çuňňur söýgini hem-de buýsanjy kemala getirmek we ösdürmek wezipelerini öňde goýdy. Şol wezipelere:

-Okuwçylarda Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyza, Hormatly Prezidentimize bolan söýgini, türkmen halkynyň gazananlaryna, türkmen tebigatyna buýsanjyny terbiýelemek.

-Mekdebiň geografiýa dersleriniň üsti bilen tebigata degişli ylymlaryň, ylmy düşünjeleriň esaslaryny öwretmek.

-Daşky gurşawy goramaga, tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmeklige degişli bilimleri bermek bilen okuwçylarda belli bir başarnyklary kemala getirmek.

-Ösüp gelýän ýaş nesliň öwrenen geografik bilimlerini önümçilikde, tebigatda özüňi alyp barmakda peýdalanmagy başarmak endiklerini ösdürmek.

-Dürli geografiki okuw kitaplaryndaky, edebiýatlardaky, metbugatdaky geografik, syýasy, ykdysady maglumatlardan we habarlardan, geografik kartalardan peýdalanmagy başarmak.

-Öz ýaşaýan etrabynyň, şäheriniň, welaýatynyň tebigatyna we hojalygyna baha bermegi başarmak.

-Okuwçylaryň okuw endiklerini we başarnyklaryny, pikirlenişini we dünýägaraýşyny, ýadyny, özbaşdak işlemeklige, bilim almaklyga bolan höwesini ösdürmek degişlidir.

Geografiýa ylmy ösýär, özgerýär. Şonuň bilen baglylykda umumy bilim berýän orta mekdeplerde geografiýa derslerini okatmaklygyň täze maksatlary we wezipeleri goýulýar. Soňky ýyllarda ösen döwletleriň ählisinde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem mekdep geografiýasynyň okuwçylara "tebigat-adam-jemgyýet" ulgamynyň özara gatnaşygynyň meselelerini öwretmek, okuwçylaryň ykdysady we ekologiýa bilimlerini ösdürmek baş maksat edilip goýulýar.

Orta mekdeplerde geografiýa derslerini okatmagyň öňünde goýulýan maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmak üçin örän oýlanyşykly, döwrüň we döwlet syýasatynyň talaplaryna laýyk düzülen okuw meýilnamasy we okuw maksatnamasy zerurdyr.

Okuw meýilnamasy, okuw maksatnamasy we okuw kitaplary bilimiň mazmunyny kesgitleýän esasy resminamalardyr.

Okuw meýilnamasy- Türkmenistanyň Bilim Ministrligi tarapyndan tassyklanylyp, onda her bir synpda öwrenilýän okuw dersleri, olary öwrenmek üçin hepde-de berilýän sagat sany, fakultatiwler we gyzyklanmalar boýunça geçirilýän okuwlar görkezilýär. Okuw meýilnamasy boýunça mekdepde geografiýany okatmak synplar boýunça aşakdaky ýaly amala aşyrylýar:

Okuw maksatnamasy- aýry-aýry okuw dersleri boýunça berilmeli bilimleriň mazmunyny kesgitleýär. Okuw maksatnamalary esasynda okuw kitaplary ýazylýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň mekdeplerinde geografiýany okatmagyň döwlet maksatnamasynyň mazmuny we gurluşy geografiýanyň täze ylmy garaýyşlary, öňdebaryjy düşünjeleri, giň ylmy dünýägaraýyşlary bilen açylyp görkezilýär. Olary ýurdumyzyň gündelik durmuşy bilen baglanyşdyrmaga, geografik maglumatlary öwrenmäge mümkinçilikler berýär.

Döwlet maksatnamasynda birmeňzeş öwrenilýän geografik bardalaryň, çäkleriň (*aýratynlykda öwrenilýän ýurtlaryň, tebigy we ykdysady etraplaryň*), geografik atlaryň we adalgalaryň sany belli bir derejede azaldylyp, okuwçylaryň pikirleniş, akyl ýetiriş başarnyklaryny ösdürmäge degişli bilimleri öwrenmäge üns güýçlendirildi. Geografiýa dersleriniň okuw maksatnamalarynyň mazmunynda Türkmenistanyň fiziki we ykdysady-durmuş geografiýasyny öwrenmeklik üçin niýetlenen okuw sagatlary we olara degişli temalaryň sany has köpeldildi. Olar 7-8-nji synplarda aýratyn dersler hökmünde öwrenilýär. Fiziki geografiýanyň 5,6,9-njy synplarda öwrenilýän dersleriň aýry-aýry temalary,sapaklary ýurdumyzyň tebigatyny, hojalyk pudaklaryny öwretmeklige, ýa-da olar bilen baglanyşdyrmaga gönükdirilýär.

Beýleki derslerde bolşy ýaly geografiýany okatmagyň döwlet maksatnamasy esasan şu aşakdaky bölümlerden durýar:

**1.** Düşündiriş haty.

**2.** Dersiň okuw-terbiýeçilik wezipeleri.

**3.** Orta mekdebi tamamlaýan okuwçynyň geografiýadan taýýarlyk derejesine bildirilýän talaplar.

**4.** Tebigaty öwreniş, IV-synp.

**5.** Fiziki geografiýa, V-synp.

**6.** Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy, VI-synp.

**7.** Türkmenistanyň fiziki geografiýasy, VII-synp.

**8.** Türkmenistanyň durmuş-ykdysady geografiýasy, VIII-synp.

**9.** Dünýäniň ykdysady we sosial geografiýasy, IX-synp.

**10.** Okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna baha goýmak barada hödürnamalar (*maslahatlar*).

**11.** Dersara baglanyşygy ýola goýmak barada hödürnamalar.

**12.** Geografiýadan okuw serişdeleri we enjamlary.

**13.** Mugallymlar üçin esasy usulyýet gollanmalary.

Aýry-aýry synplarda okadylýan geografiýa dersleriniň maksatnamalary bölümlerden we temalardan durýar. Temalar

gysga, esasy öwrenilmeli geografik düşünjeleriň atlarynyň ýazylmagy bilen çäklenýär. Amaly işleriň sany has azaldylyp, olardan diňe jemleýji amaly işleriniň mazmuny görkezilýär. Okuw işleriniň guralyşynda gezelençler, amaly işler hökmünde berilýär. Her bir uly bölümiň ahyrynda okuwçylaryň hökmany özleşdirmeli bilimleriniň we başarnyklarynyň sanawy görkezilýär.

Ýurdumyzyň ykdysady, syýasy durmuşynda bolup geçýän ösüşlere baglylykda geografiýany okatmagyň döwlet maksatnamasynyň hem mazmyny üýtgeýär, kämilleşýär.

Mazmun taýdan döwrebap, geografiýanyň esaslaryny doly derejede özünde jemleýän, oýlanyşykly düzülen okuw maksatnamalary we durnukly okuw kitaplary geografiýany çuňňur öwrenmegiň girewidir.

**Okuwçylaryň akyl ýetiriş başarnyklarynyň kemala gelmeginde geografik ylmy dünýägaraýyşlaryň ähmiýeti.** Mekdep geografiýa bilimleriniň mazmunynda örän köp sanly geografik obýektleriň, ýerleriň atlary, geografiki adalgalar (terminler), ýer şaryndaky tebigy zonalar, tebigy aýratynlyklaryň düşündirişleri, şeýle-de tebigatdaky hadysalar, wakalar duş gelýär. Okuwçylaryň olar hakyndaky bilimleriniň çuňňur bolmagy üçin, okuwçylarda göz öňüne getirmeleriň, akyl ýetiriş başarnyklarynyň emele gelmegi zerur okuw işleriniň biridir.

Geografik obýektler, ýerler, hadysalar-wakalar we beýleki ýagdaýlar hakyndaky ylmy dünýägaraýyşlary kemala getirmekde netijeli usul olaryň hakyky ýagdaýyny (*tebigatdaky ýa-da önümçilikdäki ýagdaýyny*) okuwçylara görkezmekdir. Onuň üçin dürli görkezme esbaplar, okuw serişdeleri (*iň gowusy kinofilmleri ýa-da telegörnüşleri*) ulanylýar. Mümkinçilikler bolan ýagdaýynda geografik obýektlere, hadysalara-wakalara we beýleki ýagdaýlara has giň we çuň düşünmeklik üçin okuw gezelençleri guralýar. Okuw gezelençlerinde okuwçylar geografik obýektiň, wakanyň,

hadysanyň hakyky bolşuny öz gözleri bilen görýärler. Bu işleriň ählisi mugallymyň ýolbaşçylygynda, onuň goşmaça düşündirişleri esasynda guralsa has maksadalaýyk we netijeli bolýar.

Akyl ýetiriş başarnyklarynyň emele gelmeginde, okuwçylara ol ýa-da beýleki geografiki düşünjeleri barada mugallym gürrüň berende diňe onuň nämedigini düşündirmek ýa-da görkezmek bilen çäklenmän, eýsem okuwçylarda pikirlenmeleri, göz öňüne getirmeleri döretmelidir. Meselem; 4-nji synpyň tebigat öwrenişi dersinde "Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsi", 5-nji synpyň fiziki-geografiýasynda "Ýer üstüniň relýef görnüşleri" diýen temalary öwrenilende, Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň tebigy şertlere baglydygy, olaryň ýaýraýyş aýratynlyklary, şeýle-de ýer şarynyň relýef görnüşleriniň tapawutlanyşynyň sebäpleri barada okuwçylara öz gözleri bilen görenlerini ýatlatmak örän ähmiýetlidir.

Tebigat öwrenişi fiziki-geografiýa dersleri okadylanda okuw maglumatlary boýunça okuwçylarda ylmy dünýägaraýyşlar we göz öňüne getirmek başarnyklary deňeşdirilende, IV synpa garanyňda V synp okuwçylarynda ylmy dünýägaraýyşlar has giňelýär we göz öňüne getirmek başarnyklary gitdigiçe artýar. Şonuň üçin olara temalar düşündirilende gürrüň, söhbetdeşlik usullary bilen birlikde gysga we anyk, has köp bilimleri öz içine alýan okatmagyň düşündiriş usulyny ulanmak maksadalaýykdyr. Sebäbi okuwçylar okuw kitabyndaky ýazgy maglumatlary, mugallymyň düşündirişleri, dürli goşmaça okuw serişdeleri esasynda özbaşdak öwrenip, pikirlenip, has giň ylmy dünýägaraýşy emele getirýän bilimler boýunça mazmunly netijeleri çykarmaga ukyplydyrlar.

Geografiýadan usulyýetçileriň we pedagog-psihologlaryň barlaglaryna görä ylmy dünýägaraýyşlaryň kemala gelmeginde geografiýa derslerini okatmakda okuw görkezme esbaplarynyň

ähmiýeti örän uludyr. Görkezme esbaplaryň ulanylyşy belli bir yzygiderlikde, ulgamlaýyn ýola goýulmalydyr. Meselem: Ýer şarynyň tebigatynyň düzümi bolan tebigy bardalary – gurşawlary barasynda, belli bir tebigy toplum hakynda ylmy dünýägaraýyşlaryň kemala gelmeginde ulanylýan kartalaryň, suratlaryň, surat-shemalaryň, geçirilýän tejribeleriň, gerbarileriň, aýry-aýry landşaftlara degişli görnüşleriň we beýleki görkezme esbaplaryň bolmagy, olaryň sapaklarda ulanylmagy uly ähmiýete eýedir.

Okuw gezelençlerinde ylmy dünýägaraýyşlaryň kemala gelmegi, ösmegi üçin okuwçylaryň öwrenilýän temany, geografiki düşünjeleri kabul etmäge bolan taýýarlygy bolmalydyr. Onuň üçin olaryň öňünde takyk okuw maglumatlary goýulmalydyr, ýagny okuw gezelenjine gidilmezden öň mugallym olara okuw gezelenjiniň maksadyny, ol ýerde okuwçylaryň esasy görjek zatlaryny, olaryň haýsy zatlara aýratyn üns bermelidigini, her bir okuwçynyň ýerine ýetirmeli işini, gezelençde toplanylan maglumatlary nähili jemlemelidigini düşündirmelidir.

Okuwçylaryň ylmy dünýägaraýyşlarynyň has doly we berk bolmagynda dersara baglanyşygynyň ähmiýeti örän uludyr. Öwrenilýän her bir geografik düşünje öň öwrenilen (*geografiýa ýa-da beýleki derslerde*) bilimler bilen berk baglanyşdyrylmalydyr. Meselem: Ýer şarynyň klimat guşaklyklary we tebigy zonalary hakyndaky ylmy dünýägaraýyşlaryň kemala gelmegi üçin mugallym Türkmenistanyň ýerleşen geografik giňliklerine, klimatyna degişli okuwçylaryň öňden bilýän düşünjelerine esaslanýar. Şeýle-de, okuwçylaryň teleýaýlymlarda gören telegepleşiklerinde salgylanmak hem maksadalaýykdyr.

Bulardan başga-da okuwçylaryň ylmy dünýägaraýyşlarynyň emele gelmegine okuw işiniň şu aşakdaky görnüşleri has netijeli täsir edýärler:

-Düşündirilýän maglumatlary görkezmek bilen bilelikde alyp barmak.

-Kartalar esasynda ol ýa-da beýleki ýerleriň geografik häsiýetnamasyny taýýarlamak.

-Kartalar boýunça ýer üstüniň görnüşlerini, beýikli-pesli (absolýut beýiklik boýunça) tapawutlaryny kesgitlemek.

-Suratlar esasynda ýer üstüniň tebigatynyň ýa-da önümçiliginiň guralyşyny beýan etmek ýaly köp sanly okuw işleri degişlidir.

**Terbiýe bermekde dersiň ähmiýeti. Dersiň üsti bilen okuwçylary hünärlere ugrukdyrmak.** Geografiýa dersi mekdep okuwçylaryna bilim bermek meseleleriniň giň toplumyny hem özünde jemleýär. Ösüp gelýän ýaş nesle bilim we terbiýe bermekde mekdepde okadylýan her bir ders öz goşandyny goşýar.

Geografiýa dersi özüniň mazmuny we okadylyşynyň aýratynlyklary boýunça okuwçylara bilim bermek wezipesiniň ýola goýulmagynyň birnäçe mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Şol mümkinçiliklerden bolsa geografiýa mugallymlary ýerlikli peýdalanýarlar. Şonda çagalara bilim bermegiň umumy usullaryna giňden daýanylýar.

Geografiýa dersi okuwçylara diňe bir bilim bermek däl, eýsem terbiýe bermek, okuwçylary hünärlere ugrukdyrmak meselelerini hem çözýär. Geografiýa dersiniň üsti bilen okuwçylara berilýän terbiýeçilik işlerini aşakdaky ýaly kesgitlemek bolar:

- Okuwçylara watançylyk terbiýesini bermek. Sapak ýa-da sapakdan, synpdan daşary geçirilýän geçirilýän işleriň üsti bilen çagalarda öz Watanyny söýmek we ony gorap saklamak ýaly häsiýetleri terbiýelemek.

- Ahlak terbiýesini bermek. Ahlak - munuň özi jemgiýetiň, töweregindäki adamlaryň özüni alyp barşyny seljerýän düzgünleriň we ölçegleriň jemidir. Ahlak terbiýesi okuwçylarda: tutanýerliligi, erkliligi,

dogumlylygy, dogruçyllygy, özüne we beýleki adamlara bolan adamkärçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirýär.

- Zähmet terbiýesini bermek. Zähmet terbiýesi terbiýäniň esasy düzüm bölekleriniň biridir. Okuwçylara zähmet terbiýesini bermekde, olary hünärlere ugrukdyrmakda geografiýa sapaklarynda aşakdaky usullardan peýdalanmak mümkin:

1.Okuwçylaryň özbaşdak işlerini yzygiderli ýola goýmak (okuw kitaby bilen işlemek, tebigy hadysalara gözegçilik etmek, dokladlar ýazmak, diwar gazetini çykarmak, okuwçylaryň öý işleri we başgalar)

2.Mugallymyň şahsy göreldesi, onuň zähmeti söýüşi we zähmet çekmek başarnygy. Göreldäniň terbiýe bermekde ähmiýeti ulydyr.

3.Syýahat wagtynda adamlaryň çekỳän zähmeti barada durup geçmek. Meselem, agaç nahallarynyň oturdylyşy ýa-da oňa ideg edilişi.

- Gözellik terbiýesini bermek. Geografiýa sapaklarynyň üsti bilen okuwçylara gözellik terbiýesini bermegiň mümkinçilikleri örän ulydyr. Usulyýetçi alymlaryň maslahatlaryna görä okuwçylara gözellik terbiýesini bermeklik ders otagyndan başlanýar. Oňat enjamlaşdyrylan geografiýa otagy, onda bar bolan zatlaryň tertipli goýulmagy, otagyň arassalygy okuwçylara uly täsir edýär. Şeýle-de käbir tematiki agşamlar guralanda çeper edebiýatdan peýdalanmak hem okuwçylara gözellik terbiýesini bermekde ähmiýetlidir. Meselem, V synpyň “Fiziki geografiýa” dersinde “Ýer üstüniň gurluşy. Daglar” diýen tema geçilende Magtymguly Pyragynyň “Hasar dagyndadyr”, Kerim Gurbannepesowyň “Daglar” goşgularyny okap bermek okuwçylarda öz Watanynyň gözelliklerine guwanmak duýgularyny terbiýeleýär.

- Ekologik terbiýe bermek. Geografiýa dersi arkaly ýaş nesle ekologik bilim bermekde birnäçe usullar ulanylýar.

Meselem, täze tema beýan edilende ekologik terbiýe bermegi nazarda tutmak. Mysal üçin, V synpyň “Fiziki geografiýa” dersinde “Gidrosfera”, “Atmosfera” diýen temalar geçilende suwuň we howanyň hapalanmagy, onuň öňüni almak boýunça görülýän çäreler (galyndysyz önümçiligi ýola goýmak, agaç nahallarynyň köpçülikleýin ekilmegi) barada durup geçmek gerek. Ekologik terbiýe bermekde synpdan daşary işleriň we syýahatlaryň ähmiýeti hem ulydyr.

## § 7. Geografiýany okatmagyň pedegogiki we psihologiki esaslary

**Geografiýany okatmagyň usulyýetinde pedagogikanyň we psihologiýanyň orny.** Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ylym hökmünde döremeginde we ösmeginde pedagogikanyň, psihologiýanyň aýry-aýry ugurlary aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ylym hökmünde ösmeginde pedagogikanyň orny has-da uly. Sebäbi geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi pedagogikanyň didaktika bölümi bilen gönüden-göni baglanyşykly bolup, okatmakda didaktikanyň umumy düzgünlerinden we kanunalaýyklyklaryndan ugur alýar. Geografiýa dersinden okuw işlerini guramagyň dürli usullary kesgitlenilende, didaktika degişli bolan kanunlar , düzgünler, ýörelgeler umumy esas bolup, okuw işini guramagyň taglymaty hökmünde geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ösmegine ýardam berýär.

Mekdepde geografiýa derslerinden okuwçylara bilim berilýän wagtynda, olara terbiýe bermekligi netijeli guramakda umumy pedagogikanyň ýörelgeleri we usullary giňden peýdalanylýar.

Geografiýany okatmagyň usulyýeti mekdep okuwçylaryna öwredilýän geografik düşünjeleriň hem-de belli bir başarnyklaryň berilmeginiň mazmunyny, düzümini kesgitlemekde pedagogika bilen birlikde psihologiýanyň gazananlaryny peýdalanýar. Sebäbi mekdepde öwrenilýän dürli geografik düşünjeler, bilimler we emele getirilen başarnyklar, okuwçylaryň olary ýatda saklamak ukyplary ýaş aýratynlyklaryna, saglyk ýagdaýlaryna bagly bolup durýar.

Soňky ýyllarda geografiýany okatmagyň usulyýeti boýunça alnyp barylýan işleriň esasy görnüşleri seljerilende, olaryň psihologiýa bilen baglanyşygynyň has zerurdygy ýüze çykaryldy. Sebäbi häzirki günlerde hem geografiýany okatmagyň usulyýetinde, şeýle hem, okatmak hem-de terbiýe bermek tejribesinde psihologiýanyň köp sanly wajyp meseleleri ünsden düşürilýär, ýa-da olara ýeterlik ähmiýet berilmeýär. Bu meselelere okuwçylaryň bilmekleri, olara düşünmekleri, ýatda saklamaklary, pikirlenmekleri, şeýle-de okuwçylarda dürli geografik düşünjeleriň, başarnyklaryň, endikleriň kemala getirilmegi we başgalar degişlidir.

Geografiýa derslerini okatmakda okuw işleriniň has netijeli bolmagyny gazanmak üçin mugallymlaryň okadýan sapaklarynda we dürli görnüşli synpdan daşary işlerinde okuwçylaryň özbaşdak hem-de ylmy nukdaý nazardan pikirlenmek endiklerini kemala getirmäge, öwrenilýän düşünjeleri derňemäge, seljermäge, saýlap almaga hem-de geografiýa derslerinden okadylýan temalarda peýdalanmaga, umumylaşdyrmaga, deňeşdirmäge aýratyn üns berilmegi, täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynyň bilim ulgamynyň ösýän, kämilleşýän döwrüniň pedagogikasynyň we psihologiýasynyň esasy talabydyr.

**Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini ösdürmekde mekdep geografiýasynyň meseleleri.** Geografiýa mugallymy okadýan sapaklarynda we alyp barýan synpdan daşary işlerinde geografik bilimleri

bermek, başarnyklary we endikleri emele getirmek bilen birlikde olarda ylmy dünýägaraýyşlary, Garaşsyz Watanymyza, Hormatly Prezidentimize bolan belent söýgini we buýsanjy kemala getirmelidirler. Okuwçylaryň geografiýa derslerinden öwrenenlerine akyl ýetirmäge bolan gyzyklanmalaryny, döredijilik başarnyklaryny ösdürmäge aýratyn üns bermelidirler.

Mekdep geografiýa dersleriniň üsti bilen okuwçylara bilim we terbiýe berlişini, olaryň başarnyklaryny we endiklerini ösdürmekligi talabalaýyk guramakda şu aşakdaky wezipeler öňde goýulýar:

**1.** Tebigatyň, jemgyýetiň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklaryny, olaryň özara baglanyşygyny, tebigat bilen jemgyýetiň arasynda bar bolan ýa-da ýüze çykyp biljek ekologiýa meselelerini we olary çözmegiň ýollaryny öwretmek;

**2.** Geografiki düşünjeleriň, geografiki atlaryň ýerleşişiniň, adalgalaryň mazmunynyň, tebigatyň we onuň düzüm bölekleriniň ösüşiniň, özgerişiniň özara baglanyşyklarynyň aýratynlyklaryny we sebäplerini öwretmek;

**3.** Dürli geografik wakalary , hadysalary hem-de geografiki obýektleri öwrenmekde okuwçylaryň akyl ýetiriş başarnyklaryny, gyzyklanmalaryny kemala getirmek. Geografiýa derslerinden dürli temalar öwredilende, okuwçylary gyzyklandyrýan söhbetdeşlikler guralanda, jedelli ýagdaýlary döretmek, dürli netijeler çykarmak we olary subut etmek başarnyklaryny kemala getirmek;

**4.** Okuw gezelençlerinde, tejribe sapaklarynda we synpdan daşary guralýan işlerde okuwçylarda tebigata gözegçilik etmek; gözegçilik edilen tebigy hadysalary we wakalary ýazyp beýan etmek; geografiki kartalary okamak we kartalarda dürli ölçegleri geçirmek, kartalarda şekillendirilen hadysalar, wakalar, obýektler esasynda dürli geografik netijeler çykaryp bilmek; dürli grafikleri, diagrammalary, ýer üstüniň görnüşiniň profillerini düzmek we olary okatmak; san maglumatlary bilen

işlemek, aýry-aýry pudaklaryň, geografiki çäkleriň fiziki-geografik we ykdysady-geografik häsiýetnamalaryny düzmek ýaly başarnyklary döretmek;

**5.** Geografiýa derslerinden aýry-aýry temalar boýunça öwrenilen düşünjeleri okuwçylaryň özbaşdak düşündirip bilmegini, geografiki maglumatlary ýurduň ykdysady we syýasy durmuşy bilen baglanyşdyryp bilmeklerini gazanmaklyga aýratyn üns bermek;

**6.** Geografiýa dersinden geçilýän sapaklarda okuwçylary gyzyklandyrýan temalar boýunça öwrenilýän düşünjeleri has çuňlaşdyrmak we giňeltmek maksady bilen guralýan synpdan daşary işleriň mazmun we hil taýdan ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmek;

Okuwçylaryň geografiýa dersinden bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmekde hem-de ösdürmekde köp görnüşdäki usullar ulanylýar. Ol usullary ulgamlaşdyrmak, olaryň has netijeli görnüşlerini saýlap almagy başarmak; öwrenilýän temanyň mazmunyna, zerurlygyna hem-de okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we mümkinçiliklerine laýyk öwretmegiň oňaýly usullarynyň ulanylmagy her bir mugallymdan irginsiz zähmeti we döredijilikli işini talap edýär.

**Okuwçylarda geografik dünýägaraýyşlaryň we düşünjeleriň kemala getirilişi.** Okuwçylarda ylmy düşünjeleri kemala getirmekde, ilkinji nobatda, olaryň özbaşdak pikirlenmek, netije çykaryp bilmek hem-de öz pikirini jemläp, ony beýan edip bilmek başarnyklarynyň bolmagy zerurdyr.

Okuwçylarda geografik ylmy dünýägaraýşy we düşünjeleri kemala getirmegiň usullary baradaky mesele geografiýany okatmagyň usulyýetiniň beỳik Galkynyşlar we täzel Özgertmeler zamanasyndaky bilim ulgamynyň öňündäki wezipelerini çözmeklige gönükdirilen, üstünde işlenilýän esasy meseleleriniň biridir.

Mekdepde öwrenilýän geografik düşünjeleriň aglabasynyň esasy aýratynlygy – olaryň hakykatda bar bolan

obýektlere, hadysalara we wakalara esaslanýanlygydyr. Meselem: "*Daglaryň absolýut beýiklikler boýunça tapawutlanyşy*", "*Klimatyň kontinentallygy*" ýa-da "*Okeanlardaky akymlar*" diýen düşünjeler hem geografiýany okatmakda has takyk görnüşde, anyk mysallaryň, subutnamalaryň esasynda öwrenilýär. Umuman, geografik düşünjelere anyklyk, hakykylyk, baglanyşyklylyk häsiýetli bolup, şol sebäpli ylymlaryň toplumlaýyn bölünişiginde geografiýa ylmy takyk ylymlaryň düzümine girizilendir.

Geografiýa dersleri okadylanda okuwçylara berilýän geografiki düşünjeler: a) umumy geografiki düşünjelere we aýratyn - ýekeleýin geografiki düşünjelere bölünýär. Bu bölünişik her bir okuwçynyň ýer şarynyň tebigaty, onuň aýry-aýry böleklerinde, Watanymyzda we beýleki dünýä ýurtlarynda tebigatyň aýratynlyklarynyň, adamyň hojalyk işi baradaky düşünjeleriniň, ylmy dünýägaraýyşlarynyň kemala gelmegini üpjün edýär.

Geografik düşünjeleriň bu iki topary bir-biri bilen berk baglanyşykda bolup, olar baradaky bilimler bir-birinden aýratynlykda özleşdirilip bilinmeýär. Sebäbi geografik düşünjeler mekdep geografiýa derslerini bilmegiň görkezijileriniň jemidir.

Umumy geografik düşünjeler diýlip birmeňzeş atlandyrylýan dürli hadysalaryň we wakalaryň toplumyna aýdylýar. Olara klimat, derýalar, köller, tebigy zonalar, ykdysady we tebigy etraplar, sebitler ýaly düşünjeler degişlidir. Umumy geografik düşünjeleriň mazmuny olaryň meňzeşlik, özara baglanyşyk aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär.Umumy geografik düşünjelere daglar, düzlükler, okeanlar, akymlar, klimat guşaklyklary, tebigy zonalar ýaly düşünjeler degişlidir.

Aýratyn - ýekeleýin geografik düşünjeler diýlip özüniň hakyky ady bolan aýry-aýry geografik hadysa, waka ýa-da obýekte aýdylýar. Meselem: *"Gimalaý daglary", "Alp*

*daglary", "Aždarha daglary", "Kawkaz daglary", "Köpetdag", "Uly Balkan" ,"Kiçi Balkan","Köýtendag", "Bathyz dag belentligi", "Garabil dag belentligi", "Nil derýasy", "Garagum derýa","Amyderýa", "Ýewraziýa materigi", "Awstraliýa materigi"* ýaly düşünjeler degişlidir. Olaryň mazmunynda ol ýa-da beýleki wakanyň, hadysanyň umumy häsiýetleri bilen bir hatarda, diňe onuň özüne degişli bolan geografik aýratynlyklar öz beýanyny tapýar.

Aýratyn – ýekeleýin geografik düşünjeler özboluşly toplanan, jemlenen düşünje hem bolup biler. Meselem: "*Ýewropa*" diýlen aýratyn düşünje özüne birnäçe beýleki ýeketäk düşünjeleri birleşdirýär. Olara "*Ýewropanyň ýer üstüniň gurluşy*", "*Ýewropanyň klimaty*", "*Ýewropanyň derýalary*" ýaly onlarça geografiki düşünjeler degişlidir.

Geografiýa dersleriniň üsti bilen berilýän bilimler okuwçylaryň ylmy dünýägaraýşyny giňeldýär, artdyrýar, çuňlaşdyrýar.

Dünýägaraýyş – geografik obýektleri, tebigatyň düzümini, tebigatyň zatlaryny, tebigatdaky bolup geçýän hadysalary,tebigatyň özgerişini, üýtgeýşini, ýer şarynyň tebigatyndaky kanunalaýyklyklarynyň emele geliş aýratynlyklaryny göz öňüne getirmek hakyky bolşuny, gurluşyny, şekilini we beýleki ýagdaýlaryny aňlamaga degişli düşünjeler bilen berk baglanyşykly bolup, okuwçylaryň ýadyna salmaklarynyň hem-de göz öňüne getirmekleriniň netijesinde emele gelýär.

Geografiki hadysalar, wakalar, obýektler hakynda maglumatlar düşündirilende, öwredilende okuwçylarda göz öňüne getirmek arkaly şolara degişli ylmy dünýägaraýyş emele gelýär we ösdürilýär. Geografik dünýägaraýyşlar hem geografik düşünjeler ýaly aýratyn, ýeke-täk bir hadysa hakynda, şeýle-de, obýekt hakynda umumy bolup biler. Geografik düşünjeleriň we dünýägaraýyşlaryň kemala getirilmegi bilelikde bir wagtda bolup geçýär. Meselem:

“*Çöldäki aklaňlaryň şekili, ölçegleri onuň gözýetimiň taraplaryna görä ýerleşisine we ýelleriň öwüsýän ugruna we ýygylygyna, tizligine bagly bolýar*” diýen geografik düşünje olaryň ýer şaryndaky aýry-aýry çägeli çölleriň ýaýraýşy bilen bagly düşünjeler bolup, olar barada göz öňüne getirmek arkaly dünýägaraýyşlar kemala getirilýär.

Okuwçylaryň ylmy dünýägaraýşyny we geografik düşünjelerini kemala getirmekde şu aşakdaky meselelere aýratyn üns berilmelidir:

-Geografik hadysalar, wakalar, obýektler barada gürrüň edilende, okuwçylaryň geografiýa dersleri boýunça geçilen temalarda öwrenenlerine daýanylmalydyr.

-Okuwçylaryň geografik düşünjeleriniň we göz öňüne getirmeleriniň dogry bolmagyny üpjün etmek üçin okatmagyň, bilimleri barlamagyň netijeli usullary peýdalanylmalydyr.

-Her bir öwrenilýän temanyň esasy geografik düşünjelerini anyklap, olar baradaky bilimleri giňişleýin öwrenmek we yzygider gaýtalamak guralmalydyr.

-Okuwçylaryň ýadyny, göz öňüne getirmek başarnyklaryny barlamak we ösdürmek maksady bilen geografik hadysalar, obýektler baradaky düşünjelerini ýörite çyzgylarda, ýönekeý kartalarda, suratlarda görkezmeklerini guramak.

-Okuwçylaryň kartagrafik bilimlerini we ylmy dünýägaraýyşlaryny ösdürmek maksady bilen geçirilýän dürli amaly işlere, olary sudur kartalary doldurmaga, dürli kartagrafik çyzgylary taýýarlamaga has köp gatnaşdyrmaly.

-Mugallym her bir sapagynda öwrenilýän tema bilen baglanyşykly dürli geografiki kartalaryň, kartagrafiki önümleriň, köp sanly görkezme esbaplaryň görnüşlerini ulanmagy üpjün etmelidir.

Okuwçylarda geografik düşünjeleri we ylmy dünýägaraýyşlary kemala getirmekligiň mazmuny we maksady

IV synpdan başlap yzygiderlikde ulgamlaýyn alnyp barylýar. Ol V synpda fiziki geografiýa dersi okadylanda-da dowam etdirilýär. V synpda umumy fiziki geografiki düşünjeler we ylmy dünýägaraýyşlar kemala getirilip, VI-IX synplarda geografik düşünjeleriň hem-de ylmy dünýägaraýyşlaryň umumy we aýratyn görnüşleri öwrenmeklik ulgamlaýyn alnyp barylýar.

Okuwçylaryň geografik ylmy dünýägaraýyşlaryny we düşünjelerini kemala getirmekde we ösdürmekde synpdan daşary guralýan çäreleriň hem ähmiýeti örän uludyr.

Ylaýta-da okuw gezelençleriniň, gözegçilikleriniň, dürli önümçilik pudaklarynda işleýän hünärmenler bilen geçirilýän duşuşyklaryň, okuw kinofilmlerine bilelikde tomaşa etmekligiň, geografik düşünjeleriň we ylmy dünýägaraýyşlaryň emele gelmeginiň netijeliligini ýokarlandyrmakda uly ähmiýetiniň bardygyny köp ýyllyk tejribeler görkezýär.

## § 8 Geografiýany okatmakda okuwçylarda başarnyklaryň we endikleriň kemala getirilişi hem-de ösdürilişi.

Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň taryhyna ýüzlenilende örän irki döwürlerinden bäri okuwçylara berilýän bilimleriň ulgamynda ilkinji ornunda okuwçylarda başarnyklary we endikleri kemala getirmeklik üçin ýerine ýetirilýän amaly işlere aýratyn orun berlip gelnipdir. Geografik başarnyklara we endiklere bolsa geografiýa kartalaryny okamak, bilmek, kartalarda we ýer üstünde dürli ölçegleri geçirmek, howa ýagdaýlaryna, tebigata, önümçiligiň guralyşyna gözegçilik etmek ýaly düşünjeler degişlidir.

"*Başarnyk*" we "*endik*" diýen düşünjeler pedagogika, psihologiýa ylymlary tarapyndan şeýleräk häsiýetlendirilýär:

**Başarnyk** – diýlende heniz gowy kemala gelmedik endige ýa-da birnäçe endikleriň toplumyna düşünilýär. Başarnyk barada köp sanly edebiýatlarda dürli pikirlere gabat gelinýär.

**Endik** – birnäçe okuw hünärleriniň berkidilen ulgamyna, başgaça okuw hereketleriniň çalt, gysga wagtda we ýatdan ýerine ýetirilmegine düşünilýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýetine degişli işlerde, edebiýatlarda "*başarnyk we endik*" diýen düşünjeler, esasan, bilelikde ulanylýar. Sebäbi geografiýany okatmakda okuwçylarda bilimler bilen bir hatarda başarnyklar we endikler bilelikde kemala getirilýär. Okatmak işine döwlet maksatnamasynda bildirilýän talaplaryň esasynda okuwçylarda başarnyklary we endikleri kemala getirmek esasy wezipe bolup, ol okuw işiniň usullarynyň dogry saýlanyp alnyşyna baglydyr. Bu usullaryň kemala gelmegi, ulanylmagy, esasan, şu aşakdaky yzygiderlilikde amala aşyrylýar:

**1.** Okuwçylara okuw işleriniň maksadyny we ähmiýetini düşündirmek.

**2.** Mugallymyň ýerine ýetirýän işleriniň okuwçylar bilen bilelikde amala aşyrylmagy ýa-da ol işleriň gös-göni mugallymyň ýolbaşçylagynda okuwçylar tarapyndan ýerine ýetirilmegi.

**3.** Okuwçylar tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň jemlenilmegi, umumylaşdyrylmagy. Bu usuly mugallymlar okuw işlerinde örän az peýdalanýarlar. Meselem: Geografik kartalar bilen işlemegiň usullary V-synpdan başlanyp, IX-synpa çenli okadylýan dersleriň mazmunyna bagly kartalar bilen işlemegiň usullary barha çylşyrymlaşýar, kämilleşýär we ösdürilýär. Şonuň üçin V synpdan başlap, IX synpa çenli ýerine ýetirilýän işler geografik kartalar bilen alnyp barlanda, olaryň dürli görnüşlerinden birbada peýdalanyp, alnan netijeleri jemläp hem-de umumylaşdyryp, zerur bolan okuw maglumatlaryny okuwçylaryň alyp bilmekliklerine,

başarnyklaryny we endiklerini ösdürmäge aýratyn üns berilmelidir.

**4.** Başarnyklaryň we endikleriň doly kemala getirilmegi – bu öwrenilen bilimleriň we düşünjeleriň islendik ýerde we islendik ýagdaýda gaýtalanmagydyr ýa-da olary beýleki bir tema öwrenilende peýdalanyp bilinmegidir. Şoňa görä-de okuwçylaryň ele alan başarnygy ýa-da endigi bahalandyrylýar. Mugallymlaryň köpüsi okuwçylara amaly ýumuşlary tabşyryp, onuň ýerine ýetirilişine baha goýmak bilen çäklenýärler. Amaly ýumşuny “2-lik”, “3-lük” baha ýerine ýetiren okuwçylar bilen goşmaça işleriň, barlaglaryň gurulmagy zerurdyr. Diňe şeýle edilende, olarda heniz doly kemala gelmedik başarnygy, endigi ösdürmek we kämilleşdirmek bolar.

Geografiýany okatmagyň usulyýetine degişli okuw kitaplarynda, okuw gollanmalarynda amaly işleriň üsti bilen okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny kemala getirmäge we ösdürmäge niýetlenen usullar örän köpdür. Olaryň ulgamlaýyn, aňsatdan – kyna , ýönekeýden – çylşyrymla tarap özgerýän görnüşlerini saýlap almak we ulanmak mugallymyň hünär ussatlygyna baglydyr.

**Okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek we netije çykarmak başarnyklarynyň kemala getirilişi.** Okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek we netije çykarmak başarnyklarynyň kemala getirilişi pedagogika we psihologiýa ylymlarynda, şeýle-de, geografiýany okatmagyň usulyýetinde çylşyrymly iş prosesi bolup durýar. Şonuň bilen baglanyşykly usulyýetçi alymlaryň, tejribeli geografiýa mugallymlarynyň alyp barýan işiniň mazmunda jogapkärçilikli wezipe ör boýuna galýar. Bu okuw işiniň mazmuny bilen baglanyşykly amaly işleriň (*okuwçylaryň pikirlenmek we netije çykarmak başarnyklaryny kemala getirmeklige niýetlenen ýumuşlaryň we soraglaryň*) ulgamyny işläp taýýarlamak wezipesidir.

Häzirki wagtda has tejribeli geografiýa mugallymlary her bir synpda okuwçylaryň ýörite amaly ýumuşlary, dürli amaly

soraglary ýerine ýetirmek üçin aýratyn depderleriniň ýöredilmegini ýola goýýarlar. Bu bolsa mugallyma şu aşakdaky wezipeleriň yzygiderli talabalaýyk amala aşyrylmagyna ýardam edýär:

1. Aýry-aýry synplarda okadylýan geografiýa dersleri boýunça amaly işlerini ulgamlaýyn ýola goýmak we her bir okuwçynyň öwrenilen bilimler boýunça pikirlenmek, netije çykarmak başarnyklarynyň kemala gelşine we ösüşine gözegçilik etmek.

2. Okuw gezelençlerinde okuwçylaryň özbaşdak we toparlaýyn işini talaba laýyk ýola goýmak.

3. Amaly ýumuşlary we amaly meseleleri çözmekde okuwçylaryň başarnyklaryny kämilleşdirmek.

4. Okuw wagtyny tygşytlamak hem-de okuwçylaryň gyzyklanmalarynyň artmagyny gazanmak ýaly wezipeler degişlidir.

Okuwçylaryň pikirlenmek we netije çykaryp bilmek başarnyklarynyň kemala getirilmegi olaryň akyl ýetiriş endikleriniň ösmegine uly täsir edýär hem-de her bir geçilýän sapakda, sapakdan daşary işde öňde goýulýan ösdürijilik ýörelgäniň iş ýüzünde amala aşmagyny üpjün edýär.

Okuwçylaryň akyl ýetiriş başarnyklarynyň we endikleriniň ösmeginde dürli görnüşli amaly işler bilen bilelikde, ol ýa-da beýleki düşünjäni öwrenmeklige niýetlenen täze okuw usullary, sapak görnüşleri has netijelidir. Olary yzygider ulanmak zerurdyr, ýöne örän guramaçylykly, oýlanyşykly düzülen meýilnama esasynda we ähli zerur mümkinçilikler döredilen ýagdaýda olaryň ulanylmagy örän gowy netijeleri berýär.

Geografiýa dersleriniň aýry-aýry bölümleri boýunça guralýan jemleýji, bilimleri we başarnyklary barlamak, okuw tejribe eksperomenti, amaly, gezelenç we gaýybana syýahat ýaly sapaklarda ulanylýan köp sanly usullar okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek, akyl ýetirmek we netije çykarmak başarnyklaryny yzygider ösdürýär. Meselem: Şeýle sapak

görnüşlerini yzygider guramagy, dürli usullary ýerlikli peýdalanmagy başarýan mugallymyň okuwçylary geçilýän temalar boýunça kartalardan ýa-da atlaslardan peýdalanyp, islendik ýere (*ýurda, ykdysady ýa-da tebigy etraba, derýa, daga, çöle, şähere we ş.m.*) özbaşdak fiziki geografiki ýa-da ykdysady geografiki häsiýetnama berip bilýärler.

Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň kesgitleýşine görä okuwçylaryň pikirleniş, akyl ýetiriş başarnyklarynyň derejesini şu aşakdaky görkezijiler boýunça anyklamak bolýar:

**1.** Okuwçylaryň synpdan-synpa geçmegi olaryň okuw işleriniň netijesi bolup durýan bilimlerini umumylaşdyryp we netijeler çykaryp bilmek ukubyny artdyrýar.

**2.** Okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna bagly onuň geografiýa ugurlary boýunça alan bilimlerini umumylaşdyrmakda peýdalanylýan usullary kämilleşdirilýär. Okuwçy tebigatyň zatlarynyň, geografiki hadysalarynyň özara baglanyşyklaryny, ösüş kanunalaýyklyklaryny has gysga wagtda we dogry ýüze çykaryp bilýär.

**3.** Netijeli pikirlenip bilmegi we akyl ýetirmegi talap edýän täze okuw usullaryny tapmak mümkinçilikleriniň okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna bagly ösdürilmegine şertler döredýär.

Geografiýa dersleri okadylanda, okuwçylaryň pikirlenmek we akyl ýetirmek başarnyklarynyň ösmeginde ägirt uly orun tutýan okuw işindäki şertler, esasan, şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**1.** Okuwçylaryň okuw işinde pikirlenmek we akyl ýetirmek bilen baglanyşykly dürli amaly ýumuşlaryň, amaly soraglaryň yzygider ulanylmagy we olaryň doly ýerine ýetirilmegi.

**2.** Geografiýany okatmagyň döwlet maksatnamasyndaky bilimlere we başarnyklara bildirilýän talaplar bilen bilelikde okuwçylaryň ol ýa-da beýleki geografik düşünjäni öwrenmekde iň amatly usullardan peýdalanyp bilmek başarnyklarynyň we endikleriniň sanawy.

**3.** Geografiýa dersleri boýunça sapaklar geçilende, okuw işiniň esasy görnüşleri, okuw işini alyp barmaklygyň dürli usullary okuwçylara has gyzykly, bilesigelijilikli bolar ýaly geografiýa okuw kitaplarynyň mazmunynda gabat gelýän adalgalar aýdyň görkezilýär.

**4.** Ähli synplarda okadylýan geografiýa dersleriniň usulyýetinde alnyp barylýan okuw işini guramaga degişli usullaryň yzygiderli ulgamynyň girizilmegi we beýlekiler degişli bolup durýar.

Umuman, okuwçylaryň pikirlenmek, akyl ýetirmek we netije çykarmak başarnyklarynyň dogry kemala getirilmegi we ösmegi üçin ýokardaky agzalyp geçilen şertleriň, wezipeleriň we talaplaryň diňe bir geografiýa derslerinde däl, eýsem, mekdepde okadylýan beýleki okuw derslerinde hem berjaý edilmegi has gowy netijäni berýär.

## §9. Umumygeografik düşünjeleriň we kanunalaýyklyklaryň öwrenilişi.

Ýokarda seredilip geçilen "Okuwçylarda geografik dünýägaraýyşlaryň we düşünjeleriň kemala getirilişi " diýen temada mekdep geografiýa derslerinde öwrenilýän geografik düşünjeleriň umumy we ýekeleýin geografik düşünjeler diýen toparlara bölünýänligine biz seredip geçipdik. Bu geografik düşünjeleriň şeýle bölünişigi maksadalaýykdyr, sebäbi ol düşünjeleriň her biri okuwçylaryň Ýeriň tebigaty, onuň aýry-aýry böleklerinde, Türkmenistanda we beýleki dünýä ýurtlarynda tebigatyň aýratynlyklary, adamyň hojalyk işi we beýlekiler barada giň ylmy düşünjeleriň hem-de dünýägaraýyşlaryň kemala gelmegini üpjün edýär.

Geografik düşünjeleriň bu iki topary bir-biri bilen berk baglanyşykda bolup, olar baradaky bilimler biri - birinden aýratynlykda özleşdirilip bilinmeýär. Sebäbi geografik

düşünjeler mekdep geografiýa derslerini öwrenmegiň, bilmegiň görkezijileriniň jemidir.

Mekdepde öwrenilýän geografik düşünjeleriň esasy aýratynlygy – olaryň hakykatda bar bolan geografiki obýektlere, hadysalara we wakalara esaslanýanlygydyr. Meselem: Otnositel we absolýut beýiklik,Ýeriň şekili we möçberi, Gradus tory, Geografiki giňlik, Geografiki uzaklyk, Ýer gabygynyň hereketleri, Ýer titremeler, Wulkanlar ýaly düşünjeler geografiýany okatmakda has takyk görnüşde, anyk mysallaryň, subutnamalaryň esasynda öwrenilýär. Umuman, geografik düşünjelere hakykylyk, anyklyk, takyklyk, özara baglanyşyk häsiýetli bolup, şonuň üçin ylymlaryň toplumlaýyn bölünişiginde geografiýa ylmy takyk tebigy ylymlaryň düzümine girizilendir.

Mekdep geografiýasynyň mazmunyndaky umumy geografik düşünjeler we aýratyn-ýekeleýin düşünjeler biri-birinden tapawutlanyşy ýaly, umumy düşünjeler we kanunalaýyklyklar mazmunlary boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Käbir düşünjeler kesgitli, az sanly hadysalary öz içine alýar. Materik, umman, deňiz, köl, derýa we beýleki düşünjeleri mysal hökmünde görkezip bolýar. Käbir düşünjeler kesgitlenilmedik, örän köp sanly hadysalary şöhlelendirýär. Meselem: ýer üstüniň gurluş görnüşleri (*relýefi*), howa, klimat, tebigy gurşaw, zähmet resurslary ýaly düşünjeler mazmunlary boýunça örän giň geografik düşünjeleri berýär.

Geografiýanyň dürli dersleri boýunça öwrenilýän umumy düşünjeleriň we kanunalaýyklyklaryň yzygiderli ulgamy işlenip düzülende (*maksatnama girizilende*), temalara degişli, ilkinji nobatda, has ýönekeý zerur boljak düşünjeler saýlanyp alynýar. Geografiýanyň soňky synplaryndaky derslerinde öwrenilýän düşünjeler ozal özleşdirilen düşünjeleriň esasynda alynýar we olar bilen baglanyşykda bolmalydyr. Meselem: V synpda öwrenilýän geografik düşünjeler üçin, III - IV synplaryň "*Tebigaty öwreniş*" derslerindäki tebigy düşünjeler başlangyç

düşünjeler bolup durýar. V synpdaky “*Fiziki geografiýa*” dersinden öwrenilen geografik düşünjeler soňky VI-IX synplardaky geografiýa derslerinde özleşdirilen düşünjeler üçin daýanç bolýan bilimler hökmünde bolmalydyr.

Umumygeografik düşünjeler we kanunalaýyklyklar hakynda okuwçylarda ylmy dünýägaraýyşlary kemala getirmek köp etaplaýyn okuw işlerini talap edýär. Şonuň üçin hem mekdep geografiýa derslerinde okuw işleriniň we öwrenilýän geografik bilimleriň mazmunynyň örän oýlanyşykly guralmagy zerurdyr.

Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň, usulyýetçi alymlaryň, öňdebaryjy iş tejribesi bolan geografiýa mugallymlarynyň bellemeklerine görä, eger umumygeografik düşünjeleriň, kanunalaýyklyklaryň diňe bir bölejigi öwrenilip, galanlary ünsden düşürilse ýa-da öwrenmekde yzygiderlilik we ulgamlaýynlyk saklanmasa, onda okuwçylaryň ol ýa-da beýleki umumygeografik düşünjeleri, kanunalaýyklyk hakyndaky bilimleri talabalaýyk bolup bilmeýär, şeýle-de, mekdepde geografiýanyň okadylyşy hem garaşylýan netijäni bermeýär.

**Geografiýany okatmagyň pedagogiki we psihologiki esaslary.** Geografiýany okatmagyň usulýetiniň ylym hökmünde döremeginde we ösmeginde pedogogikanyň, psihologiýanyň aýry-aýry pudaklary aýgytlaýjy aýratyn orny eýeleýär.. Onda pedogogikanyň orny has-da uludyr. Sebäbi geografiýany okatmagyň usulýetinde okatmagyň umumy pedogogik kanunalaýyklyklary bilen berk baglanyşyklydyr. Okuw işlerini guramagyň dürli usullary kesgitlenilende umumy okuw işiniň taglymaty hökmünde didaktika geografiýany okatmagyň usulýetiniň ösmegine ýardam berýär.

Mekdepde geografiýa derslerinde öwrenilýän temalaryň üsti bilen okuwçylara terbiýe bermekligi netijeli guramakda umumy pedogogikanyň ýörelgeleri we usullary giňden peýdalanylýar.

Pedogogikany okatmagyň usulýeti dürli ýagdaý mekdep okuwçylaryna öwredilýän geografik bilimleri hem-de başarnyklarynyň mazmunyny, toplumyny kesgitlemekde psihologiýanyň gazananlaryny peýdalanýar. Sebäbi mekdepde öwrenilýän dürli geografik düşünjelere, bilimlere hem-de başarnyklara düşünmek we olary ýatda saklamak okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary saglyk ýagdaýlary bilen berk baglanyşyklydyr.

Soňky ýyllarda geografiýany okatmagyň usulýeti boýunça alnyp barylýan işleriň esasy görnüşleri derňelip görülende, olaryň psihologiýa bilen baglanyşygynyň has zerurdygy ýüze çykaryldy. Sebäbi häzirki günlerde hem geografiýany okatmagyň usulýetinde şeýle hem okatmak hem-de terbiýe bermek tejribesinde psihologiýanyň köp sanly wajyp meseleleri ünsden düşürilýär, ýa-da olara ýeterlik baha berilmeýär. Bu meselelere tanamak, düşünmek, ýatda saklamak, pikirlenmek, dürli geografik düşünjeleri, başarnyklary, endikleri kemala getirmek we başgalar degişlidir.

Geografiýany okatmak işiniň has netijeli bolmagyny gazanmak üçin mugallymlaryň geçýän sapaklarynda we dürli görnüşli synpdan daşary işlerinde okuwçylaryň özbaşdak hem-de ylmy nukdaý nazardan pikirlenmek endiklerini kemala getirmäge, öwrenilýän düşünjeleri derňemäge, seljermäge, saýlap almaga hem-de başga okuw şertlerinde, temalarda peýdalanmaga, umumylaşdyrmaga, deňeşdirmäge aýratyn üns bermekleri pedogogikanyň we psihologiýanyň esasy talabydyr.

**Okuwçylarda geografik dünýägaraýyşlaryň we düşünjeleriň kemala getirilişi.**

Okuwçylarda ylmy düşünjeleri kemala getirmekde ilkinji nobatda olaryň özbaşdak pikirlenmek, netije çykaryp bilmek hem-de öz pikirini jemläp, ony beýan edip bilmek başarnyklarynyň bolmagy zerurdyr.

Okuwçylarda geografik dünýägaraýşy we düşünjeleri kemala getirmegiň usullary baradaky mesele geografiýany okatmagyň usulýetiniň esasy meseleleriniň biridir.

Geografik düşünjeler umumy we ýekeleýin diýen toparlara bölünýär.

Umumy geografik düşünjeler birmeňzeş atlandyrylýan dürli hadysalaryň we wakalaryň toplumydyr. Olara klimat, derýalar, köller, tebigy zonalar, ykdysady we tebigy etraplar, sebitler ýaly düşünjeler degişlidir. Umumy geografik düşünjeleriň mazmuny olaryň meňzeşlik we özara baglanyşyk aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär.

Ýekeleýin geografik düşünjeler özüniň hakyky ady bolan aýry-aýry geografik hadysa, waka ýa-da desga aýdylýar. Meselem: “Kawkaz daglary”, “Köpetdag”, “Amyderýa”, “Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistan”, “Gündogar Türkmenistan etraby” we ş.m. Olaryň mazmunynda ol ýa-da beýleki wakanyň, hadysanyň umumy häsiýetleri bilen bir hatarda, diňe onuň özüne degişli bolan geografik aýratynlyklar hem öz beýany tapýar.

Geografiýa hadysalar, wakalar, desgalar hakynda maglumatlar okalanda, diňlenilende göz öňüne getirmek arkaly dünýägaraýyş emele gelýär we ösdürilýär. Geografik dünýägaraýyşlar hem geografik düşünjeler ýaly aýratyn, ýeketäk bir hadysa, desga hakynda we umumy bolup biler. Geografik dünýägaraýyşlar we düşünjeleriň kemala getirilmegi bilelikde bir wagtda bolup geçýär. Meselem: “Çöldäki aklaňlaryň şekili, ölçegleri onuň gözýetiniň taryplaryna görä ýerleşişine we ýelleriň öwüsýän ugruna we ýygylygyna, tizligine bagly bolýar” diýen geografik düşünje bilen bilelikde olaryň ýer togalagyndaky aýry-aýry çöllerdäki ýaýraýşy barada kartografik düşünjeler we göz öňüne getirmek arkaly dünýägaraýyşlar hem kemala getirilýär.

Okuwçylaryň ylmy dünýägaraýşyny we geografik düşünjelerini kemala getirmekde şu aşakdaky meselelere aýratyn üns berilmelidir:

1. Geografik hadysalar, wakalar, desgalar barada gürrüň edilende okuwçylaryň geçilen temalarda, derslerde öwrenenlerine daýanylmalydyr.
2. Okuwçylaryň geografik düşünjeleriniň we gözýetimleriniň dogry bolmagyny üpjün etmek üçin okatmagyň, bilimleri barlamagyň netijeli usullary peýdalanylmalydyr.
3. Her bir öwrenilýän temanyň esasy geografik düşünjeleri anyklap, olar baradaky bilimleri giňişleýin öwrenmekligi, yzygider gaýtalamaklyk guralmalydyr.
4. Okuwçylaryň ýadyny, göz öňüne getirmek başarnyklyklaryny barlamak we ösdürmek maksady bilen geografik hadysalar, desgalar baradaky düşünjelerini ýörüte çyzgylarda, ýönekeý kartalarda, suratlarda görkezmeklerini guramak.
5. Okuwçylaryň kartografik bilimlerini we dünýäşgaraýyşlaryny ösdürmek maksady bilen dürli tejribe işlerde olary sudur kartalary doldurmaga, dürli kartografik çyzgylary taýýarlamaga has köp gatnaşdyrmaly.
6. Mugallym her bir sapagynda öwrenilýän tema bilen baglanyşykly dürli geografik kartalaryň, beýleki kartografik önümleriň, görkezme esbaplaryň dürli görnüşlerini ulanmagy üpjün etmelidir we başgalar.

Okuwçylaryň geografik dünýägaraýyşlaryny we düşünjelerini kemala getirmekde we ösdürmekde synpdan daşary guralýan çäreleriň hem ähmiýeti örän uludyr.

## §10. Geografiýany okatmagyň usullary

### Mekdepde geografiýany okatmagyň usullary

**Geografiỳany okatmagyň usullary barada düşünje.** Okatmagyň usullaryny ỳüze çykarmakda, durmuşa ornaşdyrmakda we kämilleşdirmekde geografiýany okatmagyň usulyýeti pedagogikanyň we psihologiýanyň ỳörelgelerine esaslanỳar. Okatmagyň usullary – okuw-terbiýeçilik wezipelerini çözmeklige gönükdirilen, mugallymlaryň we okuwçylaryň özara baglanyşykly işini tertipleşdirýän hereketleriň görnüşleri hökmünde häsiýetlendirilýär. Her bir usul öz düzümi, mazmuny boýunça bir-birinden tapawutly bolsa-da, olaryň ählisi okatmaklygyň esasy kanunalaýyklaryna, bilim bermegiň ýeketäk maksadyna gönükdirilendir.

Geografiýany okatmakda ulanylỳan usullary örän köp bolup, olaryň ýeke-täk klassifikasiýasy ýokdur. Okuwçylaryň akyl ýetiriş işleriniň häsiýetine esaslanýan (I.Ýa.Lerner, M.N.Skatin. Didaktika sredneý şkoly, Moskwa,1982.) klassifikasiýa soňky döwürde has maksadalaýyk hasaplanýar.

Dürli usulyýetçi alymlar, tejribeli geografiýa mugallymlary tarapyndan geografiýa sapaklarynda ulanylýan okatmagyň dürli usullary okadylyş hem-de ulanylyş aýratynlyklary boýunça şu aşakdaky toparlary we görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. **Bilimleri öwretmegiň usullary boýunça:**

a) dilden beýan etmek (*gürrüň, söhbetdeşlik, düşündirmek, umumy okuw – leksiýa*);

b) görkezip okatmak (*gözegçilik, görkezmek – syn etdirmek, gezelenç*);

ç) amaly-tejribe işler (*dürli gönükmeler, mysallar, meseleler, tejribe we barlag işleri*) usullaryna bölünýär.

2. **Didaktiki wezipeleri boýunça usullar:**

a)bilimleri ele almak-öwrenmek;

b)başarnyklary we endikleri kemala getirmek;
ç) bilimleri ulanmak;
d) döredijilikli işleri guramak;
e) gözegçilik etmek usullary diýen topara bölünýär.

3. **Okuw işinde okuwçylaryň akyl ýetiriş işleriniň aýratynlyklary boýunça usullar:**

a) düşündirişli görkezip okatmak usuly;
b) düşündirişli – özbaşdak iş usuly;
ç) bölekleýin – gözleg (*empristik*) usuly;
d) problemmalaýyn (meseleleýin) beýan etmek usuly;
e) barlag usuly diýen toparlara bölünýär.

"Usul" diýen söz asly grekleriň "*metod* " diýen sözünden alnyp – ol haýsydyr bir işiň akyl taýyndan üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin ulanylýan täri, ýoly, ugrudyr. Geografiýany okatmagyň usulyýetindäki "usul" geografiýa derslerindäki okuw maglumatlaryny okuwçylara öwretmeklikdäki ýollary, tärleri, usullarydyr. Okatmak işinde"usul" diýen söz bilen bilelikde olaryň ýoly-täri bolan "okatmagyň serişdeleri" diýen düşünje hem giňden ulanylýar. Islendik usulyň täri, ýoly, ugry onuň belli bir bölegi bolup, ol usulda kömekçi serişde hökmünde peýdalanylýar. Meselem: Sapakda täze temany öwretmegiň bir usuly umumy okuw hasaplanylýar. Umumy okuwyň dowamynda mugallymyň peýdalanýan okuw kitaplary, görkezme esbaplary , geçirýän tejribeleri ulanýan soragnamalary, barlagnamalary usulyň täri, ýoly, ugry bolup hyzmat edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň mekdeplerinde geografiýa derslerini okatmagyň maksatnamalarynyň we okuw kitaplarynyň mazmunynyň belli bir derejede täzelenmegine laýyklykda okatmak usullarynyň hem kämilleşdirilmegi döwrüň talabydyr. Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda dünýä ülňülerine gabat gelýän bilimi ýaşlara bermekde mekdeplerdäki okuw işleriniň täzeçe guralýan döwründe okatmak usullaryna bolan talap gitdigiçe artýar. Şu

maksatlar esasynda ýurdumyzda geografiýany okatmagyň usulyýetinde, öňdebaryjy iş tejribeli mugallymlaryň içinde soňky ýyllarda has kämil, täze usullar peýda boldy. Bu usullar, esasan, şu aşakdaky meseleleri öz içine alýar.

**1.** Bilim we terbiýäniň bitewiligini üpjün etmek.

**2.** Okuwçylary artykmaç okuw işlerinden azat etmek (*dürli ýazgylaryň, artykmaç okuw ýükleriniň bolmagynyň öňüni almak*).

**3.** Okuw işiniň has netijeli intensiw guralmagyny gazanmak.

**4.** Okuwçylaryň pikirleniş başarnyklaryny ösdürmek, işeňjeňligini ýokarlandyrmak we başgalar degişlidir.

**Geografiýany okatmak usullarynyň saýlanyp alnyşy**

Mugallymçylyk işiniň netijeli bolmagy her bir mugallymyň okatmak usullaryny gowy bilmegine, olary saýlap almak hem-de peýdalanmak başarnyklaryna baglydyr. Sebäbi okuwçylarda çuňňur bilimleriň, ylmy dünýägaraýyşlaryň kemala gelmegi diňe bir dersiň we ony okatmagyň mazmuny bilen däl, eýsem, okatmak usullarynyň dogry saýlanyp alynmagy we netijeli ulanylmagy bilen berk baglanyşyklydyr.

Mekdepde geografiýa dersleriniň mazmuny ony okatmagyň usullary bilen berk baglanyşykda bolup, olary saýlap almakda mugallymyň özbaşdaklygyna, dersi okatmagyň mazmunyny nazara almazlygyna ýol berilmeýär. Sebäbi netijesiz usulyň ulanylmagy ýa-da şol bir usulyň yzygider ulanylmagy dürli mazmunly bilimleri öwretmekde talap edilýän bilimleriň täsirini hem ýetirip biler. Okatmak usullaryny saýlap almakda goýberilen ýalňyşlyklar okuw işiniň tutuş mazmunynyň, okuwçylaryň bilimleriniň derejesiniň, olaryň akyl ýetiriş başarnyklarynyň we geografiýa sapaklaryna bolan gyzyklanmalarynyň peselmegine getirip biler.

Okatmak usulynyň öwrenilýän temasynyň, bilimleriň mazmunyna gabat getirilmegi onuň netijeliliginiň esasy şertidir. Ýöne bilimleriň şol bir mazmuny hemişe ýeke-täk bir usulyň

ulanylmagyny talap edýär diýip hasap etmek hem nädogrudyr. Şonuň üçin okuw maglumatlaryny (materialyny) öwrenmekde mugallym okuwçylar üçin oňaýly usuly saýlap ýüze çykarýar.

Geografiýa dersinden sapaklary okatmagyň has oňaýly, netijeli usulyny saýlamakda şeýle şertler, ýagdaýlar göz öňünde tutulsa maksadalaýyk bolar:

-Okuwçylaryň akyl ýetiriş, özleşdirip bilmek mümkinçiliklerini;

-Okuwçylar bilen geçirilýän dürli görnüşli okuw maglumatlarynyň çylşyrymlylygyna, okuwçylaryň ol maglumatlara bolan güýçýeterliligine;

-Okuw işiniň geçirilýän ýerine we onuň wagtlaýyn şertlerine;

-Geografiýa otagyndaky zerur bolan bilim çeşmeleriniň ýeterlikligine we beýlekiler degişlidir.

Okatmak usullarynyň saýlanyp alynmagynda öwrenilýän geografiki düşünjeleriň aýratynlyklary esasy orunda durýar. Sebäbi geografik düşünjeleriň käbiri geografiki hadysalar we geografiki obýektler hakynda maglumatlar berse, käbiri olaryň gurluşy, ýene biri bolsa geçýän wakalar barada maglumatlar berýär. Olaryň her biri öwrenilende, ỳelle mahsus usulyň ulanylmagy netijeli bolup biler.

Mekdep geografiýasynyň maglumatlary esasynda geografik bilimleriň öwreniliş, akyl ýetiriş aýratynlyklaryna görä şeýle görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Geografik hadysalaryň, obýektleriň daşky görnüşi baradaky bilimler (*çöl,dag, elle, kärhana, şäher*).
2. Geografik hadysalaryň, obýektleriň giňişlikde, ýer togalagynda, sebitde, şäherde ýerleşişi hakyndaky bilimler.
3. Geografik hadysalaryň, wakalaryň häsiýetleri baradaky bilimler (*howanyň temperaturasy, atmosfera basyşy,çyglylyk,bugarma, bugaryjylyk, hasyllylyk we ş.m.*).
4. Tebigatda we durmuşda bolup geçýän ýagdaýlara, hadysalara, tebigatyň kanunlaryna degişli bilimler ( *ýeriň gaty*

*gabygyndaky bolýan tektoniki hereketler, tebigatda suwuň aýlanyşygy,tozamak, ýer eroziýasy, migrasiýa we başgalar*).

**5.** Geografik obýektleriň düzümi baradaky bilimler (*geosfera we onuň düzümi, ýeriň bardalary, litosferanyň gurluşy, ýer gabygyny düzýän jynslar we başgalar*).

**6.** Hadysalaryň gurluşy baradaky bilimler (*Ýer gabygynyň gurluşy, howa massasy, ýangyç- energetika gazylma baýlyklary*).

**7.** Geografik hadysalaryň we obýektleriň özara gatnaşyklary, arabaglanyşyklary baradaky bilimler (*gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň ýer togalagyndaky paýlanyşy,gün ýagtylygynyň düşüşine bagly klimatyň üýtgemegi, tebigy zonalaryň ýer üstüniň gurluşyna baglylygy, eller we olaryň möwsümlere görä üýtgeýşi we başgalar*).

Geografiýadan berilýän bilimleriň ýokarda görkezilip geçilen toparlarynyň her biri öwrenilende aýratyn, kesgitli bilim çeşmeleri, şeýle hem, okatmaklygyň özboluşly, oňaýly usullary talap edilýär. Diýmek, okatmaklygyň birnäçe usullaryny saýlamakdan başga-da, mugallym her bir geografik düşünjäni, hadysany, wakany ýa-da obýekti okuwçylara öwredende, anyk bir usuly kesgitlemegi, ulanmagy başarmalydyr.

Umuman, geografiýa sapagynda ulanylýan okatmak usullary we ol usullara degişli çeşmeler az ýa-da köp bolmaly däldir.Geografiýa sapaklarynda okatmagyň usullarynyň çakdanaşa köp görnüşleriniň ulanylmagy ýa-da ulanyljak bolunmagy okuwçylaryň artykmaç okuw ýüküniň köpelmegine getirýär. Netijede, okuwçylar ýadaýarlar we olaryň bilimleri talabalaýyk özleşdirmegine ýaramaz täsirini ýetirýär. Şonuň üçin her bir sapakda okatmak usullaryny we serişdelerini dogry saýlap almak we kesgitlemek hem-de talabalaýyk ulanmak mugallymlaryň ýokary derejedäki hünär ussatlygyny talap edýär.

**Ýerli şertlere we mümkinçiliklere görä bilimleriň we okatmak usullarynyň saýlanyp alnyşy.** Türkmenistanyň mekdeplerinde geografiki bilimleriň mazmuny we okatmak usullary Hormatly Prezidentimiziň Bilim syýasatynyň öňde goýan wezipeleri we beýik Galkynyşlar we täze Özgertmeler döwründe döwletimiziň ykdysady, medeni ösüşleriniň ýokary depginleri esasynda kesgitlenilýär we kämilleşdirilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda mekdepde geografiýany okatmaklygyň mazmuny, okuwçylara berilýän bilimleriň we başarnyklaryň ulgamy täzelenip gelýär. (*Bu barada geografiýanyň mekdep maksatnamasy hakyndaky temada giňişleýin maglumatlar berilýär*). Okuwçylara berilýän geografik bilimler Garaşsyz ýurdumyzyň ykdysady – syýasy, ilatyň ýaşaýyş – durmuş ýörelgeleri bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Berilýän bilimleriň mazmuny dünýä ülňülerine laýyklykda ösdürilip, esasy üns Ata Watanymyzyň tebigatyny, tebigy baýlyklaryny, ykdysadyýetini, ilatymyzyň medeni-durmuş şertlerini öwrenmeklige berilýär.

Mekdepde geografiýany okatmak usullary örän köp bolup, olary ýerli şertlere, mümkinçiliklere görä saýlap almagy başarmak, ilkinji nobatda, mugallymyň hünär ussatlygynyň derejesine baglydyr. Geografiýany okatmagyň iň oňaýly (*optimal*) usullary okuwçylara bilim we terbiýe bermekde talap edilýän netijeleri gazanmaga mümkinçilikleri döredýär.

Geografiýany okatmagyň usullaryna şu aşakdaky talaplar bildirilýär:

- Sapagyň maksadynyň, döwlet maksatnamasynyň we şu günki günüň durmuşynyň talaplaryna laýyk bolmagyny gazanmak.
- Okuw işlerinde okuwçylaryň işeňjeňliginiň, özbaşdak pikirlenmek endikleriniň ýokarlanmagyna ýardam etmek.
- Okuwçylaryň sapakda öwrenilýän bilimleri berk özleşdirmeklerini, hemmetaraplaýyn ösdürilmegini we terbiýelenmegini üpjün etmek.

- Okuwçylaryň okuw işleriniň pedagogik-psihologik talaplara görä güýçýeterli bolmagyny gazanmak;

Geografiýany okatmakda toplanan öňdebaryjy, köpýyllyk tejribäniň maglumatlaryna görä, mekdep okuwçylarynyň bilimleriniň ýokarlanmagyna we bilimleriň çuňňur özleşdirilmegine esasy täsir edýän şert – bu okuwçynyň ol bilimleri nähili usulda alyp bilenligidir. Bu bolsa okuwçylara şeýle bilimleri we başarnyklary bermekde mugallymyň oňaýly, netijeli usuly saýlap alyp bilendigini görkezýär.

Häzirki günlere çenli mekdepde geografiýany okatmagyň örän köp sanly usullary ulanylýar. Olaryň arasyndan her bir mekdebiň ýerleşýän ýerine, okuwçylaryň we okuw serişdeleriniň mümkinçiliklerine laýyklykda ol ýa-da beýleki usuly saýlap almak we okuw işinde peýdalanmak mugallymyň okuw işini guramakdaky başarnygyny, döredijilikli işini kesgitleýän esasy görkezijidir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň mekdeplerinde geografiýany okatmagyň diňe bir mazmuny kämilleşdirilmän, eýsem, olaryň okuw kitaplary, okuw gollanmalary, okuw serişdeleri, enjamlary bilen üpjünçiligi barha gowulanýar. Okuwçylaryň öýlerinde, mekdeplerde kompýuterlerden, internet ulgamyndan, multimedia tagtasyndan has ýokary derejeli wideo tilsimatlaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri döreýär. Bu özgerişler, ösüşler geografiýa mugallymlaryň okuwçylara bilim we terbiýe bermekde ulanýan okuw usullaryny kämilleşdirmäge, täzelemäge şertler döredýär.

**Sapakda okatmak usullaryny we öwrenilýän esasy geografik düşünjeleri kesgitlemegiň usullary.** Ỳurdumuzda häzirki döwürde ylym-bilim ulgamyny mundan beỳläk-de kämilleşdirmek her bir geografiýa mugallymlarynyň öňünde okuw işlerini hem-de sapaklary guramakda şu aşakdaky hökmany talaplary goýýar:

- Sapagyň bilim berijilik, ösdürijilik hem-de terbiýeleýjilik maksatlaryny kesgitlemek;

- Okuw işlerine okuwçylaryň has işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak üçin okatmagyň netijeli usullaryny saýlap almak we ulanmak;
- Her bir sapakda öwrenilýän geografiki düşünjelere degişli okuw maglumatlaryny çuňňur özleşdirmek we özleşdirilen bilimleriň üsti bilen terbiýe bermek;
- Okuwçylaryň özbaşdak, döredijilik işlerini yzygider guramak arkaly olaryň ylmy dünýägaraýyşlarynyň ösmegini gazanmak ýaly talaplar goýulýar;

Geçilýän sapaklarda bu talaplary berjaý edilmegini ýola goýmakda mugallymyň okatmak usullarynyň has oňaýly görnüşlerini saýlap bilmegi we ulanmagy zerurdyr. Geografiýany okatmagyň islendik usullary ylmy tarapyndan ykrar edilendigine görä – okuwçylaryň umumy ösüşini, kemala gelşini hem-de okuwçylaryň bilimlere nähili usullarda eýe bolandygy kesgitleýär. Eger okuwçy sapakda öwrenilen ol ýa-da beýleki geografiki düşünjäni, başarnygy talabalaýyk özleşdirip bilmedik bolsa, onda ol okuwça öwretmekde mugallym netijeli usullary ulanmandyr diýip hasaplap bolar . Ol okuwçylara berilýän bilimleri has täsirli okatmak usullary bilen alyp barmak zerurdyr.

Döredijilikli işleýän mugallym okatmakda netijeli usullary saýlap almakda we ulanmakda şu aşakdaky usulyýetiň talaplary esasynda işini guraýar:
- Okatmagyň islendik usulynyň okuwçynyň pikirlenmek we akylýetirmek ukybynyň ösmegine nähili täsir edýändigini kesgitlemek;
- Öwrenilýän temany, geografiki düşünjäni durmuş bilen baglanyşdyrmaga haýsy usulyň oňat ýardam edýändigini kesgitlemek;
- Okuwçylaryň pikirleniş, akyl ýetiriş işjeňligini, özbaşdak işläp bilmek başarnyklaryny ösdürmek maksady bilen, okatmagyň ösdürijilik usullaryny ulanmaga aýratyn üns bermek ýaly işleri guralýar.

Geografiýany okatmagyň usulyýetinde we didaktikada häzirki günlerde ýeke-täk, ähliumumy kabul edilen usullaryň ulgamy kesgitlenen däldir. Şonuň üçin sapakda okatmagyň haýsy usulynyň has netijelidigini kesgitlemek we ony öz iş tejribesine ornaşdyrmak mugallymyň ukybyna, mümkinçiliklerine bagly bolup durýar.

Geografiýa sapaklarynda öwrenilýän her bir temanyň esasy geografik düşünjelerini okuwçylara has çuňňur öwretmegi ýola goýmak mugallymyň usulyýet ussatlygyny talap edýär. Häzirki günlerde geografiýadan okadylýan temalara degişli dürli maglumatlar, habarlar, habar beriş serişdeleriniň, dürli edebiýatlaryň üsti bilen has köp berilýär. Okuw kitabyndaky temalara degişli maglumatlar oňat ýetişýän okuwçylar üçin niýetlenen bolup, mazmun taýdan örän giňdir. Eger mugallym tema baradaky ähli bilýänlerini aýdyp berip, okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny hasaba almazdan, olara örän köp maglumatlary, düşünjeleri öwretmek, ýetirmek üçin sapagyň köp wagtyny sarp edende, okuwçylar mugallymyň aýdýan hemme maglumatlaryny kabul edip alyp bilmeýärler. Şonuň üçin her tema degişli esasy düşünjeleri saýlap almak zerurdyr. Olary saýlap almakda mugallym döwlet okuw maksatnamasyndaky okuwçylara bildirilýän talaplardan ugur almalydyr. Her bir sapakda geçilenler gaýtalananda, täze tema düşündirilende, şeýle hem, synpdan daşary işlerde okuw maksatnamasyndaky bellenilen talaplara degişli düşünjeleri öwretmäge üns berlende, okuwçylarda belli bir başarnyklary kemala getirmäge we ösdürmäge degişli özbaşdak, tejribe işleri geçirilende, geografiýanyň okadylyşy maksadalaýyk we netijeli bolýar.

## § 11. Geografiýany okatmakda dilden beýan ediş usuly.

Dilden beýan etmek usuly ulanylanda mugallym tejribeleri görkezmek, synp tagtasynda çyzgylary çyzmak, tablisalardan

peýdalanmak arkaly täze temany beýan edýär. Bu usulda okuwçylar diňlemek, temanyň esasy ýerlerini bellemek, gözegçilik etmek bilen meşgullanýarlar. Dilden beýan ediş usullary şu aşakdaky birnäçe toparlara bölünýär:

- Mekdep leksiýasy – esasan ýokary synplarda ulanylýar. Mekdep leksiýalary köplenç täze bölüm geçilip başlananda ýa-da jemleýji sapaklarda (bölümiň ahyrynda) peýdalanylýar. Mekdep leksiýalary ulanylanda esasan onuň dowamlylygyna (ortaça 30 minut), temanyň mazmunynyň logiki yzygiderliligine berk üns bermelidir. Bu usulyň yzygiderli ulanylmagy okuwçylaryň özbaşdak diňlemek we netije çykarmak, ýazgylary gysgaça bellemek ukyplarynyň ösmegine kömek edýär. Mekdep leksiýasynda diňe bir täze materiallar öwredilmän, eỳsem geçilenleri gaýtalamaga we berkitmäge hem üns berilýär. Mugallym leksiýa berip duran wagty käbir okuwçylaryň ünsüni çekmek maksady bilen gysga wagtlyk sorag-jogap hem gurap biler.
- düşündiriş-beýan ediş usuly – okuw materiallaryny düýpli düşündirmek zerur bolanda ulanylýar. Bu usulyň esasy aýratynlygy mugallymyň çeper düşündirmegi we dowamlylygynyň 10-15 minutdan köp bolmaýanlygy bilen häsiýetlendirilýär. Mugallymlar sapagyň başynda-da, bütin dowamynda-da bu usuldan peýdalanmak bilen hemme synplarda ulanýarlar.
- gürrüň usuly - täze okuw materiallaryny öwretmek, olary berkitmek, gaýtalamak, jemlemek ýaly maksatlar bilen ulanylýar. Onuň esasy aýratynlygy täze temanyň sorag-jogap alyşmak arkaly öwredilýänligidir. Şonda okuwçylaryň öňki synplarda ýa-da temalarda alan bilimlerine has köp

daýanylýar. Bu usul sapakda okuwçylaryň işjeňligini artdyrmakda, olaryň ünsüniň tema doly gönükdirilmeginde aýratyn hem ähmiýetlidir. Bu usul peýdalanylanda käbir meseleleriň, soraglaryň jogabyny tapmaga okuwçylaryň hemmesi işjeň gatnaşýarlar we köpçülikleýin belli bir netijä gelýärler. Okuwçylar bilen synpdan daşary çäreler (agşamlar, çekişmeler, gurnaklar) guralanda hem bu usuldan peýdalanmak oňat netijeleri berýär. Bu usuly netijeli edýän zatlaryň biri hem mugallymyň orta atýan soraglarydyr. Şonuň üçin hem mugallymyň soraglary täsirli we özüne çekiji bolmaly.

- Söhbetdeşlik usuly- muňa başgaça pikir alyşmak, maslahatlaşmak manysynda hem düşünmek bolar. Bu usul ulanylanda oňa gatnaşýanlar biri-biriniň garaýyşlaryna göz ýetirýärler. Bu usuldan kiçi toparlarda okuw işleri (meselem, gurnaklar, tegelek stol) guralanda peýdalanmak has-da amatlydyr.

**Dilden beýan ediş usullarynyň özara utgaşdyrylyp ulanylyşy.** Okatmak işinde okatmagyň usullary biri-birleri bilen berk arabaglanyşykda, utgaşykly ulanylanda hem oňat netijeleri berýär.

Täze temanyň mazmunyna, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda mugallym şol bir sapagyň dowamynda okatmagyň usullarynyň birnäçesini ulanyp biler. Meselem, mugallym leksiýa okap duran ýa-da tejribe işlerini geçirýän wagty käbir zatlary okuwçylara düşündirmek maksady bilen okatmagyň düşündiriş-beýan ediş usulyndan hem peýdalanýar.

Dilden beýan ediş usullary ulanylanda berjaý etmeli käbir talaplara şu aşakdakylar degişlidir:

- dilden beýan ediş usulynyň netijeli bolmagyny üpjün etmek maksady bilen okuw-görkezme

esbaplaryny ulanmak, tejribeleri geçirmek işini utgaşykly alyp barmaga hem üns bermeli.

- mugallymyň sözi täsirli, we çeper, aýdyň bolmalydyr.
- mugallym okuwçylar bilen sapagyň islendik pursatynda gatnaşykda bolmalydyr, okuwçylara gözegçilik etmegi ünsden düşürmeli däldir.

Käwagtlar okuw işiniň gidişinde göz öňünde tutulan usulyň garaşylýan netijäni bermedik pursatynda mugallym okatmak usulyny üýtgedip hem biler. Okatmak usulynyň üýtgemegi okuwçylary gyzyklandyryp, olaryň ünsüniň sapaga gönükdirilmegine kömek hem edip biler. Umuman, okatmak usulyny dogry saýlap almak mugallymyň ygtyýaryndaky zat bolup, ony ýerlikli ulanmak uly taýýarlygy we döredijilikli işlemegi talap edýär.

## § 12. Geografiýany okatmakda gözegçilik usuly.

**Okatmagyň gözegçilik usuly barada düşünje.** Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersiniň esasy wezipeleriniň biri hem okatmagyň oňaýly, netijeli usullaryny we ugurlaryny işläp düzmek bolup durýar. Şonuň netijesinde Beýik Galkynyşlar we Täze Özgertmeler zamanasynda bilim ulgamynyň düýpli özgerdilmegi netijesinde okatmagyň usullary hem barha kämilleşdirildi.

Häzirki wagtda geografiýany okatmakda gözegçilik usuly hem giňden ulanylýar. Okatmagyň gözegçilik usuly okuwçylaryň sapakda alan bilimleriniň düşünilip özleşdirilmegini üpjün edýär. Yzygiderli gözegçilik etmek netijesinde okuwçylar sapakda öwrenen we gözegçilikde gören zatlaryndan netije çykaryp, olar barada özbaşdak pikir ýöredip bilmek endiklerini ele alýarlar. Okuwçylar predmetlere, tebigy hadysalara (meselem, howa gözegçilik

etmek) syn edip, degişli netijeleri çykarmagy başaran mahalynda olarda ynamly pikir we bilim emele gelýär.

Gözegçiligiň maksadalaýyk edilip guralmagy okuwçylarda iş gurallaryna (termometr, gözegçilik gündeligi) aýawly garamak, düzgün-nyzamlylyk, birek-birege kömek bermek ýaly birnäçe ahlak sypatlarynyň emele gelmegine-de sebäp bolýar, ýagny okatmak bilen terbiýe bermeklik işi utgaşyp gidýär.

**Gözegçiligiň guralyşy.** Rus nakyllarynyň birinde şeýle diýilýär: "Az seret, ýöne seretmegi başar". Şoňa laýyklykda gözegçilik etmegi dogry guramagyň ähmiýeti ulydyr. Gözegçilik etmek işini şeýle yzygiderlilikde guramaly:

- mugallymyň gözegçilik ediljek predmeti saýlap almagy
- okuwçylary gözegçilik etmeklige taýýarlamak
- sapak wagtynda gözegçilik ediljek predmet barada okuwçylarda esasy düşünjeleri kemala getirmek
- gözegçilik etmegiň anyk maksatlarynyň kesgitlenilmegi
- gözegçilik etmek boýunça ýumuşlary bellemek we paýlamak
- gözegçilik üçin gerek bolan enjamlary we materiallary taýýarlamak
- gözegçiligi guramak we onuň netijelerini ýazmak
- gözegçiligiň netijelerini okuwçylar bilen gözden eçirmek, gözegçiligi emlemek.

Şeýle tertipde guralan gözegçilik uly ähmiýete eýe bolýar we ol öz maksadyna ýetýär. Gözegçilik etmek boýunça toplanan materiallary eografiýa sapaklarynda ulanmak mümkin. Meselem, V synp okuwçylarynyň dolduran howa kalendaryny "Fiziki geografiýa" dersi boýunça şu temalarda ulanmak bolar: atmosfera we onuň gurluşy; howanyň temperaturasy; temperaturanyň ýylyň dowamynda üýtgemegi; atmosfera basyşy; ỳeller we ş. m;

**Gözegçilik kalendary we onuň alnyp barlyşy.** Tebigaty öwrenmek, onuň aýratynlyklaryna düşünmek üçin alymlar hemişe tebigata gözegçilik edýärler. Meselem, biziň ýurdumyzda howa gözegçilik etmek işi 100 ýyla golaý wagt bäri alnyp barylýar. Onda V synpda howa nähili gözegçilik etmeli?

Okuw ýylynyň başynda mugallym V synp okuwçylarynyň geçen ýyl alyp baran iň oňat howa kalendaryny okuwçylara görkezýär, kalendarda ulanylan şertli belgileriň nämäni aňladýandygyny düşündirýär.

Mugallym howa gözegçilik edilişiniň netijesini ýazmak üçin, okuwçylara ýörite niýetlenen depder tutmagy maslahat berýär. Mugallym bu işiň rejeli, yzygiderli ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmeli. Esasan hem okuwçylaryň ünsüni termometriň ölçeg çyzyklaryna çekmek gerek. Mekdepleriň köpüsinde howa gözegçilik etmegiň bütin ýylyň dowamynda üznüksiz alyp barylmaýandygyny hem (tomus rugsady wagtynda) nazara almak zerur. Şoňa görä-de iň ýokary temperaturany maý aýy boýunça almaly.

Her aý üçin howa kalendaryny aýry kagyza çyzmaly. Okuwçylar sentýabr aýy üçin kalendary synp otagynda, beýleki aýlar üçin bolsa öýde çyzýarlar. Okuwçylara şu iş üçin azyndan iki hepde wagt bermek maslahat berilýär. Okuwçylaryň howa kalendaryny aşakdaky tertipde çyzmaly we doldurmaly:

## Howa kalendary

| Günler | Temperatura | | | | Ýel | | Bulutlyk | Ygal | Basyş | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | +10 | +16 | +10 | +12 | Dg/Go | Aram | | | | |
| 2 | +9 | +05 | +9 | +11 | Gd/Gb | Ýuwaş | | | | |
| 3 | | | | | | | | | | |
| 4 | | | | | | | | | | |
| 5 | | | | | | | | | | |
| 6 | | | | | | | | | | |
| 7 | | | | | | | | | | |
| 8 | | | | | | | | | | |
| 9 | | | | | | | | | | |
| 10 | | | | | | | | | | |
| 11 | | | | | | | | | | |
| 12 | | | | | | | | | | |
| 13 | | | | | | | | | | |
| 14 | | | | | | | | | | |
| 15 | | | | | | | | | | |
| 16 | | | | | | | | | | |
| 17 | | | | | | | | | | |
| 18 | | | | | | | | | | |
| 19 | | | | | | | | | | |
| 20 | | | | | | | | | | |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 21 | | | | | | | | | | |
| 22 | | | | | | | | | | |
| 23 | | | | | | | | | | |
| 24 | | | | | | | | | | |
| 25 | | | | | | | | | | |
| 26 | | | | | | | | | | |
| 27 | | | | | | | | | | |
| 28 | | | | | | | | | | |
| 29 | | | | | | | | | | |
| 31 | | | | | | | | | | |

Howa gözegçilik etmek işini V synp okuwçylarynyň gije-gündiziň dowamynda bir gezek, anyk kesgitlenen şol bir wagtda alyp barmalydyklaryny ýatladýarys. Şol gözegçiligi ir sagat 8-de alyp barylsa oňat bolar. Sebäbi şol wagt howanyň temperaturasy ortaça gije-gündizlik görkezijä ýakyn bolýar.

Howa gözegçilik etmek işleriniň netijelerini okuwçylar howa kalendaryna dogry ýazar ýaly, mugallym her sapak başlanjak bolanda geçen gije-gündizde howanyň nähili bolandygyny, ýeliň ugruny, bulutlylygyň, düşen ygalyň mukdaryny howa kalendaryna dogry ýazmalydygyny aýdýar. Soňra işi okuwçylardan bellenen nobatçylar alyp barýarlar.

Mugallym her bir çärýegiň ahyrynda howa kalendarynyň alnyp barlyşyny barlaýar we baha goýýar.

Bu sapakda howa gözegçilik etmekden başga-da, elmydama belli bir wagtda günortan kölegesiniň uzynlygyna gözegçilik etseler, ýagny açyk ýerde dikilip goýlan syrykdan düşýän kölegäniň uzynlygyny ölçäp görseler, göwnejaý bolar. Eger mekdebiň howlusynda ýörite syryk ýok bolsa, onda woleýbol tory asylýan agaç sütüniniň we ş.m-lerden düşýän kölegäniň uzynlygyny ölçemek bolar. Ýöne şol agaç sütüniniň tä depesine çenli beýikligini bilmek gerek, çünki şol beýiklik soňraky amaly-tejribe işleri ýerine ýetirilende göz öňünde tutulýar.

## § 13. Görkezip okatmak usuly.

**Geografiýadan görkezip okatmak usuly barada düşünje.** Okatmagyň has netijeli usullarynyň biri hem görkezip okatmakdyr. Alymlarynyň maglumatlaryna görä, çagalar durnukly ýadynyň 50%-ini bir zady gören ýagdaýlarynda toplanýar. Okatmagyň bu usuly dilden beýan ediş usullary bilen berk baglanyşyklydyr. Sebäbi mugallym islendik okuw-görkezme esbabyny ulananda-da, karta bilen işlände-de dilden beýan ediş usullaryny ulanýar.

Görkezip okatmak usuly ulanylanda mugallymyň görkezýän okuw esbaplary bilim bermegiň esasy çeşmesi hökmünde uly orny eýeleýär. Bu usul peýdalanylanda okuwçylaryň özbaşdak bilim almak ukyplary, syn edijiligi ýokarlanýar. Görkezip okatmak usuly hem öz gezeginde birnäçe toparlara bölünýär. Meselem:

- okuw-görkezme esbaplaryndan peýdalanmak
- görkeziji (demonstrasion) tejribeleri geçirmek
- okatmagyň tehniki serişdelerinden (meselem: multimediýa tagtasy, proýeksion enjamlar) peýdalanmak

Mekdepde geografiýany okatmak dürli gözegçilikler netijesinde okuwçylaryň tebigata, tebigy hadysalara we adamyň hojalyk işine akyl ýetirmeklige esaslanýar. Okuwçylar şeýle gözegçilikleri özbaşdak, şeýle hem tebigaty öwreniş derslerini öwrenenlerinde hem alyp barýarlar. Emma bu gözegçilikleri geografiýa dersleri boýunça sapaklarda we okuw gezelençlerinde gös-göni mugallymyň ýolbaşçylygynda geçirilse has netijeli bolýar. Geografiýany okatmakda natural hadysalara we desgalara gözegçilik etmek bilimleriň has çuňňur hem-de ülkäni öwreniş häsiýetde bolmagyny üpjin edýär. Gözegçilik – çylşyrymly iş bolup, ol mugallymyň dilden beýan etmesi, kartalar bilen işlemek, dürli çyzgylary, ýazgylary taýýarlamak ýaly okatmak usullaryny hem özünde jemleýär.

**Kartalaryň we kartografiki materiallarynyň ulanylyşy.**

Geografik kartalar mekdepde geografiýany okatmakda okuw kitaplaryndan soň iň esasy bilim çeşmesi hasaplanýar. Şonuň üçin oňa “geografiýanyň ikinji dilidir” diýýärler.

Mekdep geografiýasyny okatmakda kartanyň ornuny başga hiç bir serişde tutup bilmeýär. Kartalar okuw işlerinde köp sanly bilim we terbiýe bermek wezipeleriniň berjaý edilmegini üpjün edýär. Olar dürli geografik hadysalaryň, wakalaryň we desgalaryň ýerleşýän ýerini kesgitlemäge, görkezmäge, olaryň özara gatnaşyklaryny ýüze çykarmaga, her bir ýurduň, çägiň, materigiň we tutuşlygyna Ýer togalagynyň fiziki hem-de ykdysady geografik aýratynlyklaryny kesgitlemäge, göz öňüne getirmäge giň mümkinçilikler berýär.

Geografiýa ylmynyň gazananlary hem karta esaslanýar, has takygy geografiýa ylmynyň ösmegi kartografik barlag usullarynyň giňden peýdalanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu usullaryň has ýönekeý görnüşleri mekdep geografiýasyny okatmakda hem peýdalanylýar.

Mekdepde geografiýany okatmakda kartalardan, atlaslardan we sudur kartalaryndan başga-da köpsanly kartografik önümler peýdalanylýar. Olardan geografiýanyň mekdep derslerinde has köp ulanylýanlary we ähmiýetlileri şu aşakdakylardyr:

- kartodiagramma – haýsy hem bolsa çäkli birlikde, hadysalarynyň mukdar ululygynyň ösüşini, özgerişini diagrammalaryň, şekilleriň üsti bilen görkezýän kartadyr.




**Suratda: (kartodiagramma) gara mallaryň Döwlet tarapyndan etraplardan satyn alnyşy. Sanlar müň tonna hasabynda.**

- kartogramma – kartada haýsy hem bolsa bir hadysanyň alnan çäkdäki (ýurduň, welaýatyň, etrabyň) ýerleşişini mukdar ölçegde görkezýär.



**Suratda: (kartogramma) etraplaryň daýhan birleşiklerinde sürlen ýerleriň göterim hasabyndaky möçberi.**

Kartogramma welaýatyň, etrabyň çäginde pagtanyň, bugdaýyň we başgalaryň hasyllylygynyň tapawutlarynyň ýa-da ilatyň gürlüginiň derejesiniň dürli reňklerde we şekillerde görkezilmegi. Kartogrammalar okuwçylaryň belli bir çäkde hem hadysalaryň ýaýraýşynyň, önümleriniň öndürlişiniň birmeňzeş däldiginiň anyk maglumatlar esasynda öwrenmegine ýardam edýär.

- Ýer üstüniň uçarlardan we kosmosdan alnan suraty – reňksiz ýa-da reňkli bolup, olar kartadaky görkezilen çägiň aýratynlyklaryny, kartografik şekillendirişini deňeşdirip öwrenmekde peýdalanylýar. Soňky ýyllarda ýer üstüniň kosmosdan alnan suratlary dürli tejribe işleri guramakda (olary okamakda, karta bilen deňeşdirmekde) ulanylyp, okuwçylaryň kartografik bilimleriniň ösmegine ýardam edýär.

- kartoshema – adaty karta bolup, olar esasy öwrenilýän hadysanyň we wakanyň aýratynlyklaryny görkezýär. Olar mugallym tarapyndan synp tagtasynda, okuwçylar tarapyndan bolsa geografiýa depderlerinde tejribe işlerde çyzylyp, düzülip görkezilỳär. Kartoshemalarda gradus tory, belli bir masştab bolmaýar.

Görşümiz ýaly görkezip okatmagyň şular ýaly giň mümkinçilikleri bar.Şol mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp bilmek bolsa her bir mugallymyň ussatlygyna, öz hünärini oňat bilşine bagly bolup durýar.

**Okuw maglumatlaryny suratlaryň, modelleriň üsti bilen düşündirmek.** XX-asyryň 80-nji ýyllaryna çenli suratlar geografiýany okatmakda (geografik kartalary hasap etmände) esasy görkezme esbaplar bolup hyzmat edýärdi.

Soňky ýyllarda ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen geografiýany okatmakda audio we widio enjamlaryň ulanylyşyna aýratyn üns berilýär. Olara diapozitiwler, diafilmler, okuw kinofilmler, teleýaýlym, kompýuterler, internet ulgamy, multimediýa tagtalary degişli bolup, olaryň ählisi hem geografiýany okatmakda uly ähmiýete eýedir. Modeller – hakyky (natural) görkezme esbabyň ornuny çalyşyp, ulanmaga mümkinçilik berýän görkezme esbaplardyr. Olar görkezilýän zadyň özüne, ýagny hakyky bolşuna doly meňzeş, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin belli bir masştabda ulaldylan ýa-da kiçeldilen şekilidir. Geografiýany okatmakda has köp ulanylýan model globusdyr. Dürli mobelleri elde ýasamak hem mümkin (artezian guýusy, dürli oba-hojalyk ýa-da senagat önümleri we başgalar).

Maketler – geografik hadysanyň ýa-da desganyň has ýönekeşleşdirilen modelidir. Olardan has ähmiýetlisi "Gury ýer üstüniň görnüşleri (şekilleri, formalary)" diýen maketler toplumy bolup, olar fiziki geografiýa derslerinde giňden ulanylýar.

Şeýle maketleriň (wulkan, kiçi dag, kiçi çöketlik, kiçi derýa we başgalar) geografiýa meýdançasynda döredilmegi, okuwçylaryň ýer üstüniň gurluşy baradaky bilimleri çalt we has çuňňur özleşdirmeklerine ýardam edýär.

Görkezip okatmakda ulanylýan görkezme esbaplar görnüşi ýaly örän köpsanlydyr. Döredijilikli işleýän mugallymlar bulardan başga-da synp tagtasynda surat çekmek bilen hem okatmaklygyň özboluşly usulyny ulanýarlar.

## §14. Okatmagyň tejribe usuly. Okatmakda oýunlardan peýdalanmak.

**Geografiýany okatmakda tejribäniň ähmiýeti.** Geografiýny okatmakda tejribe usuly hem mekdep durmuşyna giňden ornaşandyr. Bu usul ulanylanda okuwçylar özbaşdak işlemek arkaly öz bilimlerini artdyrýarlar, başarnyklaryny ýokarlandyrýarlar. Tejribe usuly arkaly okuwçylar alan nazaryýet bilimlerine tejribede göz ýetirýärler. Bu usul sapagyň täze temany beýan etmek, ony berkitmek, jemleýji sapaklarda we tejribe sapaklarynda guralýar.

Mekdep okuwçylaryny tebigatda bolup geçýän tebigy hadysalar bilen tanyş etmekde tejribäniň ähmiýeti örän ulydyr. Tejribe okuwçylaryň işjeňligini artdyrýar. Mekdepde geografiýany okatmakda tejribäniň aşakdaky ýaly görnüşleri ulanylýar:

- Görkeziji (demonstrasion) tejribeler. V synpda tejribe ýumuşlary esasan sudur kartalary bilen baglanyşykly berilýär. Şonuň üçin mugallym okuw ýylynyň başynda okuwçylary sudur kartalar bilen işlemegiň usullary bilen tanyş edýär hem-de geçen okuw ýylynda okuwçylaryň dolduran iň oňat sudur kartasyny okuwçylara görkezýär.
- Barlag (frontal) tejribeleri. Şeýle tejribeleriň esasy maksady okuwçylaryň bilimlerini barlamak we olaryň praktiki (amaly) başarnyklaryny ösdürmekden ybaratdyr. Mugallym okuw kitabynda berlen tejribe ýumuşlaryny okuwçylara ýerine ýetirmegi tabşyrýar. V synpyň fiziki geografiýa okuw kitabynda 7 sany tejribe ýumuşlary berilýär. Onda sudur kartalar bilen işlemek, suratlary çekmek, gözegçilik gündeliklerini doldurmak bilen baglanyşykly ýumuşlar bar. Ol ýumuşlary okuwçylar öýlerinde

özbaşdak işleýärler. Okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerini soňra mugallym barlaýar we bahalandyrýar. Tejribe ýumuşlaryny her bir okuwçynyň nähili ýerine ýetirendigini okuwçylar bilen bilelikde ara alyp maslahatlaşýar. Munuň özi mugallyma okuwçynyň geçilen temalary nähili özleşdirendiklerini barlamaga mümkinçilik berýär.

**Geografiýa sapaklarynda tejribäniň alnyp barlyşy.** Okatmagyň tejribe usuly esasan tejribe işlerini geçirmeklik bilen baglanyşykly bolup durýar. Tejribe işlerini aşakdaky ýaly guramak maslahat berilýär:

- Mugallym tejribäniň esasynda durýan nazary bilimler bilen okuwçylary tanyş edýär;
- Tejribe işini ýerine ýetirmegiň usullary bilen okuwçylary tanyş etmek;
- Tejribe ýumuşlaryny ýerine ýetirmek;
- Tejribe ýumuşlarynyň netijesini okuwçylar bilen bilelikde jemlemek;

Mekdepde geografiýany okatmakda okuwçylar bilen guralýan tejribe işleriň esasy maksady olarda kartalardan peýdalanmak başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmekden hem-de ösdürmekden ybaratdyr. Mekdep geografiýa dersleriniň mazmuny bu işleriň örän köp görnüşlerini ýola goýmaga mümkinçilikler berýär.

Geografik kartalar boýunça okuwçylaryň tejribe işleriniň guralmagy olaryň belli bir nazary bilimlerini ösdürmäge, başarnyklaryny kemala getirmäge ýardam edýär. Tejribe işler (ýumuşlar) esasan mugallymyň ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilýär. Bu işleriň esasy aýratynlyklaryny şeýle görkezmek bolar:

- Tejribe işlerini geçirmek bilen okuwçylar karta boýunça alan bilimleri esasynda ýörite kartografik ýumuşlary ýerine ýetirýär. Meselem: 5-nji synpda berlen 3-nji tejribe işinde okuwçylar karta, globus, geografik koordinatlar boýunça

öwrenen bilimleri esasynda şu aşakdaky mazmunly ýumuşlary ýerine ýetirýärler:

1. Karta bilen globusyň tapawudyny iş depderlerine ýazmak;
2. Kartada we globusda islendik ýeriň geografik koordinatlaryny tapmak;
3. Fiziki kartalardan aýry-aýry ýerleriň absolýut beýikliklerini kesgitlemek we ş.m.

Umuman geografik kartalaryň okuwçylaryň tejribe işlerinde yzygider hem-de talabalaýyk peýdalanylmagynyň örän uly bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Sebäbi bu işler okuwçylaryň akyl ýetiriş, pikirleniş işjeňligini artdyrýar, alan bilimleriniň has giň we çuň bolmagyny üpjün edýär, nazary bilimlerini tejribe bilen baglanyşdyrmaga, durmuşda okuw işinde ulanmaga ýardam edýär.

**Geografiýany okatmakda dürli oýunlaryň ulanylyşy.** Hormatly Prezidentimiziň yglan eden Beýik Galkynyşlar we Täze Özgertmeler zamanasynda tebigaty öwrenmek we onuň baýlyklaryny rejeli peýdalanmak işini dogry guramak bilen bir hatarda bu işleriň ähmiýetini okuwçylara öwretmek hem wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Öwretmek üçin bolsa wakalardyr, adalgalara düşünmegi ýeňilleşdirýän usullar peýdalansa oňat bolýar. Şeýle usullaryň biri hem okatmakda oýunlardan peýdalanmakdyr.

Sapaklarda ulanylýan oýunlaryň öňünden kesgitlenen maksady we oňa gatnaşýanlaryň ählisi üçin umumy hasaplanýan usullary bolmalydyr. Oýunlar diňe bir okuw maglumatlarynyň oňat özleşdirilmegine ýardam etmän, eýsem sapakda öwrenilen dürli temalar boýunça okuwçylaryň dünýägaraşyny hem çuňlaşdyrýar. Sapakda oýunlar dürli görnüşde (tapmaçalar, krosswordlar, bäsleşikler we ş.m.) bolup biler.

Mugallymyň taýýarlan dürli görnüşdäki oýunlarynyň toplumy, diňe bir okuw kitaby boýunça öwrenilenleri dürli

görnüşde we mazmunda gaýtalamaklyk bilen çäklenmän, eýsem sapakdan daşary bilimleriň özleşdirilmegine hem kömek etmelidir. Şeýle oýunlaryň biri bolan “Jadyly bukja” atly oýuny aşakdaky ýaly guramaly:

Oýun hatarara bäsleşik görnüşinde guralmaly. Oýny guramak üçin ölçegi 50x50 sm bolan ak, gaty kagyz gerek. Şol kagyzy aşakdaky ýaly böleklere bölmeli we ? alamatly bukjalara dürli soraglary ýerleşdirmeli. Bu ýerde 1,2,3 sanlar okuwçylaryň hatar aralaryny görkezýär. **?** alamatly bukjada bolsa şol hatarlara degişli bolan soraglaryň bardygyny görkezýär.

Oýun başlananda her topardan bir okuwçy çykýar we özüne degişli bolan soragly bukjadan bir soragy saýlap alýar hem-de oňa jogap berýär. Her okuwçynyň dogry jogabyna 1 utuk berilýär. Haýsy hataryň okuwçylary köp utuk gazansa şol hatar hem ýeňiji bolýar.

Oýunda okuwçylar diňe bir utuk gazanmak bilen çäklenmän, täzelikleri bilmäge, öz bilimini açyp görkezmäge ymtylýarlar we synpdaşlarynyň goldawyna, öwgüsine mynasyp bolmaga çalyşýarlar. Ýeňiş gazanmak okuwçylarda şatlyk we kanagatlanma duýgularyny oýarýar. Oýunda ulanyljak soraglary mugallym hem, okuwçylar hem taýýarlap biler.

# JADYLY BUKJA

**1** **2** **3**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| ? | | ? | | ? |

Eger-de soraglary okuwçylaryň özleri taýýarlaýan bolsa, onda 1-nji hataryň soragyny 2-nji hataryň soragly bukjasyna salmaly we ş.m. Soraglar geçilen temalar esasynda taýýarlansa has hem oňat bolýar. Şeýle bolanda geçilenleriň gaýtalanmagy guralýar.

## § 15. Geografiýany okatmakda okuw işleriniň guralyşy.

**Geografiýa boýunça okuw işleri we olaryň görnüşleri. Sapak we ondan edilýän talaplar.** Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersi okuw işini guramagyň usullary baradaky düşünjeleriň giň toplumyny özünde jemleýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde bilim ulgamynyň barha kämilleşýän şu döwründe, mekdeplerde okuw işini guramagyň dersler boýunça usullary hem giňedi.

Geografiýa dersi boýunça okuw işini guramagyň aşakdaky ýaly usullary bar:

- okuw sapagy
- gezelençler ýa-da ekskursiýalar
- okuwçylaryň öý işleri
- gyzyklanmalar
- fakultatiwler
- geografiýadan sapakdan daşary okuw işleri

**Geografiýa sapaklaryndan edilýän häzirki zaman talaplary**

Sapak – okuw-terbiýeçilik işiniň esasy görnüşi bolup, bitewi, logiki taýdan gutarnykly, mugallymyň we okuwçynyň işini ylmy esasda guramaklyk üçin belli bir tertipde geçirilýän okuw işidir (prosesidir). Onuň netijeli bolmagy, ilkinji nobatda, mugallymyň hünär ussatlygyna, onuň sapakda oňaýly usullary

saýlap bilşine we ulanyşyna, okuw esbaplary bilen üpjünçiligine, okuwçylaryň işini gurap bilşine baglydyr.

Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler döwri her bir mugallymyň öňünde okatmak we terbiýe bermek işini täzeçe guramakda uly wezipeler goýdy. Ol wezipeleri çözmekde mekdepde okadylýan sapaklaryň orny we ähmiýeti örän uludyr. Mekdepde okadylýan geografiýa dersleri boýunça guralýan sapaklarda okuwçylara geografiki bilimler bilen bir hatarda terbiýäniň dürli görnüşleri berilýär. Şonuň üçin häzirki günlerde, Galkynyşlar we Özgertmeler zamanasynda geografiýa sapaklaryndan edilýän talaplar hem täze many-mazmuna eýe boldy.

Islendik sapagyň, şol sanda, geografiýa sapaklarynyň guralyşynyň hemmesiniň birmeňzeş bolmagy, şeýle-de, her bir sapagy guramak üçin ýeke-täk talabyň bolmagy mümkin däldir. Sebäbi sapagyň haýsy derse, tema degişlidigi mugallymyň taýýarlygy, mümkinçiligi, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary we başga köp sanly şertleri göz öňünde tutmak zerurdyr. Bir sapakda köp sanly, dürli görnüşli meseleler, wezipeler çözülýär. Şonuň üçin häzirki zaman sapaklaryndan edilýän talaplaryň ählisini bir sapakda ýerine ýetirmek mümkin däldir.

Bilim ulgamynda geçirilỳän özgertmelere baglylykda geografiýa sapaklaryndan edilýän talaplary islendik sapagyň mazmunyna, böleklerine görä toparlara bölmek arkaly alyp barmak zerur bolup durýar. Umuman, sapagyň häzirkizaman talaplaryny yzygiderlilikde şu aşakdaky toparlar boýunça beýan etmek bolar:

**1.** Sapagyň gurluşyna, yzygiderli düzümine bildirilýän talaplar:
a) sapagyň bilim berijilik, ösdürijilik we terbiýeleýjilik maksatlaryny dogry kesgitlemek hem-de olaryň tema boýunça geçilýän sapaklaryň ulgamyndaky ähmiýetine dogry baha bermek;

b) sapagyň görnüşini, biri-biri bilen berk baglanyşykly yzygiderli düzümini

(*sapagyň etaplaryny,elementlerini, böleklerini*) kesgitlemek;

ç) geçirilýän islendik sapagy ozalky geçilen we geljekde öwreniljek, guraljak sapaklar bilen baglanyşdyrmak;

d) sapakda öwrenilýän täze bilimleri okuwçylara öwretmegiň netijeli usullaryny saýlap almak we ulanmak;

e) okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlamagyň hem-de ösdürmegiň netijeli we zerur bolan usullaryň dürli görnüşleriniň ulgamy bilen üpjün etmek;

ä) sapakda täze öwrenilen bilimleri we başarnyklary berkitmegiň, gaýtalamagyň we umumylaşdyrmagyň yzygiderli ulgamyny kesgitlemek;

f) her bir sapaga degişli okuwçylara berilýän öý işleriniň güýçýeter möçberini kesgitlemek;

Her bir geçilýän sapak indiki geçiljek sapagyň dowamy, geljekki sapaga taýýarlygyň möhüm bölegi bolup, möçberi, göwrümi boýunça mümkin boldugyça az, ähli okuwça düşnükli, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we şahsy (indiwidual) mümkinçiliklerine laýyk bolmalydyr.

**2.** Sapaga taýýarlyk görmek we ony guramak boýunça edilýän talaplar:

a) sapakda okuwçylaryň saglygynyň goralmagyny üpjün etmek (*synp otagynyň arassalygyny, gigiýeniki talaplary, tehniki howpsuzlygy berjaý etmek*);

b) her bir sapaga taýýarlygy öwrenilýän tema ýa-da bölüm boýunça meýilnamalaşdyrmakdan başlamak (*temalaýyn ýyllyk ýa-da ýarym ýyllyk meýilnamasyny öňünden düzmek, her bir sapakda öwreniljek bilimleriň, düşünjeleriň möçberini anyklamak we sapakda ýerine ýetiriljek okuw işleriniň esasy görnüşlerini anyklamak*);

ç) sapaga degişli ulanylýan esbaplary (*görkezme esbaplar, didaktik serişdeler, kartalar, tehniki serişdeler we başgalar*) öz wagtynda taýýarlamak;

d) tema ýa-da bölüm boýunça geçilýän sapaklaryň dürli görnüşli bolmagyny üpjün etmek;
e) okuwçylaryň sapakda öwrenýän täze bilimleriniň we başanyklarynyň belli bir bölegini özbaşdak öwrenmäge mümkinçilikler döretmek.
**3.** Sapagyň mazmunyna we sapakda okuwçylara geografiki bilimleri we düşünjeleri öwretmäge bildirilýän talaplar.
a) sapak terbiýe berijilik häsiýetde bolmalydyr. Sapakda öwrenilýän bilimleriň üsti bilen okuwçylara watançylyk, ahlak, ykdysady, ekologiýa, gözellik we beýleki terbiýeleri bermek;
b)sapakda berilýän geografiki bilimleriň üsti bilen okuwçylarda belent watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlaklylyk, halkymyza, Hormatly Prezidentimize bolan söýgi, buýsanç duỳgusy terbiýelenýär. Şeýle-de, tebigatda özüni dogry alyp barmak we tebigy baýlyklaryna aýawly çemeleşmek we olary goramaga degişli häsiýetleri kemala getirmek her bir mugallymyň esasy maksady bolmalydyr;
ç) geografiýa bilimleriniň esaslary, esasy özenleri öwredilende, bu bilimleriň berk we ulgamlaýyn bolmagyny, her bir okuwçynyň ýaş, şahsy (indiwidual) aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagyny, olaryň alan bilimlerini durmuşda peýdalanyp bilmegini üpjün etmek;
d) amaly, tejribe bilen guralýan sapaklarda okuwçylaryň döredijilik ukuplaryny ýüze çykarmaga aýratyn üns bermek;
e) sapagyň dowamynda okuwçylarda seresaplylyk, tertiplilik, maksada okgunlylyk, özüňi sapakda, synp toparynda (*kollektiwde*) dogry alyp barmak we başga häsiýetleri kemala getirmek we ösdürmek.
**4.** Sapagy guramagyň we geçirmegiň usulyýetinden edilýän beýleki talaplar:
a) sapak täsirli, işjeň, okuwçylaryň okamaga bolan höwesini artdyrýan, olary bilim almaga ymtyldyrýan bolmalydyr;

b) sapagyň alnyp barlyşy (*bady we gidişi*) örän amatly we yzygider bolup, okuwçylaryň we mugallymyň hereketleriniň gutarnykly okuw işi bolmalydyr;
ç) mugallym bilen okuwçylaryň arasynda doly özara düşünmeklik, pedagogik hyzmatdaşlyk gazanylmalydyr;
d) dürli sapaklarda okuwçylaryň okuw işi, okatmak usullary mümkin boldugyça täzelenilmelidir;
e) mugallym sapagyň dowamynda ähli okuw-terbiýeçilik işlerini dolandyrmalydyr;
ä) sapagyň dowamynyň köp böleginde okuwçylaryň işjeň, dürli görnüşdäki okuw işleri guralmalydyr.

Bu talaplaryň berjaý edilmegi ähli sapaklaryň guramaçylyk, netijelilik derejesiniň has ýokary bolmagyny, täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim berýän orta mekdeplerinde okadylýan geografiýa sapaklarynyň hiliniň döwrebap bolmagyny üpjün edýär.

**Sapaklary döwrebap guramagyň pedagogik-psihologik esaslary.**

Okatmak–durmuş hadysasy hökmünde öz gözbaşyny örän irki döwürlerden alyp gaýdýar. Adamzat jemgyýetiniň kemala gelmeginiň ilkinji günlerinden başlap, onuň ösmeginde okatmak işi örän uly orun tutupdyr. Ol adamzadyň diňe bir durmuş taýdan däl, eýsem, kyn şertlerde ýaşamagyna hem uly ýardam edipdir. Köp müňýyllyklaryň dowamynda okatmaklygyň iň kämil we netijeli görnüşi bolan sapak oýlanyp tapylyp, okuw işiniň ähli görnüşlerine berk ornaşdy.

Türkmen halky hem Oguz han eýýamyndan başlap, ýaş nesle bilim, sowat, dürli başarnyklar bermekde okatmaklygyň, öwretmekligiň sapaklar ulgamyny peýdalanypdyrlar. Okatmaklygyň şeýle usuly türkmen ata-beglikleri döwründe has ösdürilip, dünýäde bilim bermegiň, öwretmegiň iň netijeli tejribesi hökmünde beýleki halklar tarapyndan hem kabul edilipdir we öwrenilipdir.

Dünýäniň iň beýik pedagoglarynyň biri bolan beýik çeh pedagogy Ý.A.Komenskiý özüniň "Beýik didaktika" diýen işinde toparlaýyn okatmaklygyň ozalky tejribelerini jemläp, iň gowularyny saýlap, synply-sapak ulgamyny we okatmagyň esasy didaktiki ýörelgelerini anyk kesgitledi. Ondan bäri geçen döwrüň dowamynda görnükli pedagoglar (J.Lokk, Ž.Ž.Russo, I.G.Pestalossy, A.Disterweg, K.D.Uşinskiý we beýlekiler), usulyýetçi alymlar, pedagog-psihologlar tarapyndan sapaklary guramagyň görnüşlerini, okatmaklygyň usullaryny yzygiderli kämilleşdirip geldiler we kämilleşdirmegi dowam etdirýärler.

Mugallym örän gowy sapak geçip biler, emma onuň netijesi käbir okuwçy üçin pes bolmagy mümkin. Şonuň üçin sapakda, okatmakda ulanylýan usullary saýlap almakda we kesgitlemekde mugallymlaryň ýokary derejeli pedagogik-psihologik bilimi hem-de başarnygy bolmalydyr. Sapagyň esasy netijesi onda okuwçylaryň we mugallymlaryň sazlaşykly, belli bir maksada gönükdirilen işjeňligine baglydyr. Köpýyllyk tejribeleriň we synaglaryň görkezişine görä gowy netijeler gazanýan mugallymlaryň ählisi sapaklary ýokary derejede gurap, sapaklarda okuwçylaryň işjeňligini üpjün etmegi başarỳarlar.

Okuwçynyň bilim derejesini onuň diňe ukuby bilen kesgitlemäge çalyşmak hem nädogrudyr. Sebäbi usulyýetçi alymlaryň, pedagog-psihologlaryň kesgitlemegine görä, islendik çagada belli bir ukyplar bardyr, ýöne şol ukyplary ýüze çykarmak gerek. Iň esasy zat hem okuwçyda bar bolan ukuplary ýüze çykaryp bilýän mugallymyň, pedagogyň bolmagydyr. Islendik sapakda tapawutly ukyp başarnyklary bar bolan okuwçylar bilen işlemekde ýörite okatmak usullarynyň yzygiderli we ulgamlaýyn ulanylmagy zerurdyr.

Meselem: 5-nji synpda "Atmosferanyň gurluşy" diýen tema boýunça okuwçylaryň bilimleri barlananda ukyby pes okuwçylara soraglar has ýönekeý, düşnükli görnüşde

berilmelidir. Olara berilýän soraglar we ýumuşlar şeýle mazmunda bolup biler:

1. “Atmosfera” sözüniň türkmençe manysy näme diýmegi aňladýar?
2. Biz howany görüp bilýärismi?
3. Howa bolmasa, ýaşaýyş bolup bilermi?
4. Beýiklik boýunça ýokary göterildigiňçe howa näme üçin sowaýar?

Ilkinji sapakda soraglara we ýumuşlara jogap bermek üçin okuwçylara okuw kitabyny, kartalary peýdalanmaga rugsat bermeli. Bu bolsa olaryň ýuwaş-ýuwaşdan pikirlenmek ukyplarynyň, bilim almaga bolan höwesleriniň ýokarlanmagyna örän oňaýly täsir edip biler.

Sapagyň has netijeli bolmagynda onuň döwürleriniň, bölekleriniň (*elementleriniň*) berk özara baglanyşygynyň we yzygiderliliginiň üpjün edilmegi örän zerurdyr. Okuwçylara täze bilimleri we başarnyklary öwretmek şu aşakdaky yzygiderlilikde amala aşyrylsa maksadalaýyk bolýar:

- Geografik düşünjeler, hadysalar, wakalar baradaky maglumatlary öwrenmek we olaryň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak;
- Öwrenilen maglumatlary derňemek,seljermek we olary deňeşdirmek;
- Sapakda öwrenilenleri ýatlamak, ýatda saklamak;
- Sapakda öwrenilen bilimleri umumylaşdyrmak we olary başga düşünjeleri öwrenmekde peýdalanyp bilmek.

Mugallym sapaga taýýarlyk döwründe we her bir sapagyň bütin dowamynda bu elementleriň hiç birini üns merkezinden düşürmeli däldir.

Köpýyllyk tejribäniň görkezişi ýaly, sapaklarda öwrenilýän geografiki bilimleriň ählisi okuwçylaryň hemmesi üçin birmeňzeş gyzykly bolmazlygy mümkindir. Meselem; käbir okuwçy düşündirilýän ol ýa-da beýleki geografik hadysanyň emele gelşini, ýerleşişini, ösüşini, ähmiýetini

öwrenmäge örän gyzyklanýar, käbiri bolsa oňa biperwaý garaýar. Şonuň üçin mugallymyň esasy wezipesi sapakda ähli okuwçynyň gyzyklanmasyny gazanmaga gönükdirilen bolmalydyr.

Onuň üçin okuwçylaryň islendik hadysa ,ýagdaýa, okuw maglumatlaryna akyl ýetirişinde gyzyklanmalarynyň, bilesigelijiliginiň döredilmegi zerurdyr. Psihologlar akyl ýetirmekdäki gyzyklanmagy, bilesigelijiligi hakyky dünýäniň hadysalaryna, obýektlerine akyl ýetirmäge gönükdirilen psihiki işiň görnüşi hökmünde kesgitleýärler. Akyl ýetirişiň ilkinji başlangyjy-basgançagy gyzyklanma, bilesigelijilik bolup, soňra akyl ýetirmek, akyl ýetirilenleriň ähmiýetine düşünmek, olardan peýdalanmaga ymtylmak ýaly basgançaklardan durýar.

Okuwçylaryň durnukly akyl ýetiriş gyzyklanmasy, bilesigelijiligi bir sapagyň dowamynda däl, eýsem dürli sapaklaryň ulgamynda yzygider we köp sanly serişdeleriň üsti bilen kemala getirilýär.

Umuman, okuwçylaryň akyl ýetiriş gyzyklanmalary, bilesigelijilikleri her bir sapakda öňde goýlan maksada ýetmegiň aýgytlaýjy şerti bolup, olary kemala getirmek, ösdürmek we endige öwürmek mugallymyň sapagyny pedagogik – psihologik talaplara laýyklykda yzygiderli netijeli gurap bilşine baglydyr.

## § 16. Geografiýa sapaklarynyň gurluşy we düzüm bölekleri.

Geografiýadan okuw-terbiýeçilik işiniň has netijeli bolmagynda sapagyň, onuň gurluş-düzüminiň talabalaýyklygy uly ähmiýete eýedir. Geografiýa derslerinden guralýan islendik sapak birnäçe döwürlerden, böleklerden (*elementlerden*) ybarat bolup, olaryň yzygider bilelikde ýa-da aýry-aýry ulanylyşy barada ýeketäk talaplar goýulmaýar. Geografiýa dersinden her bir guralýan sapaklaryň gurluşy we düzüm bölekleri meňzeş

bolup, sapagyň alnyp barlyşynda tapawutly aýratynlyklara eýe bolýarlar. Geografiýa derslerinde ulanylýan sapaklaryň gurluşlary şu aşakdaky döwürler, bölekler boýunça tapawutlandyrylýar:

1. Sapagyň guramaçylyk döwri;
2. Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamak hem-de bahalandyrmak;
3. Täze temany (*geografik düşünjeleri, materiallary, bilimleri, başarnyklary*) düşündirmek we öwretmek;
4. Geçilenleri (*öwrenilenleri*) berkitmek;
5. Öý işlerini tabşyrmak;
6. Sapagy jemlemek;

Geografiýa sapaklarynyň döwürleri, bölekleri mugallymyň döredijiligine, sapakda öňde goýan maksadyna, sapagyň görnüşine, onuň köp sanly esbaplar we enjamlar bilen üpjünçiligine görä dürli yzygiderlikde, ählisi bir sapakda ýa-da käbir sapaklarda belli bir bölekler görnüşinde ulanylyp bilinýär.

Adatça, islendik sapak guramaçylyk işlerinden başlanýar. Mugallym sapagyň ilkinji minutlarynda okuwçylary fiziki, psihiki taýdan belli bir okuw işlerini ýerine ýetirmäge taýýarlamalydyr. Sapagyň bu böleginde okuwçylaryň okuw kitaplary, atlas, sudur karta, geografiýadan iş depderi we başga gerekli okuw serişdeleri bilen üpjünçiligine aýratyn üns berilýär. Okuwçylaryň sapaga gatnaşygy barlanylyp, olara şu sapakda ýerine ýetiriljek işler, öwreniljek geografik bilimler, başarnyklar, öwrenilen bilimleriň we başarnyklaryň geljekde bilimleri artdyrmakdaky we durmuşdaky ähmiýeti barada gönükdirmeler berilýär.

Geografiýa sapaklarynyň ählisinde diýen ýaly täze temany öwrenmek, täze bilimleri we başarnyklary kemala getirmek meýilnamalaşdyrylýar. Sapagyň bu bölegine elmydama diýen ýaly oňa berilýän wagtyň esasy bölegi sarp edilýär. Sapakda öwrenilýän bilimleriň mazmuny geografiýany

okatmagyň maksatnamasy esasynda kesgitlenilýär. Okuwçylaryň işi bolsa okuw kitaby boýunça has anyklaşdyrylýar.

Okuw kitaby – okuwçylara niýetlenen okuw esbabydyr. Ol mugallymyň janly sözünden soň okatmagyň esasy serişdesi, okuwçy üçin esasy bilim çeşmesi hasaplanylýar. Mugallym sapakda öwrenilýän bilimleriň mazmunyny esasy öwrenilmeli düşünjeleri kesgitlände okuw maksatnamasynda berlen ýeke-täk talaplardan ugur alýar. Sapakda esasy hasap edilýän düşünjeleriň özleşdirilmegine aýratyn orun berip, goşmaça, kömekçi maglumatlary (*materiallary)* mugallym öz düşündirişinde giňden peýdalanýar.

*Sapakda täze temany öwrenmeklik yzygiderli basgançaklaýyn alnyp barylýar:*

**1.** Okuwçylary täze temany, geografik bilimleri we başarnyklary öwrenmeklige taýýarlamak. Täze temany öwrenmek sapagyň düzüminde möhüm ähmiýete eýe bolup, onuň maksady okuwçylary täze bilimleri öwrenmeklige höweslendirmekdir. Onuň üçin mugallym okatmagyň söhbetdeşlik, özbaşdak işlemek, suratlaryň, kartalaryň, okuw kitabyndaky ýazgylaryň üstünde işlemek ýaly usullary peýdalanýar.

Meselem; V synpda "Kartada geografik koordinatlaryň kesgitlenilişi" diýen tema öwrenilende mugallym okuwçylara ýüzlenip: "Birnäçe syýahatçylar Garagum çölünde azaşypdyrlar. Olaryň soňky duralgasynyň koordinatalary belli (*anyk geografik giňlik we uzaklyk aýdylýar*). Olary çalt halas etmek üçin haýsy şäherden halas edijileri ibermek zerur?". Bu jümlelerden soň okuwçylaryň temany içgin öwrenmeklige bolan gyzyklanmasy, okuw işindäki işeňjeňligi artýar.

**2.** Okuwçylaryň täze öwrenilýän maglumatlara düşünmegini we olary kabul etmegini (*özleşdirmegini*) gazanmak.

Sapagyň bu basgançagynda mugallym okuwçylary ýokary derejede işeňjeňleşdirip, olara täze bilimleri düşündirmek we öwretmek işini guraýar. Bu iş täze temany öwrenmegiň anyk meýilnamasy bilen tanyşdyrmakdan başlanýar. Okuwçylaryň täze bilimleri öwrenmeginde görkezme esbaplaryň (suratlar, shemalar ýerleşdirilmeli), tehniki serişdeleriň ulanylmagy, mugallymyň nazary taýýarlyk derejesi, okuwçylaryň ünsüni jemläp bilşi we başga sapaga degişli şertler möhüm ähmiýete eýedir.

**3.** Täze öwrenilen okuw maglumatlaryny okuwçylaryň aňyna ornaşdyrmak we olarda täze ylmy dünýägaraýyşlary kemala gelmegini gazanmak. Bu işiň esasy maksady öwrenilen geografik düşünjeleriň ozalkylar bilen özara baglanyşygyny, aýratynlyklaryny we öwrenilýän düşünjeleriň bir-biri bilen baglanyşygyny okuwçylaryň ýüze çykaryp bilmek başarnyklaryny kemala getirmekden ybaratdyr. Onuň üçin işjeň oýun usullarynyň ulanylmagy has ähmiýetlidir. Meselem; V synpda "Gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň paýlanyşy" diýlen tema geçilende ýer şarynyň hyýaly okunyň, ýeriň orbita tekizligine (ekliptika) $66^0\ 30^/$ gytak ýerleşmeginden polýar tegelekleriň we tropik çyzyklaryň, ýer şaryndaky möwsümleriň-pasyllaryň emele gelşi, ýerleşişi hem-de ýer şarynyň togalaklygy sebäpli gün şöhlesi bilen ýagtylanýan guşaklyklaryň emele gelişleri bir-birleri bilen baglanyşykda düşündirilýär.

**4.** Öwrenilen bilimleriň üsti bilen täze düşünjeleri öwrenmek hem-de durmuşda peýdalanyp bilmekligi öwretmek. Okuwçylara öwrenilýän düşünjeleriň ulanylýan ýerleri, ähmiýeti baradaky maglumatlary bermek.

Täze bilimleri bermek işinde mugallym basgançaklaýyn düşündirmekligi yzygider we özara baglanyşykda guramalydyr. Geografiýa sapaklarynda täze öwrenilýän temalar bar bolan ýerli maglumatlar bilen baglanyşdyrylsa we deňeşdirilse has maksadalaýyk, özleşdirmesi aňsat bolýar.

Geografiýa sapaklarynyň alnyp barlyşynda esasy etaplaryň, elementleriň ýene biri-de okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlamak we bahalandyrmak işi bolup durýar. Bu işiň mazmuny ders, bölümler, temalar boýunça berlen bilimleriň, öwredilen başarnyklaryň ahyrky netijelerini kesgitlemäge laýyk gelmelidir. Olar bolsa ýeke-täk talaplar hökmünde geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasynda görkezilendir.

Sapakda okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamagyň dürli görnüşleri ulanylýar. Olardan dilden, ýazuw üsti bilen berlen soraglara jogap almak, kartadan ýer-ýurt atlaryny görkezmek has köp ulanylýar. Temalar, bölümler ýa-da ders boýunça okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamakda soňky ýyllarda barlagnamalar, soragnamalar hem giňden peýdalanylýar.

Umuman, sapakda okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamagyň haýsy görnüşiniň ulanylmagy ýa-da okuwçylara pes we ỳokary baha goýulmagy barada aýdylanda esasy zat, bilimleri barlamagy we bahalandyrmagy guramazdan okuw işiniň netijeliligini, maksada gönükdiriligini üpjün edip bolmaýanlygydyr. Sebäbi bilimleri barlamak we bahalandyrmak işiniň terbiýeleýjilik, ösdürijilik ähmiýeti örän uludyr.

Geografiýa sapaklarynyň geçirilişiniň ýene bir döwri, elementi täze tema boýunça geçilenleri, öwrenilenleri berkitmekdir. Sapagyň berkitmek döwri täze tema düşündirilenden soňra guralýar. Sorag-jogaplar, oýunlar, tapmaçalar bilen düşündirilen tema boýunça okuwçylaryň öwrenen geografiki düşünjeleri berkidilýär. Sapagyň berkitmek döwründe mugallym okuwçylaryň täze öwrenen bilimlerini gysga wagtda nähili özleşdirendigini barlap we olary bahalandyryp bilýär. Umuman, sapagyň bu elementi ähli geografiýa sapaklarynda, esasan hem, amaly, tejribe iş sapaklarynda girizilip, onda diňe bir täze öwrenilen bilimler

berkidilmän, eýsem okuwçylary indiki sapaga-da belli bir derejede taýýarlaýar.

Geografiýa sapaklarynyň möhüm elementleriniň ýene biri okuwçylara öý işini tabşyrmakdyr. Öý işini tabşyrmak her bir sapakda diýen ýaly guralýar. Sebäbi ol sapagyň jemleýji elementleriniň biri hasaplanýar. Öý işi takyk goýulmalydyr we okuwçylara anyk düşündirilmelidir. Öý işi jaň bolmazynyň öň ýanynda ýa-da jaň kakylandan soň tabşyrylsa maksadyna ýetmeýär, oňa köp okuwçylar düşünmän galýarlar. Şonuň üçin has tejribeli mugallymlar öý işini täze tema düşündirilenden soň tabşyrýarlar. Öý işleriniň möçberi köp bolmaly däldir,okuwça güýçýeterli bolmalydyr. Öý işinde tabşyrylýan ýumuşlar okuwçylaryň her biriniň (*indiwidual*) bilim derejelerine, mümkinçiliklerine laýyk bolsa, onuň netijeliligi ýokary bolýar.

Ýokarda görkezişimiz ýaly, sapagyň tamamlaýjy elementi sapagy jemlemekdir. Sapagy jemlemek, häzirkizaman sapaklarynyň esasy elementine öwrülip barýar. Bu iş, esasan, geografiýa sapaklarynyň ahyrynda geçirilip, onda okuwçylaryň täze öwrenen bilimleri umumy jemlenilýär. Soňra mugallym käbir çylşyrymly, gowy özleşdirilmedik geografiýa düşünjeleri gaýtalap, okuwçylaryň sapakda ýerine ýetiren ähli okuw işleriniň jemini jemleýär. Sapagyň görnüşine, mazmunyna görä aýry-aýry ýa-da ähli okuwçylar bahalandyrylýar. Sapagyň jemleýji elementi hemme geografiýa sapaklarynda diýen ýaly alnyp barylýar.

## § 17. Geografiýa sapaklarynyň görnüşleri we olaryň saýlanyp alnyşy.

Mekdepde okadylýan dersler boýunça guralýan sapaklaryň görnüşleri (*tipleri*) örän köp bolup, olar didaktiki wezipelerine, okatmak usullaryna, okuw işleriniň guralyş

aýratynlyklaryna we beỳleki häsiỳetlere görä dürli toparlara bölünýärler. Geografiýany okatmagyň usulyýetinde didaktiki maksatlaryna, okuwçylaryň akyl ýetiriş işiniň guralyşyna baglylykda, mekdeplerde geografiýa derslerini okatmakda şu aşakdaky sapak görnüşleri giňden ulanylýar:

**1. <u>Garyşyk sapaklary</u>** – geografiýany okatmakda giňden ulanylýan sapak görnüşi bolup, ol birnäçe didaktiki maksatlary we okuw işiniň ähli böleklerini özünde jemleýär. Geografiýany okatmakdaky garyşyk sapagy şeýle düzüm böleklerden-döwürlerden durýar:

a) giriş, guramaçylyk döwri (*sapagyň maksatlaryny düşündirmek, okuwçylaryň sapaga taýýarlygyny barlamak, geçilen temalar bilen täze öwreniljek bilimleriň arasyndaky baglanyşygy ýola goýmak*);

b) öý işleriniň ýerine ýetirilişini barlamak döwri;

ç) täze temany düşündirmek, öwretmek döwri (täze bilimleri, düşünjeleri beýan etmek döwri);

d) täze düşündirilen, öwredilen temany berkitmek döwri;

e) öý işini düşündirmek we tabşyrmak döwri;

ä) sapagy jemlemek we sapagyň jemi boýunça okuwçylaryň bilimlerini, ýerine ýetiren işlerini bahalandyrmak döwri.

<u>Sapagyň guramaçylyk döwri.</u> Sapagyň bu döwründe okuw otagy, sapagyň serişdeleri, gerekli esbaplary we okuwçylar sapaga taýýarlanylýar;

<u>Öý işini soramak, barlamak döwri.</u> Okuwçylaryň geçen sapakdaky geçilenleri we ondan öňki sapakdaky geçilenler bilen baglanyşdyrylyp, olaryň bilimleri barlanylýar. Okuwçylaryň öýe işlerini, amaly ýumuşlaryny, öwrenen bilimlerini barlamaklyk üçin mugallym ýörite soraglar, soragnamalar, barlagnamalar taýýarlap, şolaryň esasynda olaryň öwrenenlerini ýüze çykarýar. Tabşyran amaly işleri, ýumuşlary boýunça ýerine ýetiren işlerini (grafikleri, diagrammalary, sudur kartalary we beýlekileri) barlaýar we bahalandyrýar.

Täze temany düşündirmek döwri. Sapagyň bu döwründe mugallym täze temany düşündirmeklik üçin öňdäki maksatlary beýan edýär. Mugallym dürli görkezme esbaplaryň okuw serişdeleriň, tejribe-synaglaryň üsti bilen okuwçylara täze tema degişli maglumatlary güýçýeter ýagdaýda öwredýär.

Täze geçilen temany berkitmek döwri. Sapagyň bu döwründe sorag-jogaplar, oýunlar, tapmaçalar bilen düşündirilen tema boýunça okuwçylaryň öwrenen geografiki düşünjeleri berkidilýär. Sapagyň berkitmek döwründe mugallym okuwçylaryň täze öwrenen bilimlerini gysga wagtda nähili özleşdirendigini barlap, bilýär we olary bahalandyrýar.

Öý işini tabşyrmak döwri. Bu döwürde mugallym öýe beriljek temany, onuň sahypalaryny synp tagtasyna ýazyp berýär. Amaly ýumuşlary tabşyrýar, sudur karta boýunça ýerine ýetirmeli işlerini kesgitleýär. Öýe berilýän işler, ýumuşlar takyk, anyk, okuwça düşnükli bolmalydyr. Öý işiniň berilýän möçberi okuwçylara güýçýeter ýagdaýda berilmelidir.

Sapagy jemlemek we sapagyň jemi boýunça bahalandyrmak döwri. Sapagyň bu döwründe okuwçylaryň täze öwrenen bilimleri umumy jemlenilýär. Okuwçylaryň sapakda ýerine ýetiren ähli okuw işleriniň jemi boýunça bahalandyrylýar. Sapagyň jamleýji elementi hemme geografiýa sapaklarynda diýen ýaly alnyp barylýar.

Garyşyk sapagyň her bir bölegi aýratyn usulda geçirilip olarda okuwçylaryň we mugallymlaryň işi utgaşykly guralýar. Emma garyşyk sapaklaryň yzygider şol bir düzümler boýunça guralmagy, olary ýerine ýetirmegiň usullarynyň hem yzygider gaýtalanyp durmagy sapagyň netijeliligini peseldýär, okuwçylaryň derse bolan gyzyklanmalarynyň azalmagyna getirýär. Şonuň üçin garyşyk sapaklary beýleki görnüşli sapaklar bilen utgaşdyrmak, onuň düzüm bölekleriniň ýerlerini, yzygiderligini maksadalaýyk üýtgedip we okatmagyň dürli usullaryny gezekleşdirip durmak örän zerurdyr. Sapagyň haýsy temalar öwrenilende ýa-da haçan we nähili derejede guralmagy

mugallymyň ussatlygyna, döredijiligine we mümkinçiliklerine baglydyr.

Garyşyk sapaklar, esasan, birnäçe sagadyň dowamynda öwrenilýän temalar geçilende, şeýle hem täze geçilýän tema, öňki sapaklarda geçilenler, öwrenilenler bilen berk baglanyşykly bolanda guralýar. Garyşyk sapaklaryň maksady, gurluş düzümi, geçiriliş usullary dürli bolup bilýär, şonuň üçin olary guramagyň ýeke-täk usulyýeti, shemasy ýokdur.

**2. <u>Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapagy</u>** – bu sapak görnüşi täze bilimleri we başarnyklary öwretmäge gönükdirilip, täze dersler başlananda, okuw ýylyň başynda, dersleriň uly bölekleri öwrenilip başlananda guralýar. Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapagy okuwçylary täze geçilip başlanýan dersler, dersleriň uly bölekleri bilen tanyşdyrmaklyga, dolulygyna täze bilimleri we başarnyklary öwrenmäge niýetlenilip, şu sapagyň düzüminde bilimleri barlamak döwri-bölümi bolmaýar. Bu sapagyň alnyp barylşy mugallym tarapyndan saýlanyp alynýar we kesgitlenilýär. Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapaklarynda mugallymyň dürli okuw çeşmeleri, okuw kitaplary, okuw gollanmalary, suratlary, kartalary, kartografik çyzgylary ulanyp täze temany düşündirmegi şu sapagy guramakdaky esasy usul hasaplanylýar. Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapaklarynda öňde goýulýan wezipeler şulardan ybarat:

a) ders ýa-da bölüm boýunça geçiriljek okuw işleriniň, öwrenilýän bilimleriň umumy mazmuny bilen okuwçylary tanyşdyrmak;

b) okuwçylaryň täze geografik bilimleri, başarnyklary öwrenmäge bolan gyzyklanmalaryny artdyrmak;

ç) öwrenilýän dersiň ýa-da bölümiň ylmy ähmiýetini, durmuşda ulanylyşyny açyp görkezmek;

d) okuw kitabyndan, okuw gollanmalaryndan, goşmaça bilim çeşmelerinden, ulanylýan dürli okuw serişdelerinden, kartalardan peýdalanmagyň ýollaryny öwretmek.

Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapaklarynda öwrenilen bilimleri berkitmek üçin okuwçylara gysga jogap bermeklige niýetlenen soraglar, ýumuşlar berlip, olar okuwçylaryň sapakdaky bilesigelijiligini, işjeňligini ýokarlandyrýar.

Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapagynyň düzümi şu aşakdaky döwürlerden, elementlerden ybaratdyr:

a) sapagyň guramaçylyk döwri. Bu döwürde okuwçylar we okuwa gerekli esbaplar, serişdeler, okuw otagy sapaga taýýarlanýar;

b) täze bilimleri bermek döwri. Bu döwrüň başynda sapagyň maksady we wezipesi düşündirilýär. Soňra mugallym täze bilimleri berýän temany düşündirýär, okuwçylaryň akyl ýetiriş işlerini işjeň guraýar, täze öwrenilenleri umumylaşdyrýar;

ç) Täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapagyndaky öwrenilenleri berkitmek döwri. Bu döwürde mugallym öňden taýýarlan soraglary, sorag-jogaplary, tapmaçalary çözdürmek bilen öwrenilen bilimleri berkidýär;

d) öý işini tabşyrmak döwri. Okuwçylaryň okamaly ýerleri sahypalary bilen görkezilýär, ýumuşlar tabşyrylýar. Öýe berilýän işler anyk, düşnükli we güýçýeterli bolmalydyr.

e) täze bilimleri bermek ýa-da giriş sapagyny jemlemek döwri. Mugallym täze öwrenilenleri jemleýär, sapagyň dowamynda okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşyşlaryna görä bahalandyryp bilýär.

**3. Berkitmek sapagy** (başarnyklary we endikleri kemala getirmek sapagy) – bu sapagyň esasy maksady öwrenilen nazary bilimler bilen berk baglanyşykly özboluşly geografiki başarnyklary, endikleri okuwçylara öwretmekden, olary kämilleşdirmekden, ösdürmekden ybaratdyr. Şonuň üçin bu sapaklara bilimleri berkitmek, endikleri kemala getirmek sapaklary hem diýilýär. Berkitmek sapagynda okuwçylaryň okuw işini guramagyň esasy görnüşi tejribe arkaly işlemek, amaly işleri hem-de dürli ýumuşlary ýerine ýetirmekdir. Bu

işler we ýumuşlar çylşyrymlylyk derejesine we möhümligine laýyklykda öwrediji, türgenleşdiriji häsiýetde aýratyn berkitmek sapagynda ulanylýar. (Bu işler we ýumuşlar çylşyrymlylyk derejesine we möhümligine laýyklykda şeýle - de garyşyk, täze bilimleri bermek we giriş sapaklarynyň dowamynda sapagyň aýratyn berkitmek döwri hökmünde ulanylyp bilner.) Okuwçylar berkitmek sapaklarynda öňki temalarda, bölümde öwrenenlerine degişli tejribeleri, ýumuşlary, amaly işleri, karta bilen işlemegi jemleýji häsiýetde ýerine ýetirýärler. Bu sapaklarda okuwçylaryň, esasan, karta bilen işlemek başarnyklary we endikleri kemala getirilýär hem-de ösdürilýär. Berkitmek sapaklarynyň okuwçylaryň amaly işleri ýerine ýetirmekdäki, tejribeler geçirip işlemekdäki, özbaşdak işläp bilmek başarnyklaryny ösdürmekdäki ähmiýeti has uludyr.

**4. <u>Gaýtalamak we bilimleri umumylaşdyrmak sapaklary</u>** – geografiýa dersleriniň maksatnamasynda aýratyn sapak görnüşinde girizilendir. Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersinde geografiýa derslerine degişli sapak görnüşleriniň alnyp barlyşynda gaýtalamak sapaklarynyň we bilimleri umumylaşdyrmak sapaklarynyň her biri aýratyn sapak görnüşinde ulanylyp gelinýärdi. Ýokarda görkezişimiz ýaly, bilimleri umumylaşdyrmak sapaklary gaýtalamak sapaklary bilen bagly bolanlygy üçin geografiýa dersleriniň maksatnamasynda bu sapak görnüşi göz öňünde tutulandyr. Bu sapak görnüşi okuw maksatnamada gaýtalamak we bilimleri umumylaşdyryjy sapaklary diýip atlandyrylýar. Geografiýany okatmakda aýratyn sapak hökmünde guralyp gelinýär. Sebäbi geçilenleri gaýtalamak we bilimleri ummumylaşdyrmak sapaklary okuw ýylynyň bütin dowamynda has uly temalar, bölümler hem – de çärýekleriň ahyrynda guralýar. Geografiýa sapaklarda temalar, bölümler öwrenilenden soň okuwçylaryň alan bilimlerini berkitmekde, olaryň öwrenenlerini indiki geçiljek temalar, bölümiň

mazmuny bilen logiki baglanyşdyrmakda, gaýtalamak we bilimleri umumylaşdyrmak sapaklarynyň guralmagynyň ähmiýeti örän uludyr. Bu sapaklaryň bölümler, temalar boýunça alnan bilimleri umumylaşdyrmakda, olaryň durmuş bilen özara baglanyşygyny hem-de dersara baglanyşygyny üpjün etmekde möhüm ähmiýeti bar. Mekdepde geografiýany okatmakda gaýtalamak we bilimleri umumylaşdyrmak sapaklary anyk şertleri göz öňünde tutmak bilen mugallymyň saýlap alan usullaryna, serişdelerine , görkezme esbaplaryna hem – de mugallymyň islegine, mümkinçiligine görä guralyp bilner.

Geografiýa derslerini okatmakda bilimleri umumylaşdyryjy sapaklar aýratyn sapak görnüşinde–de ulanylyp gelinýär. Umumylaşdyryjy sapaklaryň esasy aýratynlyklary– onda okuwçylar ozalky öwrenilen bilimleriň esasynda täze bilimleri, dünýägaraýyşlary özleşdirýärler. Şonuň üçin bu sapaklarda öwrenilen düşünjelere, subutnamalara, san-hasabat maglumatlaryna esaslanyp, okuwçylaryň umumy kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri, ylmy dünýägaraýyşlary, ylmy taglymatlary ýüze çykaryp bilmek başarnyklaryny kemala getirmek esasy wezipe hasaplanylýar.

Bilimleri umumylaşdyrmak sapaklarynda okuw serişdelerini has köp ulanmaklyga, okuwçylaryň köp böleginiň bilimlerini, başarnyklaryny barlamaga we bahalandyrmaga ýeterlik wagt we mümkinçilikler bolýar.

**5. <u>Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak sapaklary</u>** – has uly temalar ýa-da bölüm boýunça jemleýji görnüşde guralýar. Bu sapak şeýle yzygiderlilikde geçirilýär: sapagyň maksadyny we wezipelerini düşündirmek, soraglary, ýumuşlary tabşyrmak we olaryň ýerine ýetiriliş usullaryny, dürli çeşmelerden peýdalanmagyň ýollaryny öwretmek, okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerini barlap, bahalandyrmak we ýalňyşlar üstünde işlemek (*esasy goýberilen kemçilikleri we olaryň sebäplerini düşündirmek*).

Geografiýa boýunça häzirki peýdalanylýan okuw kitaplarynyň uly temalarynyň, bölümleriniň soňunda we ýörüte amaly işlerde köp sanly ýumuşlar ýerleşdirilip, olar okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak sapaklarynda giňden ulanylýar. Bu sapaklaryň diňe bir okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlamakdan başga-da, olaryň alan bilimlerini berkitmekde - de, çuňlaşdyrmakda-da ähmiýeti uludyr.

Geografiýa derslerini okatmagyň islendik sapak görnüşleriniň özboluşly gurluş düzümi bolup, olaryň ählisinde hem sapagyň esasy üç bölegi bir-birinden tapawutlanýar:

**1)** Sapagyň başlangyç bölegi – okuwçylary sapagyň maksady, sapakda ýerine ýetiriljek işler bilen tanyşdyrmak;

**2)** Sapagyň esasy bölegi – sapak meýilnamasy boýunça sapagyň öňündäki goýulýan okuw-terbiýeçilik wezipelerini çözmek;

**3)** Sapagyň jemleýji bölegi – sapagy jemlemek we öý işiniň ýerine ýetirilmegini gazanmak.

## § 18. Geografiýany okatmakda adaty däl we tejribe sapaklarynyň ähmiýeti

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky täze özgerişler,2009-njy ýyldaky Türkmenistanyň ,,Bilim hakyndaky“ kanunda öz beýanyny tapdy.Şu kanun bilim babatyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär, bilim ulgamynda döwlet syýasatynyň binýatlyk ýörelgelerini, şeýle hem bilim ulgamynyň maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini kesgitleýär. Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky öňde goýlan wezipeleri hem-de hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim ulgamyndaky durmuşa geçirýän

tagallalary netijesinde mekdepde geografiýa sapaklarynyň netijeli görnüşleri ulanylyp başlandy. Geografiýany okatmakda mugallymlar tarapyndan yzygider peýdalanylýan adaty sapaklar bilen bir hatarda geografiýany okatmagyň usulýetinde we okuwçylara bilim bermekde adaty bolmadyk sapaklary guramaklyga aýratyn üns berilýär we ol sapaklar geografiýany okatmagyň usulyýeti dersinde “adaty däl sapaklar” diýlip atlandyrylỳar.

Bu sapaklaryň görnüşleri örän köp bolup, olardan giňden peýdalanylýanlary we has netijeli ulanylýanlary şu aşakdaky sapaklardyr :

**1.** Işjeň oýun, ýaryş, bäsleşik häsiýetde guralýan sapaklar.
**2.** Gaýybana syýahat, gezelenç sapaklary.
**3.** Tejribe bilen geçirilýän sapaklar.
**4.** Döredijilikli amaly iş sapaklary.
**5.** Konferensiýa (*ylmy-amaly maslahat*) sapaklary.
**6.** Umumy okuw, söhbetdeşlik sapaklary we başgalar.
**7.** Interaktiw usulda geçilýän sapaklar.
**8.** Multimediýa tagtasyny ulanyp geçilỳän sapaklar we beýlekiler.

Adaty däl sapaklar şu aşakdaky okuw-terbiýeçilik wezipeleriniň netijeli amala aşyrylmagynda aýratyn ähmiýete eýedir:

a) okuwçylaryň geografiýa sapaklaryna bolan gyzyklanmalarynyň, bilesigelijilikleriniň, bilimleri we başarnyklary öwrenmäge bolan isleglerniň artmagynda;
b) okuwçylaryň özbaşdak ýa-da toparlaýyn işlerini guramakda we synp toparlarynyň özara hyzmatdaşlygyny has ýokary derejede üpjün etmekde;
ç) okuwçylarda jogapkärçilik, birek-biregi goldamak, özüniň we ýoldaşlarynyň işine gözegçilik etmek hem-de baha berip bilmek endikleriniň kemala gelmeginde;

d) okuwçylaryň dürli okuw serişdelerinden bir wagtda, bilelikde peýdalanyp bilmek başarnyklarynyň ösmeginde;
e) okuwçylaryň döredijilikli pikirlenmek endikleriniň we ylmy işleri ýerine ýetirmäge bolan gyzyklanmalarynyň kemala gelmeginde.

Adaty däl sapaklary guramak, olaryň dürli görnüşlerinden has oňaýlysyny saýlap almak we onda okuw işleriniň dürli usullaryndan peýdalanmak mugallymyň hünär ussatlyk derejesi, mümkinçilikleri, okuwçylaryň ýaş aýratynlygy, olaryň dürli okuw serişdeleri bilen üpjünçiligi, öwrenilýän bilimleriň mazmuny we ş.m. bilen berk baglanyşyklydyr. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ýörelgelerine, pedogogik - psihologik talaplara we öňdebaryjy iş tejribeleriň görkezişine görä adaty däl sapaklar saýlanyp alnanda we guralanda şu aşakdaky düzgünlerden ugur alynýar.

– Işjeň oýun, ýaryş-bäsleşik, gaýybana syýahat sapaklary, esasan, V synpda we ondan ýokarky synplarda guramak maksadalaýykdyr;
– Gezelenç, tejribe bilen geçirilýän, amaly iş sapaklary, esasan, has uly temalar ýa-da bölümler geçilenden soň guralýar;
– Umumy okuw, söhbetdeşlik, dersara ylmy-amaly maslahat sapaklary synplarda geografiýa dersiniň bölümleri, uly temalary, öwrenilip başlananda ýa-da olar boýunça gaýtalamak we bilimleri umumylaşdyrmak, berkitmek we barlag sapaklarynda guralýar;
– Adaty däl sapaklar takyk düzülen meýilnama esasynda guralmalydyr;
– Adaty däl sapaklara diňe bir mugallymyň özi berk taýýarlyk görmek bilen çäklenmän, eýsem olara okuwçylary hem taýýarlamalydyr we başgalar;

Tejribe bilen geçirilýän sapaklar, amaly iş sapaklary okuwçylaryň alan bilimlerini berkitmekde, täze

başarnyklarynyň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir. Olary guramak barada geografiýany okatmagyň maksatnamasynda ýörite wagt we düşündirişler berilýär. Soňky ýyllarda sapak görnüşinde guralýan okuw gezelençleri hem amaly sapaklar hasaplanyp, olaryň esasy maksady we guralyşy belli bir derejede meňzeşdir. Bu sapaklaryň gurluşy, esasan, üç bölekden ybaratdyr:

1. Taýýarlyk işleri – okuwçylary sapagyň maksady, ýerine ýetirilmeli işler, ýumuşlar bilen tanyşdyrmak.
2. Sapagyň esasy döwri – okuwçylaryň saýlanyp alnan, öwrenilmeli tema, hadysa ýa-da obýekte degişli tabşyrylan işleri, ýumuşlary ýerine ýetirişlerine gözegçilik etmek we zerur bolanlaryna degişli kömek bermek, okuwçylaryň beren soraglaryna jogap bermek.
3. Sapagyň jemleýji döwri – ýerine ýetirilen işleri gözden geçirmek, barlamak, kemçilikleri düşündirmek. Sapakda okuwçylaryň ýerine ýetiren işleri, soraglara beren jogaplary boýunça bahalandyrmak.

Adaty däl sapaklar döwrüň talaby bilen bagly gitdigiçe ösýär, özgerýär, kämilleşýär. Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda ýurduň bilim ulgamynda düýpli özgerilişikler amala aşyrylýar. Milli bilim ulgamyndaky özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biri hem umumy bilime degişli bolan halkara tejribäni çuňňur özleşdirmekden, ýurdumyzyň we dünýä ylmynyň soňky gazananlaryny, täze öňdebaryjy tehnologiýalary, dürli usullary öwrenmekden hem-de olary Türkmenistanyň bilim ulgamynda orta mekdepleriň okuw işine girizmekden ybaratdyr. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti tarapyndan okuw işini kämilleşdirmekde daşary ýurt tejribeleriniň öwrenilmegi bilen bagly bilim ulgamyndaky alnyp barylýan özgertmeleriň biri hem orta mekdeplerde kompýuter we multimedia tehnologiýalaryny we okatmagyň interaktiw usullaryny ornaşdyrmakdyr. Dünýäniň bilim

tejribesinde okatmagyň häzirkizaman giňden ýaýran usullaryny ulanmak ýokary netijeleri berýär.

Okatmagyň häzirkizaman kompýuter multimediýa tehnologiýalaryny we interaktiw usullaryny ulanmak bilen guralýan sapaklar adaty däl sapaklar görnüşine degişlidir. M u l t i m e d i a – iňlis sözünden terjime edilende, informasiýalaryň we okatmagyň dürli görnüşli serişdeleriniň bir wagtda ulanylmagy diýmekdir. Okuwçylara bilim bermegiň häzirki zaman serişdeleriniň esasylarynyň biri kompýuter we multimedia tehnologiýasynda multimedia tagtasyny ulanyp sapaklary guramak, ýagny sensor ekranly interaktiw mekdep tagtasyny ulanmakdyr. Kompýuter tehnikasy, sensor ekranly interaktiw mekdep tagtasy geografiýa sapaklarynda öňünden taýýarlanylyp, geçiriji planşet, okuwçylaryň bilimleri özleşdirişini barlamak üçin pultlar hem-de sapagy işjeň guramaklyk üçin taýýarlanylan shemalar, suratlar, surat shemalary, diagrammalar, kartogrammalar, blok diagrammalar, okuwçylaryň öwrenenlerini barlamaklyk üçin taýýarlanan barlagnamalar ulanylyp guralýar.

Adaty däl sapagyň V synpyň fiziki geografiýa dersinde “Gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň ýer ýüzünde paýlanyşy” diýen tema geçilendäki mysaly ýazgysyna ýüzlenenimizde multimedia tagtasynda görkezmek hem-de görkezilýänleri okuwçylar bilen bilelikde işjeň öwrenmeklige degişli hödürlenýän suratlara, surat-shemalara, diagrammalara, kartogrammalara şu aşakdakylar mysal bolup biler.

1. Gün we onuň Gün ulgamynyň merkezi.
2. Gün ulgamyndaky Ýer planetasynyň aýlanyş hereketi.
3. Günden ýere gelýän ýagtylyk we ýylylyk energiýa.
4. Ýer planetasynyň Günüň daşyndaky hereket tizligi .
5. Ýeriň hyýaly okunuň orbita tekizligine 66° 30′ ýapgyt burç boýunça ýerleşişi.

6. Ýylyň dowamyndaky gije gündiziň deňleşýän, iň uzak günüň we iň gysga günüň bolmagynyň sebäpleri.
7. Günüň ýylyň dürli wagtlarynda durýan- hereket edýän beýiklikleriniň ýerleşiş shemasy.
8. Gün şöhlesiniň demirgazyk we günorta ýarym şarlarynda ýylyň dowamynda deň ýagtylygynyň bolmaýandygynyň sebäpleri.
9. Polýar tegelekleriniň we tropik çyzyklarynyň emele gelmeginiň sebäpleri.
10. Gün şöhlesiniň deň düşmeýänliginiň sebäbini düşündirýän shema.
11. Ýer şaryndaky gün şöhlesi bilen ýagtylanýan guşaklyklaryň ýerleşişiniň kartoshemasy we beýlekiler degişlidir.

Şu ýokardaky sanalyp geçilenleri we beýlekileri multimedia tagtasynda görkezmek bilen okuwçylar sapaga işjeňleşdirilýär, olaryň bilesigelijiligi ýokarlanýar. Okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmekleri we pikirlerini beýan edip bilmek ukyplary artýar. Multimedia tagtasynda görkezilýänler boýunça deňeşdirme we netije çykarmak başarnyklar emele gelýär.

**Interaktiw (özara işjeňlik) sapaklary.** Okuwçylaryň şahsy tejribeleri we okuwda alan bilimleri olara täze maglumatlary özleşdirmekde uly kömek edýär. Şeýle ýagdaýlarda olaryň döredijilik ukyplary üçin giň mümkinçilikleri döreýär. Bu mümkinçilikleri ýüze çykarmakda okatmagyň adaty usullaryna garanyňda **özara işjeňlik usuly** uly ähmiýete eýedir.

Bilim bermekde interaktiw okuwy ornaşdyrmak Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen amala aşyrylýar. Interaktiw sapaga başgaça söhbetdeşlik sapagy hem diýmek bolar. Sapakda söhbetdeşlik şertlerini döretmek üçin okuwçylar bilen erkin gepleşigi guramaly. Munuň üçin

okuwçylar bilen maşgalada ýa-da deň-duşlary bilen duşuşuklarda bolşy ýaly gepleşmeli. Diňe şeýle ýagdaýlarda okuwçylar erkin ýagdaýda gürrüňe goşulýarlar. Okatmakda özara işjeňlik usuly mugallym bilen okuwçylaryň özara gatnaşygyny güýçlendirmekde we täsirli hyzmatdaşlygy ýola goýmakda ähmiýetlidir.

Adam maglumatlary özara işjeňlik, söhbetdeşlik ýagdaýynda çalt özleşdirýär. Söhbetdeşlikde okuwçylar düşünmeýän ýerlerini ara alyp maslahatlaşýarlar we alan bilimlerini berkidýärler, olarda köpçülikde özüňi alyp barmak endikleri emele gelýär. Söhbetdeşligiň täsirli we guramaçylykly bolmagy üçin okuwçylar üçin ýörite düzgünler hem bolmaly. Meselem,

- Öz pikiriňi, garaýşyňy aýdyp bilmeli.
- Öz jogaby, pikiri tankydyň ýa-da başga okuwçylar tarapyndan gülki astyna alynmagyndan çekinmeli däl.
- Gerekli maglumatlary okuwçylaryň özleri alyp bilmeli we başgalaryň maglumatlary özleşdirmegine päsgelçilik döretmeli däl.
- Birek-birek bilen sylaşykly, ylalaşykly bolmaly.
- Ýoldaşlaryň pikirine kemsidiji baha bermeli däl.

Bu usulyň esasy artykmaçlygy köp sanly okuwçy bilen az wagtyň dowamynda köp işleri amal etmäge mümkinçilik berýänligidir. Sapaga okuwçylar näçe köp gatnaşsalar, olarda şol tema boýunça köp maglumat toplanýar we olaryň endikleri, başarnyklary artýar.

## § 19. Okuw işleriniň beýleki görnüşleri

**Gezelençler (ekskursiýalar) we öý işleri.** Gezelençler (ekskursiýalar) – tebigaty, önümçiligi, şäherleri, öwrenmek maksady bilen guralýar. Her bir gezelenjiň ugry, geçiljek ýoly,

meýilnamasy öňünden taýýarlanylyp, mekdep ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

Gezelençler synpyň ähli okuwçylarynyň gatnaşmagynda, käbir wagtlarda birnäçe synplaryň gatnaşmagynda (köpçülikleýin gezelençler) guralýar. Gezelençleriň uly terbiýeçilik ähmiýeti hem bardyr. Onuň netijesinde okuwçylarda öz Ata-Watanymyza, onuň tebigatyna, tebigy baýlyklaryna aýawly garamak duýgusy kemala gelýär. Her bir gezelenje mugallym ykjam taýýarlyk görýär. Meselem, gezelenjiň guraljak ýerini saýlap alýar we ol ýeri baryp görýär, ol ýerde okuwçylar üçin gyzykly bolan zatlary belleýär, baryp-gelmeli ýoly we dynç almak üçin amatly bolan ýeri, çagalaryň özbaşdak syn etmeli zatlaryny belleýär, gezelenç wagtynda okuwçylaryň haýsy zatlary toplamalydygyny (tebigata zyýan ýetirmezden) anyklaýar, gezelenji guramak üçin meýilnama düzýär, onuň netijelerini bellemek üçin soraglar taýýarlaýar we ş.m.

Gezelenje okuwçylary hem taýýarlamaly. Meselem, gezelenjiň maksady, onda okuwçylaryň öňünde duran wezipeleri, syn etmek üçin ýumuşlar, toplamaly tebigy zatlary bilen mugallym okuwçylary tanyş edýär.

Gezelençleriň netijeli bolmagy onuň guramaçylykly geçirilmegine hem baglydyr. Şeýle maksat üçin synpyň okuwçylary 5-6 adamdan ybarat bolan toparlara bölünýär. Her toparyň tertibine we ýumuşlary berjaý edişlerine gözegçilik eder ýaly şol okuwçylaryň biri ýolbaşçy edilip bellenilýär.

Gezelençleriň guralyşy esasan aşakdaky ýaly 3 bölümden ybaratdyr:

- gezelenje taýýarlyk döwri
- gezelenjiň geçirilişi
- gezelenjiň jemini jemlemek

Şeýle gezelençleriň birini 4-nji synpyň tebigaty öwreniş dersinden “Türkmenistanyň ösümlikleri we haýwanlary”

diýen bölüm boýunça gurap bolar. Şonda gezelenji 3 dürli ýagdaýda geçirmek mümkin:

- bölüm öwrenilip başlamanka
- bölümiň öwrenilýän döwründe
- bölüm öwrenilip gutarylandan soňra

Gezelençden soň mugallym okuwçylar bilen onuň netijesini jemleýär. Toplanan maglumatlar boýunça synpyň ülkäni öwreniş burçunda sergi guraýar, diwar gazetlerini çykarýar. Toplanan maglumatlary bolsa tebigaty öwreniş, geografiýa sapaklarynda ulanmak mümkin.

Geografiýa dersi boýunça okuw işiniň bir görnüşi hem - öý işleridir. Olara okuw kitabyndan okap gelmek, soraglara jogap ýazmak, sudur kartany doldurmak, geografiýa bilen içgin gyzyklanýan okuwçylara doklad ýazdyrmak ýa-da goşmaça edebiýatlary okap gelmek degişlidir. Öý işlerini tabşyrmak mugallym üçin jogapkärli işdir. Tabşyrylýan ýumuşlar çylşyrymly ýa-da köp wagt talap edýän bolmaly däldir, ýumuşlar okuwçylara düşnükli bolmalydyr.

Okuwçylaryň öý işlerini barlap durmak we okuwçylary höweslendirmek işlerini yzygiderli geçirmek uly ähmiýete eýedir. Dilden aýdyp bermek üçin ýumuşlar barlananda okuwçylaryň maglumatlary bilşine baha goýulýar. Ýazmaça ýumuşlary (sudur kartany doldurmak) hem mugallym sapak wagtynda barlamalydyr. Eger-de şeýle ýumuşlary barlamaga köp wagt gerek bolsa, onda mugallym olary ýygnap alýar we sapakdan soň barlaýar. Her bir öý işleriniň netijelerini mugallym hasaba alýar, okuwçylaryň käbirine baha goýýar. Eger-de mugallym zerur hasap etse, okuwçylaryň hemmesini hem bahalandyrýar.

**Gyzyklanmalar we fakultatiwler (goşmaça okuwlar).** Geografiýany okatmakda okuw işlerini okuwçylaryň islegleri we ukyplary boýunça guralýan görnüşleriniň biri hem gyzyklanmalar we fakultatiw okuwlardyr. Gyzyklanmalar we fakultatiwler üçin Türkmenistanyň Bilim

Ministrliginiň tassyklan okuw meýilnamasynda ýörite sagatlar berilmedik bolsa-da bulary okatmak meselesi okuwçylaryň islegleri nazara alnyp Mugallymlar Geňeşiniň karary boýunça amala aşyrylýar. Okuw meýilnamasynda olar üçin her bir synpda aýratyn okuw sagatlary meýilnamalaşdyrylandyr.

Fakultatiw okuwlar umumy mekdep okuw-terbiýeçilik işleriniň esasy bölegi bolup, okuwçylaryň has çuň bilim almagynda, ylymlaryň gazananalaryny öwrenmekde, hünär saýlap almaklarynda uly ähmiýete eýedir. Geografiýadan fakultatiw okuwlary ýarym ýyllyk (34 – sagat) we ýyllyk (68 – sagat) meýilnamalaşdyryp, sapaklaryň tertibi boýunça okadylýar. Geçilen okuwlar, okuwçylaryň gatnaşygy, olaryň ýerine ýetiren işleri ýörüte dergide bellenilýär.

Fakultatiw okuwlara esasan isleg bildiren okuwçylar çekilip, her bir toparyň sany 9-dan az bolmaly däl. Fakultatiw dersleriň sanawy okuw ýylynyň başynda Mekdebiň Mugallymlar Geňeşinde tassyklanylýar. Fakultatiw dersleriň maksatnamalary tejribeli mugallymlar, usulýetçiler tarapyndan düzülip, etrap, şäher bilim bölümleri tarapyndan tassyklanylýar.

## § 20. Geografiýa sapaklaryny derňemegiň (seljermegiň) usulyýeti.

Her bir geçilen sapagyň hili we netijeliligi diňe bir mugallymyň biliminiň derejesine bagly bolman, eýsem onuň öz bilýänlerini okuwçylara nähili we haýsy usullarda ýetirip bilýändigine, okuwçylaryň mugallymyň öwreden bilimlerini we başarnyklaryny nähili özleşdirendigine baglydyr. Mugallymyň hünär ussatlygy esasan onuň özüniň we beýlekileriň ýetmezçiligini ýüze çykaryp bilýändigi, olary öz wagtynda düzedýändigi bilen kesgitlenilýär.

Sebäbi öz ýetmezçiliklerini görmek we düzetmek, nazary, usuly bilim derejäňi yzygider artdyryp durmak, beýlekileriň okatmakdaky iň gowy usullaryny öz tejribäňde ulanmagy başarmak her bir mugallymyň hünär ussatlygynyň artmagynyň esasy şertleridir. Bular esasan hem ýaş mugallymlar, mekdepde tejribelilik geçýän talyplar üçin örän möhümdir. Onuň üçin her bir mugallym öz geçen sapagyny ýa-da beýleki mugallymlaryň sapaklaryny derňemegi we olara baha bermegi başarmalydyr.

Sapagy derňemek, oňa seljerme we baha bermek çylşyrymly işdir. Usulýet ylmynda onuň ýeke-täk meýilnamasy, görnüşi ýokdur. Geografiýany okatmagyň usulýeti, didaktika we pedogogika ylymlarynda köp ýyllyk gözegçilikler, tejribeler esasynda toplanylan tejribelere görä sapaga seljerme bermegiň esasy düzgünleri kämilleşýär. Sapaga gatnaşylanda we oňa seljerme berlende esasy üns bermeli meseleler aşakdakylardan ybaratdyr:

- Synpyň sapaga taýýarlygy
- Okuwçylardan geçilen temanyň soralyşy we mugallymyň soramakda ulanýan usullary
- Sapakda geçilenleriň umumy gaýtalanylyşy
- Okuwçylaryň jogaplarynyň çuňlugy we olaryň başarnyklarynyň hili
- Okuwçylaryň ünsüniň täze tema çekilişi
- Täze temanyňa çylyşynyň çüňlugy, ylmylygy
- Täze temanyň öňki temalar bilen baglanyşygy
- Dersara baglanyşygyň ýola goýluşy
- Sapagyň durmuş, Hormatly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasatlary bilen baglanyşygy
- Sapagyň dowamynda okuwçylaryň tertibine esewan bolnuşy we mugallymyň okuwçylaryň ünsüni çekip bilişi
- Sapagyň terbiýeçilik ähmiýeti
- Okuwçylaryň işjeňliginiň we pikirlenmeleriniň ösdürlişi

- Sapakda mugallymyň okuw-görkezme sbaplardan, goşmaça edebiýatlardan, tehniki serişdelerden ýerlikli peýdalanyşy
- Sapakda kitap bilen işlenilişi
- Sapakda özbaşdak işleriň guralyşy
- Täze temanyň berkidilişi
- Öý işleriniň tabşyrylyşy
- Mugallymyň sapak döwründe mugallymçylyk edebini saklaýşy we dil medeniýeti
- Okuwçylaryň bilimleriniň bahalandyrylyşy, gündeliklerine goýluşy
- Mugallymyň wagtdan ýerlikli peýdalanyşy

Şu meseleler mugallymyň özüniň geçen ýa-da beýleki mugallymlaryň sapagyna seljerme we baha bermegiň iň esasylary bolup, olaryň başga-da onlarçasyny bellemek bolar. Her bir sapaga dogry seljerme bermek indiki sapaklara has gowy taýýarlanmaga mümkinçilik berýär, olaryň has netijeli bolmagyny üpjün edýär.

Mekdepde mugallymlaryň özara sapaklara gatnaşygynyň yzygiderli guralmagy örän möhüm işdir. Mugallymlaryň usuly birleşmelerinde olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagy, okatmak usullarynyň iň oňaýly usullarynyň öwrenilmegi we olaryň beýleki mugallymlaryň hem iş tejribesine ornaşdyrylmagy, mekdepde okadylýan ähli dersler boýunça okuw-terbiýeçilik işleriniň hiliniň hem-de netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

**Temalaýyn (ýyllyk) we gündelik sapak meýilnamalarynyň düzülişi.** Okuwçylara geografiýany öwretmekde oňat netijeleriň gazanylmagy mugallymyň okuw maksatnamasy we onuň esasynda taýýarlanan okuw kitaplary, beýleki okuw serişdeleri arkaly dürli görnüşli okuw işlerini nähili derejede gurap bilýändigine baglydyr.

Döwlet maksatnamasynyň talaplaryna, ýerli şertlere we mümkinçiliklere laýyklykda geografiýa sapaklaryny

okatmaklygy meýilnamalaşdyrmak mugallymyň esasy wezipeleriniň biridir. Mekdepde geografiýany okatmakda sapaklary meýilnamalaşdyrmagyň esasan iki görnüşinden peýdalanylýar. Olar ýyllyk (tematik) we gündelik sapak meýilnamalarydyr.

**Temalaýyn (ýyllyk) meýilnamalary-** okuw maksatnamasynda bellenilen bölümleri, temalary öwretmegiň oňaýly usullaryny kesgitlemäge, sapaklaryň anyk, yzygiderli ulgamyny, her bir sapagyň bilim berijilik, terbiýeçilik we ösdürijilik maksatlaryny, ýörelgelerini işläp düzmäge we amala aşyrmaga niýetlenilýär.

Talabalaýyk temalaýyn meýilnamalary düzmek üçin mugallymyň hünär taýýarlygy, tejribesi ýokary derejede bolmalydyr. Bu işiň şeýle çylşyrymlydygyny we jogapkärçiliklidigini, şeýle hem köpsanly geografiýa mugallymlarynyň haýyşlaryny göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Milli Bilim instituty tarapyndan mysaly tematik meýilnamalar düzülip, metbugat üsti bilen ýaýradylýar.

Mysaly mowzuklaýyn meýilnamalary her bir mugallym ýerli şertlere we mümkinçiliklerine laýyklykda üýgetmäge haklydyr. Aýry-aýry temalara berilýän wagtlary özüçe kesgitlemäge, tejribe işleriň orunlaryny çalyşmaga, okuw işiniň mazmunyny, ulanylýan usullary saýlap almaga we başgalara hukugy bardyr. Emma bu işler örän oýlanyşykly, döwlet maksatnamasynyň maksadyna we mazmunyna doly gabat gelýän bolmalydyr.

Döwletimiziň iň tejribeli geografiýa mugallymlarynyň, usulyýetçi alymlaryň teklipleri esasynda geografiýadan tematik iş meýilnamalar şu aşakdaky ýaly tertipde düzülse maksadalaýyk bolar:

| Tertip belgisi | Sapakda öwrenilmeli temalaryň atlary | Wagty | Tema boýunça okuwçylara öwredilmeli esasy geografik düşünjeler | Sapakda ýerine ýetirilmeli tejribe işleri | Sapagyň dersara baglanyşygy | Sapagyň okuw-görkezme esbaplary | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | | |
| 2 | | | | | | | |
| 3 | | | | | | | |
| 4 | | | | | | | |
| 5 | | | | | | | |

Bu hödürnama hem mysaly bolup, geografiýa mugallymy onuň düzümini üýtgetmäge, käbir işleri goşmaga ýa-da aýyrmaga haklydyr.

Tematik meýilnamalar mugallymyň tejribesiniň artmagy bilen ýylyň- ýylyna düzedilýär, baýlaşdyrylýar. Sebäbi mugallym özüniň ýyl dowamyndaky okuw işinde ony derňeýär we has kämilleşdirýär. Umuman geografiýany okatmakda temalaýyn meýilnamalaryň döwlet maksatnamasynyň ähli talaplaryna laýyk düzülmegi mugallymyň okuw işiniň kämilleşmegiňe, okuwçylaryň döwrebap bilim almagyna örän uly ýardam edýär.

**Gündelik sapak meýilnamalary**– mugallymyň her bir sapaga taýýarlygynyň aýrylmaz bölegidir. Gündelik sapaklary meýilnamalaşdyrmak iki işden ybaratdyr:

1. Sapagyň maksadyny, böleklerini, yzygiderli düzümini, mugallymyň we okuwçylaryň ýerine ýetirmeli işlerini we hereketlerini pikirlenmek we kesgitlemek.

2. Sapagyň meýilnamasyny ol ýa-da beýleki görnüşde depdere ýazmak we mekdebiň okuw işleri boýunça jogapkär ýolbaşçysyna barlatmak.

Sapak meýilnamalary esasynda yzygider işleýän mugallym her bir sapagynda geçirýän işlerini örän takyk gurap bilýär, wagtdan ýerlikli we tygşytly peýdalanýar, sapagyň her bir pursadyny pikirlenip gurap bilýär. Diýmek sapak meýilnamalary mugallymyň hünär ussatlygynyň ösmegine we kämilleşmegine ýardam edýär.

Sapak meýilnamasy – mugallymyň döredijilikli gözleginiň başlangyjydyr, sapagyň netijeliliginiň serişdesidir we okamakda iň oňaýly usullary gözlemekde, synap görmekde hem-de öz tehribesine ornaşdyrmakda mugallymyň pikirleriniň, oýlanmalarynyň durmuşa geçirilmegidir. Maksady, wezipeleri, örän oýlanyşykly meýilnamasy kesgitlenilmedik sapak netijeli bolup bilmeýär. Tötänleýin, takyk meýilnamasyz sapaklar okuwçylaryň bilimleriniň we başarnyklarynyň pes bolmagynyň, mugallymyň okuw işleriniň netijesiniň maksada laýyk bolmazlygynyň esasy sebäbidir. Sapagyň maksady onuň görnüşini we okatmakda ulanylýan usullaryny kesgitlemekde aýgytlaýjy rol oýnaýar. Sebäbi sapakda mugallymyň we okuwçylaryň her bir hereketi, işi belli bir maksada gönükdirilendir.

Sapak meýilnamasynyň ýazgysy onuň görnüşine bagly dürli bolup biler. Meýilnama näçe takyk, yzygider we arassa ýazylsa ony peýdalanmak hem şonça aňsat bolýar.

## § 21. Geografiýa boýunça okuwçylaryň bilimlerini barlamak we baha bermek.

Mugallym geografiýa sapaklarynda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlap, olary bahalandyrýar we okuwçylaryň sapaklar boýunça ýetişiginiň hasabatyny yzygider alyp barýar. Okuwçylara geografiýa sapaklarynda alan bahalarynyň netijesi boýunça çärýeklik baha, çärýeklik bahalaryna görä ýarym ýyllyk we ýyllyk bahalar goýulýar.

**Geografiýa sapaklarynda okuwçylaryň bilimlerini we başanyklaryny barlamagyň usullary.** Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlamak mekdepde geografiýany okatmagyň aýrylmaz we möhüm bölegi hasaplanýar. Sebäbi bu işiň üsti bilen mugallym okuwçylaryň okuw işleriniň netijesini öwrenýär we olaryň bilimlerine diňe bir baha bermek bilen çäklenmän, eýsem olaryň düşünjeleriniň, höwesleriniň, gyzyklanmalarynyň artmagyny hem gazanýar. Okuwçylaryň bilimleri we başarnyklary barlananda şu aşakdaky pedogogik düzgünler we talaplar berjaý edilmelidir:

1. Bilimleri we başarnyklary barlamak geografiýany okatmagyň maksatnamasynyň mazmuny esasynda guralmalydyr.
2. Okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän ýeke-täk talaplar boýunça bilimleri barlamak we gaýtalamak okuw ýylynyň bütin dowamynda yzygider alynyp barylmagydyr.
3. Okuwçylaryň geografik kartalara düşünişini, olary okap bilişini we kartada dürli ölçegleri geçirip bilişlerini barlamaga aýratyn üns berilmelidir.
4. Okuwçylaryň şahsy mümkinçilikleri, jogap berip bilmediginiň sebäpleri göz öňünde tutulmalydyr.
5. Okuwçylara goýulýan bahalar sebäpsiz ýokarlandyrylmaly ýa-da aşaklandyrylmaly däldir.

6. Okuwçylaryň tertipsizligi ýa-da başga düzgün bozmalary üçin olara kanagatlanarsyz baha goýmak gadagandyr.
7. Okuwçylaryň öz bilimlerini durmuş, Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty bilen baglanyşdyryp bilişleri höweslendirilmelidir we başgalar.

Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny barlamagyň usullary, görnüşleri köp bolup, olar esasan sapagyň dowamynda, onuň dürli böleklerinde ulanylýar. Soňky ýyllarda esasan ýokary synplarda ýörüte bilimleri we başarnyklary barlamak sapaklary hem geografiýany okatmakda giňden ulanylyp başlandy.

Geografiýadan okuwçylardan bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlamakda şu aşakdaky usullar has netijeli hasaplanylýar:

**Dilden soramak**. Bu usuly islendik görnüşli sapakda ulanylyp, okuwçynyň bilimlerini has giň we köp taraplaýyn öwrenmäge mümkinçilik berýär. Okuwçynyň sözleýiş dilini, medeniýetini ösdürmekde hem uly ähmiýeti bar. Dilden soramaklyk hem öz gezeginde iki topara bölünýär: ýekeleýin (indiwidual) we köpçülikleýin (frontal) soramak**.**

**Ýekeleýin soramagyň** esasy aýratynlygy okuwçylaryň öz pikirlerini dilden beýan etmek ukyplaryny ösdürmegi göz öňünde tutýanlygyndan ybarat bolup durýar. Bu usul sapagyň başynda ýola goýlup, munda mugallym bir okuwçyny synp tagtasynyň ýanyna çagyrýar. Okuwçy öňki sapakda geçilen temada öwrenenlerini yzygiderlilikde aýdyp berýär. Mugallym we okuwçylar onuň gürrüňini diňleýärler, nädogry aýdan ýerlerini belläp alyp, ony soňra düzedýärler. Şeýle soramak arkaly mugallym bir sapakda 3-4 okuwçynyň bilimlerini barlap bilýär we bütin sapagyň 10-15 minudyny sarp edýär. Ýazuw üsti bilen berlen soraglara

jogap almak gysga wagtda has köp okuwçynyň bilimini barlamaga ýardam edýär.

Okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň **köpçülikleýin soramagyň** esasy aýratynlygy okuwçylary okuw işine işjeň çekmekden ybaratdyr. Bu usul arkaly az wagtda köp okuwçydan sorap we olaryň bilimlerini barlap bolýar. Bu usuly öz gezeginde birnäçe toparlara bölmek mümkin. Meselem:

**Barlagnama (testirlemek) arkaly soramak-** uly temalar, bölümler boýunça jemleýji sapaklarda ulanylyp, ähli okuwçylaryň bilimlerini has giňişleýin barlamaga mümkinçilik berýär.

**Sudur (kontur) kartalar boýunça bilimleri barlamak-** diňe bir okuwçylaryň bilimlerini barlamaga mümkinçilik bermän, eýsem okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnyklarynyň ösmegine, olaryň kartografik bilimleriniň has artmagyna ýardam edýär.

**Ýazuw barlag işleri boýunça okuwçylaryň bilimlerini barlamak-** sapagyň dowamynda (15-20-minut), esasan hem uly bölümler baradaky okuwçylaryň esasy bilimleri barlamak maksady bilen geçirilýär.

**Amaly-tejribe işleri arkaly bilimleri barlamak-** okuwçylara başarnyklary öwretmek, geçilenleri gaýtalamak we berktmek maksatlary bilen bilelikde ýerine ýetirilýär. Bu işler gysga wagtlyk (sapagyň dowamynda ) we tutuş bir sapakda guralyp, okuwçylaryň ählisiniň bilimlerini barlamaga mümkinçilik berýär.

**Karta we kartografik görkezijiler boýunça barlag-** dürli hadysalaryň, desgalaryň şekillendirilişi, olara gysga häsiýetnama berip bilmek boýunça başarnyklaryny barlamakda has netijeli usullar hasaplanylýar. Dürli geografik, kartografik meseleleri çözmek usuly ýekeleýin we toparlaýyn, synp tagtasynda ýa-da okuwçynyň oturan ýerinde onuň bilimlerini

barlamaga mümkinçilik berýär. Bu usul dilden soraglara jogap almaklyk bilen bilelikde guralsa has maksadalaýyk bolýar.

Bu usullar dürli sapaklarda mugallym tarapyndan saýlanyp alynyp ulanylýar. Sebäbi her bir usul belli bir okuw-terbiýeçilik wezipelerini kesgitlemäge we çözmäge niýetlenilýär. Şonuň üçin olary dogry saýlap bilmek we utgaşdyrmak mugallymdan ýokary hünär ussatlygyny talap edýär.

**Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny bahalandyrmagyň ýeke-täk ölçegleri.** Geografiýa sapaklarynda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlap mugallym olary bahalandyrýar we ýetişigiň hasabatyny yzygider alyp barýar. Okuwçylara geografiýa sapaklarynda alan bahalarynyň netijesinde çärýeklik, çärýeklik bahalaryna görä ýarym ýyllyk we ýyllyk bahalar goýulýar.

Gündelik geçilýän sapaklarda we öwrenilýän geografiýa dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna **baha bermegiň ýeke-täk ölçegleri** Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenýär we aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

Eger-de okuwçy maksatnama boýunça öwrenilenleri kemsiz bilse, beýan edilýän maglumatlary dogry teswirlese, şolaryň esasynda özbaşdak umumylaşdyrmagy we netije çykarmagy başarsa, sapakda öwrenilenleri takyk mysallar bilen subut etse, goşmaça soraglara ynamly we yzygiderli jogap berse, erkin gürlemegi we özbaşdak pikirlenmegi başarsa, geografik adalgalara we düşünjelere takyk, dogry kesgitleme berse, olara dogry düşünýändigini subut etse, geografik kartalaryň dürli görnüşlerini okamagy başarsa, kadalaryň esasynda öwrenilýän geografik zatlara häsiýetnama bermegi başarsa, globusdan başarnykly peýdalanyp bilse, çyzyklary we diagrammalary düzmegi we okamagy başarsa, hasabat jedwelleri we san maglumatlaryny düşündirmegi başarsa, öwrenilýän geografik zatlary sudur karta bir kemsiz geçirmegi ussatlyk bilen başarsa,

tebigata daşyndan syn etmegi we enjamlaryň, gurallaryň kömegi bilen gözegçilik geçirmegi başarsa, geografiýa degişli enjamlardan, kosmiki suratlardan, okatmagyň tehniki serişdelerinden peýdalanyp bilse, **“5-lik” baha goýulýär.**

Eger-de okuwçy geografik adalgalary we düşünjeleri beýan edende nazaryýet maglumatlarynda käbir nätakyklyklara ýol berse we olar mugallymyň goşmaça ugrukdyryjy soraglary bilen düzedilse, okuw kitapdaky maglumatlary beýan edip, onuň çuňňur many- mazmunyny mugallymyň kömegi bilen düşündirip bilse, geografik obýektleri kartadan görkezende ujypsyz ýalňyşlyklara ýol berse we olary mugallymyň kömegi bilen düzetmegi başarsa, tejribe işleri ýerine ýetirende ylmy enjamlardan, okatmagyň tehniki serişdelerinden peýdalanmakda jedwelleri, çyzgylary, diagrammalary düzmekde, tebigata gözegçilik etmekde käbir nätakyklara ýol berse we olary mugallymyň kömegi bilen düzetmegi başarsa, **“4-lik” baha goýulýar.**

Eger-de okuwçy okuw maksatnamasy boýunça berlenleriň esasyny bilýän bolsa we düşünse, takyk maglumatlary dogry teswirlese, geografik düşünjeleri we adalgalary düşündirip bilse, ýöne okuwçy jogabynda: adalgalary, maglumatlary, düşünjeleri beýan edende 2-3sany ýaşňyşyk goýberse, esasan, mugallymyň ugrukdyryjy soraglary boýunça jogap berse, geografiýadan düşünjesiniň ýeterlik derejede däldigini görkezse, kartadan öwrenilýän geografik zatlary görkezmegi başarsa, şertli bellikleriň manysyna düşünse, emma öwrenilýan zatlara karta boýunça häsiýetnama bermekde kynçylyk çekse, diagrammalary düzmegi we çözmegi, öwrenilýän zatlary sudur karta geçirmegi başarsa, emma şol bir wagtda ýalňyşlyklara we harsallyga ýol berse, mugallymyň kömegi bolmasa, gözegçilik geçirilende ylmy abzallardan peýdalanmangy başarmasa **“3-lik” baha goýulýar.**

Eger-de okuwçy okuw maksatnamasy boýunça berilýän soraglara düşünmese we onuň esasy bölegine jogap berip

bilmese, öz jogaplarynda aşakdaky ýaly gödek ýalňyşlyklar goýberse:

- goýberen ýalňyşlyklaryny mugallymyň goşmaça ugrukdyryjy soraglary bilen hem düzedip bilmese,
- kartadan zerur geografik zatlary görkezip bilmese, kartanyň şertli belgileriniň manysyna düşünmese, karta boýunça geografiýa degişli zatlary häsiýetlendirip bilmese,
- çyzgylary, diagrammalary düzüp bilmese, jedwelleri düşündirmegi başarmasa, öwrenilýän zatlary sudur karta geçirende gödek ýalňyşlyklara, nätakyklyklara ýol berse we işi harsal ýerine ýetirse,
- ylmy abzallardan, öwrenmegiň tehniki serişdelerinden mugallymyň kömegi bilen hem peýdalanmany başarmasa **"2-ilk" baha goýulýar.**
- Okuwçy geografiýa dersleriniň okuw maksatnamasy boýunça ähli berlen soraglara jogap berip bilmese, ýagny okuw maksatnamasynyň maglumatlaryna degişli düşünjesi bolmadyk ýagdaýynda, tabşyrylan ýumuşlaryň hiç birini hem ýerine ýetirmegi başarmasa, onda ol okuwça **1-lik** baha goýulýar.

Geografiýa dersinden okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň we bahalandyrmagyň 5 bally baha ulgamynda baha goýmakda okuwçynyň bilimini kesgitleýän görkeziji dilden soramakdaky goýlan bahalar, ýazuw işlerine we karta boýunça barlanylanlara goýlan bahalardyr. Öňki barlaglardan soňky geçirilen barlaglardaky, dilden soramakdaky, ýazuw işleri we karta boýunça barlaglaryň netijesine soňky goýlan bahalar, öňki goýlan bahalardaky goýberen ýalňyşlyklaryny düzetmek bilen alan bahalary, öňki bahalaryna görä ýokary bolsa we ol bahalaryň çärýegiň ahyrynda agdyklaýyn ähmiýeti bardyr. Okuwçynyň her çärýegiň ahyryndaky jemleýji bahasy jemlenende mugallym okuwçynyň soňky alan bahalaryndaky ösüşini göz öňünde tutmalydyr. 1-nji we 2-nji çärýekde gowşak

ýetişýän okuwçylar 3-nji we 4-nji çärýekde oňat ýetişik gazansa, ýyllyk baha jemlenende, 3-nji we 4-nji çärýekleriň artykmaçlyklary bardyr. Şonuň üçin mugallym okuwça ýyllyk bahany goýanda soňky artykmaçlyklary göz öňünde tutup baha goýmalydyr.

## § 22. Pedagogiki tejribeleriň geçirilişi

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 1.09.2008-nji ýyldaky "Bilim we talyp ýaşlar güni mynasybetli Türkmenistanyň mekdep okuwçylaryna, talyp ýaşlaryna, mugallymlaryna we ähli bilim işgärlerine gutlagynda" belleýşi ýaly "...okamak, öwrenmek, ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmek, üçünji müňýyllykda türkmen halkynyň adyny arşa galdyrmak siziň ýürekleriňize düwen päk arzuw-hyýallaryňyz, asylly maksadyňyz bolmalydyr" diýen sözleri geografiýa dersleri boýunça hünärini ele alýan talyplaryň öňünde jogapkärli wezipäni öňde goýýar.(*Gurbanguly Berdimuhamedow "Ösüşiň täze belentliklerine tarap". Saýlanan eserler, 2-nji tom,Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy,2009. 236-njy sahypa)*.

Ýurdymyzyň ýörite orta hünär berýän Mugallymçylyk mekdeplerinde alnyp barylýan umumy okuw terbiýeçilik işleriniň bir bölegi bolup durýan pedagogiki tejribelik Hormatly Prezidentimiziň Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynyň talaplaryna laýyk gelýän hünärli mugallymlary taýýarlamakda öňde goýýan wezipelerini ýerine ýetirmäge gönüden-göni baglydyr.

Okuw meýilnamasyna laýyklykda ýörite orta hünär berýän mugallymçylyk mekdeplerinde okuwyň 2-nji ýylynda talyplar bilen pedagogiki tejribelik geçirilýär. Talyplar pedagogiki tejribeligi geçmek üçin mekdeplere baranlarynda ilki bilen okatmagyň usulyýeti dersleriniň her birinden

görkezme sapaklaryna gatnaşdyrylýar. Görkezme sapaklaryny bolsa mekdebiň tejribeli mugallymlary geçirip görkezýärler. Görkezme sapaklaryna we ondan soňky tejribelik döwründe talyplar bir-birleriniň geçýän sapaklaryna gatnaşdyrylanda, talyplaryň özlerine öwretmek maksady bilen her bir sapagyň gurluşyna (strukturasyna) görä, sapagyň alnyp barylyşyna, sapagyň etaplaryna we elementlerine aýry-aýrylykda üns berip, doly ýazgy bermekleri talap edilýär.

4-nji synpyň Tebigaty öwrenişi we 5-nji synpyň Fiziki geografiýa derslerinden sapaga gatnaşyp, ony öwrenmek we seljermek üçin talyp-tejribeçilere ugur alyş iş meýilnamasy hökmünde tabşyrýan ýörelgelerimizi garyşyk sapak tipine (görnüşine) degişli hödürlemegi maksat edindik.

Talyp-tejribeçiler gatnaşýan sapaklarynyň alnyp barlyşyna seljerme ýazýan wagtlarynda şu aşakdaky görkezilenlerden ugur almaklaryny tabşyrýaryn.

**I Sapagyň guramaçylygynda:**

1. Okuw otagynyň sapaga taýýarlygy.
2. Okuwçylary tertibe salmak.
3. Okuwa gerekli esbaplaryň we serişdeleriň sapaga taýýarlanyp goýluşy.
4. Okuwçylaryň sapaga gatnaşygy.

**II Öýe berlen işleri barlamak döwründe:**

1. Okuwçylaryň ünsüni sapaga jemläp bilşi.
2. Öýe berlen işiň temasyny, berlen ýumuşlary barlamaga girişmegi.(berlen temanyň adyny özi aýdyp berýärmi ýa-da okuwçylara aýtdyrýar.)
3. Soragnamalar, testler bilen ýa-da başga islendik görnüşdäki barlaglary guraýşy.
4. Berilýän soraglaryň takyklygy, düşnükliligi. Soraglaryň giňligi, ýüzleýligi.
5. Okuwçy soraglara jogap berýän wagtynda, säginende mugallym tarapyndan ugrukdyrylyşy.

6. Talyp-tejribeçiniň synp okuwçylaryny ünsde saklap bilmekligi.
7. Goýulýan soraglary ýekelikde ýa-da köpçülikleýin bermek bilen onuň jogaplarynyň alnyşy.
8. Okuwçylary işjeň saklamaklyk üçin çalyşmaklygy.
9. Okuwçylaryň beren jogaplarynyň dolulygy we dogrulygy. Ýetmeýän böleginiň üstüniň ýetirilişi.
10. Okuwçylaryň berýän jogaplarynyň gündelik durmuş bilen, Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işleri bilen baglylygy.
11. Geçen sapakda ulanylan görkezme esbaplary we serişdeleri okuwçylaryň ulanyp bilmekligi.
12. Öýe işi berlen temanyň jemlenilişi.
    a) okuwçylar jemleýärmi?
    b) mugallymyň özi jemläp berýärmi?
13. Talyp-tejribeçiniň okuwçylaryň berýän jogaplary boýunça olary bahalandyryşy.

**III Täze temany düşündirmek döwründe:**

1. Okuwçylaryň ünsüni jemlemek üçin edýän aladalary.
2. Täze temanyň giriş düşündirilişi.
3. Tema düşündirilende ulanylýan okatmaklyga degişli usullar. Okatmaklykdaky ulanylýan tärler, ýollar, ugurlar.
4. Sapagy düşündirýän wagtynda okuwçylary işjeň gatnaşdyrmak üçin çalyşmagy.
5. Talyp-tejribeçiniň düşündirişiniň täsirliligi, okuwça ýetirip bilişi. Sözleýiş diksiýasy.
6. Talyp-tejribeçiniň okuw maglumatlaryny biliş derejesi.
7. Temadaky okuw maglumatlarynyň Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işleri bilen baglanyşdyryşy.

8. Sapagy ýurdumyzyň gündelik durmuşy we ösüşi bilen baglanyşdyryp alyp barmaklygy.
9. Tebigaty öwrenişe we fiziki geografiýa degişli mahsus adalgalary ulanyp bilşi.
10. Talyp tejribeçiniň okuw görkezme esbaplaryny, okuw serişdelerini ulanyşy.
11. Ulanýan görkezme esbaplarynyň, serişdeleriniň okuwçylara täsirliligi.
12. Synp tagtasyny sapakda ulanmaklygy.
13. Synp tagtasyndaky ýazgylarynyň dogrulygy, owadanlygy. Görkezilýän çyzgylaryň, shemalaryň maksada laýyklygy.
14. Geçilen täze temany jemläp bermegi.
15. Okuwçylaryň beren soraglaryna berilýän jogaplar.

**IV Berkitmek döwründe:**

1. Talyp-tejribeçiniň täze temany berkitmeklige degişli taýýarlan soraglarynyň täsirliligi.
2. Berkitmeklige degişli oýunlaryň, tapmaçalaryň ulanylyşy.
3. Okuwçylar köpçüliginiň täze temany berkitmäge gatnaşdyrylyşy.
4. Okuwçylaryň sapakdaky peýdalanylan görkezme esbaplary we okuw serişdelerini ulanyp bilmekleri.
5. Berkitmek döwründäki ulanylan tärler we usullar.
6. Berkitmekdäki berýän soraglarynyň ýekeleýin ýa-da köpçülikleýin berilmegi we olardan jogaplaryň alnyşy.
7. Berkitmekde ýurdumyzyň gündelik durmuşy we ösüşi bilen baglanyşdyrylmagy.
8. Okuwçylaryň berýän jogaplarynyň Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işleri bilen baglanyşdyrylyşy.
9. Talyp-tejribeçiniň okuwçylaryň jogaplaryny ugrukdyryşy.

10. Okuwçynyň jogabyndaky ýalňyşlygy ýerinde düzedip bilmegi.

**V Öýe iş tabşyrmak döwründe:**

1. Talyp-tejribeçiniň okuwçylara öýe işi doly tabşyrmagy.
2. Temanyň adyny, sahypasyny, ýumuşlaryny synp tagtasyna ýazyp bermekligi.
3. Talyp-tejribeçi tarapyndan okuwçylara nähili ýumuşlar tabşyryldy?
4. Tabşyrylan öýe işleriň, ýumuşlaryň okuwçylaryň gündeliklerine, iş depderlerine ýazdyrylmagy.

**VI Jemlemek döwründe:**

1. Talyp-tejribeçi sapagyň öňünde goýan wezipesi bilen bagly jemleýji pikirini beýan edip bilýärmi.
2. Sapaga işjeň gatnaşan okuwçylaryň tapawutlandyrylyşy.
3. Talyp-tejribeçi tarapyndan okuwçylaryň umumy sapagyň jemi boýunça bahalandyrylyşy.

Talyplara gatnaşýan sapaklarynyň her bir döwrüne degişli talyp-tejribeçiniň sarp eden wagt dowamlylygyny yzygider ýazyp barmaklyk tabşyrylýar. Talyplar tejribelik döwründe garyşyk sapak tipinden (görnüşinden) beýleki sapak görnüşlerine-de gatnaşyp, seljerme ýazanlarynda hem şu hödürlän ugrukdyryjy ýörelgelerimizden peýdalanyp bilýärler. Mekdeplerde geçirilýän pedagogiki tejribelik talaba laýyk guralýan wagtynda talyplar hünär ugurlary boýunça nazaryýetde alan bilimlerini amaly ulanmaklyga mümkinçilik alýarlar hem-de, talyplaryň mugallymçylyk hünärine bolan taýýarlyklary has-da artýar we kämilleşýär.

**Geografiýa mugallymynyň hünär ussatlygyna baha bermekde okuwçylaryň bilim derejesi esasy görkezijidir.** Mekdepde geografiýa mugallymynyň alyp

barýan ähli okuw-terbiýeçilik işlerine baha bermekde onuň hünär häsiýetnamasyna bildirilýän talaplardan ugur alynýar.

Mugallymyň ähli geçýän sapaklarynyň, ulanýan okatmak usullarynyň, geçirýän okuwdan daşary çäreleriniň baş maksady okuwçylara geografik bilimleri we başarnyklary öwretmekden, öwrenen bilimleriniň uzak wagt ýatda galmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Şonuň üçin mugallymyň işine baha berilende esasy görkeziji onuň okadýan okuwçylarynyň alan bilimleriniň, başarnyklarynyň hili we derejesi hasaplanylýar.

Eger mugallymyň okadýan okuwçylary ders boýunça geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasyndaky olaryň bilimlerine we başarnyklaryna bildirýän esasy talaplara laýyk gelýän soraglary, ýumuşlary özleşdirip bilseler, onuň geçirýän okuw-terbiýeçilik işleriniň maksadalaýykdygyny, gowydygyny görkezýär. Şeýle netijäni gazanmak üçin geografiýany okatmakda şu aşakdaky işleriň yzygider we talaba laýyk guralmagy zerur:

1. Geçirilýän sapaklarda tema boýunça iň esasy düşünjeleri, kanunalaýyklyklary, adalgalary, ýer-ýurt atlaryny we olaryň kartada ýerleşisini öwretmäge aýratyn üns bermeli we olaryň ähli okuwçylar tarapyndan özleşdirilmegini gazanmaly.
2. Sapaklarda okatmaklygyň dürli usullaryny ulanmaklyga, olary utgaşdyrmaklyga, ol ýa-da beýleki temany öwretmekde has netijeli we oňaýly usuly saýlap almaga aýratyn üns bermeli.
3. Her bir sapakda okuwçylaryň ählisiniň täze bilimleri öwrenmäge, geçilenleri gaýtalamaga işeňňir gatnaşmagyna, olaryň ähli okuw bereketlerini bahalandyrmaga çynlakaý çemeleşmeli.
4. Okuw kitabyndan, geografik kartalardan özbaşdak peýdalanyp bilmek başarnyklaryny yzygider ösdürmeklige, okuwçylaryň dürli okuw serişdelerine

gyzyklanmalarynyň kemala gelmegini gazanmaklyga aýratyn üns bermeli.

Umuman her bir mugallym özüniň mekdepde ýerine ýetirýän işleriniň netijesiniň esasan okuwçylaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň derejesi, olaryň döwrebap terbiýeliligi bilen kesgitlenilýändigini ýatda saklamalydyr.

## § 23. Geografiýany okatmagyň serişdeleri

**Geografiýany okatmagyň serişdeleri barada umumy maglumatlar.**

Mekdepde geografiýany okatmagyň okuw maksatnamasynda bellenilen bilimleri, başarnyklary okuwçylara öwretmekde köp sanly çeşmeler peýdalanylýar. Peýdalanylýan bu bilim çeşmeleriniň geografiýany okatmagyň okuw işinde ulanylmagy, olary okuw serişdesi hökmünde öwrenmäge alyp gelýär, ýagny olar okatmagyň serişdelerine öwrülýärler. Bu serişdeleriň birnäçesi okuwçylaryň okuw işlerine işjeň gatnaşmaklaryna, okuwçylaryň öwrenýän maglumatlaryny tiz kabul etmeklerine, olarda dürli başarnyklaryň we endikleriň kemala gelmegine mümkinçilik berýär. Okatmagyň bu serişdelerine okuw enjamlary, abzallary hem diýilýär. Olara kompas, kurwimetr, pantograf we başgalar degişlidir.

Geografiýany okatmagyň serişdeleri okuw işleriniň dürli görnüşlerinde ulanylyşyna, gurluş häsiýetlerine bagly, esasan: a) okuw görkezme esbaplaryndan we b) gözegçilik usulynda ýa-da okuwçylaryň beýleki özbaşdak işleri ýerine ýetirende olaryň okuw işiniň tizleşmegine okuwçylarda başarnyklaryň hem-de endikleriň kemala gelmegine ýardam berýän esbaplardan, enjamlardan, gurallardan ybaratdyr.

Geografiýanyň mazmuny, esasan, hakyky obýekti, tebigatyň ýa-da önümçiligiň zatlaryny, hadysalaryny we

wakalaryny öwretmekden, giňişlik-çäk, ýer bölünişikleriniň ulgamlaryny hemmetaraplaýyn beýan etmekden, düşündirmekden ybarat bolanlygy üçin, okatmakda ulanylýan görkezme esbaplar, serişdeler 3 – topara bölünýär:

1. Obýektiň, tebigatyň ýa-da önümçiligiň zatlary **ýa-da onuň bölekleýin hakyky özi** (*natural obýektler*). Olaryň sapakda ulanylýanlary (*dag jynslaryň, gazylma baýlyklaryň kolleksiýalary, ösümlikleriň gerbarileri we başgalar*) we okuw gezelençlerinde öwrenilýänleri (*ösümlikler, haýwanlar, toprak, senagat we oba-hojalyk kärhanalary, olaryň önümleri we başgalar*) diýen görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**2. Geografik hadysalaryň we obýektiň şekillendirilen görnüşleri**. Olara dürli ýer üstüniň maketleri, modelleri (*kiçeldilen şekilleri*), asylyp goýulýan suratlar, fotosuratlar, portretler, ekranda görkezilýän diapozitiwler, diafilmler, kinofilmler, wideofilmler we başgalar degişlidir.

**3. Hadysalaryň we obýektiň dürli şertli belgiler, ýazgylar, çyzgylar arkaly şekillendirilen görnüşleri.** Olara okuw kitaplary, sprawoçnikler, ensiklopediýalar, ýörüte çap edilen depderler, ýazgyly jedweller, dürli geografik kartalar, sudur kartalary, atlaslar, kartoshemalar, diagrammalar, grafikler we başgalar degişlidir.

Okatmak serişdeleriniň bu üç toparynyň her biri sapakda özboluşly okuw işini guramakda bilim bermegiň dürli usullaryny ulanmakda peýdalanylyp, olardan iň ähmiýetlileri natural görkezme esbaplar, okuw kitaplary we dürli geografik kartalar hasaplanylýar.

Garaşsyzlyk ýyllaryndaTürkmenistanyň mekdeplerini kämil we ýokary hilli okuw esbaplary we serişdeleri bilen üpjin etmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Okuw görkezme esbaplarynyň we serişdeleriniň köp sanly görnüşlerini mugallymyň özi özbaşdak ýa-da okuwçylaryň kömegi bilen taýýarlap bilýär. Bu mugallymyň hünär ussatlygyna baglydyr.

**Geografiýany okatmakda tebigy (*natural*) görkezme esbaplaryň we suratlaryň ähmiýeti.**

Mekdepde geografiýany okatmak dürli gözegçilikler netijesinde alnyp barlyp, okuwçylaryň tebigata, tebigy hadysalara we adamyň hojalyk işine akyl ýetirmekligine esaslanýar. Okuwçylar şeýle gözegçilikleri özbaşdak, 4-nji synpda tebigaty öwreniş we 5-nji synpda Fiziki geografiýa derslerini öwrenenlerinde alyp barýarlar. Bu gözegçilikler geografiýa dersleri okadylanda sapaklarda, sapakdan daşary işlerde we okuw gezelençlerinde gös-göni mugallymyň ýolbaşçylygynda alnyp barylsa netijeli bolýar.

Geografiýany okatmakda tebigatdaky hadysalara, wakalara we obýektlere gözegçilik ülkäni öwreniş häsiýetde bolup, bilimleri giň we çuňňur öwrenmeklige mümkinçilik berýär. Gözegçilik – çylşyrymly iş bolup, ol mugallymyň dilden beýan etmesi, kartalar bilen işlemek, dürli çyzgylary, ýazgylary taýýarlamak ýaly okatmak usullaryny özünde jemleýär.

Hadysalara we obýektlere, olaryň ýerleşen tebigy gurşawynda gözegçilik etmek ýörite başarnyklary – dürli suratlara seredip, dürli maglumatlaryň we hasabatlaryň üstünde işläp, netije çykaryp bilmekligi talap edýär.

Geografiýany okatmakda tebigy görkezme esbaplaryň köp görnüşi (*minerallaryň, daş jynslarynyň, gazylma baýlyklaryň kolleksiýalary, toprak nusgalary, gerbariler, senagat, oba hojalyk önümleri, haýwanlaryň görnüşleri we başgalar*) synp otagynda geçirilýän sapaklarda we synpdan daşary işlerde ulanylýar.

Umuman, geografiki tebigy görkezijileriň, tebigy hadysalaryň, obýektleriň we görkezme esbaplaryň okuwçylara bilim bermekdäki orny uly bolup, olaryň ähmiýeti, netijeliligi beýleki görkezme esbaplar bilen deňeşdirilende ýokarydyr. Şonuň üçin geografiýa sapaklarynda tebigy görkezme esbaplary

ulanmaga, okatmak işini gezelençler bilen utgaşdyrmaga aýratyn üns berilýär.

Geografiki hadysalaryň, obýektleriň şekillendirilen (*göwrümli*) görnüşleri ýa-da olaryň hakyky bolşuny görmäge, göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän görkezme esbaplar – okatmak serişdeleri örän köp görnüşli bolup, olar mugallymyň irginsiz zähmeti we döwlet bilim ulgamynyň üpjün etmegi bilen toplanýar. Olar diňe bir okuwçylara täze bilimleri öwretmekde peýdalanylman, eýsem olar dürli özbaşdak, amaly, tejribe geçirmek işleri guramakda ähmiýetlidir.

Geografiýany okatmakda tebigy görkezme esbaplardan we suratlardan geografiýa sapaklarynda köp ulanylýanlary maketler we modellerdir.

**Modeller** – hadysanyň ýa-da obýektiň hakyky bolşuna doly meňzeş, ony tutuşlygyna ýa-da bölekleýin belli bir masştabda ulaldylan ýa-da kiçeldilen şekilidir. Olar gurluşy boýunça sökülýän, sökülmeýän, ýapyk ýa-da keseligine kesilen, hereket edýän görnüşlerde bolýar. Geografiýany okatmakda has köp ulanylýan model globusdyr. (surat) Dürli modelleri elde ýasamak bilen mugallym geografiýa sapaklarynda ony ulanmaklygy ýola goýýar. Artezian suwlaryna degişli ýasalan model-görkezme esbap muňa mysal bolup biler. (*artezian guýusynyň suraty, dürli oba-hojalyk ýa-da senagat önümleri we başgalar*). Modeller geografik hadysanyň, desganyň diňe hakyky bolşuny, gurluşyny öwretmek bilen çäklenmän , eýsem olaryň sökülýän, hereket edýän görnüşleri okuwçylara bilimleri giňişleýin ele almaga mümkinçilikler berýär.

**Maketler** – geografik hadysanyň ýa-da obýektiň has ýönekeşleşdirilen modelidir. Olardan has ähmiýetlisi "Gury ýer üstüniň görnüşleri (*şekilleri, formalary*)" diýen maketler toplumy bolup, mekdepde 5-nji synpyň fiziki geografiýa dersi okadylanda giňden ulanylýar. Şeýle maketleriň (*mikro dag, mikroçöketlik, deryanyň deresi we başgalar*) geografiýa meýdançasynda döredilmegi, okuwçylaryň ýer üstüniň görnüşi-

relýefi baradaky bilimlerini çalt we çuňňur özleşdirmeklerine ýardam edýär. Sapakda ulanylýan maketler okuwçylara görkezilende, okuwçylaryň şol maketlere hemmetaraplaýyn seredip görmeklerine mümkinçilikler döredilmelidir. Öwredilýän obýekt, tebigy hadysalar barada okuwçylaryň has gowy düşünjesiniň bolmagy üçin görkezilýän maketleriň keseligine profilleriniň synp tagtasynda çyzylmagy örän ähmiýetlidir.

Mekdepde geografiýany okatmakda tebigatyň hadysalarynyň, obýektleriň we wakalaryň suratlary sapak düşündirilende giňden ulanylýan görkezme esbaplardyr. Olaryň okuw işindäki ähmiýeti şu aşakdaky didaktiki aýratynlyklardan ybaratdyr:

a) geografiýa sapaklarynda ulanylýan suratlar okuwçylaryň umumy ylmy dünýägaraýyşlaryny, akyl ýetirişini ösdürýär;

b) gowy taýýarlanylan (*çyzylan, döredilen*) geografiýa sapaklarynda ulanylýan suratlar tebigy hadysalar, wakalar we obýektler barada dogry, anyk görnüşi berip bilýär. Bu bolsa oňat taýýarlanan tebigy görkezme esbaplaryň, zatlaryň hakyky özüniň ýerini belli bir derejede tutup bilýänliginden ybaratdyr.

ç) geografiýa sapaklaryndaky ulanylýan suratlar geografiki hadysalaryň, obýektleriň umumylaşdyrylan, belli bir maksada gönükdirilen şekillerini görkezýän suratlar, çeper surat eserlerinden we fotosuratlardan tapawutlanýar. Sebäbi olarda hadysanyň, obýektiniň (*desganyň*) esasy bölekleri we aýratynlyklary şekillendirilýär.

Geografiýa sapaklarynda ulanylýan suratlaryň üsti bilen dürli obýektler, tebigy hadysalar, wakalar tutuşlygyna (*klimat, ýer üstüniň relýefi, ösümlik we haýwanat dünýäsi we başgalar*) ýa-da bölekleýin (*tekiz, baýyrly düzlükler, taýga (pürli), garyşyk, ýasy ýaprakly, tropik, selçeň tokaýlyklar we başgalar*) öwrenilende ähmiýeti uludyr. Sapaklarda ulanylýan gowy çyzylan, reňkli suratlara syn edip okuwçylar diňe bir bilimleri

ele almak bilen çäklenmän, eýsem olara gözellik (*estetik*) terbiýesi hem berilýär.

XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli suratlar geografiýa dersleriniň sapaklarynda (*geografik kartalary hasap etmände*) esasy görkezme esbaplar bolup hyzmat edýärdi. Soňky ýyllarda ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen geografiýany okatmakda audio we wideo enjamlaryň ulanylyşyna aýratyn üns berilýär. Olara diapozitiwler, diafilmler, okuw kinofilmler, telewideniýe boýunça berilýän şekiller, maglumatlar, kompýuterler şeýle-de internet ulgamy degişli bolup, olaryň ählisi hem geografiýany okatmakda şu günki günüň talaplaryny ödäp gelýär. Okuwçylara geografiýa dersinden bilim bermegiň esasylarynyň biri kompýuter tehnikalary bilen birlikde, sensor ekranly multimedia tagtasydyr. Sensor ekranly multimedia tagtasynyň geografiýa sapaklarynda giňden ulanylmaklygy häzirki zaman interaktiw usulda guralýan sapaklary alyp barmaga mümkinçilik berýär. Özüniň has netijeliligi bilen geljekde kompýuterler, sensor ekranly multimedia tagtasy we internet ulgamy diňe bir geografiýany däl, eýsem ähli dersleri okatmakda hem iň esasy okuw serişdeleri bolar.

Umuman, geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň we wakalaryň hakyky keşbini, guralyşyny görmäge we göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän okuw serişdeleri örän köp dürli bolup, olaryň abat saklanylmagy, netijeli ulanylmagy üçin ýörite geografiýa otagynyň bolmagy we geografiýa sapaklarynyň şol otaglarda okadylmagy zerurdyr. Sebäbi täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler döwrüniň talaplaryna laýyk abzallaşdyrylan geografiýa otagy mugallymyň we okuwçylaryň okuw işleriniň has netijeli bolmagyny, okatmak serişdeleriniň (*esasanda olaryň maket, model, geografik suratlaryň, audio we wideo enjamlaryň*) peýdalanmak mümkinçilikleriniň ýokary bolmagyny üpjün edýär.

## § 24. Kartalar, atlaslar, kartografiki materiallar, globus – okatmagyň serişdesidir.

**Karta geografiýanyň ikinji dilidir:** Geografiki kartalar ýokardaky temalardaky bellenilişi ýaly geografiýa derslerini okatmakda ulanylýan simwoliki görkezme esbaplara degişlidir. Geografiki kartalar mekdepde geografiýany okatmakda okuw kitaplaryndan soň iň esasy bilim çeşmesi hasaplanýar. Şonuň üçin oňa "**geografiýanyň ikinji dili**" hem diýýärler.

Geografiki kartalaryň diňe bilim bermekde däl, eýsem dürli ylmy, hojalyk meselelerini çözmekde hem ähmiýeti uludyr.

Mekdepde geografiýa derslerini okatmakda kartanyň ornuny başga hiç bir serişde tutup bilmeýär. Kartalar okuw işlerinde köp sanly bilim we terbiýe bermek wezipeleriniň berjaý edilmegini üpjün edýär. Olar dürli geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň we wakalaryň ýerleşýän ýerini kesgitlemäge, görkezmäge, olaryň özara baglanyşyklaryny, gatnaşyklaryny ýüze çykarmaga, her bir ýurduň, çägiň, materigiň we tutuşlygyna ýer şarynyň fiziki hem-de ykdysady geografiki aýratynlyklaryny kesgitlemäge, göz öňune getirmäge giň mümkinçilikler berýär.

Geografiýa ylmynyň gazananlary hem karta esaslanýar, has takygy geografiýa ylmynyň ösmegi kartagrafiki barlaglar usullarynyň giňden ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Geografiýa ylymlarynyň kartografik barlag usullarynyň has ýönekeý görnüşleri mekdepde geografiýa derslerini okatmakda hem peýdalanylýar.

Ýurdumyzyň hojalygynyň ähli pudaklarynda kartalaryň ulanylyşy we ähmiýeti barha artýar. Şonuň üçin dürli pudaklarda işleýän hünärmenlerde geografiki medeniýetiň, kartografik bilimleriň bolmagy zerurdyr. Türkmenistanyň mekdeplerinde umumy orta bilim alan ýaşlaryň geografiki we katografiki bilimleriniň, geografiki medeniýetiniň bolmaklygy

üçin ýurduň mekdeplerine geografiýa derslerini okatmagyň maksatnamasyna geografiki kartalara degişli matematiki esaslar, dürli kartalaryň mazmuny, ol kartalaryň düzülişi we ulanylyş aýratynlyklary barada aýry-aýry maglumatlar, temalar, girizilendir. Oňa mysal edip 5-nji synpyň "Fiziki geografiýa" okuw kitabyndaky:

a) Ýeriň plany näme?

b) planyň masştaby;

ç) aralyklaryň ölçenilişi;

d) Ýeriň plany boýunça ugurlaryň kesgitlenilişi;

e) otnositel we absolýut beýiklik. Ýeriň üstüniň gorizontallar arkaly şekillendirilişi;

ä) Ýer üstüniň suratynyň alnyşy;

f) Ýeriň şekili we möçberi. Globus;

g) geografiýa kartasy;

h) gradus tory;

i) geografiki giňlik, geografik uzaklyk we geografik koordinatlar;

j) Ýeriň planlarynyň we geografiki kartalaryň ähmiýeti diýen temalary görkezip bolar.

Aýry-aýry görnüşli geografiki kartalar täzelenip durulmagy talap edýän okuw serişdesidir. Kartalar ýer üstündäki dürli hadysalaryň özgerişleri, dürli geografik atlaryň üýtgemegi, ykdysady ösüşleriň bolmagy, täze özleşdirilýän ýerleriň atlandyrylmagy, kanallaryň gazylmagy ýaly tebigy we ykdysady ösüşler bilen baglydyr. Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllarynda şeýle özgerişler has köp boldy, täze türkmen elipbiýine geçildi. Bu ýagdaýlar göz öňünde tutulyp, mekdepde ulanylýan kartalary täzelemek işi başlandy. Şol sebäpli mekdeplerde kartalaryň zerur bolan käbir görnüşleriniň ýetmezçiligi ýüze çykdy. Öz kärini söýýän tejribeli mugallymlar aýry-aýry temalaýyn ýörite kartalaryň elýazma görnüşlerini taýýarlap, okuw işiniň netijeli bolmagy ugrunda aladalanyp, zähmet çekýärler.

**Okuwçylaryň kartografiki bilimlerini we başarnyklaryny ösdürmegiň wezipeleri:** Okuwçylara kartografik bilimleri we başarnyklary bermegiň maksady we wezipeleri mekdepde geografiýany okatmagyň umumy maksatlaryna esaslanýar. Karta geografiýany okatmakda esasy okuw serişdesi hasaplanyp, geografiki bilimleri we düşünjeleri okuwçylaryň tiz özleşdirmegine ýardam edýär.

Mekdepde geografiýany okatmagyň maksatnamasynyň talaplary esasynda okuwçylara kartografiki bilimleri we başarnyklary öwretmekde şu aşakdaky wezipeler öňde goýulýar:

a)okuwçylarda kartanyň ýer üstüniň modeli hökmünde onuň çäklerindäki geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň, wakalaryň giňişlikdäki we wagta görä aýratynlyklary baradaky bilimleri kemala getirmek we ösdürmek;

b) geografiki bilimleri çuňlaşdyrmak we giňeltmek maksady bilen okuwçylaryň kartadan zerur maglumatlary alyp bilmek başarnyklaryny kemala getirmek;

ç) kartalar bilen alnyp barylýan okuw işleriň üsti bilen okuwçylaryň akyl ýetirijiligini, göz öňüne getirmelerini, logiki pikirlenmek başarnyklaryny we ylmy dünýägaraýyşlaryny ösdürmek.

Mekdepde geografiýa dersleriniň mazmunyna bagly okuwçylaryň kartografiki bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän talaplar:

**Okuwçylar bilmelidirler:**

- planda we kartalarda ýer üstüniň şekillendirilişiniň aýratynlyklaryny;
- kartalaryň şertli belgilerini we geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň, wakalaryň kartalarda şekillendirilişiniň usullaryny;
- planda we kartada, şeýle hem kartasyz meýdan şertlerinde geografiki taraplaryň, ugurlaryň kesgitlenilişini;

- ýer böleklerini öz içine alşyna, mazmunyna we masştabyna görä kartalaryň haýsy görnüşlere degişlidigini;
- kartalarda bar bolan ýalňyşlyklaryň, ýoýulmalaryň sebäplerini we häsiýetlerini;
- ýeriň üsti boýunça geçirilýän dürli profilleri, aýry-aýry görkezijiler boýunça grafikleri, kartogrammalary, kartodiagrammalary düzmegiň usullaryny;
- kartalarda şekillendirilýän geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň, wakalaryň umumylaşdyrylmagynyň hem-de saýlanyp alynmagynyň sebäplerini, zerurlygyny we ähmiýetini okuwçylar bilmelidirler.

**Okuwçylar başarmalydyrlar:**

- umumygeografiki, fiziki geografiki, temalaýyn (tematik, ýörite) kartalary okamagy;
- planda we kartada, şeýle hem kartasyz meýdan şertlerinde geografiki taraplary, ugurlary kesgitlemegi;
- kartada geografiki obýektleriň koordinatalaryny kesgitlemegi;
- kartada geografiki obýektleriň aralyklaryny ölçemegi;
- dürli kartografiki çyzgylary (grafiki we ýer üsti boýunça geçirilen profil çyzgylary, shemalar, kartoshemalar, kartogrammalar, kartodiagrammalar) düzmegi we olardan peýdalanmagy;
- karta boýunça geografiki obýektlere, tebigy hadysalara, wakalara we aýry-aýry çäklere (ýurt, welaýat, sebit, etrap) fiziki geografiki ýa-da ysdysady geografiki häsiýetnama düzmegi okuwçylar başarmalydyr.

Okuwçylaryň kartografiki bilimlerini, başarnyklaryny kemala getirmek we ösdürmek mugallymdan köptaraplaýyn, irginsiz zähmeti talap edýär. Bu iş has ýönekeý görnüşde başlangyç synplarda okadylýan “*Tebigaty öwreniş*” sapaklaryndan başlanyp, 5-nji synpdan geografiýa dersleriniň öwrenilip başlanmagy bilen has çynlakaý hem-de yzygiderli çylşyrymlaşýan häsiýete eýe bolýar.

Okuwçylaryň karta boýunça okuw işleri diňe bir geografiýa sapaklarynda däl, eýsem sapakdan daşary dürli çärelerde hem yzygiderli we oýlanyşykly alnyp barylsa, olaryň kartografiki bilimleriniň we başarnyklarynyň kemala gelmegine hem-de ösmegine ýardam edýär. Geografiýa sapaklarynda we sapakdan daşary işlerde kartalar bilen geçirilýän dürli okuw işleriniň üsti bilen mugallym okuwçylaryň kartany öwrenmeginiň hem-de özleşdirmeginiň üç derejesini (maksadyny) gazanmaga çalyşmalydyr.

*Birinji dereje – karta düşünmek başarnygy.* Bu kartografiki bilimleriň esasy bolup, kartanyň nämedigine, onuň gurluşyna, mazmunyna, ähmiýetine, her bir şertli belginiň nämäni aňladýandygyna düşünmegi, kartalardan peýdalanyp bilmegi we bu işiň peýdasynyň bardygyny bilmegi öz içine alýar.

*Ikinji dereje – kartany okamak başarnygy.* Bu kartadaky şertli belgileriň, ýazgylaryň kömegi bilen onda şekillendirilen ýer üstüniň hakyky keşbini göz öňüne getirmek, kartanyň kömegi bilen tebigy hadysalaryň, adamlaryň zähmet işleri netijesinde döredilen obýektleriň ýerleşişini, ýagdaýyny, häsiýetli aýratynlyklaryny we özgerişlerini kesgitlemek başarnyklarynyň kemala getirilmegi degişlidir.

*Üçünji dereje – kartany bilmek başarnygy.* Bu islendik ýagdaýda, okuw işinde ýatdan geografiýa derslerinde öwrenilen tebigy hadysalaryň, wakalaryň, ykdysady-durmuş obýektleriniň atlaryny, ölçeglerini, esasy häsiýetlerini karta boýunça ýüze çykaryp bilmek, has takygy, karta boýunça ähli öwrenilen geografiki düşünjeleri, ýer-ýurt atlaryny ýatda saklap bilmek başarnygydyr.

Bu kartografiki bilimler we başarnyklar V synpda fiziki geografiýa sapaklarynda we sapakdan daşary işlerde dürli usullaryň kömegi bilen öwredilýär. Kartany bilmek başarnygy örän kyn bolup, ony ele almak üçin diňe bir mugallymyň guraýan okuw işleriniň dürli görnüşleri ýeterlik däldir. Bu

başarnyk okuwçylaryň özbaşdak karta boýunça örän köp we yzygiderli türgenleşiklerini talap edýär.

**Geografiýa sapaklarynda kartalaryň peýdalanylyşy**

Mekdepde geografiýa derslerinden guralýan sapaklary kartasyz göz öňüne getirmek, talaba laýyk guramak mümkin däldir. Karta geografiýa sapagynyň aýrylmaz bölegidir, ulanylýan esasy görkezme esbabydyr we sapakda öwrenilýän temanyň özleşdirilmegini üpjün edýän esasy serişdeleriň biridir.

Mekdepde geografiýa derslerinde ulanylýan kartalaryň görnüşleri, okuwçylara öwredilýän kartografiki bilimleri we başarnyklary V synpdan başlap çylşyrymlaşýan, has çuňlaşdyrylýan yzygiderlikde ulanmaklyk ulgamlaýyn ýola goýulýar.

V synpda "*Fiziki geografiýa*" dersiniň öwrenilip başlanýan ilkinji günlerinde ýörite "*Plan we karta*" temasynyň üsti bilen okuwçylara kartografiýanyň we tapografiýanyň esaslary, kartanyň, planyň masştablary we olaryň tapawutlary, kartalary peýdalanmagyň ýönekeý usullary, olarda dürli ölçegleriň geçirilişi we başgalar öwredilýär.

Geografiki kartalar bilen işlemek, ondan bilim çeşmesi hökmünde peýdalanmak başarnyklary yzygiderli çylşyrymlaşýan ýumuşlaryň, usullaryň utgaşdyrylmagy netijesinde öwredilip, ahyrky netije okuwçylaryň akyl ýetirijilik endikleriniň kemala gelmegine syrykdyrylýar. Geografiýa sapaklarynda kartalary peýdalanmagyň esasy maksady diňe bir okuwçylaryň kartografiki bilimlerini ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň kartany täze bilimleri öwrenmekde bilim çeşmesi hökmünde ulanyp bilmeklerini gazanmakdyr.

Kartalary geografiýa sapaklarynda we beýleki okuw işlerinde peýdalanmakda şu aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir:

a) kartalaryň mazmuny, görnüşi we hili ulanylýan temasyna, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk bolmalydyr;

b) kartadaky şekillendirilýän geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň, wakalaryň döwrebap, ýer-ýurt atlary we beýleki ýazgylary düşnükli bolmalydyr. Könelişen maglumatlar okuw işinde ulanylýan kartalarda bolmaly däldir;
ç) ulanylýan kartalar synp otagynyň öňdäki diwarynda, ýörite enjamlarda asylyp goýulmalydyr. Synp tagtasynyň ýüzünde kartanyň açylyp goýulmagy gadagandyr. Sebäbi synp tagtasy geografiýa sapaklarynda yzygider ulanylýar, karta synp tagtasynyň öňünde asylyp goýlanda okuw işine, tagtanyň ulanylmagyna päsgel berýär.
d) ulanylýan kartalar abatlanan, estetik talaplara doly gabat gelýän bolmalydyr.

**Okuwçylaryň özbaşdak, amaly işlerini guramakda kartalaryň ähmiýeti.** Mekdepde geografiýany okatmakda okuwçylar bilen guralýan özbaşdak we amaly işleriň esasy maksady olarda kartalardan peýdalanmak başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmekden hem-de ösdürmekden ybaratdyr. Mekdepde geografiýa dersleriniň mazmuny bu işleriň örän köp görnüşlerini ýola goýmaga mümkinçilikler berýär.

Geografiki kartalar boýunça okuwçylaryň özbaşdak, amaly işleriniň guralmagy olaryň belli bir nazary bilimlerini ösdürmäge, başarnyklaryny kemala getirmäge ýardam edýär. Amaly işler (*ýumuşlar*), esasan, mugallymyň ýolbaşçylygynda, özbaşdak işler bolsa, okuwçylaryň ýekeleýin we toparlaýyn işeri netijesinde ýerine ýetirilýär.

Amaly işleriň esasy aýratynlygy olaryň üsti bilen okuwçylar karta boýunça alan bilimleri esasynda ýörite kartografik, kartometrik ýumuşlary ýerine ýetirýärler. Meselem: 5-nji synpda "Plan we karta" diýen tema boýunça geçirilýän jemleýji amaly iş sapagynda okuwçylar öwrenen bilimleri esasynda şu aşakdaky mazmunly ýumuşlary ýerine ýetirýärler:
**a)** georafiki kartada berlen ugurlaryň azimutlaryny kesgitlemek.

**b)** geografiki kartada berlen nokatlaryň, obýektleriň hakyky ýer üstündäki aralyklaryny kesgitlemek.

**ç)** geografiki kartada berlen nokatlaryň, obýektleriň geografik koordinatlaryny kesgitlemek we ş.m. ýumuşlary ýerine ýetirýärler.

Bu ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin okuwçylarda “Kartada we açyk meýdanda (*kartasyz*) taraplaryň,ugurlaryň kesgitlenilişi”, “Masştab we onuň görnüşleri”, “Geografiki giňlik we uzaklyk” ýaly temalar boýunça berk nazary bilimler bolmalydyr.

Okuwçylaryň özbaşdak işlerinde olaryň kartalaryň üsti bilen täze bilimleri öwrenmegi, dürli netijeler çykaryp bilmegi ýaly maksatlar öňde goýlup, özbaşdak pikirlenmek, akyl ýetirmek başarnyklary kemala getirilýär we ösdürilýär. 5-nji synpyň “Fiziki geografiýasyndan” “Howa we klimat“ diýen tema geçilende, klimatiki kartasyndan peýdalanyp, şeýle ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmek işi guralyp bilner:

a) ýer şarynyň demirgazyk we günorta ýarym şarlaryndaky gyş we tomus pasyllarynda howanyň iň yssy, iň sowuk bolýan aýlaryny, ýerlerini kesgitlemek;

b) ýer şarynda ygallaryň iň köp we iň az düşýän ýerlerini anyklamak;

ç) sinoptiki kartalaryň şertli belgileri boýunça howa ýagdaýlarynyň görkezijilerini kesgitlemek;

d) klimat kartasyndaky kartografiki şekillendiriş usullary, şertli belgiler,

ýazgylar esasynda Türkmenistanyň klimat şertlerine gysga häsiýetnama bermek. Türkmenistanyň haýsy ýerinde gurak subtropik klimatyň bardygyny ýüze çykarmak we ş.m. guralyp bilner.

Umuman, geografiki kartalaryň okuwçylaryň özbaşdak we amaly işlerinde yzygider hem-de talabalaýyk peýdalanylmagynyň örän uly bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Sebäbi bu işler okuwçylaryň akyl ýetiriş,

pikirleniş işjeňligini artdyrýar, alan bilimleriniň giň we çuň bolmagyny üpjün edýär, nazary bilimlerini amaly işler bilen baglanyşdyrmaga, durmuşda, okuw işinde ulanmaga ýardam edýär.

**Globuslar we olaryň geografiýany okatmakdaky ähmiýeti.** Globus - Ýer togalagynyň kiçeldilen şekili (*modeli*) bolup, mekdepde geografiýany okatmakda ulanylýan okuw esbaplarynyň iň esasylarynyň biri hasaplanýar. Mekdepde ulanylýan globuslar esasan üç görnüşli masştabda (***1:30000000; 1:50000000, 1:83000000***) we dürli mazmunda (*fiziki, syýasy kartaly, diňe kartagrafiki torly, relýefli we başgalar*) bolup, olar mazmunlarynyň aýratynlyklaryna görä geografiýa sapaklarynda aýry-aýry temalar öwrenilende peýdalanylýar.

Globuslaryň okuw işindäki ähmiýeti kartalar bilen deňeşdirilende, esasan, iki aýratynlygy boýunça tapawutlanýar:

Globus – bir tarapdan ýeriň fiziki göwrümleýin modelini (*şekilini*) aňladýar. Onuň bu häsiýeti Ýeriň görnüşini, esasy üstki relýef aýratynlyklaryny göz öňüne getirmäge, dürli ölçeglerini almaga mümkinçilik berýär.

Globus – ikinji tarapdan ýer şarynyň üstüniň hiç hili ýoýulmasyz, ähli hadysalarynyň, geografiki obýektleriniň geografiki taýdan örän takyk görkezilen kartasy hasaplanýar. Onuň bu aýratynlygy ýer üstündäki uly geografiki obýektleriň (*materikler, ummanlar, deňizler we ş.m.*) hakyky şekillerini, ölçeglerini dogry kesgitlemäge, geografiki kartalardaky ýoýulmalaryň häsiýetlerini we ululyklaryny anyklamaga mümkinçilikler berýär. Şonuň üçin globuslar mekdepde tebigaty öwreniş, geografiýa derslerini okatmakda giňden peýdalanylýar.

Globus geografiki kartalar bilen berk baglanyşyklydyr. Sebäbi globus kartanyň aýratynlyklaryny, kemçiliklerini görkezýär we olary düşündirýär, kartalar bolsa globusdaky

şekillendirilenleri ulaldylan ýagdaýda görkezmek bilen, has takyklaşdyrmaga ýardam edýär.

Şonuň üçin 3-4-nji synplaryň tebigaty öwreniş we 5-nji synpyň fiziki geografiýa sapaklarynda kartany öwrenmäge degişli temalar geçilende, globuslaryň hem ulanylmagy maksadalaýyk we zerur hasaplanylýar.

Mekdepde geografiýa dersleri okadylanda, okuw işlerinde şu aşakdaky temalar öwrenilende, globuslaryň ulanylmagy örän zerurdyr:

a) Ýer şarynda materikleriň we okeanlaryň ýerleşişi öwrenilende;

b) materikleriň we okeanlaryň açylyşy öwrenilende;

ç) F. Magellanyň, H. Kolumbyň we beýleki syýahatçylaryň geçen ýollary öwrenilende;

d) ýer üstüniň güberçekligi, gözýetim we onuň taraplary öwrenilende;

e) geografiki giňlik, geografiki uzaklyk, polýuslar ýaly düşünjeler öwrenilende;

ä) geografiki kartanyň matematiki aýratynlyklary, aralyklaryň ölçenilişi öwrenilende;

f) Ýer şarynyň şekili we möçberi öwrenilende;

g) pasyllar, olaryň çalşygy, klimat guşaklyklary, okean akymlary ýaly temalar öwrenilende globusyň ulanylmagy zerurdyr.

Umuman, geografiýa sapaklarynda dürli okuw wezipeleriniň berjaý edilmeginde globuslaryň ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi ol mugallyma görkezme esbap hökmünde örän köp düşünjeleri düşündirmäge, okuwçylar bilen dürli mazmunly amaly işleri guramaga, olaryň kartografiki başarnyklaryny ösdürmäge ýardam edýär.

## §25. Geografiýa derslerinde atlaslaryň, sudur kartalarynyň peýdalanylyşy.

Mekdepde geografiýa derslerini okatmakda kartalardan we globuslardan başga-da okuw atlaslary we sudur kartalary giňden peýdalanylýar.

Geografiýa okuw atlaslary özboluşly kartografiki önüm bolup, özünde belli bir ders, tema baradaky onlarça kartalary, tablisalary, diagrammalary, suratlary, ýazgylary, profilleri we başgalary jemleýär. Geografiki atlaslar okuwçylar üçin özbaşdak işlemekde esasy okuw serişdesi, bilim çeşmesi hasaplanyp, diňe bir sapakda däl, eýsem sapakdan daşary işlerde we öýde ulanylýan okuw serişdesidir, gollanmasydyr.

Ýurdumyzyň mekdeplerinde geografiýanyň aýry-aýry dersleri üçin okuw atlaslaryny düzmek we çap edip okuwçylara we mugallymlara ýetirmek işi täzeden ýola goýulýar. Sebäbi ozalky ulanylýan atlaslar mazmun taýdan, bezelişi we ýazuwy taýdan häzirki zaman talaplaryna gabat gelmeýär. Atlaslary düzmek we çap edip ýaýratmak örän çylşyrymly, köp zähmeti we maliýe serişdelerini talap edýär. Şonuň üçin-de mekdepleriň geografiki atlaslar bilen üpjünçiliginde heniz (*wagtlaýyn*) ýetmezçilikler duýulýar.

Mekdep geografiýa okuw atlaslary, esasan, toplumlaýyn görnüşde bolup, olarda adatça dürli umumygeografiki, fiziki geografiki, dürli temalardaky (*tematik, ýörite*) kartalar ýerleşdirilýär. Olar, esasan, üç bölümden düzülendir:

birinjisinde - giriş bölüminde atlasyň maksatlary, ulanylyş usullary, ondaky kartalaryň we beýleki maglumatlaryň mazmuny görkezilýär;

ikinjisinde - esasy bölümde geografiki kartalaryň we beýleki kartografiki çyzgylaryň toplumy ýerleşdirilýär. Olaryň ýerleşdiriliş yzygiderligi geografiýa dersinde öwrenilýän temalaryň mazmuny bilen gabat gelýär;

üçünjisinde - jemleýji bölümde dürli görnüşli maglumatlary berýän tablisalar, çyzgylar-shemalar, köpüsinde bolsa atlasyň kartalaryndaky geografiki atlaryň görkezijileri elipbiý tertibinde ýerleşdirilýär.

Atlaslardaky kartalary we beýleki goşmaça maglumatlary öwrenmek okuwçylardan döredijilik we pikirleniş başarnyklaryny talap edýär. Şonuň üçin mugallym olara sapakda we öýde atlasyň kartasyny, goşmaça maglumat beriji çyzgylaryny we ýazgylaryny okuw işinde peýdalanmagyň ýollaryny öwretmelidir. Mugallym bu işleri şeýle mazmunda we yzygiderlikde gurasa maksadalaýyk hem-de netijeli bolýar:
a) atlasyň kartalarynyň, tablisalarynyň mazmunyny öwrenmek;
b) dürli kartalar, çyzgylar boýunça ölçegler geçirmek çözmek;
ç) aýratyn alnan bir çägiň (*materigiň, ummanyň, ýurduň, tebigy ýa-da ykdysady sebitiň*) dürli mazmunly kartalaryny peýdalanyp fiziki geografiki ýa-da toplumlaýyn häsiýetnamasyny düzmek;
d) okuwçy amaly iş depderlerinde kartalardaky maglumatlary peýdalanyp, atlasda berlen jedwellere, shemalara meňzeş çyzgylary taýýarlamak ýaly işleri ýerine ýetirmek.

Käbir okuw atlaslarynda şeýle ýumuşlaryň hem dürli görnüşleri ýerleşdirilýär. Bu bolsa mugallymyň işini has-da ýeňilleşdirýär. Sebäbi şeýle usuly maglumatlar, materiallar okuwçylaryň özbaşdak amaly işlerini guramakda we geçirmekde örän ähmiýetlidir.

Sudur kartalar mekdepde geografiýany okatmagyň tejribesine berk ornaşdy we okuw işlerinde giňden peýdalanylýar. Sudur kartalarynyň okuwçylar tarapyndan dürli şertli belgileriň, kartagrafiki şekillendiriş usullarynyň kömegi bilen yzygiderli doldurylmagy netijesinde olaryň öwrenilýän temany has çuňňur özleşdirmek, kartany bilmek başarnyklary kemala gelýär we ösýär.

Geografiýany okatmagyň usulyýetine degişli okuw kitaplarynda, okuw gollanmalarynda sudur kartalaryny

peýdalanmagyň dürli usullary beýan edilip, olar, esasan, okuwçylaryň kartany bilmek başarnygyny ösdürmäge niýetlenýär. Ýöne sudur kartalaryň ähmiýeti diňe şundan ybarat bolman, eýsem birnäçe bilim we terbiýe berijilik wezipeleriň amala aşyrylmagyna şertler döredýär.

Okuwçylar sudur kartalara özbaşdak, erkin çemeleşip, dürli kartagrafiki usullary ulanyp bilýär. Sebäbi sudur kartalarda okuwçylaryň çyzan çyzgylary we ýazgylary diňe ýönekeý gara hem-de reňkli galamlarda ýerine ýetirilip, nädogry bolan ýagdaýynda hem düzetmäge mümkinçilikleri bolýar. Bu bolsa okuwçylaryň çeper döredijiliginiň, özbaşdak pikirlenmekleriniň, ylmy dünýägaraýyşlarynyň ösmegine ýardam edýär.

Sudur kartalar boýunça ýumuşlaryň yzygiderli çylşyrymlaşdyrylmagy netijesinde 5-nji synp okuwçylarynda sudur kartalara ýönekeý geografiki obýektleriň atlaryny geçirmekden başlap, ýer şaryndaky klimatik guşaklyklaryny reňkli galamlar bilen düzmek başarnyklary kemala gelýär.

Umuman, mugallymyň talaba laýyk işi netijesinde sudur kartalaryň geografiýa sapaklarynda yzygiderli peýdalanylmagy okuwçylaryň bilimleriniň we başarnyklarynyň has berk bolmagyna, geografiýa sapaklaryna höwes bilen gatnaşmagyna, işjeňliginiň artmagyna ýardam edýär, okuwçylaryň bilesigelijiligini artdyrýar. Sudur kartalar bilen işlemek okuwçylaryň iň gowy görýän okuw işleriniň birine öwrülip bilýär.

**Kartodiagrammalaryň, kartogrammalaryň we beýleki kartografiki önümleriň ulanylyşy.** Mekdepde geografiýany okatmakda kartalardan, atlaslardan we sudur kartalaryndan başga-da köpsanly kartografiki önümler peýdalanylýar. Olardan mekdepde geografiýa derslerinde has köp ulanylýanlary we ähmiýetlileri:

**Kartodiagrammalar.** Kartodiagramma – grek sözi bolup, haýsy hem bolsa çäkli birlikde, hadysalaryň mukdar

ululygynyň ösüşini, özgerişini diagrammalary şekilleriň üsti bilen görkezýän kartadyr. Bu kartalar we diagrammalar 5-nji synpyň fiziki geografiýasy "Howanyň temperaturasynyň ýylyň dowamynda üýtgemegi", "Atmosfera ygallary" temalary geçilende geografiki atlaslardaky klimatik kartalardaky kartodiagrammalary görkezmek bilen ulanylýar. Kartodiagrammalar boýunça amaly işleri okuwçylaryň ýerine ýetirmekleri üçin tabşyrmaklyk örän ähmiýetlidir.

**Kartogramma** – hem grek sözi bolup, kartada haýsy hem bolsa bir hadysanyň alnan çäkdäki (*ýurduň, welaýatyň, etrabyň*) ýerleşişini mukdar ölçegde görkezýär. Meselem: 5-nji synpyň fiziki geografiýasynda ýer şarynyň tutýan meýdanynyň çäginde, gury ýeriň we suw üstüniň tutýan meýdanlarynyň tapawutlaryny dürli reňklerde, ştrihlerde görkezilmegi degişlidir. Bu kartogramma boýunça okuwçylaryň ýer şarynyň çäginde gury ýeriň we suw üstüniň birmeňzeş däldigini anyk maglumatlar esasynda öwrenmegine ýardam edýär.

**Blok-diagramma** – ýer gabygynyň we onuň aýry-aýry bölekleriniň kese kesiminiň şekili (*çyzgysy*) bolup, olar ýer üstüniň we ýer astynyň aýratynlyklaryny bilelikde görkezýär. Olar 5-nji synpyň fiziki geografiýa sapaklarynda ýer üstüniň görnüşleriniň geografiki gurluşy, ýer gaty gabygyndaky tektoniki hereketler netijesinde bolup geçýän hadysalaryň, emele gelen görnüşleriň, geografiki obýektleriň aýratynlyklaryny öwrenmekde örän gowy görkezme esbaplardyr.



*Surat. Blok-diagrammalaryň mysallary.*

**<u>Profil</u>** – fransuz sözi bolup, “gapdaldan seretmek”, “kese-kesim” – diýen manylary berýär. Olar ýer üstüniň belli bir ugur boýunça kese-kesimi hasaplanyp, topografiki kartalardaky gorizontallar ýa-da ýer üstünde ölçegler geçirmek arkaly düzülýär. Olaryň hem görkezme esbap hökmünde we dürli amaly işleri ýerine ýetirmekde ähmiýeti örän uludyr.




*Surat. Derýa jülgesiniň gurluşyny görkezýän kese kesimi—profili.*

**<u>Ýer üstüniň uçarlardan we kosmosdan alnan suraty</u>** – Bu suratlar reňksiz(ak-gara görnüşde) ýa-da dürli reňklerde

bolup, olar kartadaky görkezilen çägiň aýratynlyklaryny, kartografiki şekillendirişini deňeşdirip öwrenmekde peýdalanylýar. Soňky ýyllarda ýer üstüniň kosmosdan alnan suratlary dürli amaly işleri ýerine ýetirmekde (*olary okamakda, karta bilen deňeşdirmekde*) ulanylyp, okuwçylaryň kartagrafiki bilimleriniň ösmegine ýardam edýär.

*5-nji (a) surat.* Garagum derýasynyň bir böleginiň kosmosdan görnüşi.



**<u>Kartoshema</u>** – adaty karta bolup, olar esasy öwrenilýän geografiki obýektiň, tebigy hadysanyň we wakalarynyň aýratynlyklaryny görkezýär. Kartoshemalaryň mugallym tarapyndan synp tagtasynda, okuwçylar tarapyndan bolsa geografiýa depderlerinde amaly işleri ýerine ýetirenlerinde giňden ulanylýar. Kartoshemalaryň belli bir masştaby, gradus tory bolmaýar. Kartoshemalaryň okuw işinde ulanylmagy netijesinde, okuwçylaryň pikirlenmek, göz öňüne getirmek, öz düşünjelerini geografiki giňişlikde görkezip bilmek başarnyklary ösdürilýär. Kartoshemalar sudur kartalarynda hem çyzylyp bilner.




*Surat. Uzak Gündogardaky gyşky we tomusky mussonlar.*

**<u>Okuw kitabyndaky kartalar</u>** . Bu kartalar öwrenilýän temasynyň mazmuny bilen berk baglanyşykda bolup, olar belli bir derejede ýönekeýleşdirilendir. Olaryň okuw kitabyndaky tema degişli maglumatlar bilen baglanyşygy üç derejede bolup bilýär:

- tema baradaky örän köp maglumatlary özünde jemleýär we okuw kitabyndaky maglumatlaryň ornuny belli bir derejede tutup bilýär.
- okuw kitabyndaky ýazgy bilen kartanyň maglumatlary deň derejede bolýar.
- esasy maglumatlar okuw kitabyndaky maglumatlarda bolup, okuw kitabyndaky karta ýönekeý görkezme esbap hökmünde peýdalanylýar




*Surat. Wolga derýasynyň basseýni we suwaýyrt çyzgysyny görkezýän kartoshema.*

**Geografiýa sapaklarynda san-hasabat maglumatlarynyň peýdalanylyşy.** Mekdepde geografiýa derslerini okatmakda san-hasabat maglumatlaryny peýdalanmak okuwçylaryň akyl ýetiriş işjeňligini artdyrýar, geografiki subutnamalara (*faktlara*) we hadysalara özbaşdak baha berip bilmek başarnyklaryny ösdürýär. Şeýle hem

okuwçylaryň öz üstünde işlemeklerine, okuw kitabyndaky san maglumatlaryny, metbugat materiallaryny öwrenip, dogry netijeler çykarmagyna ýardam edýär.

Okuw kitaplarynda san-hasabat maglumatlarynda absolýut ululyklar habar beriş häsiýetde bolup, olaryň kömegi bilen geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň ölçegleri berilýär (*çägiň meýdany,temperaturanyň aýyň we ýylyň dowamyndaky üýtgeýiş ululyklary we ş.m.*).

Otnositel we absolýut ululyklar biri-biri bilen deňeşdirilip, berilýän san-hasabat maglumatlary ulanylanda, geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň üýtgemeginiň kanunalaýyk tapawutlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär (*Ortaça temperatura, ygalyň düşüşi, bugaryjylyk, ilatyň gürlügi we ş.m.*)

Koeffisient (*dereje*) görkeziji ululyklary, san-hasabat maglumatlary, geografiki obýektleriň, tebigy hadysalaryň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezýär (*çyglylyk koefisienti, bugarma we bugaryjylyk derejesiniň ululyklary, senagat önümleriniň öndürilişiniň, ilatyň artyşynyň depginleri we ş.m.*)

Mekdepde geografiýany okatmakda san-hasabat maglumatlaryndan:

a) zerur bolan san-hasabat maglumatlary saýlap almak we toplamak;

b) san-hasabat maglumatlaryny häsiýetleri boýunça deňeşdirmek.

ç) jemleýji san-hasabat görkezijileri kesgitlemek;

d) dürli jedwellerdäki, diagrammalardaky, çyzgylardaky san-hasabat maglumatlary derňemek arkaly öwrenmek;

e) san-hasabat maglumatlary esasynda jedwelleri, çyzgy-shemalary, diagrammalary taýýarlamak ýaly görnüşlerini sapakda ulanmak netijeli hasaplanýar.

Okuw kitaplaryndaky san-hasabat maglumatlaryny öwretmekde (*ýat tutdurmakda*) okuw maksatnamasynyň talaplary göz öňünde tutulmalydyr.

## § 26. Görkezme esbaplary we görkeziji serişdeler.

**Geografiýany okatmakda görkezme esbaplaryň ulanylyşy.** Mugallym okatmagyň haýsy usulyndan peýdalansa-da onuň netijeliligi ulanýan görkezme esbaplaryna baglydyr. Geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasynda bellenilen bilimleri, başarnyklary okuwçylara öwretmekde köp sanly çeşmeler peýdalanylýar. Bu çeşmeleriň okuw işinde ulanylmagy okatmagyň serişdelerine öwrülýär.

Geografiýany okatmakda ulanylýan görkezme esbaplary we serişdeleri esasan aşakdaky ýaly toparlara bölýärler:

- hakyky (natural ) görkezme esbaplar. Olara dag jynslarynyň, gazylma baýlyklaryň kolleksiýalary, ösümlikleriň gerbarileri we beýlekiler degişlidir.
- Geografik hadysalaryň we desgalaryň şekillendirilen görnüşleri. Olara dürli ýer üstüniň maketleri, modelleri (kiçeldilen şekilleri), diwarda asylyp goýlan suratlar, fotosuratlar, portretler, diapozitiwler, diafilmler, kinofilmler, wideofilmler we başgalar degişlidir.
- Hadysalaryň we desgalaryň dürli şertli belgiler, ýazgylar, çyzgylar arkaly şekillendirilen görnüşleri. Olara okuw kitaplary, okuw gollanmalary, ýörite çap edilen depderler, dürli geografik kartalar, sudur kartalar, atlaslar, kartoshemalar, diagrammalar we başgalar degişlidir.

Okatmak serişdeleriniň bu üç toparynyň her biri sapakda okuw işini guramakda ulanylyp, olardan has ähmiýetlisi natural görkezme esbaplar, okuw kitaplary we dürli geografik kartalar hasaplanylýar. Geografiýany okatmakda natural görkezme esbaplaryň köp görnüşi (minerallaryň, dag jynslarynyň, gazylma baýlyklaryň kolleksiýalary, toprak nusgalary, gerbariler, senagat, oba hojalyk önümleri) synp otagynda geçirilýän sapaklarda we okuwdan daşary işlerde

ulanylýar. Umuman, natural görkezme esbaplarynyň ähmiýeti, netijeliligi beýleki görkezme esbaplar bilen deňeşdirilende has uludyr. Şonuň üçin geografiýa sapaklarynda şeýle görkezme esbaplary ulanmaga aýratyn üns berilýär.

**Gerbariler we olary toplamagyň usullary. Gäpler.** Türkmenistan döwletimiz peýdaly geň- enaýy ösümlikleriň mesgenidir. Şol ösümlikleri öwrenmek üçin mugallym bahar, tomus pasyllarynda okuwçylary syýahata, gezelenje alyp gitmeli. Okuwçylar tebigata gezelenje çykanlarynda diňe bir tebigatyň ösümlik baýlygynyň gözelligine syn etmek, ondan ruhy lezzet almak bilen çäklenmän, olardan gerbarileri hem taýýarlap bilýärler.

Ösümlikler bilen adam örän ir wagtdan bäri gyzyklanypdyr. Çünki aýratyn dermanlyk, iýmitlik ösümlikler edil arassa howanyň, suwuň zerur bolşy ýaly adamyň ýaşaýşy üçin hem zerurdyr. Şonuň üçin adamlar gadymýetden bäri ösümlikleri öwrenip olaryň täze görnüşlerini açýarlar. Şeýle-de bolsa ösümlikleriň arasynda heniz öwrenilmedik, üsti açylmadyk görnüşleri hem köpdür. Ülkämiziň ösümlikler dünýäsini öwrenmekde ylmy işgärler bilen bir hatarda ýokary we orta mekdepleriň talyplary ähli tebigaty söýüjiler uly goşant goşýarlar. Ösümlikleri öwrenmegiň esasy, ybaratly ýollaryň biri ösümliklerden gerbariler toplamakdyr.

Şol sebäpli ösümliklerden gerbarileri taýýarlamagyň usullary bilen okuwçylary tanyşdyrmalydyr. Gerbariý toplaýan diýip, meýdanda gabat gelen ösümligi çogdamlap ýolybermeli däldir. Meýdanda ösümlik toplanan wagty birnäçe ýyllyk otjumak ösümlikleri ýuwaşjadan çekseň köki -damary bilen sogrulyp eliňe gelýär. Olara gülälek, gökdalak, arpagan mysal bolup biler. Olary köki bilen soguryp, gumuny kakyşdyryp, ýazgynja edip kagyzyň üstüne goýaýmaly. Emma köpýyllyk ot ösümlikleri, ýarym gyrymsy we agaç ösümliklerini beýdip alyp bolmaýar. Sebäbi olaryň kökleri topragyň has çuňlugyna aralaşyp berkleşen. Şol sebäpli olar diňe piljagazlar ýa-da

pyçak bilen gazyp alynýar. Ösümligi gazyp almak üçin ulanylýan gurallary gaba salyp, biliňden asyp götermek bolýar.

Köpýyllyk ösümliklerden otýygnam toplanýan olaryň köklerini ahyryna çenli gazyp almak hökman däldir. Sebäbi olaryň kökleri 1-20 metre çenli çuňluga gidýär. Onuň ýaly ösümliklere ojar, sazak, arça, böwürslen, ýandak, buýan, çomuç we beýleki ösümlikleri mysal getirmek bolar. Şeýle ösümlikler ýygnalanda esasy we gapdal köklerinden kesip, biraz almak bolar. Ony toprakdan goparan badyňa süllermänkä gerbariý kagyzyna ýerleşdirmeli. Şeýle edilende ösümlik özüniň tebigy görnüşini saklaýar. Gerbariý üçin kagyzlar gezelenje gitmezden öň az bolmaz ýaly ýeterlik derejede alnyp taýýar edilip goýulýar.

Gerbariý üçin ulanýan kagyzlaryň ortaça ölçegi 40x28 sm. Bolmaly. Ösümlikleri goýmak üçin ýönekeý kagyzlary ýa-da gazetleri iki epläp ulanyp bolar. Gerbariý üçin alynýan ösümlikleriň bir ýyllyk görnüşlerini emaý bilen köwläp, köki bilen almaly we seresaplylyk bilen gumdan arassalamaly. Soňra kagyzyň bir ýüzüne goýup, beýleki epini üstüne örtmeli. Kagyzyň we alynýan ösümligiň kesgitli ölçeginiň bolmagy hökmandyr. Sebäbi toplanan otýygnamlar kagyzyň ölçeginden uly bolup ondan çykyp dursa, olary kagyza ýerleşdirip guradyp we saklap bolmaýar. Ösümliklerden gerbariý toplananda şol bir görnüşli ösümliklerden 4-5 sanysyny almaly, sebäbi toplanan ösümlikler taýýar bolýança zaýa bolmagy mümkin.

Ösümlikler kagyza ýerleşdirilenden soň şol kagyzyň içinde hökman ýazgy kagyzy goýmaly. Şol ýazgynyň mazmunynda gerbariý üçin alynýan ösümlikleriň ady, alynan ýeri, onuň toplanan wagty, ösümligi toplaýanyň ady we atasynyň ady ýazylýar. Ösümlikleri guratmak üçin ýörite torly gysgyçlar ulanylýar. Gysgyçly toruň içinde kagyzlara dolanan ösümlikler ýerleşdirilýär we gysgyjy berkidýärler.

Ondan soň ösümlikleri guratmak üçin Gün düşmeýän salkyn, kölege ýerde goýmaly. Guran ösümlikler saýlanyp alynýar. Guran ösümlik ölçegi 40x25 sm. bolan galyň kagyza ýerleşdirilýär. Guran ösümlikler kagyzlara berkidilende örän seresap bolmaly, ösümligiň şahalaryny döwmän, güllerini. tohumlaryny dökmän berkitmeli. Gerbariler gowy guradylyp taýýar edilende onuň uzak möhletde saklanmagyna ýardam edýär. Gerbariý taýýarlamak okuwçylaryň özbaşdak işlemek ukybyny ýokarlandyýar, ösümlikleri rejeli ulanyp, olary aýawly saklamagyň möhümdigine düşünmäge kömek edýär.

Toplanan gerbarileri 4-nji synpyň “Tebigaty öwreniş” dersinde “Türkmenistanyň ösümlikleri”, 5-nji synpyň “Fiziki geografiýa” dersinde “Biosfera” diýen bölümlerde okuw-görkezme esbaby hökmünde ulanmak bolar.

Geografiýa sapaklarynda **gäplerden** hem peýdalanmak bolar. Gäp – içine mata bölekleri, pagta ýa-da saman dykylan haýwanlaryň derisidir. Gäp üçin tutulan haýwanlaryň derisi bütewi bolmaly. Derini art bujagyndan kellä we aýaklaryň iç ýüzi bilen dabana çenli uzynlygyna dilip, toýnagy ýa-da dyrnagy bilen bile soýmaly. Eti aýrylan göwräni saman we ş.m. bilen dolduryarlar. Taýýarlanan gäpleri 4-nji synpyň “Tebigaty öwreniş” dersinde “Türkmenistanyň haýwanlary” diýen bölümde ulanmak bolar.

**Interaktiw (multimedia) tagtasy – görkezip okatmagyň esasy serişdesidir.**

Interaktiw tagta (wertual mekdep tagtasy hem diýilýär) okuw materialyny taýýarlamak, sapak geçmek, interaktiw teswirleme, sorag we diskusiýa, okuwçylary bahalandyrmak ýaly işleri etmekde ulanylýar. Sapak döwründe elektron kitaplardan, bilim resurslaryndan, mugallym tarapyndan taýýarlanan awtor sapaklaryndan peýdalanmak bolýar.

Interaktiw tagtadan peýdalanylyp ähli derslerden geçilýän awtor sapaklary kompýuteriň ýadyna ýazylyp, gelejekde okuwçylaryň özbaşdak taýýarlygynda, mugallymlaryň okuw

materialyny bilelikde taýýarlap tejribe alyşmaklarynda ulanylyp biliner.

**Interaktiw tagtanyň tehnki häsiýetnamasy.**

- Işlenýän üstüň meýdany 1624 x 1160 mm , diagonaly 1995 mm.
- Gaty, ýalpyldyny döretmeýän könelmezek (berk) üst. Tagtanyň kepili (garantiýasy) 5 ýyl.
- Iýmitlendiriş çeşmesine (batareýa) mätäç bolmadyk elektron galam kompýuterdäki “Syçanjygyň“ funksiýasyny ýerine ýetirýär.
- Elektron galamyň 1 sm-e 1000 çyzyk ýerleşdirmäge mümkinçiligi bar.
- Radiokanallar boýunça 64 goşmaça gurluşlary ( simli baglanşygy bolmadyk pultlary, planşetleri) birikdirmek mümkin.
- Interaktiw tagta, mugallymyň iş stolyndaky kompýutere çatylan proýektor (potolokdan asylan) şekilleri şöhlelendirýär.
- Interaktiw mekdep tagtasy bilen interaktiw režimde işlenýär. “Syçanjygyň” funksiýasyny ýerine ýetirýän elektron galam bilen tagtadan kompýuteri dolandydyp bolýar(zerur programmalary goýbermek, Internet bilen işlemek).
- Elektron galam bilen ýazgylary, suratlary, çyzgylary döredip, informasiýalaryň wajyp böleklerini tapawutlandyryp (belläp), öňünden taýýarlanan sahypalara ýa-da interaktiw režimde döredilen materiallary açyp, olara seredip, redaktirläp bolýar.
- Interaktiw tagtanyň uly işjeňlikli üsti ondaky şekilleri okuwçylara aýdyň görmäge mümkinçilik berýär.
- Fizika, himiýa we biologiýa, geografiýa derslerinden döredilen interaktiw otaglarda tejribe sapaklaryny, eksperimentleri hiç hili çykdaýjysyz okuwçylaryň

saglygyna howp salmazdan ýokary netijeli geçirmäge mümkinçilik bar.

Häzirki döwürde ähli mekdepler diýen ýaly kompýuterler, wertual mekdep tagtasy bilen mümkinçiligi boldugyndan üpjin edilýär. Bu bolsa okuwçylara çuň bilim, kompýuter tilsimatlarynyň inçe syrlaryny dünýä derejesine laýyk öwretmek üçin netije berer. Şeýle-de häzirki wagtda mekdepleriň kompýuter otaglaryny internet ulgamy bilen birleşdirmek boýunça hem köp işler amala aşyryldy.

## § 27. Geografiýany okatmagyň tehniki serişdeleri.

**Okatmafyň tehniki serişdeleri barada düşünje.** Geografiýa dersini okatmakda, ýaş nesle bilim we terbiýe bermekde oňat netijeleri gazanmak esasan okatmagyň serişdelerine baglydyr. Geografiýany okatmagyň beýleki serişdeleri bilen bir hatarda onuň tehniki serişdeleri hem uly ähmiýete eýedir. Okatmagyň tehniki serişdeleri sapagyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen taýýarlanan didaktik materiallary (suratlar, tablisalar) sapakda ulanmaga mümkinçilik berýän tehniki enjamlardyr.

Okatmakda tenniki serişdeleriň ýerlikli peýdalanylmagy okuw işiniň netijeliligini artdyrýar. Rus alymlarynyň maglumatlaryna görä çagalar görmek arkaly maglumatlaryň 50%-ini özleşdirýär. Tehniki serişdeler bolsa maglumatlary okuwçylara görkezmäge we şekillendirmäge kömek edýär. Tehniki serişdeler ýerlikli ulanylanda okuwçylar tebigat hadysalaryna, üýtgeşmelerine akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Okatmagyň tehniki serişdeleri örän köp sanly bolup, olara esasan aşakdakylar degişlidir:

1. Proýeksion enjamlar.
2. Tele we radio ýaýlymlar, ses ýazgylary.

3. Interaktiw tagta (multimediýa tagtasy).

Tehniki serişdeleri sapakda we sapakdan deşary okuwlarda giňden ulanylýar. Bu serişdeleri ulanmazdan öň mugallym ony okuw işiniň haýsy pursatynda ulanjakdygyny anyklaýar, görkeziljek zatlaryň mazmuny bilen tanyşýar, iş gutarandan soň ony okuwçylar bilen jemlemek üçin soraglary meýilnamalaşdyrýar.

**Proýeksion enjamlar we olaryň ulanylyşy.** Mekdeplerde ulanylýan proýeksion enjamlara esasan aşakdakylar degişlidir:



Suratda: multimedia tagtasy.

**Kinoproýektorlar** okuw kinofilmlerini proýektirlemek üçin hyzmat edýär. Olar köplenç geografiýa otagyndaky okuwçylaryň ortaky hatarynyň yzky stolunda ýa-da ýörite arabajygyň üstünde goýulýar. Synp tagtasynyň ýokarsynda onyň ekranyny

ýerleşdirýärler we ol ulanylandasynp tagtasynyň ýüzüni örter ýaly edip berkidýärler.

Ekranyň ýakynynda ses beriji enjam hem ýerleşdirilýär. Geografiýa sapaklaryda kinoproýektorlar arkaly okuw kinofilmleri görkezilýär. Okuw kinofilmleri uly bir tema boýunça gutarnykly okuw maglumatlaryny özünde jemleýän bir ýa-da bir näçe bölekden ybarat okuw filmleridir. Onuň dowamlylygy ortaça 10 minut bolýar.

Okuw kinofilmlerini ulanmak arkaly okuw maglumatlarynyň käbir bölegini öwretmegi ýola goýmak, öwredilýän okuw maglumatlarynyň tejribede peýdalanylyşyny görkezmek, käbir okuw maglumatlaryny jemlemek, käbir temalara bolsa giriş hökmünde ulanmak, gezelençlere taýýarlyk maksatlary üçin peýdalanmak mümkin.

Okuw kinofilmlerine tomaşa etmeklik esasy üç basgançakdan ybarat bolýar:

1. Okuw kinofilminiň mazmuny boýunça okuwçylara soraglar bermek bilen, olaryň öwrenilýän maglumat boýunça bilimlerini barlamak, ýagny kinofilme taýýarlyk döwri.
2. Okuw kinofilmine tomaşa etmek.
3. Kinofilm boýunça sorsg-jogap guramak, kinofilmi jemlemek.

Okuw kinofilminden soň okuwçylara özbaşdak işleri tabşyrmak hem bolýar. Meselem, görlen filmiň mazmuny boýunça soraglara jogap ýazmak, film boýunça soraglar ýazdyrmak.



**Suratda: geografiýa otagynda kinoproýektoryň we telewizoryň ýerleşdirilişi.**

**Diafilmlerde** belli bir ýa-da birnäçe okuw materiallary (fotosurat, çyzgy, tablisa we ş.m.) yzygderlikde plýonka düşürilýär.Suratlaryň, çyzgylaryň aýry-aýry plýonka ýa-da aýna plastinka düşürilen görnüşine diapozitiwler diýilýär. Diafilmleriň (diapozitiwleriň) sapakdaky ornuny sapagyň maksadyna we gurluşyna laýyklykda mugallymyň özi anyklaýar. Her bir diafilmi ulanmagyň özüne mahsus bolan usuly aýratynlygy bardyr. Umuman diafilmleri (diapozitiwleri) sapagyň täze temany düşündirmek etabynda mugallymyň düşündirişini aýdyňlaşdyrmak , sapagyň gaýtalamak bölüminde okuwçylardan ýekeleýin we köpçülikleýin soramagy ýola goýmak, täze beýan edilen temany berkitmek üçin ulanmagyň giň mümkinçilikleri bardygyny aýtmak mümkin. Şol bir wagtda diafilmleriň (diapozitleriň) okuw kinofilmlerine garanda käbir artykmaçlyklarynyň bardygyny belläp geçmek gerek:

- Diafilmlerde berlen degişli suraty, çyzgyny saýlap almaga we sapakda gerekli pursatda ulanmaga mümkinçilik bolýar.

- Diafilmleri görkezmäge taýýarlanmak üçin wagt köp gerek bolmaýar. Diapozitiwleriň aýry-aýry böleklerini mugallym öz islegine görä yzygiderlikde ýerleşdirýär. Bu bolsa diapozitiwleriň diafilmlere görä-de artykmaçlygydyr.

**Kodoskop** hem soňky wagtlarda mekdep durmuşyna giňden ornaşdy. Kodoskop dury plýonkalara ýerleşdirlen şekilleri synp tagtasyna proýektirlemäge mümkinçilik berýär.

**Epidiaproýektorlarda** ulanylýan didaktik serişdeler bolup suratlar, tablisalar, tekstler özi hyzmat edýär. Bu tehniki serişde dury däl şekilleri (meselem, okuw kitabyndaky suraty) synp tagtasyna proýektirlemäge mümkinçilik berýär.

Sapakda proýeksion enjamlardan peýdalanmagy mugallym oýlanyşykly meýilnamalaşdyrýar, olaryň sapakdaky ornuny aýdyňlaşdyrýar, görkezilýän didaktik serişdäniň (kinofilmiň, diafilmiň, diapozitiwiň we ş.m.) mazmuny bilen ozalyndan tanyşýar. Okatmagyň teniki serişdelerinden peýdalanmaklyga sapak wagtynyň 10-15 minutyndan köp wagty sarp etmek maslahat berilmeýär.

**Okatmakda tele we radio gepleşiklerden peýdalanmak.** Geografiýany okatmakda teleýaýlymdan hem peýdalanmak möhüm orun tutýar. Çagalar telewizora tomaşa etmegi halaýarlar. Bu ýagdaýy okuw maksatlary üçin ulanmak ähmiýetlidir.

Okuw gepleşikleri özüniň ýerine ýetirýän işi boýunça okuw kinofilmlerine meňzeşdir. Ýöne, okuw tele gepleşiklerinde ylmyň täze gazananlaryny günübirin ulanmaga we köpçülige ýetirmäge mümkinçilik bolýar. Okuw tele gepleşikleri arkaly mekdep şertlerinde geçirmesi aňsat bolmadyk tejribeler, senagat merkezlerine, oba hojalyk pudaklaryna gözegçilik etmek ýaly zatlar öz mazmunyny tapýar. Okuw işlerinde ulanmakda tele we radio gepleşikleriň, kinofilmleriň bir kynçylygy bar. Ol hem bu

gepleşikleriň, filmleriň okuw işleri bilen wagtynyň deň gelmezligidir. Şonuň üçin olary ýazga geçirip ulanmak amatlydyr. Şol ýazgylaryň esasynda bolsa geografiýa otagynda tele -we radio gepleşikleriň toplumyny döretmek mümkin. Olary soň mugallym gerekli sapakda peýdalanyp bilýär.

## § 28. Okatmakda san maglumatlary. Okuw kitaplary. Synp tagtasy.

**Geografiýa okatmakda san maglumatlaryny peýdalanmagyň usulyýeti.** Geografiýany okatmakda san-hasabat maglumatlaryny peýdalanmak okuwçylaryň akyl ýetiriş işjeňligini artdyrýar, geografik subutnamalara (faktlara) we hadysalara özbaşdak baha berip bilmek başarnyklaryny ösdürýär, şeýle hem öz üstünde işlemeklerine, döwlet maksatnamalaryny, hojalyk hasabatlaryny, metbugat materiallaryny öwrenip, dogry netijeler çykarmagyna ýardam edýär.

Geografiýany okatmakda san maglumatlary esasan aşakdaky görnüşlerde bolýar:

1. Absolýut ululyklar- habar beriş häsiýetde bolup, olaryň kömegi bilen geografik hadysalaryň, desgalaryň ölçegleri berilýär (çägiň meýdany, ilatyň sany we ş.m.). Meselem, Ýer togalagynyň iň beýik dagy bolan Gimalaý dagynyň absolýut beýikligi 8848-m-dir.
2. Otnositel ululyklar - absolýut ululyklary biri-biri bilen deňeşdirilip, geografik hadysalaryň, desgalaryň üýtgemeginiň esasy kanunalaýyklaryny kesgitlemäge mümkinçilik berilýär (Ortaça temperatura, ygalyň düşüşi, bugaryjylyk, ilatyň gürlügi we ş.m.) Meselem, Aşgabat şäheriniň ortaça ýyllyk temperaturasy 16,1°S.

3. Koeffisent (dereje) görkeziji ululyklar- hadysalaryň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezýär (çyglylyk koefisenti, ykdysady etrabyň, welaýatyň ýöriteleşişi, senagat önümleriniň öndülişiniň, ilatyň artyşynyň depginleri we ş.m.)

Mekdepde geografiýany okatmakda san-hasabat maglumatlaryndan peýdalanmak usullarynyň şeýle görnüşleri has netijeli hasaplanýar:

1. Zerur bolan san-hasabat maglumatlary saýlap almak we toplamak.
2. San-hasabat häsiýetnamalary deňeşdirmek.
3. Jemleýji san-hasabat görkezijileri kesgitlemek.
4. Dürli jedwellerdäki, diagrammalardaky, çyzgylardaky san-hasabat maglumatlary derňemek.
5. San-hasabat maglumatlary esasynda jedwelleri, çyzgy-shemalary, diagrammalary taýýarlamak.

Okuw kitaplaryndaky san-hasabat maglumatlaryny öwretmekde mekdep maksatnamasynyň talaplary göz öňünde tutulmalydyr.

**Okuw kitaplary geografiýany okatmagyň toplumlaýyn serişdesidir.** Okuw kitaplary – okuwçylary okatmagyň we olara terbiýe bermegiň örän möhüm serişdesidir. Olarda geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasynda bellenilen bilimleriň, ylmy-okuw maglumatlarynyň mazmuny belli bir yzygiderlikde we ulgamda jemlenendir.

Okuw işiniň dürli görnüşlerinde, basganç aklarynda, usullarynda okuw kitaplary mugallym we okuwçylar tarapyndan yzygiderli peýdalanylýar. Olar täze bilimleri öwrenmekde, öwrenilenleri berkitmekde we gaýtalamakda, şeýle hem başarnyklary we endikleri kemala getirmekde örän uly ähmiýete eýedir.

Geografiýa mugallymlary sapaklarda we okuwçylaryň öý işlerini guramakda okuw kitaplaryny yzygider

peýdalanýarlar. Okuw kitaplary bilen işleri guramagyň esasan şeýle didaktik şertleri we talaplary berjaý edilmelidir:

1. Her bir sapakda okuw kitaby bilen işleri guramaklygy takyk meýilnamalaşdyrmaly.
2. Okuw kitabynyň okuwçylarynyň özbaşdak işlerini guramagyň esasy çeşmesidigini göz öňünde tutup, bu işde onuň haýsy temada ulanmalydygyny kesgitlemeli.
3. Okuwçylaryň okuw kitaby bilen işleri guramagy dogry ýola goýmaly. Olara nämäni okamalydygyny, haýsy maksat üçin okamalydygyny, haýsy soraglara jogap bermelidigini, esasan haýsy düşünjelere, adalgalara aýratyn üns bermelidigini,temany okap haýsy ýumuşlary ýerine ýetirmelidigini we başgalary öwretmeli.
4. Geografiýa sapagynyň bütin dowamynda okuw kitaby bilen işlemek bolmaýar. Bu iş beýleki okuw işleri bilen utgaşdyrylmalydyr.
5. Käbir okuwçylar okuw kitabyndaky ýazgyny ýa-da onuň bir bölegini ýat tutup, şony gürrüň berýär. Beýle okuwçylar bilen howlukman, yzygiderli iş geçirmeli. Olara diňe ýat tutmagyň hakyky bilimleri özleşdirmäge we olary uzak wagt ýatda saklamaga hem-de olaryň düýp manysyna düşünmäge ýeterlik şert döretmeýändigini ýuwaş-ýuwaşdan, dürli sapaklarda dürli mysallaryň üsti bilen düşündirmeli.
6. Okuw kitabyndaky kartalary, çyzgylary, suratlary, jedwelleri okuwçylaryň özbaşdak işlerini guramakda (toparlaýyn we ýekeleýin) has giňden peýdalanmaly. Kartalar boýunça gürrüň, derňew, täze maglumatlary almak, çyzgylary okamak we derňemek, suratlar boýunça gürrüň bermek, jedweller boýunça dürli gönükmeleri, mysal-meseleleri çözmek, diagrammalar düzmek ýaly işler guralýar we başgalar.

Mekdep geografiýa dersleri boýunça okuw kitaplary okatmagyň toplumlaýyn okuw serişdesi hasaplanyp, olar okuw işiniň we beýleki sapakdan daşary işleriniň has netijeli bolmagyny üpjün edýär.

Mekdep geografiýa dersleriniň okuw-terbiýeçilik wezipelerini, mazmunyny, okuw kitaplarynyň usulyýet aýratynlyklarynyň gurluşyny we okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutup okuw kitaplary bilen geçirilýän işleriň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Okuw kitabyndaky gerekli temany, kartany, suraty we beýleki çyzgylary tapmagy öwretmek.
2. Okuw kitabyndaky ýazgylary düşünip okamagy, esasy düşünjeleri, adalgalary saýlamagy we kesgitlemegi, esasy gerekli maglumatlary tapmagy, olaryň arasyndaky meňzeşlikleri we tapawutlary kesgitlemegi öwretmek.
3. Okuw kitabyndaky soraglaryň we ýumuşlaryň üstünde özbaşdak işlemek başarnyklaryny kemala getirmek.
4. Okuw kitabyndaky kartalaryň şertli belgilerini okamak, dürli kartalary deňeşdirmek, karta boýunça tebigy hadysalara, wakalara, desgalara häsiýetnama bermek başarnyklaryny ösdürmek.
5. Dürli san-hasabat maglumatlaryny deňeşdirmek, olar boýunça hasabatlar, subutnamalar düzmek, derňemek we ulgamlaşdyrmak başarnyklaryny öwretmek.
6. Dürli suratlara ýazgy bermegi, olary deňeşdirmegi we derňemekligi öwretmek.
7. Okuw kitabyndaky bir tema degişli ýazgydan, kartalardan, suratlardan we beýleki çyzgylardan toplumlaýyn peýdalanmagyň ýollaryny öwretmek.

Umuman okuw kitaplary bilen guralýan işler köp görnüşli bolup, olar dürli okuw işlerinde guralyp biliner. Bu işleriň netijeli ýola goýulmagy okuwçylaryň bilimleriniň we başarnyklarynyň ösmegini, olaryň geografiýa ylmyny has giň öwrenmäge islegleriniň döremegini üpjün edýär.

Okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnyklaryny ösdürmekde okuw kitaplarynyň ähmiýeti örän uly bolup, bu işi guramagyň birnäçe usullary esasan geografiýa sapaklarynda ulanylýar. Meselem: Okuw kitabyndaky temadan käbir, esasy, saýlanyp alnan bölekleri okap, berlen soraglara, ýumuşlara jogap tapmak. Bu usulda iş mugallymyň öňünden taýýarlan soraglary we ýumuşlary esasynda geçirilip, okuwçylaryň jogaplary sapakda barlanylýar we bahalandyrylýar.

Okuw kitaplary okuwçylaryň öý işleriniň netijeli bolmagyny üpjün edýän esasy serişdesidir. Öý işleriniň soraglary we ýumuşlary esasan okuw kitabyndaky her bir temadan soň berilenlerden saýlanyp alynýar. Okuwçylaryň okuw kitabyndan öýde ýerlikli we dogry peýdalanyp bilmek başarnyklaryny kemala getirmekde, olara bu işiň esaslarynyň sapaklarda öwredilmegi zerurdyr.

Öý işlerini ýerine ýetirmekde geografiýa okuw kitaplarynyň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Olar okuw kitabynda subutnama maglumatlarynyň has köp bolmagy, tema degişli kartalaryň, suratlaryň, çyzgylaryň beýleki ýazgylardan tapawutlandyrylyp ýazylmagydyr. Okuw kitaplarynyň bu aýratynlyklary we olardan peýdalanmagyň usullarynyň geografiýa sapaklarynda yzygider öwredilmegi netijesinde okuwçylar şu aşakdaky okuw işlerini öýde ýerine ýetirip bilmek başarnyklaryny ele alýarlar:

1. Temanyň yzygiderli meýilnamasyny düzmeklik.
2. Hadysalaryň deňeşdirme häsiýetnamasyny düzmek.
3. Geografik kartalar boýunça düzülen häsiýetnamalary okuw kitabyndaky ýazgylar bilen deňeşdirmek.
4. Suratlar, çyzgylar, syýahatçylaryň geçen ýollary boýunça ýazgylar taýýarlamak.
5. Dürli jedwelleri, diagrammalary, shemalary derňäp, netije çykarmak we olary okuw kitabyndaky san maglumatlary esasynda düzmek we başgalar.

**Goşmaça edebiýatlar, gollanmalar okatmagyň serişdesi hökmünde.** Garaşsyzlyk ýyllarynda ylmyň-tehnikanyň ösüşi we habar beriş serişdeleriniň ähli görnüşleriniň ilatymyz üçin elýeterli bolmagy, ýurdumyzda we dünýäde ykdysady-geografik maglumatlaryň gysga wagtda üýtgäp durmagy, mekdepde geografiýany okatmakda, okuwçylara döwrebap bilim we terbiýe bermekde olaryň metbugatda, radio, teleýaýlymda,, ylmy-köpçülikleýin edebiýatlarda we gollanmalarda berilýän geografik mazmunly materiallary öwrenmekleriniň hem ýola goýulmagyny talap edýär.

Goşmaça edebiýatlar, ylmy çeşmeler, gazet-žurnallardaky makalalar bilen özbaşdak işleriň talaba laýyk guralmagy netijesinde okuwçylarda şu aşakdaky başarnyklar kemala getirilýär:

- öwrenilen mowzuk, hadysa ýa-da waka baradaky ylmy-geografiýa maglumatlary gürrüň bermek;
- öwrenilenleri dil üsti bilen ýa-da ýazuw üsti bilen beýan etmegiň meýilnamasyny düzmek;
- okan materialyndan zerur bolan ýerlerini (tezislerini) ýazga geçirmek, referat, nutuk taýýarlamak;
- goşmaça öwrenen maglumatlaryny, geografik bilimlerini sapakda öwrenilýänler bilen baglanyşdyrmagy başarmak we başgalar;

Geografiýa sapaklarynda ol ýa-da beýleki mowzuk öwrenilende mugallym oňa degişli goşmaça edebiýatlar, gazet-žurnal makalary ýa-da radio-telewideniýede berilýän gepleşikler hakynda anyk maglumatlary berip, okuwçylarda olary özbaşdak okamak, diňlemek ýa-da seretmek gyzyk-lanmalaryny döretmelidir. Indiki sapakda öwrenen düşünjeleri barada okuwçylaryň çykyşlary guralyp bahalandyrylsa, bu işe ähli okuwçylaryň gyzyklanmasynyň artmagyna ýardam edýär. VIII – IX synplarda bu işi söhbetdeşlik, maslahat

(konferensiýa) ýaly sapaklarda yzygider guramak has maksadalaýykdyr.

Okuwçylaryň goşmaça edebiýatlar, ylmy çeşmeler bilen işini guramakda geografik beýannamalar ýazdyrmak usuly hem peýdalanylýar. Onuň üçin VII-VIII-IX synp okuwçylaryna özbaşdak okamak üçin ylmy-köpçülikleriň edebiýatyň ady berilýär we ony bir aýyň (çärýegiň) dowamynda okap, anyk düzülen meýilnama boýunça onuň geografik aýratynlyklaryna, häsiýetnamasyna beýannama görnüşde ýazgy bermek tabşyrylýar. Okuwçylaryň işi mugallym tarapyndan dykgat bilen öwrenilýär we bahalandyrýar.

Mekdepde geografiýany okatmaklygy durmuş bilen baglanyşykly guramakda, okuwçylara milli-watançylyk, ekologiýa, ykdysady terbiýe bermekde gündelik metbugat maglumatlary bilen işleriň guralmagynyň uly ähmiýeti bar. Onuň üçin geografiýa mugallymlaryna şu aşakdaky işleri yzygider guramak maslahat berilýär:

1. Okuwçylaryň kömegi bilen özünde dürli geografik maglumatlary jemleýän gazet-žurnallaryň makalalarynyň, habarlarynyň, san-hasabat görkezijileriniň ýerleşen böleklerini yzygider mümkin boldugyça aýry-aýry dersler we mowzuklar boýunça toplamak işini ýola goýmaly.
2. Toplanan maglumatlary geografiýa sapaklarynda degişli mowzuklar öwrenilende peýdalanmaly. Mowzuk düşündirilende ýa-da ýörüte ýumuşlar ýerine ýetirilende peýdalanmak toplanan maglumatyň mazmunyna bagly kesgitlenilýär.
3. Toplanan maglumatlary, suratlary, çyzgylary peýdalanyp okuwçylaryň özbaşdak işlemekleri ýa-da bilimlerini barlamak üçin paýlanyp berilýän didaktik serişdeler hökmünde ulanmagy ýola goýmaly.

4. Gündelik metbugat täzelikleri mekdebiň ähli okuwçylaryna ýetirmek üçin “Nobatçy kartany” döretmeli we başgalar.

Geografiýany okatmakda goşmaça edebiýatlaryň we beýleki bilim çeşmeleriniň okuwçylar tarapyndan peýdalanylmagyny gazanmagy başaran mugallym olaryň bilimleriniň has giň, çuňňur bolmagyny, geografiýa ylmyna bolan gyzyklanmasynyň artmagyny gazanýar.

**Synp tagtasy - okatmagyň serişdesidir.** Synp tagtasy hem okatmagyň esasy serişdeleriniň biri hasaplanylýar. Sebäbi synp tagtasyny ulanmazdan sapagy guraýan ýeke mugallyma hem gabat gelmek mümkin däl. Synp tagtasyny netijeli ulanmagyň usullary köpdür. Her mugallym ony öz mümkinçilikleri boýunça ulanýar.

Synp tagtasyndaky surat- okuw maglumatlaryny aýdyň düşündirmek we berkitmek maksady bilen ulanylýan okatmak usullaryň biridir. Mugallym synp tagtasynda mel (reňkli mel bolsa has gowy) bilen çeşmäniň emele gelşini düşündirýär diýeliň. Şonda mugallym hem surat çekýär, hem çekip duran suratyny dilden beýan edýär. Bu bolsa okuwçylara temanyň mazmunyna düşünmegine kömek edýär. Çeşmäniň emele gelşini synp tagtasynda şeýle tertipde çyzyp görkezmek bolar:



Synp tagtasynda çekilen surat diňe bir temanyň mazmunyny düşündirmän, eýsem ol okuwçylar üçin gyzykly hem bolýar. Rus pedagogy A.A.Polowinkowyň belleýşi ýaly, synp tagtasyndaky surat boýunça okuwçy mugallymyň temany beýan edişine yzygiderli syn edýär, bu ýerde okuwçynyň eşidişi we görüşi bilelikde hereket edýär. Bu bolsa okuw maglumatynyň ýatda galmagyna kömek edýär.

Häzirki wagtda şu aşakdaky ýaly işler synp tagtasynda köp ýerine ýetirilýär:

- sapagyň geçilýän güni
- temanyň ady
- täze adalgalar (terminler), alymlaryň atlary
- tejribe işleriniň geçrilişiniň yzygiderliligi
- öý işleri üçin ýumuşlar we başgalar.

Synp tagtasynda ýazylýan ýazgylara bolan birnäçe talaplar hem bar. Synp tagtasynda ýazylýan sözler ýalňyşsyz, owadan, ähli okuwçylara görner ýaly ululykda bolmaly. Şeýle-de synp tagtasyndan tygşytly peýdalanylmalydyr.

## Geografiýany okatmagyň okuw material üpjünçiligi.

### § 29. Geografiýa otagy

**Geografiýa otagynyň abzallaşdyrylyşy we bezelişi.** Ýurdumyzyň bilim ulgamynda öňde goýlan esasy wezipeleriň biri-de mekdepleriň her bir öwrenilýän ders boýunça gowy, döwrebap okuw-material üpjünçiligini gazanmak hasaplanylýar. Beýleki derslere garanda, mekdepde okadylýan geografiýa derslerinde ulanylýan esbaplar, serişdeler örän köp bolup, olary abat saklamak, zerur wagty peýdalanmagy ýeňilleşdirmek üçin ýörite okuw otag örän zerurdyr. Sebäbi

geografiýa sapaklarynyň ýörite abzallaşdyrylan, bezelen otaglarda guralmagy okuw-terbiýeçilik işleriniň has netijeli bolmagyny, şeýle-de mugallymyň okuw işleriniň ep-esli derejede ýeňilleşmegini üpjün edýär. Şonuň üçin döwletimiziň ähli orta mekdeplerinde geografiýa okuw otaglary talaba laýyk abzallaşdyrylyp, geografiýa dersleriniň ähli sapaklarynyň şol otagda okadylmagy üçin zerur çäreler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Milli bilim instituty tarapyndan geografiýa otagyny döwrebap abzallaşdyrmak, bezemek, ony sapakda peýdalanmagyň ýollary barada ýörite görkezmeler, usuly maslahatlar, hödürnamalar taýýarlanylyp, mekdeplere yzygider ýetirilip durulýar. Mekdepde geografiýa otagyny abzallaşdyrmak, bezemek işi umumy talaplaryň esasynda ýola goýulýar we şol otagda geografiýa derslerini okatmaga degişli serişdeleriň özboluşly aýratynlyklary hem göz öňünde tutulýar. Geografiýa otagyny bezemegiň umumy talaplaryna görä:

- Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň döwlet nyşanlary;
- Türkmenistanyň Bilim Ministrliginiň ýörite sanawynda görkezilen geografiýany okatmakda ulanylýan okuw serişdeleriniň ähli görnüşleri;
- dürli tehniki serişdeler we olary peýdalanmak üçin zerur bolan şertler;
- jemgyýetçilik – syýasy, ylmy, köpçülikleýin habar beriş, usuly, ülkäni öwreniş temalaryna degişli dürli okuw kitaplary, žurnallar, gazetler;
- ülkäni öwreniş işlerinde toplanan has zerur okuw materiallary;
- geografiýa otagynda we goşmaça ýörite esbaplaryň saklanylýan jaýynda bar bolan ähli esbaplaryň we enjamlaryň sanaw ýazgysy (*kartotekasy*);
- okuwdan daşary çärelerde okuwçylaryň taýýarlan iň gowy nutuklary, referatlary, elde ýasan dürli görkezme esbaplary we başgalar;

- mugallymyň we okuwçylaryň iş ýerleri;
- okatmak serişdelerini ykjam ýerleşdirer ýaly we olary zerur wagty aňsat ulanyp bolar ýaly şertler;
- geografiki kartalary, okuw görkezme esbaplarynyny ulanmak (*asyp goýmak*) üçin ýörite serişdeler we başgalar bolmalydyr.

Geografiýa otagyny abzallaşdyrmak we bezemek mekdepdäki şertlere, mugallymyň mümkinçiliklerine we döredijilik ussatlygyna bagly bolup, bu işiň ýerine ýetirilmeginde şeýle usuly görkezmeleriň we maslahatlaryň berjaý edilmegi has maksadalaýyk hasaplanylýar:

- synp otagynyň meýdany **40-50 m**$^2$ bolmalydyr. Mümkinçilige görä okuw esbaplaryny aýawly saklamak üçin ýörite jaýyň bolmagy zerurdyr;
- synp tagtasynyň ýokarsynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň portreti goýulmalydyr;
- portretiň çep tarapynda döwlet baýdagyny we döwlet senasyny, sag tarapynda döwlet tugrasyny we watançylyk kasamyny ýerleşdirmek döwrüň talabydyr;
- geografiýa otagyndaky synp tagtasynyň iki tarapynda geografiki kartalary, okuw görkezme esbaplary asyp goýar ýaly ýörite enjamlar, magnitleşdirilen synp tagtasy, diapozitiwleri, diafilmleri, kinofilmleri görkezer ýaly ýygnalýan ekran ýerleşdirilýär;
-otagyň yzky diwarynyň öňünde ýörite şkaflar goýlup, olarda dürli enjamlar, goşmaça peýdalanylýan kitaplar, globuslar we başgalar ýerleşdirilýär;
- otagyň penjireleriniň arasyndaky ýerlerde okuwçylaryň hökman bilmeli san maglumatlary jemlenen dürli diwarlyklar (stendler) ýerleşdirilse netijeli bolýar. Meselem: Dünýäniň iň beýik daglary, her materik boýunça beýik dag aýratyn görkezilýär, iň uzyn we köp suwly derýalary we başgalar;
- geografiýa otagynyň penjireleriniň garşysyndaky diwarda görnükli syýahatçylaryň portretleriniň, eden açyşlarynyň

sanawy (*ýazgylary*), ýurdumyzdaky we dünýädäki tebigatyň aýry-aýry täsirli görnüşlerini, tebigatyň hadysalaryny, ykdysady wakalaryny görkezýän diwarlyklar, hepde-de, aýda bolup geçýän täzelikleri, täsin hadysalary görkezip durmaga niýetlenen Türkmenistanyň we Dünýäniň kartalary ýerleşdirilse ähmiýetlidir.

Geografiýa otagy abzallaşdyrylanda we bezelende, onda ýerleşdirilýän ähli serişdeler estetiki talaplara laýyk bolmalydyr. Otag gülleriniň, ösümlikleriniň goýulmagy bolsa diňe bir geografiýa otagyna gözellik bermän, eýsem onuň howasynyň hemişe arassa bolmagyny hem üpjün edýär.

**10-12**-den geçmeýän az okuwçyly synplary bar kiçi mekdeplerde geografiýa okuw otaglary aýratyn döredilmän, olar taryh-geografiýa ýa-da biologiýa-geografiýa ýaly iki dersiň sapaklaryny hem okatmaga niýetlen okuw otaglary görnüşinde abzallaşdyrylýar we ulanylýar.

**Okuw-terbiýeçilik işlerinde geografiýa otagynyň peýdalanylyşy.**

Orta mekdeplerde talabalaýyk abzallaşdyrylan geografiýa otagy dürli görnüşli sapaklary guramakda mugallymyň işini ýeňilleşdirýär, wagtyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär, okuwçylaryň okuw işleriniň has netijeli bolmagyny üpjün edýär. Mugallym tarapyndan hem-de nobatçy okuwçylaryň kömek bermeginde synp otagy her bir sapaga öňünden (*arakesmede*) taýýarlanylýar.

Sapakda ulanyljak okuw serişdeleri ýerli-ýerinde goýlup, tehniki enjamlaryň taýýarlygy barlanylýar. Şeýle edilende, okatmakda ulanylýan okuw serişdelerini we enjamlaryny sapagyň islendik böleginde ulanmaga şertler döreýär, olaryň bilimleri öwretmekdäki, berkitmekdäki, barlamakdaky niýetlenilýän maksatlary netijeli amala aşyrylýar.

Umuman, talaba laýyk abzallaşdyrylan geografiýa otagynda alnyp barylýan sapaklar we beýleki okuw-terbiýeçilik işleri guralanda:

- wagty tygşytlap, artykmaç zähmet sarp etmezden okatmaklygyň dürli usullaryny ulanyp, geografiýa sapaklarynyň dürli görnüşlerini alyp barmagy netijeli amala aşyrmak;
- sapakda köp görnüşli okuw-görkezme esbaplardan, kartalardan, tehniki serişdelerden peýdalanmak we olary netijeli ulanmak;
- geografiýa otagyndaky dürli okuw serişdeleriniň tertipli we aýawly saklanylmagyny üpjün etmek we olaryň üstüni doldurmak;
- geografiýa sapaklarynda okuwçylaryň özbaşdak, amaly işlerini, tejribeleri geçirip hem-de okuw çeşmeleriniň dürli görnüşlerini bir wagtda peýdalanyp bilmeklerini guramak;
- sapakdan daşary we okuwdan boş wagtlary okuwçylar bilen geografiki otagynyň, ondaky serişdeleriň täzelenmegi, abatlanmagy üçin dürli işleri guramak ýaly didaktiki çäreler amala aşyrylýar.

Mekdepde geografiýa otagyny döretmek we ondan peýdalanmak mugallymdan yzygiderli, ulgamlaýyn işleri guramagy talap edýär. Geografiýa otagynyň talaba laýyk peýdalanylmagynda mekdep ýolbaşçylarynyň kömegi zerurdyr. Mekdep ýolbaşçylary geografiýa mugallymlaryna:

a) geografiýa otagyny ýeke-täk talaplara laýyk okuw serişdeleri bilen üpjün etmekde;
b) otagdaky dürli abatlaýyş, bezeg işlerine mekdebiň zähmet, şekillendiriş sungaty mugallymlaryny gatnaşdyrmakda;
ç) geografiýa sapaklarynyň ählisiniň ýörite geografiýa okuw otagynda okadylmagyny üpjün etmekde;
d) geografiýa otagyny abzallaşdyrmak we bezemek, täzelemek we abatlamak, okuw-terbiýeçilik işleriniň dürli görnüşlerinde peýdalanmak boýunça mugallymyň ýyl dowamynda alyp barýan işlerine gözegçilik etmek, usuly kömekler bermekde ýardam etmelidirler.

Mekdepde geografiýa otagynda guralýan sapaklaryň netijeli bolýanlygyny, okuwçylaryň bilimleriniň we tertip-düzgüniniň gitdigiçe ýokarlanýandygyny köp ýyllyk tejribeler görkezýär.

**Okuwçylaryň özbaşdak, döredijilik işlerini guramakda geografiýa otagynyň ähmiýeti.** Geografiýa otagy okuwçylar bilen sapakdan daşary dürli çäreleri, gyzyklanma okuwlary we fakultatiw sapaklary has netijeli guramaga mümkinçilikler berýär. Geografiýa otagynda gyzyklanma okuwlarynda, fakultatiw sapaklarynda, geografiýa gurnaklarynda okuwçylaryň geografiýa dersi boýunça özbaşdak, döredijilikli işleriniň köp sanly görnüşlerini maksadalaýyk guramak mümkin.

Geografiýa otagyndaky geografiki kartalaryň dürli görnüşlerini, atlaslary, globuslary peýdalanyp, köp sanly geografiki maglumatlary, geografiki obýektleri, ýer-ýurtlar atlary, tebigy hadysalary giňişleýin öwrenilip, olaryň aýratynlyklaryny, deňeşdirme häsiýetnamalaryny özbaşdak taýýarlap bilmek başarnyklary okuwçylarda kemala getirilýär. Şeýle-de dürli klimat, toprak, ösümlik, haýwanat dünýäsiniň kartalaryny, suratlary peýdalanyp ýurdumyzda we dünýä ýurtlarynda klimatyň özgermegi, ekologiýa meseleleriniň ýüze çykmagy we olary çözmegiň ýollary barada okuwçylarda döredijilikli pikirlenmek başarnyklary ösdürilýär.

Geografiýa otagynda metbugat materiallary, ylmy kitaplar, gollanmalar, köpçülikleýin edebiýatlar, dag jynslarynyň, gazylma baýlyklaryň toplumlary (*kolleksiýalary*), ýerli tebigy şertler, olaryň üýtgeýşi, senagat we oba-hojalyk kärhanalary baradaky toplanan maglumatlardan peýdalanmak we olaryň üstüni doldurmak boýunça okuwçylaryň ylmy-barlag, gözegçilik işlerini guramaga mümkinçilikler döreýär.

Ýurduň bilim ulgamynda öňde goýlan, okuwçylar bilen diňe geçilýän sapaklarda däl, eýsem okuwdan boş wagtlary hem okuw-terbiýeçilik işleriniň yzygider we ulgamlaýyn

geçirmek baradaky wezipäni berjaý etmekde mekdepde ähli dersler, şol sanda geografiýa dersi boýunça hem okuw otagynyň bolmagy döwrüň talabydyr. Şonuň üçin bu işe ýurdumyzyň ähli mekdeplerinde aýratyn üns berilmelidir.

## § 30. Geografik meýdança we onuň gurnaly.

**Mekdepde geografiýa meýdançasynyň zerurlygy we ähmiýeti.** Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly ýurdumyzyň orta mekdeplerinde geografiýa meýdançalaryny enjamlaşdyrmak işi barha giň gerime eýe bolýar. Geografiýa meýdançasynyň mekdepde geografiýa derslerini talaba laýyk okatmakda, döwlet maksatnamasynyň mazmuny esasynda okuwçylarda zerur bolan başarnyklaryň, endikleriň kemala getirilmeginde we ösdürilmeginde örän uly ähmiýeti bardyr. Bu geografiýany okatmagyň köpýyllyk tejribesi esasynda we geografiýany okatmagyň usulýeti tarapyndan subut edildi. Sebäbi geografiýa meýdançasynda guralýan sapaklar, howa gözegçilikler, tejribe işler okuwçylaryň bilimleriniň artmagyna, çuňlaşmagyna, olaryň geografiýa ylmyny öwrenmäge bolan gyzyklanmalarynyň artmagyna örän uly ýardam edýär.

Geografiýa meýdançasynda alnyp barylýan gözegçilikler netijesinde toplanan maglumatlar klimat bilen bagly sapaklarda, tejribe işlerde giňden peýdalanylýar. Olar geografiýa otagyndaky okuw esbaplarynyň baýlaşmagyny, üstüniň doldurylmagyny üpjün edýär. Şonuň üçin häzirki döwürde geografiýa meýdançasynyň bolmagy we onuň diňe bir geografiýa dersini däl, eýsem tebigaty öwreniş fizika, astranomiýa ýaly dersleri okatmakda hem ulanylmagy zerurdyr.

Öňdebaryjy mekdepleriň iş tejribesinden görnüşine görä, kärini söýýän, usat geografiýa mugallymlary geografiýa meýdançasyny döretmäge we ony netijeli peýdalanmaga aýratyn üns berýärler. Şonuň bilen bir hatarda olar meýdançany baýlaşdyrmagyň, ondaky enjamlary ýerleşdirmegiň iň oňaýly we kämil, döwrebap usullaryny tapmaklygyň ýollaryny hem gözleýärler.

Geografiýa meýdançasynyň enjamlaşdyrylyşynyň esasy görkezijisi ondaky enjamlaryň, esbaplaryň tebigata gözgçiligi guramaga ýaramlylygy we dürli tejribe işleri guramaga mümkinçiligi bilen kesgitlenilýär. Bu mümkinçilikler bolan meýdança geografiýadan dürli sapakdan daşary, gyzyklanma we fakultatiw okuwlary guramakda hem peýdalanyp bilner.

Eger mekdebiň ýerleşis şertleri geografiýa meýdançasyny döretmäge we ony talaba laýyk enjamlaşdyrmaga mümkinçilikler bermese (bu esasan şäherlerde köp gatly jaýlaryň arasynda ýerleşen we oba ýerlerindäki okuwçy we synp sany has az ýa-da doly däl orta mekdeplere degişli), onda olarda geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasynda talap edilýän iň az, hökmany howa gözegçilik işlerini amala aşyrmak üçin hiç bolmanda howanyň temperaturasyny, ýeliň ugruny, güýjüni we tizligini ölçemek üçin mümkinçilikleriniň döredilmegi zerurdyr.

**Geografiýa meýdançasynyň enjamlaşdyrylyşy.** Mekdepde geografiýa meýdançasynyň ululygy, ondaky bolmaly bölümler, ýerleşdirilmeli okuw serişdeleriniň, meteorologiýa enjamlarynyň görnüşleri we sany hakynda mugallymlar, usulýetçiler dürli pikirleri öňe sürýärler. Türkmenistanyň mekdeplerinde geografiýany okatmagyň maksatnamasyna laýyk okuw-terbiýeçilik işleriniň talaba laýyk guralmagy üçin geografiýa meýdançasynda şu aşakdaky bölümleriň bolmagy we olarda şeýle sanawdaky esbaplaryň we enjamlaryň ýerleşdirilmegi maksadalaýykdyr:

**I. Umumy bölüm.**

1. Dagyň, dag buzlugynyň, deryanyň we onuň goşantlarynyň, suw elektrik stansiýasynyň, elektrik geçirijiniň, derýa köprüsiniň, şaglawugyň, bosagalaryň, dagdaky beýiklik guşaklyklarynyň araçäkleriniň, çöl, tokaý, sähra landşaftynyň we başgalaryň (mugallymyň döredijiligine we mümkinçiliklerine bagly) has kiçeldilen şekilleri.
2. Aralyklary ölçemegiň dürli usullaryny kesgitlemäge niýetlenen ýörüte ölçeg çyzgyjy.
3. Gara we ak reňkler bilen gezekleşdirilip reňklenen, 10 sm-den 1-metre çenli bölekleri tapawutlandyrylan beýikligi ölçeýji agaç.
4. Aralyk we meýdan ölçegleriniň etalonlary. Ýörüte uzyn çyzyk santimetrlere, metrlere bölünýär.
5. Bir kwadrat metriň we kub metriň takyk ululyklary, şekili ýörüte ýasalýar.
6. Hakyky meridiany kesgitlemäge niýetlenilen, agaçdan ýasalan gnomon.
7. Ýerli meridianyň we paraleliň ugruny görkeziji ýörüte esbap.

8. Gözýetimiň taraplaryny kesgitlemäge niýetlenilen 16 bölünen tegelek. Her bölege ýa-da ugra gözýetimiň esasy we aralyk taraplarynyň atlary ýazylýar.
9. Dürli burçlary, azimutlary kesgitlemak üçin niýetlenen kompas, ekker, eklimetr we başgalar.

**II. Astranomiýa bölümi.**

1. Demirgazyk (polýar) ýyldyzyny görkeziji– demirgazyk polýusynyň ýerleşýän ugruny kesgitlemek üçin enjam. Dik (wertikal) burçlary ölçeýji enjam–günüň gözýetim çyzygyndan



**Suratda: meteorologik gapyrjak.**

2. beýikligini ölçemekde ulanylýar.
3. Ekwatorial gün sagady – guşaklyk wagty kesgitlemek üçin ulanylýan enjam.
4. Keseligine ýerleşdirilen (gorizontal) gun sagady – günüň islendik wagty guşaklyk wagty kesgitlemek üçin ulanylýan enjam.
5. Ýerli geografik giňligi we uzaklygy görkeziji.
6. Geografiýa meýdançasynyň ýerleşen ýeriniň absalýut beýikligini görkeziji we başgalar.

**III. Meteorologiýa (howa gözegçilik) bölümi.**

1. Ýörüte kärhanalarda ýa-da mekdepde ýasalan (ölçegleri 50x50x70– santimetrden kiçi bolmaly däl) mirteorologik metr, gigrometr, barometr–aneroid ýaly howanyň temperaturasyny, otnositel çyglylygyny, atmosfera basyşyny ölçeýän enjamlar ýerleşdirilýär. Meteorologik gapyrjaklara günüň bütin dowamynda agaçlaryň ýa-da jaýlaryň kölegesi düşmeli däldir.

   Ýeliň ugruny we güýjüni ölçeýji flýuger. Ol ýerden 8-10-metr beýiklikde we agaçlardan, jaýlardan belli bir uzaklykda (azyndan 20-30 metr) ýerleşdirilmelidir.
2. Ýeliň tizligini ölçeýji anemometr.
3. Düşýän ygallaryň mukdaryny ölçeýji – osadkomer. Ol ýerden 2 metr belentlikde takyk kese (gorizontal) ýagdaýda we agaçlardan uzagrakda ýerleşdirilmelidir.
4. Bulutlylygyň derejesini ölçemek üçin – nefeskop.
5. Gar ölçeýji ýörüte tagta böleginden ýasalan enjam. Onuň bir tarapy tekiz ýere berkidilip goýulýar.
6. 8–litrlik polietilen bedreden we onuň içinde ýerleşdirilen ýörüte gaplardan hem-de garyň galyňlygy ölçeýän taýakdan (reýkadan) ybarat ýörüte garyň dykyzlygyny we ondaky suwuň möçberini ölçeýän enjam we başgalar.

**IV–bölüm.**

Meýdan synp otagy hasaplanyp, onda okuwçylar bilen söhbetdeşlikler, ýerine ýetirilen işlere ýazgy bermek ýaly işler guralýar. Eger mümkinçilikler bolmasa geografiýa meýdançasynda bu bölümiň bolmagy hökman hem däldir.

Mekdepde geografiýany okatmagyň häzirki zaman talaplaryna görä geografiýa meýdançasynyň ölçegleri 12 m x 12 metr bolsa ýeterlik hasaplanylýar. Meýdançada ýokarda sanalyp geçilen bölümler we olardaky enjamlar geografiýany okatmagyň mekdep maksatnamasyndaky talaplaryň doly ýerine ýetirilmegini üpjün edip biler.

Mekdep geografiýa meýdançasyny döretmek we talaba laýyk abzallaşdyrmak mekdebiň umumy iş meýilnamasy esasynda hem-de mekdep ýolbaşçylarynyň ýardam bermeginde amala aşyrylýar. Geografiýa meýdançasyna jogapkär mugallym ýa-da işgär bellenilip, okuwçylar tarapyndan ýörüte nobatçylar onuň arasaçylygyna, enjamlaryň abatlygyna we saklanylyşyna gözegçilik edýärler. Geografiýa mugallymynyň ýolbaşçylygynda mekdebiň zähmet mugallymlarynyň, ukuply okuwçylarynyň ýardamy bilen her okuw ýylynyň başynda geografiýa meýdançasynda doly abatlaýyş işleri geçirilip durulmalydyr.

**Geografiýa meýdançasynyň okuw-terbiýeçilik işlerinde peýdalanylyşy.**

Geografiýa meýdançasy 5-6-7-nji synplarda geografiýa, başlangyç synplaryň tebigaty öwreniş derslerinde aýry-aýry sapaklary okatmakda, tebigata, onda bolup geçýän hadysalara yzygiderligi gözegçiligi guramakda, okuwçylaryň bu gözegçilikleri alyp barmak, howa kalendaryny, dürli howa şertleriniň üýtgeýşiniň diagrammalaryny, çyzgylaryny taýýarlap bilmek başarnyklaryny kemala getirmekde we ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Geografiýany okatmagyň maksatnamasynyň talaplaryna laýyk esasan hem V we VII synp okuwçylary bilen yzygiderli

howa gözegçiligi guramak ýola goýlyp, tebigatyň şu aşakdaky hadysalaryna gözegçilik edilýär we hasaby ýöredilýär:

1. Howanyň temperaturasyna – günüň dowamynda 3 gezek gözegçilik edilip, alnan maglumatlar esasynda şol günüň ortaça temperaturasy hasaplanylýar we howa kalendaryna bellenilýär. Meselem: $8^{oo}$-da $17^{o}$, $12^{oo}$-da $28^{o}$–bolsa, $18^{oo}$-da $21^{o}$ bolsa howanyň şol günki ortaça temperaturasy $(17+28+21):3=22^{o}$ bolar.
2. Ýeliň ugruna we güýjüne; Ýeliň ugry gözýetiminiň esasy we aralyk taraplary (jemi 8 tarap) boýunça kesgitlenilip çyzyk nyşany (strelka) görnüşde, ýeliň güýji bolsa 12- bally ulgamda kesgitlenilip sanlar görnüşde kalendara bellenilýär. Geografiýa meýdançasynda anemometr bolan ýagdaýynda ýeliň tizligi hem ölçenilýär.
3. Asman giňişliginiň bulutlylyk derejesine we bulutlaryň görnüşlerine;
4. Ygallaryň düşen mukdaryna we olaryň görnüşlerine (ýagyş, gar, doly, jöwenek we başgalar);
5. Atmosfera basyşyna we onuň günüň dowamyndaky üýtgeýişine;
6. Howanyň otnositel çyglylygyna we onuň 3 gezekdäki öçegleriniň görkezijileriniň tapawutlaryna;
7. Tebigatda, atmosferada bolup geçýän seýrek we täsin hadysalara (ýyldyrym çakmagy, gök gürlemegi, aýyň we günüň daşynda halkalaryň emele gelmegi, güýçli apy-tupanlar, epgek ýelleri) we ş.m.

Howa gözegçilik işlerine okuwçylar başlangyç synplarda gatnaşyp başlaýarlar. Şonuň üçin olarda howanyň temperaturasyna, ýeliň ugruna, ygallaryň düşüşine gözegçilik edip bilmek başarnyklary bolýar. Geografiýa mugallymynyň wezipesi bolsa okuwçylaryň tebigata gözegçilik başarnyklaryny has ösdürmek we täze görnüşleri bilen üstüni doldurmak bolup durýar.

Geografiýa meýdançasynda geçirilýän ähli işler, gözegçilikler netijesinde toplanan howa maglumatlary sapaklarda peýdalanmak bilen okuwçylarda şu aşakdaky bilimler we başarnyklar kemala getirilýär:

- Dürli meterologiýa enjamlaryny peýdalanyp bilmek;
- Howa gözegçiliginiň esasy görnüşlerinden we guralyş usullaryndan baş çykaryp bilmek;
- Howa kalendaryndan peýdalanyp temperaturanyň, atmosfera basyşynyň, ygallaryň mukdarynyň, bulutlylygyň aýlyk diagrammalaryny, ýörüte çyzgylaryny, ýelleriň üýtgeýşini görkezýän "şemallar gününi" düzüp bilmek;
- Düzülen diagrammalar, çyzgylar esasynda howanyň temperaturasynyň atmosfera basyşynyň, öwüsýän ýelleriň ugrunyň we güýjüniň arasyndaky özara baglanyşygyny ýüze çykaryp bilmek;
- Birnäçe ýyllaryň dowamynda düzülen howa kalendarlaryny öwrenip ýerli klimat, howa şertleriniň üýtgeýşini ýüze çykaryp bilmek we howanyň ýagdaýyny öňünden kesgitläp bilmek;
- Tebigatda bolup geçýän täsin we seýrek hadysalaryň ýüze çykmagynyň sebäplerini düşündirip bilmek we başgalar;

Howa gözegçilik işlerini has netijeli guramagyň usuly, bu işleriň geografiýa gurnagynyň agzalary tarapyndan yzygider geçirilmegidir. Sebäbi 5, 7-nji synp okuwçylary bilen gözegçilik işleri esasan bir aýyň dowamynda (klimat baradaky bölümler, temalar öwrenilýän döwürde) guralýar. Geografiýa gurnagynyň agzalary bilen geografiýa meýdançasyndaky gözegçilik işlerini tomus aýlary hem yzygider dowam etdirmegi guramak mümkin.

Geografiýa meýdançasynda sapaklaryň onlarçasyny, ylaýtada 5-nji synpda öwrenilýän temalaryň 20-den gowragyny

geçmek mümkin we zerur. Olary meýdançada guramak bolsa mugallymyň mümkinçiliklerine, howa şertlerine laýyklykda ýerine ýetirilse maksadalaýyk bolýar. Geografiýa meýdançasynda netijeli guralan sapak okuwçylaryň öwrenilýän temany , geografik düşünjeleri has çalt we çuňňur özleşdirmeklerini üpjün edýär.

Geografiýa meýdançasynda guralýan sapaklarda okuwçylar tarapyndan yzygiderli howa gözegçiligi guramakda mugallym olara her bir enjamdan peýdalanmagyň usullaryny, olara aýawly çemeleşmegiň zerurlygyny hem-de howpsuzlyk çärelerini berjaý etmegiň düzgünlerini, zerurlygyny hökman düşündirmelidir.

Umuman mekdepde geografiýany okatmakda, okuwçylara döwrebap bilimleri hem-de başarnyklary öwretmekde talaba laýyk enjamlaşdyrlan geografiýa meýdançasynyň ähmiýeti örän uly bolup, başga okuw serişdeleriniň hiç biri-de onuň ornuny tutup bilmez.

## § 31. Janly burç we ülkäni öwreniş otagy (burçy).

**Janly burç we onuň gurnalyşy.** Janly tebigat burçy okuwçylaryň bilimlerini berkitmekde, olara ösümliklere, haýwanlara aýawly goramak endiklerini öwretmäge, okuwçylaryň zähmet endiklerini ele almagyna kömek edýär. Janly burçda dürli toparlara degişli bolan ösümlikler ösdürip ýetişdirilýär. Bu burçda ýerleşdirilen her bir ösümlikde etiketka bolmaly. Onda ösümligi ady, Watany, oturdylan wagty ýazylýar.

Okuwçylar ösümliklere ideg etmek bilen, her bir ösümlgiň aýratynlyklary (suw talap edişi, gülleýşi) bilen hem tanyş bolýarlar. Ösümlikleri öwrenmek maksady bilen okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda ýönekeý tejribeleri hem geçirilýär. Meselem: bir ösümlikden iki sanysyny alyp, oňa dürli şertlerde (suw guýmak, iýmit bermek, ýagtylyk) ideg

edýärler we onuň netijelerini ýazyp barýarlar. Tejribäniň üsti bilen okuwçylar ösümlikler bilen daşky gurşawyň arasyndaky baglanyşyga göz ýetirýärler.

Otagyň penjereleriniň aralygynda akwarium we terrarium ýerleşdirilýär. Akwariumda suw ösümlikleriniň (meselem, elodeýa) ýerleşdirilmegi, oňa has hem görk berýär we okuwçylar suw ösümlikleri bilen tanyş bolýarlar. Akwariumda – karas, karp, şeýle-de altyn balyjyklaryň käbir görnüşleri – kometa, teleskop oňat ýaşaýarlar.

Okuwçylar akwariuma ideg etmäni hem başarmalydyr. Akwariumy penjiräniň öňünde goýsaň hem bolýar, ýöne ýazda oňa gün şöhlesi düşmeli däl. Akwariumyň agzy aýna bölegi bilen ýapylmaly sebäbi oňa tozan düşýär. Ýöne howa girer ýaly azajyk açyp goýmaly. Hepdede iki gezek oňa suw guýmaly, bolmasa suwy azalýar, ýagyn , çeşme suwyny guýmak bolýar, gaýnap sowan suw guýmaly däl. Akwariumdaky her bir balyjyga ortaça iki litr suwyň bolmagyna esewan bolmaly. Eger-de suwuň möçberi şondan az bolsa balyjaklara kislorod ýetmezçilik edýär.

Terrariumda žabalar, gurbagalar, suwulganlar, pyşbagalar saklanylýar. Ýerde-suwda ýaşaýanlar üçin terrariumda suwly howdanjyk bolmaly. Olara gün şöhlesi düşmeli däl. Eger-de janly burç aýratyn otagda bolsa guşlar, süýdemdirijiler (belka,kirpi) üçin aýry-aýry ýerleri döretmek mümkin.Terrariumdaky haýwanlara ideg etmegiň düzgünlerini hem her bir okuwçy bilmelidir.Meselem: öý towşanlary sowukdan gorkmaýar,ýöne şemal geçip duran ýerde özlerini oňat duýmaýarlar.Öý towşanlary üçin uzynlygy-120 sm,ini we boýy 65-70 sm bolan kapasa bejerilýär.Onuň aşagy pollanan bolmaly.Kapasanyň bir burçda içi agaç ýonuçgaly bir kerseni goýmaly.Eger-de towşan öýe uýgunlaşsa, kapasany arassalamak oňat bolýar.Hepde-de bir gezek kapasany sodaly suw bilen ýuwmaly.

Kapasada iki sany ot-iým berilýän gap bolmaly.Uly gapda gök otlar,gök önümler,kiçi gapda bolsa gurak iýmler berilýär.Kapasada towşan üçin “ýatylýan öýjagaz”hem bolmaly.Olara günde üç gezek ot-iým bermeli.Ýazda otlar,käşir,şugundyr,gyşda gury otlar,arpa,mekgejöwen bermeli.

Umuman alanyňda, geografiýa otagynyň janly burçunyň okuwçylarda tebigaty söýmek we onuň baýlyklaryna aýawly garamak endikleriniň kemala gelmeginde ähmiýeti uludyr. Şeýle-de terrariumlar geografiýa otagynda däl-de, aýry otagda ýerleşdirilmelidir.

**Ülkäni öwreniş otagy (burçy).** Mekdebiň geografiýa otagynda öz ýurdyňy öwrenmek maksady bilen ülkäni öwreniş otagynyň döredilmeginiň hem uly ähmiýeti bardyr.Bu otag üçin materiallary syýahat, gezelenç wagtlarynda toplamak mümkin. Eger-de ülkäni öwrenmek üçin mekdepde aýratyn otag döretmäge mümkinçilik bolmasa, geografiýa otagynda ülkäni öwreniş burçuny döretmeli. Bu otagda (burçda) aşakdaky ýaly bölümler döredilýär:

1.Biziň mekdebimiz. Munda mekdebiň ýerleşýän ýeriniň plany, kartasy, mekdebiň taryhy baradaky maglumatlar ýerleşdirilýär.

2.Biziň ülkämiziň tebigaty. Şäheriň, obanyň plany, gazylyp alynýan baýlyklar, fiziki karta, öz welaýatyň (etrabyň) suw resurslary (kanallaryň,derýalaryň, käbir binalaryň fotosuratlary), howa kalendary ýa-da “Gözegçilik gündeligi”, ösümlik we haýwanat dünýäsi baradaky maglumatlar(gerbariler,ösümlikleriň we haýwanlaryň suratlary, gäpler), tebigaty goramak baradaky maglumatlar (“Gyzyl kitaba”girizilen ösümlikleriň we haýwanlaryň suratlary) we ş.m. ýerleşdirilýär.

3.Biziň ülkämiziň geçmişi we geljegi. Welaýatyň, şäheriň, obanyň hojalygy (kärhanalar, obalaryň önümleriniň nusgalary ýa-da fotosuratlary), medeni merkezleriň fotosuratlary, welaýatyň, şäheriň baradaky kitaplar, žurnallar, gazetler,

albomlar ýerleşdirilýär. Käbir öňdebaryjy mugallymlar bu burçda “Mertler Watany beýgeldýär” atly bölümi hem goşýarlar.Munda uruş we zähmet Gahrymanlary baradaky maglumatlar (uruş weteranlarynyň hatlary,ýatlamalary,fotosuratlary) ýerleşdirilýär.

Umuman,ülkäni öwreniş burçy çagalara öz welaýaty,etraby,obasy baradaky onuk maglumatlary öwrenmäge kömek edýär.Bu burçy döretmekde esasy rol mugallyma degişli bolup durýar.

## §32. Geografiýadan synpdan daşary işler.

### Synpdan daşary işleriň maksady, wezipeleri we ähmiýeti

Ýurdumyzyň bilim ulgamynda öňde goýlan esasy wezipe hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmekdir. Bu wezipäniň amala aşyrylmagynda okuw işleri bilen birlikde synpdan daşary işleriň ähmiýeti ýokarydyr. Şonuň üçin ýurdumyzdaky ähli mekdeplerde okadylýan sapaklardan başga-da okuwçylar bilen okuwdan daşary işleri geçirmeklige aýratyn üns berilýär. Bu geçirilýän işler, pedagogika ylmynda bolşy ýaly, geografiýany okatmagyň usulyýeti dersinde-de synpdan daşary işler diýlip atlandyrylýar.

Mekdepde geografiýa dersleri boýunça geçirilýän synpdan daşary işler mugallymyň ýolbaşçylygynda, okuwçylaryň meýletin gatnaşmagynda, okuw sapaklaryndan boş wagtyň dowamynda okuw-terbiýeçilik çäreleridir.

Mekdepde geografiýa derslerine hem beýleki derslerde bolşy ýaly, synpdan daşary işleriň köp görnüşleri degişlidir. Ol ilki bilen geografiýa ylymlarynyň aýratynlyklary bilen baglydyr. Geografiýa boýunça guralýan synpdan daşary işleriň köp görnüşleri özara baglanyşykly bolup, bir-birleriniň üstüni doldurmak arkaly dowam edýär. Geografiýadan synpdan daşary

işler guralanda, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary hasaba alynýar.

Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny kanagatlandyrmak, sapaklarda öwrenen bilimlerini has anyklaşdyrmak we çuňlaşdyrmak, täze bilimleri we başarnyklary öwretmek maksady bilen her bir mugallym geografiýanyň dürli ugurlary boýunça synpdan daşary işleri alyp barýar. Synpdan daşary işler guralanda, okuwçylar geografiýa ylmynyň dürli ugurlary, geçirilýän ylmy barlaglaryň görnüşleri, usullary, dürli abzallar we enjamlar bilen işlemegiň ýollary bilen tanyşdyrylýar. Olaryň geografiýa derslerini öwrenmäge, ylmy barlag işleri, tebigata gözegçiligi alyp barmaga bolan islegleri kanagatlandyrylýar. Okuwçylar synpdan daşary işlere gatnaşdyrylanda, olaryň isleg bildirýän ugurlary, temalary ylymdaky ýetilen derejelere gyzyklanmalary, tebigatdaky täsinlikler baradaky gyzyklanmalary hasaba alynýar.

Geografiýa dersinden guralýan synpdan daşary işleriň alnyp barlyşy, mazmunlary, temalary, geçirilýän ýerleri boýunça iki görnüşe: a)sapakdan daşary we b)synpdan daşary işlere bölünýär.

*Sapakdan daşary işler* okuw maksatnamasyndaky hödürlenýän temalara laýyklykda geçilýän sapaklar bilen göniden-göni baglanyşykda guralyp, şol synpyň okuwçylarynyň hemmesi üçin hökmanydyr. Okuwçylaryň tebigata guraýan gözegçilikleri, atmosfera hadysalaryna, howa ýagdaýlaryna gözegçilikleri bilen bagly alnyp barylýan işler muňa mysal bolup biler.

Beýleki derslerde bolşy ýaly, geografiýadan okadylýan sapaklarda hem okuwçylaryň ähli gyzyklanýan bilimlerini öwretmeklik üçin sapakdan daşary işler alnyp barylýar. Sapakdan daşary alnyp barylýan işler okuwçylaryň bilimlerini çuňlaşdyrmakda, giňeltmekde, başarnyklaryny artdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Mekdeplerde geografiýa derslerinden okadylýan sapaklarda okuwçylaryň ähli gyzyklanýan

bilimlerini doly we giň öwretmäge mümkinçilik ýeterlik bolmaýar. Sebäbi geçilýän sapaklarda her bir öwrenilýän tema boýunça diňe esasy düşünjeler berilýär. Sapakdan daşary işler aýratyn bölünýän hem bolsa, umumy synpdan daşary işleriň düzüminde görkezilýär.

*Synpdan daşary işler* okuwçylaryň hemmesi üçin hökmany bolman, olaryň isleglerine, gyzyklanmalaryna görä guralýar. Onuň mazmuny okuw maksatnamasyna gabat gelmän, umumy esaslarda bolup bilýär. Köplenç synpdan daşary işler sapakdan daşary işleriň dowamy hem bolup bilýär, okuwçylaryň gyzyklanmasyny, bilesigelijiligini artdyrýar, alýan bilimlerini, düşünjelerini çuňlaşdyrýar we giňeldýär. Olara meselem, mugallymyň tabşyrygy boýunça geografiki obýektlere, tabigatyň hadysalaryna, täsinliklerine degişli geografiki edebiýatlary öwrenmek, gazet-žurnallardaky maglumatlary toplamak ýaly işler degişlidir.

Mekdepde geografiýadan synpdan daşary işleri guramagyň esasy maksatlary şulardan ybarat:

- okuwçylaryň öz Watanymyzyň geografiýasy, tebigaty, hojalygy, ykdysadyýeti, medeniýeti baradaky bilimlerini has çuňlaşdyrmak bilen olarda Garaşsyzlygymyza, Bitaraplygymyza, Türkmen döwletimize, halkymyza, hormatly Prezidentimize bolan söýginiň aňdan hem kalpdan bolmagyny gazanmakdan;
- okuwçylaryň tebigata düşünmegini, tebigatda özüni alyp barmagy, tebigy baýlyklary aýawly peýdalanmagy we olary goramagy öwretmekden;
- geografiýa ylmyny öwrenmäge we özleşdirmäge bolan gyzyklanmalary, bilesigelijilikleri, öwrenenlerini durmuşda ulanyp bilmek başarnyklaryny kemala getirmekden ybaratdyr.

Synpdan daşary işler mekdepde geografiýany okatmakda şu aşakdaky wezipeleriň çözülmegini üpjün edýär:

a) geografiýany okatmagy terbiýe bermek işleri bilen berk baglanyşdyrmagy ýola goýýar.;

b) ýurdumyzyň gündelik durmuşy bilen baglanyşykly maksatnamalary, hasabat maglumatlary öwrenilýär. Geografiýa degişli bolan edebiýatlary, dürli metbugat çeşmelerindäki bar bolan maglumatlary öwrenmek arkaly okuwçylarda Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistana, türkmen halkynyň gazananlaryna, Hormatly Prezidentimize bolan belent söýgi we wepalylyk duýgulary kemala getirilýär;

ç) sapakdan we synpdan daşary işlerde okuwçylaryň geografiki bilimleri durmuş bilen baglanşygy ýola goýulýar. Nazary bilimleri amaly, gözegçilik, gözleg işlerde ulanmak başarnyklary emele getirilýär;

d) okuwçylaryň ylmy dünýägaraýyşlarynyň, ýokary medeniýetliliginiň ösmegini, özüniň halaýan işini tapyp bilmegini we hünär saýlamagyny üpjün edýär;

e) okuwdan daşary işleriň üsti bilen okuwçylaryň özbaşdak-ýekeleýin, toparlaýyn, köpçülikleýin bilelikde işlemek başarnyklary we dürli görnüşli zähmet endikleri ösdürilýär.

Geografiýadan synpdan daşary işler guralanda, okuwçylaryň islegleri, özbaşdaklygy, işjeňligi, döredijilik başarnyklary, güýçýeterlik mümkinçilikleri göz öňünde tutulyp, şu aşakdaky usullardan peýdalanmak maksadalaýykdyr:

- synpdan daşary işlerde mugallym okuwçylary dürli pudaklarda, kärhanalarda, edaralarda zähmet çekýän hünärmenler bilen duşuşdyryp, söhbetdeşlik ýa-da sorag-jogaplar guraýar.
- geografiki kartalar, enjamlar bilen işlemek, dürli gözegçilikleri we amaly işleri geçirmek boýunça okuwçylar bilen ýekeleýin we toparlaýyn çäreler guramak;
- dürli tebigy hadysalara, geografiki obýektleriň aýratynlyklaryna gowy düşünmek maksady bilen, okuw serişdelerini taýýarlamak;
- dürli geografiki obýektleri, tebigy hadysalary önümçilik kärhanalary, sergileri ýerinde öwrenmek maksady bilen olara gezelençleri guramak;

- goşmaça bilim çeşmeleri, metbugat materiallary bilen özbaşdak-ýekeleýin, toparlaýyn we köpçülikleýin işleri guramak.
- geografiki kartalaryň we beýleki kartografiki önümleriň dürli görnüşlerini, diwarlyklary (stend) we başgalary taýýarlamak.

Bu usullaryň ol ýa-da beýleki görnüşini saýlap almakda mugallym geçirilýän çäräniň mazmunyna, okuwçylaryň mümkinçiliklerine, ýaş aýratynlyklaryna aýratyn üns bermelidir. Synpdan daşary işleri guramakda mekdepden daşary çagalar edaralary bilen hyzmatdaşlygyň guralmagy has ähmiýetlidir.

Synpdan daşary işler okuwçylaryň akyl ýetirijiligine uly mümkinçilikler döredýär. Ol okuwçylaryň daş – töweregini gurşap alan tebigata akyl ýetirijilikli köp dürli gyzyklanmalaryny we soraglaryny kanagatlandyrmaga, ylmy dünýägaraýşyň başlangyçlaryny emele getirmäge, mähriban tebigata söýgi döretmäge we watançylyk terbiýesini bermäge mümkinçilik berýär. Okuwçylary bu işe çekmek bilen, olarda erjellik, tabşyrylan işe jogapkärçilik terbiýelenýär. Öz bilimlerini tejribede ulanmak bilen, okuwçylar jemgyýete peýdaly işlere işjeň gatnaşýarlar: mekdep ýer meýdançasyny arassalamak, köçeleri gür baglyga öwürmek , guş ketekleri taýýarlamak we asmak, gyşda guşlary iýmitlendirmek, baglara zyýan berijilere garşy göreşmek, „ýaşyl” , „gök” patrullar otrýadlaryna işjeň gatnaşmak.

Synpdan daşary işler mugallyma okuwçylara guramaçylykly we maksadaugrukdyrylan täsir etmäge, sapakdan daşary boş wagtlaryny paýhasly guramaga, olaryň akyl ýetirijilik talaplaryny kanagatlandyrmaga we tebigaty has çuň öwrenmäge mümkinçilik döredýär.

Tebigaty öwrenişden synpdan daşary işler mazmun taýdan, geçirilişiniň guramaçylygynyň görnüşi we usullary köpdürlüdir. Mugallym işiň dürli görnüşlerini saýlap

almakda okuwçylaryň taýýarlagyny, umumy ösüşini, bilimini, başarnygyny we endiklerini hasaba alýar.

Synpdan daşary işleriň mazmuny we alnyp barlyş görnüşleri okuwçylaryň gyzyklanýan ugurlary we ýerli şertler, ýagdaýlar bilen kesgitlenýär. Synpdan daşary işleriň alnyp barlyşynda, guralyşynda, a)ýekeleýin (indiwidual); b)toparlaýyn; ç)köpçülikleýin alnyp barlyş görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Synpdan daşary işleriň ýekeleýin görnüşi.** Okuwçylarda synpdan daşary işlere gyzyklanma sapaklarda, sapakdan daşary geçirilýän dürli işlerde döredilýär. Şeýle gyzyklanmanyň döremeginde mugallymyň şahsyýetiniň orny uludyr. Gyzyklanmanyň döremegi mugallymyň okuwçylaryň tebigata, tebigatyň hadysalaryna gözegçiligini we ,,Tebigatyň kalendaryny” alyp barmaklyk üçin howanyň ýagdaýyna gözegçilik işlerini guraýyşlary bilen baglydyr. Gyzyklanmanyň ösüşi – bu çylşyrymly proses bolup, şahsyýetiň köpdürli taraplaryny öz içine alýar: akylýetirijiligini, gujur- gaýratlylygyny, duýujylygyny. Gyzyklanma durnukly we durnuksyz, uzakwagtlaýyn we gysgawagtlaýyn bolup biler. Mugallymyň wezipesi 4-nji synpyň tebigaty öwrenişi we 5-nji synpyň fiziki geografiýa derslerini okatmak prosesinde okuwçylarda derse bolan durnukly, uzakwagtlaýyn gyzyklanmany emele getirmek, şonuň netijesinde käbir okuwçylarda daş - töweregi gurşap alýan tebigata akylýetirmek islegini döretmek.

Başda mugallym tebigaty öwrenmäge has gyzyklanýan käbir okuwçylara aýratyn ýumuşlar tabşyrýar. Ol ýumuşlar synp otagyndaky we mekdep – ýer meýdançasyndaky ösümliklere, janly burçdaky we öýdäki haýwanlara ideg etmek.

Käbir okuwçylar otag we bezeg ösümlikleriniň, öý we ýabany haýwanlaryň, tebigatyň gyzykly hadysalarynyň

reňkli suratlaryny, markalary, kükürt gaplarynyň etiketkalaryny ýygnamagy halaýar. Ýöne okuwçylar ony maksatsyz, belli bir sistemasyz ýygnaýarlar. Mugallymyň wezipesi–ol ýa-da başga okuwçynyň emele gelen gyzyklanmasyny gerekli ugruna gönükdirmek we görkezmek, şol suratlary diňe toplamak zerur däl-de,eýsem, tebigatyň şol obýektleri barada gysga,has gyzykly maglumatlary bilmekligiň hem zerurdygyny düşündirmek.

Köp okuwçylarda döreýän tebigy gyzyklanmany peýdalanyp, mugallym ony mundan-da aňry ösdürmek üçin iş guraýar, okuwçylary synpdan daşary okuwlara gyzykdyrýar. Bu işde okuwçylara synpdan daşary ýörite kitaplary okamagy öwretmek degişlidir. Okuwçylar ösümlikler we haýwanlar bilen tanyşmakda, tebigata gözegçilik etmekde kitaplardan peýdalanmalydyr. Tebigatyň öwrenilmedik syrlary barada köpräk bilmek üçin hem kitaplary okamak gerek. Mugallymyň wezipesi – mekdep okuwçylaryna ylmy kitaplary, tebigatyn täsinlikleri, gözellikleri, tebigy hadysalary bilen bagly kitaplary özbaşdak okamagy öwretmek. Bu bolsa okuwçylaryň daşymyzy gurşap alýan tebigatda bolup geçýän dürli gyzykly hadysalar barada bilmeklerine mümkinçilik döredýär. Muňa mysal edip, A.Gylyjowyň “Güneşli ülkäniň tebigaty” atly kitabyny (A.Gylyjow. Aşgabat, Magaryf,1978) görkezmek bolar. Okuwgylar bu kitapdan tükmen tebigaty, onuň täsinlikleri barada özbaşdak öwrenýärler we olarda tebigata bolan söýgi döreýär.

Aýratyn tabşyrylan ýumuşlaryň netijeliligi - okuwçylaryň ol ýa-da başga işi ýerine ýetirmegiň zerurlygyna, ony soňuna çenli ýerine ýetirilmegine we özbaşdak netijäni düzmekligiň zerurdygyna düşünmegine baglydyr.

Şeýle işleriň netijesi hemme okuwçylara ýetirilende, olaryň mundan bu ýana-da synpdan daşary işlere höwesiniň döremeginde ähmiýeti ulydyr.

Şeýlelikde, geografiýa mugallymy okuwçylar bilen synpdan daşary işleriň ýekeleýin görnüşini guranda ilki bilen gyzyklanmalaryny ýüze çykarmalydyr, dürli hili gyzykly ýumuşlary ýerine ýetirmäge höwes döretmelidir, geljekde bolsa okuwçylary synpdan daşary işleriň toparlaýyn we köpçülikleýin görnüşlerine çekmelidir.

**Synpdan daşary işleriň toparlaýyn görnüşi.** Synpdan daşary işleriň esasy görnüşi – gurnaklardyr. Geografiýa mugallymynyň tejribesinde tebigaty söýüjileriň gurnaklaryna köp duş gelmek bolýar(,,Ýaş geologlar", ,,Tebigatyň goraýjylary", ,,Geograf "). Gurnagyň esasy maksady okuwçylaryň bilimlerini çuňlaşdyrmak we başarnyklaryny artdyrmak, gözleg – barlag işleriniň ýönekeý başarnyk, endiklerini emele getirmek we jemgyýete peýdaly işe işjeň gatnaşdyrmak. Gurnak işiniň meýilnamasy düzülende, gurnak ýolbaşçysy haýsy obýektlere gözegçilik etmelidigini, nähili tejribeleri goýmalydygyny, köpçülik çärelerini nähili taýýarlamalydygyny, dürli amaly işleri ýerine ýetirilmelidigini göz öňünde tutýar. Gurnak işini ýarym ýyllyk ýa-da bir ýyllyk düzmeli. Gurnak agzalary gurnagyň meýilnamasy düzülende gatnaşmaly we olar gurnaga gatnaşmak bilen, nämäni işlejekdiklerini , haýsy köpçülik çärelerine gatnaşjakdygyny bilmeli. Gurnak agzalarynyň sany 15- 20-den köp bolmaly däldir. Ondan köp bolsa işlemekde kynçylyk döredýär. Mugallym okuwçynyň gyzyklanmalaryny göz öňünde tutup, aýratyn işlemek üçin temalary saýlamaga kömek edýär. Gurnak işinde okuwçynyň ýekeleýin özbaşdak işleri bilen mugallymyň düşündirişini we beýleki gurnak agzalarynyň çykyşlaryny bilelikde alyp barmak gowy netije berýär. Gurnagyň ilkinji

ýygnanyşygyny tebigatda guramak okuwçylaryň duýgusyna täsir edýär.

Gezelenç okuwçylarda gyzykly kitap – tebigat barada köp bilmek höwesini döredýär. Gezelenç wagtynda mugallym sorag goýýar. Bu soraglar okuwçylaryň gyzyklandyrýar, tebigata degişli maglumatlary köp bilmäge okuwçyda höwes döredýär. Meselem: Näme üçin alma ýazda gülleýär, nar tomusda ... Näme üçin halk arasynda : ,,derek boýly" diýen söz bar? Şeýle soraglaryň goýulmagy okuwçylarda ähli görýän zatlarynyň köpüsine düşünmegiň kyndygyna göz ýetirmäge kömek edýär. Gezelençde gurnak agzalary öňdäki goýulýan maksat bilen bagly işleri yzygiderlilikde ýerine ýetirmäge kömek edýärler. Gurnak agzalary haýsy işi yzygider , haýsyny döwürleýin ýerine ýetirmelidigini bilmelidirler we tebigata gözegçiligi yzygider alyp barmalydyrlar.

Okuwçylara ýörite kitaplary okatmagyň roly uludyr. Gurnak ýolbaşçysy kitaplaryň tertibini düzýär. Ol kitaplar okuwçylara umumy we özbaşdak ýumuşlary çözmekde, gözegçiligi guramakda, ýönekeý tejribeleri geçirmekde, amaly işleri ýerine ýetirmekde kömek berýär. Tebigatyň zatlaryny, hadysalaryny öwrenmekde A.Gylyjowyň ,,Güneşli ülkäniň tebigaty" diýen kitabyny hödürlemek bolar (A.Gylyjow. Aşgabat. Magaryf. 1978).

Gurnak agzalary azyndan aýda 2-3 gezek ýygnanmaly. Ýygnanyşykda aýratyn umumy temalar boýunça çykyşlary guramak bolar. Meselem: ,,Ösümlikler güýzde" , ,,Haýwanlaryň gyşa taýýarlygy" , ,,Gar astyndaky ýaşaýyş" , ,,Guşlar nirä uçýarlar" , ,,Tebigaty goramak". Bu maglumatlara gurnak agzalary özleriniň netijelerini goşýarlar, okan kitaplary barada, gören kinofilmlerini, telegepleşiklerini gürrüň berýärler(,,Çagalara haýwanlar hakda" , ,,Haýwanat dünýäsinde" , ,,Tebigat gözellikleri " we şm).

Gurnaga gatnaşýan okuwçylaryň “Tebigaty söýüjileriň” toparynyň alyp barýan işleri synpdan daşary toparlaýyn işleriň dürli görnüşleri bilen baglanyşykdadyr. Gurnak agzalary mugallyma tebigat agşamlaryny geçirmäge, ylmy kinofilmler, kitaplar barada pikir alyşmaga, tematiki ertirlikleri, okuwçylaryň döredijilik işleriniň sergisini guramak işlerine kömek etmelidir. Bu işleriň terbileýjilik, şeýle-de guramaçylyk başarnyklarynyň emele gelmeginde ähmiýeti uludyr.

4-nji synpyň tebigaty öwreniş dersi bilen bagly tebigatda bolup geçýän özgermeleri, tebigatyň düzümini, ondaky täsinlikleri öwrenmeklik işleri alnyp barylýar. Ýöne olar dürli tebigy zolaklaryň ösümlik we haýwanat dünýäsini öwrenmek bilen giňeldilýär. Öz ülkämiziň tebigaty bilen tanyşdyrmak gurnak agzalarynyň tebigatyň köpdürliligi we baýlyklary hakyndaky düşünjelerini giňeldýär. Bu işde okuwçylar kitaplary has köp okaýarlar, öz ýaşaýan ýerinde görüp bilmeýän tebigy hadysalary baradaky ylmy populýar kinofilmlere tomaşa edýärler.

4-nji synpda gurnak işlerinde ülkäni öwrenmeklige degişli işleri gurap, onda esasy üns öz ülkäňe gönükdirilýär. Bu gurnakda okuwçylar şeýle temalar üstünde işleýärler: ,, Garagum çölümiz“ , “Biziň ekerançylyk meýdanlarymyz” , ,,Tebigy goraghanalar”, “Tebigaty goramak” we ş.m. Esasan hem, gurnak agzalary öz ülkesini söýýändiklerini diňe söz bilen däl-de iş bilen hem subut etmeli.

Okuwçylaryň ýygnan materiallaryny bezäp taýýarlamagyň ähmiýeti uludyr. Bu geçirilýän synpdan daşary iş toparlaýyn işe degişli bolup, oýlanşykly saýlanyp alnan materiallary geografiýa mugallymy okuw prosesinde amaly işleri we tejribeleri geçirende, täze materialy düşündirende peýdalanyp biler.

Her bir gurnak ýolbaşçysy gurnak sapaklarynyň tematikasyny düzmelidir, işiň planyny şertlere görä we

mekdebiň mümkinçiligine, okuwçylaryň sanyna, olaryň umumy ösüşine, her biriniň islegine we gyzyklanmasyna görä düzmelidir.

Synpdan daşary işleriň toparlaýyn görnüşine klub işleri hem degişlidir. Ol ,, Tebigatyň täsinlikler dünýäsi" , ,,Daglar gudratdyr" , "Garagum çöli" we ş.m. atly klublaryň işine okuwçylaryň her birine gatnaşmaga mümkinçilik döredýär. Klub işini reklama etmekde taýýarlyk işler ,,Sorag – jogap" , ,,Näme hakda bilmek işleýärsiň" ýaşşiklerini asmak, gyzykly wiktorinalary, krossword oýunlary taýýarlamagyň ähmiýeti uludyr.

Klubuň ýygnanyşygyny şeýle yzygiderlilikde geçirip bolar :

- bellenen temalar boýunça okuwçylaryň özara pikir alyşmalaryny guramak;
- pikir alşylýan tema boýunça okuwçylaryň gysgaça çykyşlary we ýolbaşçynyň düşündirişi;
- okuwçylaryň we ýolbaşçynyň soraglary, üstüni ýetirmesi we takyklanmasy;
- oýunlary, bäsleşikleri, konkurslary guramak;
- geçirilen oýunlaryň, bäsleşikleriň, konkurslaryň netijesini çykarmak;
- klubuň indiki ýygnanyşygyna ýumuşlary tabşyrmak .

Ýygnanyşyk gutarandan soň, okuwçylar öz soraglaryny we tekliplerini ýörite ýaşşiklere goýberip bilerler, jogaplaryny indiki ýygnanyşykda ýa – da ýörite goýberilýän blýutenlerinden okap bilerler.

Klubuň agzalary diwarlyklary ýa-da ýörite gazetleri (,, Tebigat dünýäsiniň täsinlikleri" , ,,Pikir et-de – jogap ber" , ,,Siz bilýärsiňizmi") ýaly bölümleri, gyzykly tapmaçalar, krosswordlar we başgalar ýerleşdirmeli.

Klub işi gyzykly, işjeň guralanda, kiçiräk topardan başlap, okuwçylar köpçüligini çekip bolýar, ol bolsa,

netijede, geografiýa derslerinden synplaryň okuw – terbiýeçilik işleriniň ilerlemegine ýardam eder.

**Synpdan daşary işleriň köpçülikleýin görnüşi.** Synpdan daşary işleriň köpçülikleýin görnüşiniň ähmiýeti has uludyr, sebäbi geçirilýän çärelere mekdep okuwçylarynyň köpçüligi gatnaşýar. Okuwçylar dürli görnüşli işleri ýerine ýetirip bilýärler. Surat çekmek, ýelimlemek , şekil ýasamak, enjamlary ýasamak, tapmaçalar düzmek, tematik agşamlar üçin aýdym we goşgy taýýarlamak. Şeýle işleriň bir görnüşi: tokaý, seýilgäh, botanika bagy, ülkäni öwreniş muzeýi, zoopark, ekin meýdany, fabrik, zawod bolup biler. Gezelençleriň maksady hem köpdürlüdir: tebigatdaky pasyllaýyn üýtgemelere gözegçilik (obýektleriň sany köpelýär we maksatnama bilen deňeşdireniňde has çuň öwrenilýär), öz ýaşaýan ýerleriniň derman ösümlikleri bilen tanyşmak we beýlekiler.

Tebigata guralýan gezelençler tebigatyň obýektlerini, zatlaryny, tebigatdaky hadysalary okuwçylara çuňňur düşündirmeklige gönükdirlenligi bilen tebigata guralýan syýahatçylyk ýörişleri bilen belli bir umumylyklary özünde birleşdirýär. Tebigata guralýan gezelençler, tebigata guralýan syýahatçylyk ýörişleri synpdan daşary işleriň köpçülikleýin geçirilýän görnüşiniň mysalydyr.

Tebigata guralýan syýahatçylyk ýörişlerinde 4-nji synpyň tebigaty öwrenişine, 5-nji synpyň fiziki geografiýa derslerine degişli giň düşünjeleriniň toplanmagyna syýahatçylyk ýörişlei hem ýardam berýär. Tebigata guralýan syýahatçylyk ýörişlerini ýylyň islendik wagty geçirip bolar (dowamlylygy 1-2 günden köp bolmaly däl). Ýöriş wagtynda okuwçylara minerallary we dag jynslaryny, toprak görnüşlerini ýygnamak, derman ösümlikleri ýygnamak ýaly ýumuşlary tabşyrmak bolar. Ýörişiň ýolbaşçysy okuwçylara öňürti ýumuşlary paýlap berýär, tebigatda obýektleri tanamagy, tebigatyň hadysalaryna düşünmegi

öwredýär,gysgaça düşündiriş geçýär. Mugallym şeýle işleri geçirmek üçin derman ösümlikleriniň gerbarisini, minerallaryň we dag jynslarynyň, toprak görnüşleriniň toplumyny peýdalanyp biler. Ýörişde ýolbaşçy mugallym okuwçylaryň ünsüni ýer üstüniň görnüşlerine, tebigatyň hadysalaryna, täsinliklerine, owadanlagyna gönükdirip, olaryň tebigatda beýikli-pesli ýer üstüniň görnüşleri, süýşýän çägeler, derýanyň egrem-bugram bolup akmagy, derýanyň suwunyň bulanyk bolmagy, älemgoşaryň bolmagy, çym-gyzyl şapak ýaly görýän zatlary boýunça gözöňünegetirmelerini artdyrmaly, baýlaşdyrmaly. Okuwçylara meýdanda täze tehnikanyň peýdalanylyşyna syn etdirmeleri we olarda tebigat obýektlerine aýawly garaýşy emele getirmeli.Tebigata ýöriş wagtynda okuwçylarda wajyp adamkärçilik sypatlary, işe jogapkärçilik, maksadaokgunlylyk, düşünjelilik, düzgüntertiplilik terbiýelenmelidir.

Ýörişleriň we gezelençleriň materiallary esasynda birnäçe diwarlyklary taýýarlap bolýar: ,,Suwda ýaşaýan jandarlar”, ,,Biziň şäherimiz”, ,,Önümçiligiň öňdebaryjylary” .

Mekdep okuwçylary bilen geçirilýän synpdan daşary işleriň wajyp görnüşi-tebigat agşamlaryny, baýramçylyklary geçirmek. Tebigat agşamlarynyň temalary dürli hili bolup biler: ,,Ak şäherim – Aşgabat” , , Amyderýa – türkmeniň beýik derýasy” , ‚Daglaryň täsin dünýäsi” , ,,Gudraty görseň - daglara bar” we ş.m.

Agşam geçirilende, okuwçylaryň saýlan temasy boýunça çykyşlar, ylmy – populýar kinofilmlere tomaşa etmek, çagalary gyzyklandyrýan kitaplar barada pikir alyşmaklaryny gurap bolar. Okuwçylaryň çykyşlarynyň arasynda çeper eserlerden bölekleri okamak, wiktorinalary, tapmaçalary çözmek, oýun oýnamak,aýdym aýtmaklaryny guramaly.

Mekdep okuwçylary tebigata degişli köp baýramçylyklara we bellenýän günlere işjeň gatnaşýarlar – Bütindünýä tebigaty goramak gününe, nowruz - bahar baýramy, hasyl baýramy, galla, gawun baýramy, bedew baýramy, ,,Suw damjasy – altyn dänesi" baýramy we başgalar. Bu çäreler okuwçylaryň öňünde türkmen tebigatynyň gözelligini, baýlygyny açyp, olarda ahlak terbiýesiniň , gözellik duýgularynyň, zähmet adamlaryna bolan söýgüsiniň we hormatynyň emele gelmegine ýardam edýär. Olara taýýarlyk görlende, okuwçylar çeper edebiýatlary, şekillendiriş, saz sungatynyň eserlerini giňden peýdalanýar, ol bolsa okuwçynyň şahsyýetiniň hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam berýär. Her bir baýramçylygyň belli bir maksady bolmalydyr. Meselem: – Bütindünýä tebigaty goramak gününi geçirmek okuwçylaryň tebigat we tebigaty goramak hakyndaky düşünjelerini diňe bir çuňlaşdyrmak we giňeltmek maksady bilen guralman, eýsem, tebigaty goramaga degişli çäreleri hem amala aşyrmaga mümkinçilik döredýär (guşlary iýmlemek, guş keteklerini asmak we ş.m.). Baýramçylygyň geçirilişiniň meýilnamasy şeýle düzülip bilner: guşlaryň peýdasy baradaky gurnak agzalarynyň çykyşlary (gäpleri we suratlary görkezmek), guşlara gözegçiligiň maglumatlaryny habar bermek, kinofilme tomaşa etmek. ,,Guşlar – adamlaryň dostlary" sergisinde guşlaryň gäplerini, suratlaryny, okuwçylaryň çeken suratlaryny, guş ketekleri görkezip bolar.

4-nji synpyň tebigaty öwrenişinden synpdan daşary işleriň arasynda synpdan daşary okaýyşlar aýratyn orun alýar. Mugallym okuwçylara ylmy – populýar we çeper eserler bilen , ,,Güneş" žurnalynda çykýan tebigata degişli makalalar bilen pikir alyşma guramaly.

Mugallym öz okuwçylaryny kem-kemden tebigata degişli edebiýatlar dünýäsine aralaşdyrýar. Onuň üçin "

Güneş” žurnalynda çykýan tebigata degişli makalalaryň, täsin hadysalaryň, gyzykly tebigat dünýäsiniň maglumatlaryny, okuwçylara degişli kitaplaryň tertibini synp otagynda ýerleşdirmeli.

Synpdan daşary wagtda kitaplar barada pikir alyşmak çekişmesini guramak kitaplary wagyz ( propoganda ) etmegiň, okuwçylaryň gürrüň berip bilmek, öz pikirini dogry beýan etmek başarnyklaryny ösdürmegiň wajyp serişdesidir. “Köýten tebigaty” atly kitap boýunça Köýtendagyň tebigy ýadygärlikleri, olar bilen baglanyşykly bolan taryhy gürrüňleri, Köýtendagyň tebigatynyň täsinlikleri barada okaýyşlary guramak we pikir alyşmalary geçirmek muňa mysal bolup, köpçülikleýin geçirilýän synpdan daşary işe degişlidir.

## § 33. Geografiýadan synpdan daşary işleriň görnüşleri we olaryň guralyşy.

Mekdepde geografiýadan synpdan daşary işleriň örän köp görnüşleri mugallymlaryň iş tejribesinde peýdalanylýar. Döredijilikli işleýän mugallymlar synpdan daşary işleriň täze-täze görnüşlerini ulanýarlar. Türkmenistanyň mekdeplerinde ýerli, milli aýratynlyklara, geografiýa dersleriniň mazmunyna baglylykda barlag synpdan daşary işleriň, esasan, şu aşakdaky görnüşleri guralyp bilner:

- geografiki gurnak,
- ülkäni öwreniş klubynyň alyp barýan işleri,
- geografiki edebiýatlar boýunça okaýyşlary guramak,
- geografiki informasiýalar, habarlar,
- nobatçy kartany alyp barmak,
- nutuklar bilen çykyş etmek,
- diwar gazetlerini çykarmak,
- geografiki agşamlary geçirmek,
- synpdan daşary ülkäni öwreniş işleri,

- gezelençleri guramak,
- tebigatyň aýry-aýry ýerlerine ýörişler,
- ülkäni öwrenişiň jahankeşdeligi,
- geografiki atlary öwrenmek,
- jemgyýete peýdaly zähmet işleri,
- geografiki wiktorinalar,
- geografiki oýunlar,
- geografiki bäsleşikleri (olimpiadalary) geçirmek ýaly synpdan daşary işleriň görnüşleri degişlidir.

*Geografiýa gurnagy* – okuwdan daşary işleriň iň giň ýaýran we has netijeli görnüşi bolup, oňa dürli synplarda okaýan okuwçylar öz islegi boýunça gatnaşýar. Gurnak agzalarynyň ilkinji ýygnanyşygynda onuň ýolbaşçysy, ýörite diwar gazetini çykarýan redaksiýa topary saýlanylyp,nobatçy kartany alyp barýanlar bellenilýär. Her ýylda belli bir uly tema boýunça (*meselem: "Garagum çöli", "Türkmenistanyň daglary", "Türkmenistanyň ýer asty suwlary", "Welaýatymyzyň tebigaty", "Etrabymyzyň oba – hojalygy" ýaly temalar*) gurnagyň ýyllyk iş meýilnamasy düzülýär we tassyklanylýar (tablisa seret).

Gurnak işiniň mysaly meýilnamasy

tablisa

| T/n | Geçirilýän çäreleriň görnüşi we geçirilýän ýeri | Ýerine ýetirilýän işleriň mazmuny | Wagty | Jogapkärler |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Geografiýa okuw otagynda guramaçylyk ýygnanşygy | a) gurnagyň jogapkär ýolbaşçylaryny, diwar gazetlerini çykarýanlary, | 9.09 - 23.09 2009ý. | Gurnak ýolbaşçysy we bellenen jogapkär |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 2 | Tebigata guralýan gezelenç | nobatçylar kartany alyp barýanlary saýlamak.<br>b) gurnagyň birinji ýatym ýyl üçin meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak.<br>ç) gurnak ýolbaşçynyň geografiki täsinlikler boýunça çykyşy.<br>d) geografiki karta boýunça bäsleşik.<br><br>a) öz ýaşaýan ýeriň çägindäki tebigy şertleri öwrenmek<br>b) tebigatyň düzümine degişli maglumatlary ýygnamak<br>ç) dürli relýef formalaryny, ýer üstüniň görnüşlerini we | 14.10 2009ý. | Gurnak ýolbaşçysy we gezelenji geçirmekdäki topar ýolbaşçylary |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | tebigatyň täsinliklerini surata düşürmek we beýlekiler. | | |

Köp ýyllyk öwrenýän temalaryň mazmunyna we okuwçylaryň isleglerine bagly geografiýa gurnagyna “Ýaş kartagraflar”, “Ýaş geologlar”, “Ýaş ekologlar” ýaly atlar hem dakylyp bilner. Geografiýa gurnagynyň işiniň netijeliligi, esasan, düzülen meýilnamanyň mazmumyna, güýçýeterligine baglydyr. Gurnagyň hasabaty ýörite dergide – źurnalda, gurnak agzalarynyň hasabaty bolsa, ýörite, şahsy gündeliklerinde ýöredilýär. Gurnagyň ýygnanyşyklary, okuwlary, esasan, aýda bir gezek geçirilýär. Olarda gurnak agzalarynyň ýerine ýetiren işleri jemlenilýär we indiki geçirilmeli çäreleriň takyk meýilnamalary, ýollary kesgitlenilýär.

Eger mekdep has uly bolup, gurnaga gatnaşmaga isleg bildiren okuwçylaryň sany 30-dan köp bolsa, ony iki topara ýa-da birnäçe ugurlar boýunça böleklere (*seksiýalara*) bölüp, olaryň işlerini aýry-aýrylykda alyp barmak has maksadalaýykdyr.

*Ülkäni öwreniş klubunyň alyp barýan işleri* – bu synpdan daşary işleriň köpçülikleýin alnyp barylýan görnüşine degişlidir. Bu synpdan daşary işe mysal edip “Ýaş geologlar”, “Tebigaty goraýjylar” ýaly klublaryň işlerini görkezip bolar. Onda okuwçylar köpçülikleýin dag jynslaryny toplamak, tebigaty goramaga degişli klub işlerini alyp barýarlar.

*Geografiki edebiýatlary okaýyşlary geçirmek* – geografiki edebiýatlary okamak okuwçylarda köp sanly garaşylmadyk maglumatlary, tebigatyň hadysalaryny, täsinliklerini öwrenmeklerine mümkinçilik berýär. Okuwçylar öz okan geografiki edebiýatlary boýunça çykyş edýärler.

Okuwçylaryň okan kitaplary boýunça okaýyşlary, pikir alyşmalary bilen bagly Köýtendag etrabyndaky 2-nji orta mekdebiniň mugallymy Miwegül Abdykerimowanyň " Köýtendaga gaýybana gezelenç " atly makalasyndaky (Mugallymlar gazeti 9.10.2009ý. №122 ) geçirilen synpdan daşary iş tebigata guralýan gaýybana gezelenç görnüşinde alnyp barlypdyr. Biz ony dolulygyna aşakda ýazyp görkezýäris.

*Köýtendaga gaýybana gezelenç*

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň iň gündogarynda ýerleşýän Köýtendag gözel, ajaýyp künjekleriniň biridir. Arçadyr kerkawly, dürli haýwanlary , saba – säherlerde hoş owaz bilen saýraýan käkilikli, ak donly belent gaýalara, ir – iýmişli , çeşme bulakly, gök donly derelere nazaryň düşende, göwnüň giňäp, kalbyň heýjana gelýär. Köýtendagyň ösümlik we haýwanat dünýäsi dürli görnüşlere baýdyr. Onda ýerde – suwda ýaşaýanlaryň onlarça görnüşi duş gelýär

Men Ş.Begnyýazowa bilen R.Amanowyň ,,Köýten tebigaty" atly kitaby esasynda, Köýtendagyň tebigy ýadygärliki we olar bilen baglanyşykly bolan taryhy gürrüňler, rowaýatlar hakynda okuwçylaryma ,,Köýtendaga gaýybana syýahat" diýen temada gyzykly gürrüň berýärin. Bu geçirilen synpdan daşary işi sapakdaky ýaly üç bölümden ybarat gürrüň esasynda guraýaryn.

*Birinji gürrüň ,, Kyrkgyz" gowagy hakdaky rowaýat*

Bu rowaýata öwrülen gudratly gowagy görmäge, batyr gyzlara tagzym etmäge adamlar dürli ýerlerden gelýärler. Zyýarata barýan adamlaryň ynanjyna görä, eger sen heýkele öwrülip, gaýyp bolan gyzlaryň ruhy saňa hökman kömek eder ýa – da bir alamat görkezer. Eger sen gowagyň içine girip, daşdan emele gelen keramatly ,, jamda" duran palçygy alyp, inçeden uzyn kesilen matajygyň ujuna ýelmäp, ýokaryk zyňsaň, ol baryp ýelmeşse, diýmek, seniň niýetiň –

päliň ýagşy, seniň isleg – arzuwyň ýerine düşýär we maksadyňa ýetýärsiň, işiň ugruna bolýar. „Kyrkgyz” gowagy Türkmenistanyň tebigy ýadygärlikleriniň biri bolup, ol döwlet tarapyndan goralyp saklanýar.

*Ikinji gürrüň dinozawrlar hakynda*

Alymlaryň çaklamasyna görä, dinozawrlar deňziň kenar ýakasyndan geçenlerinde, batgalyk we çyg çägelikde öz aýak yzlaryny galdyrypdyrlar. Soňra ýer gabygy örän çuň gatlaga, ýeriň aşagyna çökýär. Şol ýerde ýokary gyzgynlykda aýak yzlary daşa öwrülýär. Millionlarça ýyl geçenden soň, Köýtendag emele gelende, tekizlikdäki aýak yzlary ýeriň ýüzüne çykýarlar. Dinozawrlaryň aýak yzlarynyň ýerleşen belent tekizligi-de Türkmenistanyň tebigy ýadygärliklerine degişlidir.

*Üçünji gürrüň garlyk gowaklaryň baýlyklary barada*

Edil beýleki daglarda bolşy ýaly, Köýtendagda gowaklar örän köpdür, örän gadymdan gelýän gowaklaryň müňlerçe ýaşy bar. Köýtendagyň eteklerinde ýaşaýan adamalryň birnäçesi ol gowaklarda bolup görüpdirler. Olaryň aýtmagyna görä, gowaklaryň ýaşy, göwrümi dürli – dürli bolup, içiniň täsinligi barada örän gyzykly gürrüňler berýärler. Olaryň özleriniň edil gadymy ertekilerdäki ýaly ýerasty köşkde bolandyklaryny we ol ýerde erňegine çenli gymmat bahaly zatlardan doldurylan sandyklary görendiklerini gürrüň berýärler. Olaryň aýtmagyna görä, gymmat bahaly zatlar älemgoşar ýaly, her hili reňkler bilen öwüşgin atýarlar, emma bu tebigy hazynany ýanyň bilen alyp gitmek mümkin däl. Sebäbi, olar daşdan. Adamlar ol gowaklaryň hersine özüne mynasyp at dakypdyrlar. Olaryň biri Haşymoýuk ýa-da Hazynalar gowagy diýlip atlandyrylýar.

Garlyk gowaklary özüniň stalaktitleriniň we stalagmitleriniň täsinligi, owadanlygy bilen bütin Ýer ýüzünde bellidir. Bular ýaly tebigatyň täsin peşgeşi başga

ýerlerde gaty seýrek duş gelýär. Garlyk gowaklary biziň ýurdumyzda tebigy ýadygärlikler hasaplanýar we Köýten döwlet goraghanasynyň Garlyk çäkli goraghanasynyň işgärleri tarapyndan goralyp saklanýar.

Men okuwçylara hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň okamak, döretmek üçin döreden mümkinçiliklerinden peýdalanyp, geçilýän sapaklary çuňňur özleşdirmegi geljekde öz ýaşaýan Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň taryhyny, gözel tebigatyny ilik – döwme öwrenmegi, gojaman Köýtendagyň gowaklary ýaly syrly mekanlary ylmy taýdan öwrenip, onuň her bir owunjak daşynyň düzümine çenli halka düşündirmegi tabşyryp, Köýtendag baradaky gaýybana syýahaty tamamlaýaryn.

Görşümiz ýaly, Geografiki edebiýatlary okaýyşlary geçirmeklige degişli bu geçirilen iş ikinji bir tarapdan tebigata gaýybana gezelenji guramak işi hem bolup durýar.

*Geografiki informasiýalar, habarlar* – bu synpdan daşary işde okuwçylar täze maglumatlary ýygnaýarlar, gysga habarlar taýýarlaýarlar.

Şeýle habarlaryň biri, 9.10.2009-njy ýylyň “Mugallymlar gazetinde” çap edilen Gurbangeldi Annaýewiň “Köwata” diýen uly göwrümli makalasy esasynda taýýarlanyp bilner. Käbir mysallara ýüzleneliň: “Bu täsin gowak Aşgabat şäherinden 98 km. günbatarda, Merkezi Köpetdagyň Köwata gerşiniň demirgazygynda ýerleşýär. Gowagyň uzynlygy 250 metrden gowrak bolup, biri-biri bilen birigýän dört zaldan ybarat we dördünji zalyň düýbünde ýyly mineral suwly köl ýerleşýär. Onuň uzynlygy 70 metr, giňligi 10 metr, suwunyň çuňlugy bolsa 16 metre ýetýär.

Ýylyň ähli paslynda kölüň suwy birmeňzeş diýen ýaly, tomsuna suwuň ýylylygy +37,5, gyşyna bolsa +34 gradus derejede.

Köwata gowagy barada geçen asyrlarda bu ýerde barlag geçiren alymlaryň täsin ýazgylaryny okanyňda has-da haýran galýarsyň.

Ilkinji gezek rus alymy professor M.W.Wasilýew 1898-nji ýylda Köwata gowagynda barlag geçiripdir. Onuň ýazan ýazgysy Köwata baradaky ýazgylaryň iň täsinidi... ” şeýle mazmundaky täsin maglumatlary okuwçylar ýygnap habar görnüşinde çykyş edýärler.

*Nobatçy kartany alyp barmak* – bu synpdan daşary işde okuwçylar iň täze geografiki maglumatlary kartada görkezýärler. Bu iş okuwçylaryň gündelik durmuş şeýle-de karta bilen baglanyşyklaryny artdyrýar.

*Geografiki nutuklar bilen çykyş etmek* – bu synpdan daşary işde okuwçylar dürli temalar boýunça habarlary, nutuklary özbaşdak taýýarlamak başarnyklaryny edinýärler.

*Diwar gazetlerini çykarmak* – bu synpdan daşary işleriň biri bolup, bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti bilen tapawutlanýar. Okuwçylaryň geografiki çeper-edebi ukyplarynyň ösmegine alyp gelýär.

*Geografiýa agşamlary* - okuwdan soň, şanly senelere, görnükli syýahatçylara, wakalara bagyşlanyp, mekdebiň has köp okuwçylarynyň gatnamagynda, esasan, geografiýa gurnagynyň agzalarynyň guramagynda geçirilýän köpçülikleýin çäre bolup, onda tema bilen baglanyşykly nutuklar, aýdymlar, goşgular diňlenilýär we dürli okuw ýaryşlary guralýar.

*Ülkäni öwreniş işleri* – bu synpdan daşary işler köptaraplaýyn bolup, bilmek, akyl ýetirmek, öwrenmek ýaly giň düşünjeler bilen baglydyr. Öz ýaşaýan ülkäň tebigatyna, tebigy baýlyklaryna, ykdysady ösüşine degişli maglumatlar ýygnanylýar we ýörite ülkäni öwreniş muzeýleri döredilýär.

*Synpdan daşary gezelençler* – tebigaty, önümçiligi, şäherleri, muzeýleri öwrenmek maksady bilen guralyp, olara hem, esasan, isleg bildiren okuwçylar gatnaşdyrylýar. Her bir gezelenjiň ugry, geçiriljek ýoly (*marşruty*), taýýarlyk, esasy we

jemleýji bölümlerden durýan meýilnamasy öňünden taýýarlanylyp, mekdep ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

*Tebigatyň aýry-aýry ýerlerine ýörişler* - bu synpdan daşary işiň bir görnüşi bolup ylmy, hojalyk maglumatlaryny ýygnamak bilen bagly geçirilýän işdir. Okuwçylar aýry-aýry toparlara bölünip, olara ýumuşlar tabşyrylýar. Meselem, Garagum derýasynyň we Hanhowuz suw howdanynyň kenaryna ýörişler. Okuwçylar Garagum derýasynyň we howdanyň suwunyň derejesiniň üýtgemeginiň sebäplerini, onuň adamyň hojalyk işleri bilen bagly üýtgeýändigini öwrenýärler. Tebigatyň aýry-aýry ýerlerine ýörişler geografiki jahankeşdelik görnüşinde hem alnyp barylýar.

Tebigaty öwreniş düşünjeleriniň toplanmagyna tebigata syýahatçylyk ýörişleriň geçirilmegi hem ýardam berýär. Olary ýylyň islendik wagty geçirip bolar (dowamlylygy 1-2 günden köp bolmaly däl). Ýöriş wagtynda okuwçylara minerallary we dag jynslaryny, toprak görnüşlerini ýygnamak, derman ösümlikleri ýygnamak ýaly ýumuşlary tabşyrmak bolar. Ýörişiň ýolbaşçysy okuwçylara öňürti ýumuşlary paýlap berýär, tebigatda obýektleri tanamagy, tebigatyň hadysalaryna düşünmegi öwredýär,gysgaça düşündiriş geçýär. Mugallym şeýle işleri geçirmek üçin derman ösümlikleriň gerbariýsini, minerallaryň we dag jynslarynyň, toprak görnüşleriniň toplumyny peýdalanyp biler. Ýörişde ýolbaşçy mugallym okuwçylaryň ünsüni ýer üstüniň görnüşlerine, tebigatyň hadysalaryna, täsinliklerine, owadanlyklaryna gönükdirip, olaryň tebigatda beýikli-pesli ýer üstüniň görnüşleri, süýşýän çägeler, derýanyň egrem-bugram bolup akmagy, derýanyň suwunyň bulanyk bolmagy, älemgoşaryň bolmagy, çym-gyzyl şapak ýaly görýän zatlary boýunça gözöňünegetirmelerini artdyrmaly, baýlaşdyrmaly. Okuwçylara meýdanda täze tehnikanyň peýdalanylyşyna syn etdirmeleri we olarda tebigat obýektlerine aýawly garaýşy emele getirmeli.Tebigata ýöriş

wagtynda okuwçylarda wajyp adamkärçilik sypatlary işe jogapkärçilik, maksadaokgunlylyk, düşünjelilik, düzgüntertiplilik terbiýelenmelidir.

*Georafiki atlary öwretmek* –geografiýa dersi boýunça synpdan daşary işleriň bir görnüşi bolup, okuwçylaryň ýer, ýurt atlaryny öwrenmek bilen bagly gyzyklanmalaryny, bilesigelijiliklerini artdyrýar, dünýägaraýyşlaryny giňeldýär. Geografiki atlary öwrenilende, her bir mekdebiň ýerleşen ýerindäki aýry-aýry atlaryň gelip çykyşlary, olaryň döremeginiň sebäpleri öwrenilýär. Geografiki ýer-ýurt atlary öwrenilende, S.Atanyýazowyň "Türkmenistanyň geografiki atlarynyň düşündirişli sözlügi" diýen kitabyny ulanmaklyk maksadalaýykdyr (S.Atanyýazow,Aşgabat, Ylym, 1980).

*Jemgyýete peýdaly zähmet işleri* – bu synpdan daşary iş, köplenç, umumy geçirilýän jemgyýete peýdaly zähmet işleriniň düzüminde alnyp barlyp bilinýär. Meselem, ýowarlar geçirilende, görkezme esbaplaryň abatlaýyş işleri geçirilende, geografiki meýdança abzallaşdyrylanda we enjamlaşdyrylanda, onda abadanlaşdyryş işleri geçirilende, mekdepde ülkäni öwremiş muzeýi döredilende geografiýadan okuw otagy abzallaşdyrylanda giňden alnyp barylýar. Jemgyýete peýdaly zähmetiň alnyp barlyşyna köplenç gurnak agzalary işjeň gatnaşýarlar we beýleki okuwçy toparlaryna ýolbaşçylyk edýärler.

***Geografiýa bäsleşikleri* (*olimpiadalary*)** – bu synpdan daşary işe aýry-aýry synplaryň ýa-da her synpyň okuwçylarynyň arasyndan iň güýçlülerini saýlamak üçin geçirilýän ýaryşlar, bäsleşikler degişlidir.

Halk hojalygynyň dürli önümçilik pudaklarynyň, goraghanalaryň, tebigaty goraýan edaralaryň we başgalaryň hünärmenleri bilen duşuşyklar, geografiýa, ekologiýa ylymlarynyň aýry-aýry temalary boýunça ylmy-amaly maslahatlaryň geçirilmegi ýokarda agzalyp geçilen synpdan daşary işlere degişlidir.

Ýokarda seredişimiz ýaly, synpdan daşary geçirilýän işleriň köp sanly görnüşleri bolup, hemmesi hem okuwçylaryň geografiýa bilimlerine bolan gyzyklanmalaryny, bilesigelijiliklerini artdyrmaklyga gönükdirilendir. Orta mekdeplerde geografiýa derslerinden geçirilýän synpdan daşary geçirilýän işlerde gezelençleri guramak aýratyn ähmiýete eýedir.

## § 34. Gezelençler

Gezelençler – okuw işiniň giň ýaýran görnüşi bolup, hemme synplaryň okuwçylary bilenem geçilýär. Şonda okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary, öwrenilýän okuw dersiniň ýörite (spesifik) aýratynlygy göz öňünde tutulýar.

Käbir pedagogiki edebiýatlarda gezelençlere okatmagyň usuly hökmünde-de seredilýär. Ýöne, biziň pikirimizçe, oňa diňe okuw işlerini we synpdan daşary işleri guramagyň giňden ýaýran görnüşi hökmünde garamak gerek. Sebäbi gezelenje taýýarlyk görülýän hem onuň geçirilýän we jemlenýän döwründe okatmagyň gürrüň, düşündirme, leksiýa ýaly dürli-dürli usullaryndan giňden peýdalanylýar.

Gezelençleriň bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti uludyr. Okuwçylar gezelenç döwründe tebigatyň dürli zatlary we hadysalary bilen ýüzbe-ýüz bolup, oňa gözegçilik edip, olara düşünip, olary öwrenip, tebigatyň görkünden lezzet alyp bilmek; aýry-aýry önümçilik obýektleri we şol obýektlerdäki önümçilik prosesleri bilen tanyşmak; tebigy ýadygärlikleri baryp görmek, olary öwrenmek mümkinçiliklerine eýe bolýarlar.

Pedagogiki talaplaryna laýyk edilip geçirilýän gezelençleri, esasan, üç döwre bölmek bolar:

- Gezelenje taýýarlyk görülýän döwür;
- Gezelenjiň geçirilýän döwri;

- Gezelenjiň netijesiniň jemlenýän döwri.

Her bir gezelenje öňünden ykjam taýýarlyk görülmegi talap edýär.

Şoňa görä mugallym, ozaly bilen geçiriljek gezelenjiň maksadyny, onuň bilim berijilik we terbiýeleýjilik mümkinçiliklerini hasaba alýar. Ol geçiriljek gezelenjiň obýektini anyklaýar, soňra gurajak gezelenjiniň hakyky meýilnamasyny işläp düzýär, onuň mapşrutyny kesgitleýär. Gezelenje taýýarlyk görülýän döwründe mugallym okuwçylaryň nähili goşmaça edebiýatlary okamalydygy, gezelenç üçin haýsy gerekli enjamlary özleri bilen almalydygy barada pugta oýlanýar. Gezelenjiň geçiriljek obýekti bilen ilki mugallymyň özi tanyşýar.

Eger gezelenç önümçilik obýektine guralýan bolsa, onda mugallym ilki şol obýektiň ýolbaşçylary bilen gürrüňdeş bolup, olary gezelenjiň meýilnamasy bilen tanyşdyrýar, onuň geçiriljek wagty, şonda gezelenji guraýjynyň kim bolmalydygy barada maslahatlaşýar. Şondan soň bu hakda okuwçylar bilen giňden gürrüň edilýär. Gezelenç döwründe kimiň näme iş etmelidigi, nämelere üns bermelidigi, düzgün-tertibiň nähili bolmalydygy düşündirilýär, okuwçylaryň soraglaryna degişli jogaplar berilýär.

Her bir gezelenjiň öz öňünde goýýan aýdyň maksady bolmalydyr. Onuň şol maksada ýetmegi ugrunda mugallym berk alada etmelidir.

Gezelençler köplenç okuwdan soň ýa-da dynç alyş günleri geçirilýär. Okuw maksatnamalaryny oýlanyşykly derňew etmegiň netijesinde mugallymlar haýsy synpda nähili gezelençleri gurap boljakdygyny öňünden anyklamalydyrlar.

Gezelenç, esasan, aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:

- Tema öwrenilmänkä, şol temanyň has düşnükli, has aýdyň bolmagyny gazanmak maksady bilen geçirilýän gezelençler. Şunuň ýaly gezelençler wagtynda berlen faktlar mugallymyň täze tema baradaky düşündirişini ep-

esli derejede ýeňilleşdirýär, okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmaklaryny, gezelenjiň ähmiýetine düşünmeklerini üpjün edýär.

- Temalar öwrenilýän döwründe guralýan gezelençler. Şeýle edilende okuwçylar nazaryýetde öwrenenlerini tejribede berkidýärler.

Her bir mugallym öz okadýan dersiniň aýry-aýry temalaryny öwrenýän. wagtynda mümkin bolan obýektlere gezelenç gurap, şol temanyň okuwçylar tarapyndan berk özleşdirilmegini gazanyp biler. Mysal üçin, 5-nji synpyň fiziki geografiýa dersinden “Plan we karta. Ýeriň plany” diýen bölümiň temalary geçilende, gezelenç guralsa, okuwçylaryň şol temalara düşünmekleri üçin amatly bolýar.

Gezelenç meýilnamalaşdyrylanda hem geçirilende, ýerli ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr.

Aýry-aýry geografiýa dersleri boýunça bütin okuw ýylynyň dowamynda geçiriljek gezelençleriň tematik meýilnamasyny düzmegiň peýdalydygyny hem öňde baryjy mekdep mugallymlarynyň iş tejribesi subut edýär. Şonuň ýaly tematik meýilnamalaşdyrmakda gezelenjiň haýsy synp okuwçylary bilen geçirilmelidigi, onuň temasy, maksady, geçiriljek wagty, obýekti okuw maksatnamasyndaky haýsy temalara degişlidigi görkezilýär we mekdebiň ýolbaşçylary bilen ara alnyp maslahatlaşylýar. Geçirilýän gezelençleriň tematik meýilnamasy okuw ýylynyň ýa-da her çärýegiň başynda taýýar edilende, ol mekdebiň pedagogik maslahatynda (sowetinde) seredilýär.

Gezelenjiň geçirilişi we onuň alnyp barlyşy ýokarda seredişimiz ýaly, ýörite taýýarlyk boýunça guralýar (shema seret).

## Gezelenji guramagyň meýilnamasy




Mugallym gezelenjiň jemini jemlän wagtynda tutuş synpyň, toparlaryň we aýry-aýry okuwçylaryna tabşyrylan

ýumuşlaryň ýerine ýetirişini dykgat bilen barlaýar, ýygnalan eksponatlary, çyzylan kartografiki çyzgylary (ýeriň plany, relýef formasynyň kartografiki shemasy we beýlekiler), ýazylan ýazgylary, çekilen suratlary we beýleki tabşyrylan işleri üns berip gözden geçirýär.

Gezelenjiň jemini jemlemek okuwçylaryň şol obýekt barada doly we dogry düşünjeleri alyp bilmeklerine mümkinçilik berýär. Şoňa görä her bir gezelenji wagtyndan gijikdirmän jemlemek peýdalydyr. Adatça gezelenjiň jemine bagyşlanyp ýörite gürrüňler, konferensiýalar geçirilýär. Şol konferensiýalarda köplenç gezelenje gatnaşan okuwçylaryň özlerine çykyş etdirilýär. Şonda sapaklaryna gowşak ýetişýän, çekinjeň okuwçylary nutuklar bilen çykyş etdirmek, çykyş etmäge taýýarlanýan wagtlarynda olara kömek bermek, şeýdip, olary işjeňleşdirmek möhümdir.

5-nji synpyň fiziki geografiýa dersi boýunça tebigata gezelençleriň uly ähmiýetiniň bardygy babatynda dürli edebiýatlarda, metbugatda we döwürleýin neşirlerde berlip durulýar. Biz aşakda gezelenjiň mysaly geçirilişi bilen tanşalyň.

Gezelenjiň temasy: "Ýer üstüniň görnüşi. Suwlar ".

Gezelenjiň maksady: Okuwçylara gury ýer üstüniň görnüşleri: düzlük, daglyk, baýyr, jar barada düşünje bermek. Akar suwlaryň, çeşmäniň aýratynlyklaryny görkezmek.

Gerekli esbaplar: kompas, ölçeg ýüpi, galam, ýazgy we surat üçin depder, planşet ýa-da faner tagta, ýönekeý niwelirlemeklik üçin gurallar.

Gezelenjiň gidişi: Mugallym okuwçylary beýik kertde durzup, daş-töweregi synlamagy tabşyrýar. Soňra gözýetim çyzygyny, tekiz ýer üstüni, kert gaýany, baýyr we beýleki gözýetim çyzygyna çenli predmetleri synlap, atlandyrmagy tabşyrýar.

Soňra okuwçylary baýryň ýanyna eltýär we olara iş tabşyrýar: baýryň etegini tapmaly, onuň iň pes ýerini, kert gerşini tapmaly. Kompas bilen baýryň kert gerşiniň haýsy

tarapa uzalýanyny kesgitläň. Baýryň kert we ýapgyt eňňidi bilen, haýsy tarapdan münmek aňsat, näme üçin şeýledigini düşündiriň. Ýapgyt we kert eňňitleriniň uzynlygyny ölçäň haýsysynyň uzyndygyny kesgitläň. Baýryň iň beýik depesini tapyň we niwelirlenen görkezijileriň san ululyklary boýunça kartashemany gorizontallar bilen çyzyp, bergştrihleriň ýerleşdirilişini görüp, baýryň esasy bölekleriniň atlaryny ýazmak.

Ähli işler edilenden soň, okuwçylaryň hemmesi mugallymyň daşyna ýygnanýarlar, netijesini çykarýarlar. Baýryň etegi, ýapgyt we eňňidi we çür depesi bar. Baýyrlar dürli beýiklikde bolýarlar. Baýyrlar dürli görnüşde bolýarlar: biri – kert eňňitli, beýlekisi – ýapgyt, biriniň depesi ýazgyn bolýar, beýleki biriniň depesi ýiti depeli görnüşinde bolýar.

Okuwçylara baýyr barada geografiki düşünje berlenden soň, mugallym olary çeşme bilen tanyşdyrmaga başlaýar. Ýumuşlar: çeşmäniň başlanýan ýerini tapyň. Kompas bilen çeşmäniň akýan ugruny kesgitläň. Akymyň ugry bilen ýöräp, onuň hanasynyň göni ýa-da egri-bugry ýeri barmy, kesgitlemegi tabşyrýar. Eger-de ol köplenç egrelip akýan bolsa, onda oňa näme päsgel berýändigini kesgitläň. Onuň goşandy barmy, haýsy tarapynda? Akaryň çuňlugyny kesgitläň, iň çuň ýerini tapyň. Akar öz ýolunda nähili geologiki (ýuwujylyk-eroziýa) işi ýerine ýetirýär.Akarlar ilat tarapyndan nähili ulanylýar?

Mugallym jemleýji söhbetdeşlikde gözegçiligiň jemini jemleýär.

**Geografiýadan synpdan daşary işleriň esasy ugurlary.** Täze Galkynyşlar we beýik Özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ösdürilýän, özgerdilýän döwründe mekdeplerde guralýan synpdan daşary işleriň görnüşleri yzygider kämilleşdirilýär, çylşyrymlaşdyrylýar we has netijeli geçirilýär. Olarda ulanylýan usullar hem barha artýar. Şonuň üçin geografiýany okatmagyň usulyýetinde

geografiýadan synpdan daşary işleri esasan şu aşakdaky ugurlar boýunça toparlara bölünýär:

Jahankeşdelik – bu synpdan daşary ülkäni öwreniş işiniň bir görnüşi bolup, ugry, mazmuny boýunça örän giň we köp görnüşde alnyp barylýar, okuwçylaryň has köp bölegini synpdan daşary işlere çekmäge mümkinçilikler berýär. Onuň esasy görnüşi jahankeşdelik ýörişleri bolup, olar bir günlük ýa-da birnäçe günlük dowam edip biler. Ýörişler esasan pyýada amala aşyrylýar. Bu ugurda gezelençler, geografiki ekspedisiýalar hem guralyp, olar mazmuny, maksady boýunça ýörişlerden tapawutlanýar. Olaryň esasy maksady geografiýadan alnan bilimlerini berkitmek, çuňlaşdyrmak we has täze maglumatlary, gerbarileri, kolleksiýalary we başgalary toplamak hasaplanylýar.

Ylmy-akyl ýetiriş ugry – bu ugura ilkinji nobatda geografiýa gurnagynda geçirilýän ýygnanyşyklar we okuwlar degişlidir. Okuwçylaryň geografiýa sapaklarynda, sapakdan we synpdan daşary gözleg-barlag işlerinde öwrenenlerini jemlemek maksady bilen guralýan ylmy-amaly maslahatlaryň örän uly ähmiýeti bar. Olar ugurdaş iki-üç dersler boýunça bilelikde geçirilip bilner. Soňky ýyllarda geografiýa hepdeliklerini geçirmäge aýratyn üns berilýär. Sebäbi olarda bir hepdäniň dowamynda örän köp çäreleri guramaga we gatnaşýan okuwçylaryň sanynyň has köp bolmagyny gazanmaga giň mümkinçilikler bolýar.

Medeni – köpçülikleýin ugur – bu ugra degişli geçirilýän synpdan daşary işleriň görnüşleri has köp bolup olara geografiýa agşamlary, geografiýa ertirlikleri, dürli görnüşde guralýan geografiki oýunlar, bäsleşikler, ýaryşlar, teleekranda görkezilýän şekillere, ylmy-köpçülikleýin filmlere tomaşa etmek, radioda berilýän gepleşikleri, audio ýazgylary diňlemek we başgalar degişlidir.

Mirashana ugry – bu ugra adyndan belli bolşy ýaly mekdepde ýörite geografiýa ýa-da ülkäni öwreniş

mirashanasyny döretmek, ony yzygider baýlaşdyrmak we abzallaşdyrmak, mekdep geografiýa otagynda we meýdançasynda abzallaşdyryş, bezeg we abatlaýyş işleri, okuwçylaryň geçiren işleri hakynda gazet-źurnallarda, radio-teleekranda çykyşlaryň guralmagy we başgalar degişlidir.

Soňky ýyllarda synpdan daşary işlerde ekologiýa zähmet-hünärlere ugrukdyryş çärelerini geçirmeklige hem aýratyn orun berilýär. Umuman tejribeli geografiýa mugallymlary synpdan daşary işleriň dürli görnüşlerini, ugurlaryny we usullaryny özara utgaşdyryp guramak netijesinde okuwçylaryň geografiýa derslerini öwrenmäge bolan gyzyklanmalaryny, bilesigelijiliklerini artdyrmakda, bilimleriniň we başarnyklarynyň ýokary derejede bolmagyny üpjün etmekde gowy netijeler gazanýarlar.

**Geografiýadan gyzyklanma okuwlary we fakultatiw sapaklary.** Geografiýa dersleri boýunça alnyp barylýan gyzyklanma okuwlar fakultatiw sapaklar, umumy mekdep okuw-terbiýeçilik işleriniň esasy bölegi bolup, okuwçylaryň has çuň bilim almagynda, ylymlaryň gazananalaryny öwrenmekde, hünär saýlap almaklarynda uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin ýurdumyzyň bilim ulgamyndaky mekdeplerde gyzyklanmalar okuwlary we fakultatiw sapaklary boýunça okuw işleriniň guramagyna aýratyn üns berilýär. Orta mekdeplerde olar üçin her bir synpda aýratyn okuw sagatlary meýilnamalaşdyrylandyr.

Geografiýadan gyzyklanma okuwlary we fakultatiw sapaklary ýarym ýyllyk (*35-sagat*) we ýyllyk (*68-sagat*) meýilnamalaşdyryp, ýörite reje (*raspisaniýe*) boýunça okadylýar. Geçilen okuwlar, sapaklar okuwçylaryň gatnaşygy, olaryň dürli ýerine ýetiren işleri ýörite dergide (*źurnalda*) bellenilýär.

Gyzyklanma okuwlara we fakultatiw sapaklara esasan isleg bildiren okuwçylar çekilip, her bir toparyň sany 10-dan az

bolmaly däl. Okuwçylar gyzyklanma okuwlaryň we fakultatiw sapaklaryň ikisine-de gatnaşyp bilýär. Gyzyklanma okuwlaryň we fakultatiwleriň mazmuny mekdebiň mümkinçiliklerine, okuwçylaryň isleglerine görä saýlanyp alynýar.

Gyzyklanma okuwlaryň we fakultatiw sapaklaryň sanawy okuw ýylynyň başynda mekdebiň pedogogik maslahatynda tassyklanylýar. Olary okatmaklyga geografiýa mugallymy ýa-da ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag institutlarynyň, tebigaty goramak edaralarynyň hünärmenleri, goraghanalara ýakyn ýerlerde ýerleşen mekdeplerde goraghananyň ylmy işgärleri çekilip bilner. Meselem, Serhetabat etrabynyň 2 –nji orta mekdebinde Bathyz goraghanasynyň ylmy işgärleri geografiýa dersi boýunça gyzyklanma okuwlary we fakultatiw sapaklary alyp baryp bilýärler. Gyzyklanma okuwlary we fakutatiw sapaklaryň maksatnamalary tejribeli mugallymlar, usulyýetçiler tarapyndan düzülip, etrap, şäher bilim bölümleri tarapyndan tassyklanylýar. Olaryň mazmuny geografiýany okatmagyň döwlet maslahatnamasynyň umumy talaplaryna laýyk bolmalydyr.

Fakultatiw okuwlary guramakda hem geografiýa sapaklaryny okatmakdaky we sapakdan daşary işleri geçirmekdäki usullar peýdalanylyp, okuwçylaryň özbaşdak işlerine aýratyn üns berilýär. Geçirilýän okuwlarda, sapaklarda okuwçylar yzygider bahalandyrylyp, jemleýji bahalar goýulýar (*hasap ýa-da örän gowy*) we ol bahalar orta bilim hakyndaky şahadatnama hem geçirilýär.

Häzirki günlerde mekdeplerde şu aşakdaky gyzyklanma okuwlary we fakutatiw sapaklary okatmaklyga aýratyn orun berilýär:

- Türkmenistanyň tabigaty we onuň özleşdirilişi.
- Garaşsyz Türkmenistanyň ykdasady ösüşleri.
- Tebigaty goramak.
- Topografiýanyň esaslary.
- Kartagrafiýanyň esaslary.

- Geologiýanyň esaslary.

Geografiýa mugallymlary bu görkezilen gyzyklanma okuwlarynyň we fakutatiw sapaklarynyň arasyndan okuwçylaryň isleglerine, mekdebiň okuw-enjamlar bilen üpjünçiligine, özüniň ylmy-usuly mümkinçiliklerine garap, dürli synplar üçin amatlysyny saýlap alýarlar.

## § 35. Geografiýadan synpdan daşary işleriň beỳleki görnüşleri.

**Synpdan daşary işleriň maksady, wezipeleri we ähmiýeti.** Çuňňur hormatlanylýan Hormatly Prezidentimiz tarapyndan başy başlanan bilim özgertmelerini amala aşyrmakda we döwrüň talaplaryndan ugur alnyp, ýürdumyzdaky ähli mekdeplerde okuwçylar bilen okadylýan sapaklardan başga dürli sapakdan (okuwdan) daşary işleri geçirmeklige aýratyn üns berilýär. Beýleki derslerde boluşy ýaly geografiýadan okadylýan sapaklarda hem okuwçylaryň ähli gyzyklanýan bilimlerini, başarnyklaryny öwretmäge wagt ýeterlik däldir. Geçilýän sapaklarda her bir öwrenilýän tema boýunça diňe esasy düşünjeler berilýär.

Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny kanagatlandyrmak, sapaklarda öwrenen bilimlerini has anyklaşdyrmak we çuňlaşdyrmak, täze bilimleri we başarnyklary öwretmek maksady bilen her bir mugallym okuwçylar bilen (esasan hem isleg bildirýänler bilen) okuwdan daşary işleri guramaklyga hem üns berýärler., Geografiýa ylmynyň dürli ugurlary, geçirilýän ylmy barlaglaryň görnüşleri, usullary, dürli abzallar we enjamlar bilen işlemegiň ýollary bilen tanyşdyrmak arkaly okuwçylaryň geografiýa derslerini öwrenmäge, ylmy barlag işleri, tebigata gözegçiligi alyp barmaga bolan isleglerini hem kanagatlandyrylýar.

Mekdepde geografiýadan okuwdan daşary işleri guramagyň esasy maksatlary şulardan ybarat:

- okuwçylaryň öz watanymyzyň geografiýasy, tebigaty, hojalygy, ykdysadyýeti, medeniýeti baradaky bilimlerini has çuňlaşdyrmak bilen olarda Garaşsyzlygymyza, baky Bitaraplygymyza, halkymyza Hormatly Prezidentimize bolan söýgüniň aňdan hem kalpdan bolmagyny gazanma.
- okuwçylara tebigata düşünmegi, tebigatda özüni alyp barmagy, tebigy baýlyklary aýawly peýdalanmagy we goramagy öwremek.
- geografiýa ylmyny öwrenmäge we özleşdirmäge bolan gyzyklanmalary kemala getirmek.

Okuwdan daşary işler mekdepde geografiýany okatmakda şu aşakdaky wezipeleriň çözülmegini üpjün edýär:

1. Geografiýany okatmagy terbiýe bermek işleri bilen berk baglanyşdyrmak ýola goýulýar.
2. Okuwdan daşary işlerde geografik bilimleriniň durmuş bilen baglanyşygy, nazary bilimleri amaly, tejribe, gözegçilik, gözleg işlerde ulanmak ýola goýulýar.
3. Okuwçylaryň ylmy dünýägaraýyşlarynyň, ýokary medeniýetliliginiň ösmegini, özüniň halaýan işini tapyp bilmegini we hünär saýlamagyny üpjün edýär.
4. Okuwdan daşary işleriň üsti bilen okuwçylaryň özbaşdak, toparlaýyn işlemek başarnyklary we dürli görnüşli zähmet endikleri ösdürilýär we başgalar.

Geografiýadan okuwdan daşary işler guralanda okuwçylaryň islegleri, özbaşdaklygy, işjeňligi, döredijilik, güýçýeterlik mümkinçilikleri göz öňünde tutulyp şu aşakdaky usullardan peýdalanmak has maksadalaýykdyr:

1. Mugallymyň, ýörüte taýýarlanan okuwçynyň, dürli pudaklarda, kärhanalarda, edaralarda zähmet çekýän hünärmenleriň umumy düşündirişini (leksiýasyny), söhbetdeşligini, soraglara jogabyny guramak ýa-da nutugyny diňlemek.
2. Geografik kartalar, enjamlar bilen işlemek, dürli gözegçilikleri we tejribe işleri geçirmek boýunça okuwçylar bilen ýekeleýin we toparlaýyn çäreler guramak.
3. Dürli geografik hadysalara, desgalaryň aýratynlyklaryna has gowy düşünmek maksady bilen okuw serişdelerini taýýarlamak.
4. Dürli geografik hadysalary, desgalary, önümçilik kärhanalary, sergileri ýerinde öwrenmek maksady bilen olara gezelençleri guramak.
5. Goşmaça bilim çeşmeleri, metbugat materiallary bilen özbaşdak we toparlaýyn işleri guramak.
6. Geografik kartalaryň we beýleki kartografik önümleriň dürli görnüşlerini, diwarlyklary we başgalary taýýarlamak.

Bu usullaryň ol ýa-da beýleki görnüşini saýlap almakda mugallym geçirilýän çäräniň mazmunyna, okuwçylaryň mümkinçiliklerine, ýaş aýratynlyklaryna aýratyn üns bermelidir. Okuwdan daşary işleri guramakda mekdepde daşary çagalar edaralary bilen hyzmatdaşlygyň guralmagy has ähmiýetlidir.

**Geografiýadan okuwdan daşary işleriň görnüşleri we olaryň guralyşy.** Mekdepde geografiýadan sapakdan daşary işleriň örän köp görnüşleri mugallymlaryň iş tejribesinde peýdalanylýar. Has döredijilikli işleýän mugallymlar okuwdan daşary işleriň täze görnüşlerini hem ulanýarlar. Türkmenistanyň mekdeplerinde ýerli, milli aýratynlyklara, geografiýa dersleriniň mazmunyna baglylykda okuwdan daşary işleriň esasan şu aşakdaky görnüşleri guralýar:

**Geografiýa gurnagy** – okuwdan daşary işleriň iň giň ýaýran we has netijeli görnüşi bolup, oňa dürli synplarda okaýan okuwçylar öz islegi boýunça gatnaşýar. Gurnak agzalarynyň ilkinji ýygnanyşygynda onuň ýolbaşçysy, ýörüte diwar gazetini çykarýan redaksiýa topary saýlanylyp, her ýylda belli bir uly temalar boýunça (Meselem: “Etrabymyzyň tebigaty, oba – hojalygy”, “Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysady ösüşleri”, “Türkmenistanyň şäherleri” we başgalar) gurnagyň ýyllyk iş meýilnamasy düzülip tasyklanylýar. Meýilnama şeýle dörnüşde düzülýär:

| T/n | Ýerine ýetirilýän işleriň mazmuny | Okuwlaryň, çäreleriň görnüşi we geçirilýän ýeri | Wagty | Jogapkär | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | |
| 2 | | | | | |

Köpýyllyk öwrenilýän temalaryň mazmunyna we okuwçylaryň isleglerine bagly geografiýa gurnagyna “Ýaş kartograflar”, “Ýaş geologlar”, “Ýaş ekologlar” ýaly atlar hem dakylyp biliner. Geografiýa gurnagynyň işiniň netijeliligi esasan düzülen meýilnamanyň mazmumyna, güýçýeterligine baglydyr. Gurnagyň hasabaty ýörüte dergide – źurnalda, gurnak agzalarynyň hasabaty bolsa şahsy gündeliklerinde ýöredilýär. Gurnagyň ýygnanyşyklary, okuwlary esasan aýda bir gezek geçirilýär. Olarda gurnak agzalarynyň ýerine ýetiren işleri jemlenilýär we indiki geçirilmeli çäreleriň takyk meýilnamalary, ýollary kesgitlenilýär.

Eger mekdep has uly bolup, gurnaga gatnaşmaga isleg bildiren okuwçylaryň sany 30-dan köp bolsa, ony iki topara ýa-da birnäçe ugurlar boýunça böleklere (seksiýalara) bölüp,

olaryň işlerini aýry-aýrylykda alyp barmak has maksadalaýykdyr.

**Okuwdan daşary gezelençler (ekskursiýalar)** – tebigaty, önümçiligi, şäherleri, muzeýleri öwrenmek maksady bilen guralyp, olara hem esasan isleg bildiren okuwçylar gatnaşdyrylýar. Her bir gezelenjiň ugry, geçiriljek ýoly, taýýarlyk, esasy we jemleýji bölümlerden durýan meýilnamasy öňünden taýýarlanylyp, mekdep ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

**Geografiýa hepdeligi-** bir hepdäniň dowamynda geçirilýän köpçülikleýin çäreleriň biridir. Ony aşakdaky ýaly meýilnamalaşdyrmak bolar:

- Duşenbe güni: hepdeligiň açylyşy (hepdeligiň meýilnamasy bilen tanyş etmek, çeper okaýyşlar, aýdymlar we tebigata degişli edebi-sazly çykyşlar).
- Sişenbe güni: gezelençleri guramak (önümçilige, oba hojalygyna, ülkäni öwreniş mirashanalaryna).
- Çarşenbe güni: mekdep okuwçylarynyň sergisini guramak.
- Penşenbe güni: belli bir tema bagyşlanan agşamlary geçirmek, önümçilikde, goraghanalarda işleýän hünärmenler bilen duşuşuklar.
- Anna güni: bäsleşikleri, çekişmeleri guramak. Meselem, “Tebigaty goramak-mukaddes iş” diýen temadan surat çekmek boýunça bäsleşik. Bäsleşikde oňat ýerine ýetirilen işlere mynasyp bahalar bermeli we olar hepdeligiň jemleýji agşamynda yglan edilmeli.
- Şenbe güni: geografiýa agşamy, hepdeligi jemlemek.

Bu meýilnama mysaly bolup, ony mugallymlar öz mümkinçilikleri we döredijilikli işleri arkaly baýlaşdyryp hem bilerler. Şeýle-de hepdeligiň dowamynda synplar boýunça diwar gazetleriniň hem bäsleşigini yglan etmeli.

Beýle edilmegi okuwçylaryň özbaşdak işlemek ukyplarynyň artmagyna kömek edýär.

**Geografiýa agşamlary**- okuwdan soň, şanly senelere, görnükli syýahatçylara, wakalara bagyşlanyp, mekdebiň has köp okuwçylarynyň gatnamagynda, esasan geografiýa gurnagynyň agzalarynyň guramagynda geçirilýän okuw- köpçülikleýin çäre bolup, onda belli bir tema bilen baglanyşykly nutuklar, aýdymlar, goşgular diňlenilýär we dürli okuw ýaryşlary guralýar.

Geografiýa agşamlary- synpdan daşary işleriň köpçülikleýin görnüşleriniň biridir. Ol okuwdan öň ýa-da soň geçirilýär we onuň dowamlylygy 1-1,5 sagat bolýar. Geografiýa agşamlaryny guramaçylykly geçirmek üçin ilki bilen onuň meýilnamasy düzülýär we mekdep ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar. Meselem, “Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly kitaby ösümlikleri öwrenmegiň çeşmesidir” diýen temadan geografiýa agşamynyň mysaly meýilnamasyny şeýle ýazmak bolar:

Agşamyň geçiriljek güni: __________
Agşamyň geçiriljek wagty: _________
Agşamyň geçiriljek ýeri: ___________

| T/n | Meýilnamanyň mazmuny | Ýerine ýetiriji | Bellik |
|---|---|---|---|
| 1 | Agşamyň açylyşy. Giriş sözi. | Agşamy alyp baryjy okuwçynyň çykyşy. | |
| 2 | “HormatlyPrezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ”Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly kitaby | Nutugy taýýarlan okuwçy | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | ösümlikleri öwrenmegiň çeşmesidir”diýen temadan nutuk. | | |
| 3 | “Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi” atly nutuk | Nutugy taýýarlan okuwçy | |
| 4 | Miwedir gök önümleriň saglygymyza täsiri. | Geografiýa gurnagynyň agzalary | |
| 5 | Aýdym “Sumbaryň nary” | Aýdym-saz gurnagynyň agzalary | |
| 6 | Çeper okaýyş ”Şabadyň boýlary şaglama derek” | Taýýarlanan okuwçy | |
| 7 | Sahna “Bag -ýaşaýşyň dowamydyr” | Geografiýa gurnagynyň agzalary | |
| 8 | “Sorag –jogap sahypamyz” | Agşamy alyp baryjy okuwçynyň çykyşy. | |
| 9 | Aýdym “Türkmen sährasy” | Geografiýa gurnagynyň agzalary | |
| 10 | Agşamyň jemlenişi | Mekdep müdiriniň çykyşy. | |

Agşamy jemlemek hem wajyp zatlaryň biridir. Onda agşamda oňat çykyş eden okuwçylary atlandyrmaly, olara hormat hatlaryny gowşurmaly. Agşamyň şeýle jemlenilmegi okuwçylaryň agşamlary geçirmäge, köpçülik işlerine işjeň gatnaşmaklaryna itergi berýär.

**Geografiýa bäsleşikleri (olimpiadalary**) – aýry-aýry synplaryň ýa-da her synpyň okuwçylarynyň arasyndan iň zehinlilerini saýlamak üçin geçirilýän ýaryşlar.

**Duşuşuklar** -halk hojalygynyň dürli önümçilik pudaklarynda işleýän, goraghanalaryň, tebigaty goraýan edaralaryň we başgalaryň hünärmenleri bilen duşuşyklar.

**Ülkäni öwreniş mirashanasyny** -döretmek we ony yzygider baýlaşdyrmak.

**Ylmy-amaly maslahatlar-** geografiýa, ekologiýa ylymlarynyň aýry-aýry temalary boýunça **guralýar.**

**Geografiýadan fakultatiw (gyzyklanma) okuwlary-** hem synpdan daşary guralýan okuw işleriniň bir görnüşidir.

**Geografiýa sergileri-** okuwçylaryň işlerini köpçülige görkezmek maksady bilen geçirilýän çäreler. Sergini guramakda mugallymyň ýolbaşçylygynda geografiýa gurnagynyň agzalary oňat çykyş edýärler. Serginiň meýilnamasy, temasy, guralmaly wagty kesgitlenilýär we mekdep ýolbaşçylary bilen ylalaşylýar. Sergide okuwçylaryň çykaran diwar gazetleri, ýazan makalalary, nutuklary, albomlary, taýýarlan maketleri görkezilýär. Serginiň her bir eksponatyna mynasyp baha bermeli. Bu işde serginiň guramaçylyk toparyna köp zat baglydyr.

Mekdepde guralýan synpdan daşary işleriň görnüşleri yzygider kämilleşdirilýär, çylşyrymlaşdyrylýar we has netijeli geçirilýär. Olarda ulanýan usullar hem barha artýar. Soňky ýyllarda okuwdan daşary işlerde ekologiýa, zähmet-hünärlere ugrukdyryş çärelerini geçirmeklige hem aýratyn orun berilýär. Umuman, öňdebaryjy geografiýa mugallymlary okuwdan daşary işleriň dürli görnüşlerini, ugurlaryny we usullaryny özara utgaşdyryp guramak netijesinde okuwçylaryň geografiýa derslerini öwrenmäge bolan gyzyklanmalaryny artdyrmakda, bilimleriniň we başarnyklarynyň ýokary derejede bolmagyny üpjün etmekde gowy netijeler gazanýarlar.

## Geografiýadan dersleriň synplar boýunça aýratynlyklary

### § 36. IV synpyň tebigaty öwrenişi, onuň mazmuny, bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti

Orta mekdepleriň IV synpynyň „Tebigaty öwreniş“ dersiniň üsti bilen tebigat öwrenişe degişli düşünjeleriň okuwçylardaky bilimleriň jemleýji taýýarlygy amala aşyrylýar. Mekdeplerde başlangyç synplardaky tebigaty öwreniş 3 ýylyň dowamynda okatmaga geçirileninden soňra IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň düzümi we mazmuny düýbünden üýtgedildi. Bu ders orta mekdepleriň okuwçylaryny tebigat ylymlaryna taýýarlamagyň yzygiderliginiň ilkinji döwri bolup durýar. Başlangyç synplarda okuwçylaryň tebigaty öwreniş derslerinde alan bilimlerine daýanyp, IV synpyň „Tebigaty öwreniş“ dersi okuwçylary ýokary synplardaky okadylýan tebigat bilimlerine degişli fiziki geografiýa, biologiýa – ösümlikler, zoologiýa, fizika we astronomiýa ýaly derslerindäki başlangyç düşünjeleri bermekligi öz üstüne alýar, okuwçylaryň çuňlaşdyrylan düşünjeleri almaklygyna mümkinçilik berýär.

IV synpyň„Tebigaty öwreniş“ dersiniň okuw maksatnamasy esasynda mekdeplerde ulanylýan okuw kitaplary şu aşakdaky temalary, bölümleri öz içine alýar:

- Tebigat näme we ol näme üçin öwrenilýär? (*tebigatyň jisimleri, maddalary, hadysalary we Türkmenistanyň tebigaty barada gysgaça düşünjeler berilýär*) – tema okuw kitabynyň Giriş bölümi hökmünde berlendir. Şu temadan soňra IV synpyň okuw kitabynda şu aşakdaky:

- Gün ulgamy.
- Howa.
- Suw.
- Dag jynslary.
- Toprak.

- Türkmenistanyň ösümlikleri we haýwanlary.

- Goşmaça temalar (*Gaplaňgyr goraghanasy, Köýtendagyň tebigaty, Hüýpüýpik, Sazak, Kyrkbogun, Garak*), bölümler ýerleşdirilendir.

„Tebigat näme we ol näme üçin öwrenilýär?“ atly temasynda okuwçylaryň başlangyç synplarda janly we jansyz tebigat barada alan esasy düşünjeleri anyklanylýar we giňeldilýär. Ol tema tebigaty öwreniş dersinde giriş hökmünde bolup, ol başga temalara bölünmeýär.

„Gün ulgamy“ diýen bölümi 1968-njy ýyla çenli V synpyň „Fiziki geografiýa” dersinde öwredilýärdi. Bu bölümiň IV synpyň tebigaty öwreniş dersine geçirilmeginiň esasy maksady okuwçylara astronomiýanyň başlangyç düşünjelerini bermekden ybaratdyr. Has takygy bu dersde tebigatyň esasy düzümlerini, howanyň, suwuň, dag jynslarynyň fiziki hem-de himiki düzümi baradaky bilimlerini düşünjeli özleşdirmeklik üçin, organiki dünýäniň – ösümlikleriň we haýwanlaryň daşky gurşawyň şertlerine baglydygy baradaky maglumatlara okuwçylaryň çuňňur düşünmekleri üçin astronomiýanyň başlangyç düşünjelerini bilmeklikleri zerurdyr.

Okuwçylar mekdebiň başlangyç synplarynda Ýer şary barada başlangyç düşünjeleri alýarlar. Olar Ýeriň planetadygyny, onuň togalak görnüşiniň (*şar formasynyň*) barlygyny, örän uludygyny, öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanýandygyny, pasyllaryň çalyşýanlygy baradaky düşünjeleri III synpda öwrenipdiler. Okuwçylaryň IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Gün ulgamy” diýen bölüminde alan bilimleri III synpdaky,oňa degişli düşünjeler bilen deňeşdirilende has ýokary ylmylygy we çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.

„Tebigaty öwreniş“ dersiniň okuw maksatnamasy esasynda „Gün ulgamy“ diýen bölüminiň düzümine älemdäki ýerleşýän ýyldyzlar we olaryň toplumlary, älemiň asman jisimleri bolan asteroidler, kometaler, meteorler we meteoritler, Gün barada, Günüň Gün ulgamyny ýagtylandyryşy we öz

ýylylygyny paýlaýşy, Gün ulgamyndaky planetalar şol sanda Ýer planetasy, Günüň Ýerdäki ýaşaýşa edýän täsiri we onuň ähmiýeti, Ýer planetasynyň hereketi baradaky (*öz okunyň daşyndan hem-de Günüň daşyndan edýän aýlawly hereketi*) düşünjeler bilen birlikde Ýer we Ýeriň modeli bolan – globus baradaky, Ýeriň öz okunyň we Günüň daşyndaky herekini düşündirýän telluriý guraly baradaky, Gün ulgamynyň planetalarynyň hemralary şol sanda Ýeriň hemrasy bolan Aý, ony adam tarapyndan öwrenilişiniň aýratynlyklary baradaky düşünjeleri berýän maglumatlar ýerleşdirilendir. IV synpyň„Tebigaty öwreniş“ dersindäki ýokardaky görkezilen düşünjelerimiz “Gün ulgamy” diýen bölümindäki temalarda beýan edilip, temalar aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilendir:

- Gün ulgamy barada düşünje;
- Asman jisimleri;
- Planetalar;
- Ýer planetasy;
- Ýeriň hereketi;
- Ýeriň Günüň daşyndan aýlanyşy;
- Gün näme?;
- Gün ýagtylyk we ýylylyk çeşmesidir;
- Günüň Ýerdäki ýaşaýyş üçin ähmiýeti;
- Planetalaryň hemralary;
- Aý Ýeriň hemrasydyr;
- Aýyň adam tarapyndan öwrenilişi;
- Ýyldyzlar we olaryň toplumlary.

**„Howa“** diýen bölüminde howanyň fiziki häsiýetini, onuň himiki düzümini, howany düzýän elementleriň (*kislorod, kömürturşy gazy*) häsiýetlerini we geografiýa derslerine degişli bolan wajyp soraglary (*howanyň gyzanynda giňelişi we sowanda gysylyşy, howanyň Ýeriň üst ýüzünden ýylap başlamagy, gury ýeriň we suwuň üstünde howanyň temperaturasynyň tapawutlanyp dürliçe gyzmagy*) öwrenilýär.

Bulardan başga-da okuwçylara ygallaryň görnüşleri, dumanlaryň (*ümür*) we bulutlaryň emele gelşi, ýeller we olaryň öwrenilişi, ýeliň adam tarapyndan peýdalanylyşy barada düşünjeler berilýär. II we III synplaryndaky tebigaty öwreniş dersinde alnyp barlan tebigata gözegçilikleriň dowamy bolup durýan IV synpyň tebigaty öwreniş dersinde okuwçylar howa degişli gözegçilikleri alyp barýarlar. Okuwçylaryň howany öwrenmekligiň usullary barada bar bolan düşünjeleri IV synpda has çylşyrymly meteorologiki maglumatlary öwrenmekligi maksat edinýär. Howa baradaky maglumatlar meteorologiki stansiýalara (beketlere) synpdan daşary alnyp barylýan gezelenji guramak bilen tamamlansa has-da maksada laýyk bolýar (*täsiri ýokary bolar*).

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň "Howa" diýen bölüminiň temalary şu aşakdaky yzugiderlikde ýerleşdirilendir:

- Biziň töweregimizdäki howa;
- Howanyň tutýan orny;
- Howa gysylýar, ol maýyşgakdyr;
- Howanyň gyzanyndaky we sowanyndaky ýagdaýy;
- Howanyň hem agramy bar;
- Ýel;
- Tebigatda we halk hojalygynda ýeliň ähmiýeti;
- Sowukdan goranmak üçin howadan peýdalanmak;
- Ýanmak üçin howa gerek;
- Howanyň üýtgeýşini öwrenmek;
- Türkmenistanda ýyl pasyllary;
- Güýz;
- Gyş;
- Ýaz;
- Tomus;
- Howadan peýdalanmak.

„Howa" diýen bölüminiň "Biziň töweregimizdäki howa" (*5-sany*), "Howanyň tutýan orny" (*2-sany*), "Howa gysylýar, ol maýyşgakdyr" (*1 sany*), "Howanyň gyzanyndaky we

sowanyndaky ýagdaýy” (*2-sany*) “Howanyň hem agramy bar” (*2-sany*), “Ýanmak üçin howa gerek” (*2-sany*) temalarynda jemi 14 sany tejribäni geçirip görkezmeklik bellenilýär. Geçirilýän tejribeleriň üsti bilen okuwçylar „Howa“ bölüminiň temalaryndaky maglumatlaryna has ýakyndan çuňňur düşünýärler.

4-nji synpyň tebigaty öwreniş dersiniň „Suw“ diýen bölüminde suwuň reňkiniň, ysynyň we tagamynyň ýoklugyny, onuň fiziki we himiki häsiýetlerini, şeýle-de suwuň umumy häsiýetlerini ýagny, onuň gyzanda giňelmegi we sowanda gysylmagy, suwuň erginleri baradaky düşünjeleri öwretmeklik maksat edinilýär. Suwuň kartada reňklenilişi, okeanlaryň, deňizleriň we gury ýeriň suwlary baradaky maglumatlar, suwuň tebigata edýän täsiri, çäge plýažlaryň, gyrmançalardan ybarat bolan adalaryň, seňirleriň emele gelşi barada düşünjeler öwredilýär. Suwuň adam organizmi bilen baglanyşygy, onuň ýaşaýyş üçin zerurlygy, halk hojalygynda has-da oba hojalygynda peýdalanylyşy we onuň ähmiýeti, Türkmenistanyň içerki suwlary şol sanda Hazar deňzi we Garabogazköl aýlagy, Türkmenistanyň derýalary, Garagum derýasy, suw howdanlary, Türkmen köli we oňa barýan baş zeý suw akabasy, şeýle-de, suwyň hapalanyşy, ony goramak üçin alnyp barylýan göreş çäreleri barada maglumatlar degişli temalarda öwredilýär.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Suw” diýen bölüminiň temalary aşakdaky yzygiderlilikde ýerleşdirilendir:
- Tebigatdaky suw;
- Suwuň häsiýetleri;
- Tebigatdaky suw erginleri;
- Suwuň tebigatdaky işi;
- Suwuň ähmiýeti;
- Suwy hapalanmakdan goramagyň zerurlygy.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Dag jynslary” diýen bölüminde gaty dag jynslary (*granit, kwarsit, bazalt*) we dürli minerallary, gara we reňkli metal magdanlary, peýdaly

ýangyçlary we magdan däl himiki çyg mallary (*daş kömri, kaliý duzy, apatit*) barada ýönekeý düşünjeler berilýär. Okuwçylar dag jynslaryna degişli bolan esasy alamatlary we olaryň hojalykda peýdalanylyşy bilen ýakyndan tanyşdyrylýar. Bulardan başga-da okuwçylara Ýurdumyzyň çäginden gazylyp alynýan baýlyklar, olaryň halk we oba hojalygynda peýdalanylyşy barada öwredilýär. Bu bölümde esasy üns tozamak hadysasynyň tebigatyň çylşyrymly bolup geçýän ýagdaýy (ýagdaý – *proses*) (*tozamagyň emele getiren netijesi, akýan suwlaryň, ýelleriň we deňizleriň dag jynslaryny bir ýerden başga bir ýere alyp gitmekleri*) hökmünde garalmagyna we düşünilmegine mümkinçilik berýär. „Dag jynslary“ diýen bölüme degişli temalarda öwrenilýän maglumatlar dürli görkezme esbaplaryň utgaşdyrylyp ulanylmagy bilen öwredilende okuwçylar bu bilimleri tiz kabul edýärler, aňly-düşünjeli özleşdirýärler. Bu bölüm jemlenende ýerasty baýlyklary goramaklyk meseleleriniň üstünde giňden durlup geçilýär.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Dag jynslary” diýen bölüminiň temalary şu aşakdaky yzugiderlikde ýerleşdirilendir:

- Dag jynslar barada düşünje;
- Gaty dag jynslary;
- Minerallar;
- Magdan we magdan däl gazylyp alynýan peýdaly zatlar;
- Gazylyp alynýan ýangyçlar;
- Tozamak;
- Çägäniň we toýnyň emele gelmegi;
- Türkmenistanda gazylyp alynýan peýdaly zatlar;
- Ýerasty baýlyklary rejeli peýdalanmak we olary goramak.

„Toprak“ diýen bölüminde esasy üns topragyň daşky alamatlaryny, fiziki häsiýetlerini, topragyň düzümini we gurluşyny, topragy işläp bejermegiň, olara dökün dökmegiň we

topragy goramagyň ähmiýetini aýdyňlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Okuwçylar dag jynslarynyň we topragyň düzümi bilen diňe bir nazary taýdan tanyşman, eýsem topragyň görnüşleri bilen tanyşýarlar. Topraga tebigatda gözegçilik etmek hem-de dürli tejribeleri geçirmegiň üsti bilen ony has isgin öwrenýärler. Okuw maksatnamasyndaky degişli temalara tozamagyň, akar suwlaryň we ýeliň işleriniň galdyran yzlaryna gözegçilik etmek üçin, toprak çukurlaryny gazmaklyga (*toprak profili*), topragyň gurluşy bilen tanyşmaklyga niýetlenen gezelençler girizilendir.

Bu bölümde topragyň düzümindäki çüýrüntgi maddalaryň, duzlaryň ýerleşişi, suwuň we howanyň barlygy, topragyň düzümi boýunça olaryň köpdürlüligi görkezilýär. Edil şeýle-de topragyň gurluşy, onuň bejeriliş işleri, oňa döküniň dökülişi hem-de Ýurdumyzyň topraklarynyň aýratynlyklary barada düşünje berilýär. “Toprak” bölüminiň ahyrynda mekdebiň tejribe meýdançasynda okuwçylar bilen bilelikde alnyp barylýan ýer işlerine ýörite mysallar görkezilendir.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Toprak” bölüminiň temalary şu aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilendir:

- Toprak barada düşünje;
- Toprakdaky çüýrüntgiler we duzlar;
- Toprakdaky suw we howa;
- Düzümi boýunça topragyň görnüşleri;
- Topragyň gurluşy topragyň bejerilişi;
- Türkmenistanyň topraklary;
- Mekdep tejribe meýdançasynda.

Bölümiň “Toprakdaky çüýrüntgiler we duzlar”diýen temada üç sany, “Toprakdaky suw we howa” diýen temada iki sany, jemi bäş sany tejribeler görkezilip, bu tejribeleriň üsti bilen temalar düşündirilýär.

„Türkmenistanyň ösümlikleri we haýwanlary“ diýen bölüminde ösümlikleriň umumy häsiýetnamasy, olaryň ýaşaýyş üçin zerurlygy, ösümlikleriň ýaşaýşa uýgunlaşyşy we ýaşaýan

gurşawlary (*sredalary*), köpdürlüligi, tokaýlardaky, çöllerdäki, gurak we çygly ýerlerdäki ösümlikler, ýurdumyzyň şertlerine uýgunlaşan ýabany ösümlikleriň ösüş aýratynlyklary düşündirilýär. Türkmenistanda medeni ösümlikleriň görnüşleri we olaryň ösdürilip ýetişdirilişi; oba hojalygynda alnyp barylýan ekerançylyk işleri we bag-bakjalar barada maglumatlar berilýär. Ösümlikler bilen birlikde ýurdumyzyň yssy we gurak şertlerine uýgunlaşan haýwanlar, şol sanda ot iýýän we ýyrtyjy haýwanlaryň hem-de guşlaryň käbirleriniň ýaşaýyş aýratynlyklary, haýwanlaryň tebigatyň dürli şertlerine uýgunlaşyşynyň mysallary beýan edilýär. Bulardan başga-da tebigaty goramaklygyň zerurlygy, aýratynda ösümlikleri goramagyň ähmiýeti hem-de alnyp barylýan çäreleri barada tebigy düşünjeler ýerleşdirilendir. Ýurdumyzda tebigaty goramak barada alnyp barylýan işleriniň görnüşleri, Türkmenistanyň Gyzyl kitaby we goraghanalara degişli bilim ulgamy berilýär. Umuman, alanyňda bu bölümde ösümlikleriň we haýwanlaryň biologiki aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Mugallym okuwçylary tokaýa, çöle, suw howdanlaryň we derýalaryň boýuna gezelenje alyp gideninde gözegçilik esasynda ýurdumyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň giňligi, köpdürliligi bilen tanyşdyrýar. Gezelenç geçirilmedik ýagdaýynda mugallym bu maglumatlary suratlaryň, kinofilmleriň, gerbarileriň we beýleki görkezme esbaplaryň üsti bilen amala aşyryp biler. Mugallym okuwçylaryň geçen bölümlerde ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýan gurşawlaryna täsir edýän dürli faktorlar barada alan bilimlerine daýanyp, ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýşynyň – topraga, suwa, klimata, gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň düşüş mukdaryna, olaryň tebigy şertlere uýgunlaşyşyna baglydygyny düşündirýär. Bu baglanyşyklaryň ählisi belli bir ösümlikleriň mysalynda, ýagny gurakçylyga çydamly, çyglylygy we ýagtylygy söýýän, kölegä çydamly, gury ýeriň we suwlaryň ösümlikleriň ösüş aýratynlyklary öwrenilýär. Bu bir tarapdan

okuwçylaryň ösümlik we haýwanlar barada hakykat bilimleriniň umumylaşdyrylmagyna, ikinji bir tarapdan organiki we organiki däl dünýäniň baglanyşygy baradaky düşünjäniň emele gelmegine getirýär. “Türkmenistanyň ösümlikleri we haýwanlary” bölümindäki ýerleşdirilen tebigy düşünjelerde esasy ornuň ösümlikleri we haýwanlary goramaklyga berilmegidir.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Türkmenistanyň ösümlikleri we haýwanlary” bölüminiň temalary şu aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilendir:

- Ösümlikler we olary gurşap alýan tebigat;
- Ösümlikleriň köpdürliligi;
- Türkmenistanyň ýabany ösümlikleri;
- Türkmenistanyň medeni ösümlikleri;
- Ýurdumyzyň ekin meýdanlary we baglary;
- Ösümlikleri goramak zerurdyr;
- Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi;
- Haýwanlaryň tebigy şertlere uýgunlaşyşy;
- Tebigaty goramak.

„Goşmaça“ diýen bölüminde Gaplaňgyr goraghanasynyň tebigaty, onuň döredilişi, goralýan ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleri we olar barada maglumatlar; Köýtendagyň tebigatynyň aýratynlyklary, onuň araçägi we iň beýik nokady, san maglumatlary, gowaklary, pasyllar boýunça aýratynlyklary, ösümlik we haýwanat dünýäsi, Köýtendag Milli Döwlet tebigy goraghanasy hem-de onda goralýan ösümlikler we haýwanlar barada; bulardan başga-da hüýpüýpik guşy, sazak, kyrkbogun we garak ýaly ösümlikleriň ösüş aýratynlyklaryna degişli bilimler berilýär.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersiniň “Goşmaça” bölüminiň temalary şu aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilendir:

- Gaplaňgyr goraghanasy;
- Köýtendagyň tebigaty;
- Hüýpüýpik;

- Sazak;
- Kyrkbogun;
- Garak.

IV synpyň tebigaty öwreniş dersi durşy bilen ülkäni öwrenişiň esaslaryna degişlidir. Öz ülkämiziň tebigaty, mekdebi gurşap alan ýerleriň tebigaty baradaky göz öňüne getirmeler, umumy tebigy düşünjeleriň emele gelmegine esas bolup hyzmat edýär.

## § 37. Tebigaty öwreniş dersiniň mazmuny boýunça sapaklaryň guralyşy.

**4-nji synpda ulanylýan sapaklaryň görnüşleriniň köpdürliligi.** Tebigaty öwreniş dersi öwrenilende mugallym her bir temnyň many-mazmunyny düşündirmäge döredijilikli çemeleşmelidir. Mekdepde adaty utgaşdyrylan sapaklar bilen bir hatarda leksiýa, amaly okuw, tejribe sapaklary, çekişmeler, hasabat sapaklar, ylmy-amaly sapaklar, maslahat, metbugat, söhbetdeşlik, syýahat, çekişme, öz-özüňi dolandyryş sapaklary ýaly erkin görnüşli sapaklar giňden ulanylyp bilner.

Mekdepde tebigaty öwreniş dersini okatmagyň dürli görnüşlerini ulamaklykda okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna, taýýarlyk derejesine bolan talaplaryň talaplaryň berjaý edilmegi zerurdyr. Ýokarda agzalyp geçilen dürli sapaklaryň esasy talaby seredilýän meselelere – temalara (bölümlere) okuwçylaryň öz şahsy garaýyşlarynyň laýyk gelmegini üpjün etmek zerurlygyndan gelip çykýar. Mugallym bilen okuwçynyň tebygy hadysa, pursata bolan garaýyşlary barada pikirleriniň deň gelmegi netijesinde tema has gowy özleşdirilýär. Mugallymyň sapagy ol ýa-da beýleki usulda geçmegi ozaly bilen öwrenilýän temanyň mazmunyna, ýagdaýyna okuwçylaryň taýýarlygyna ulanylýan çeşmeleriň häsiýetine

sapakda göz üňünde tutulŷan bilim-terbiýeçilik, maksadyna we okuwçylaryň bilimini artdyrmak boýunça meselelere baglydyr.

Tebigaty öwreniş sapaklarynyň esasy görnüşlerini şeýle häsiýetlendirmek bolar:

- okatmaklygyň ähli talaplary bolan sapak ýa-da adaty (garyşyk) sapak.
- täze okuw maglumatyny öwrenmek – giriş sapagy.
- Gaýtalamak sapagy– umumy bilimleriň jemlenmegini we umumylaşdyrylmagyny üpjün edýär.
- Duşuşuk sapagy.
- Çekişme sapagy
- Adaty däl sapaklar (interaktiw sapak)

Öňdebaryjy mugallymlar sapaklaryň dürli görnüşlerini saýlap, öwreniljek tema esasynda we onuň maksadyna, mazmunyna, okuwçylaryň bilim derejesine, başarnyklaryna laýyklykda sapagyň gurluşyny saýlap alýar. Meselem, 4-nji synpyň tebigaty öwreniş dersi boýunça köp sapaklar adaty(gatyşyk) görnüşde guralýar. Sebäbi şeýle sapaklarda sapagyň ähli düzüm bölekleri (öý işini soramak, berkitmek, täze temany beýan etmek we ş.m.) bilelikde ulanylýar. Bu synpda leksiýa sapagyny guramak kyn. Sebäbi okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary muňa mümkinçilik bermeýär. Şonuň üçin mugallym bu synpda adaty däl sapaklar bolan çekişme, ýaryş, düşuşuk, interaktiw sapaklary köpräk geçmeklige üns bermelidir.

**Sapaklaryň adaty däl usullarda guralyşy.** Adaty däl sapaklaryň her biriniň özboluşly aýdyň maksady bolup, olaryň ählisi hem okatmagyň usullarynyň we tärleriniň kämilleşdirilmegine gönikdirilendir. Sapagyň görnüşlerini saýlap alanda mugallym aşakdaky ugurlary göz öňünde tutýar:

1. Okuw- terbiýeçilik mazmuny.
2. Őwrenilýän maglumatlaryň möçberi.

3. Sapagyň wezipeleriniň tutuş toplumy.
4. Mugallymyň we okuwçylaryň döredijiligi.
5. Sapagyň serişdeleri.

4-nji synpda adaty däl sapaklardan başga-da aşakdaky ýaly sapaklary guramak mümkin:

**Tejribe- okuw sapagy** okuwçylaryň şahsy özbaşdak işleriniň dowamy bolmak bilen birlikde ol toparlaýyn özbaşdak işleriniň hem guralmagyna kömek berýär. Okuwçylar tejribe-amaly okuw sapagynda öň alan bilimlerini täze düşünjeler esasynda berkidýär, çuňlaşdyrýar. Meselem: 4-nji synpda öwrenilýän “Howa” atly bölümde aşakdaky temalar boýunça amaly-tejribe sapaklaryny gurap bolar:

- Biziň töweregimizdäki howa
- Howanyň tutýan orny
- Howa gysylýar, ol maýşgakdyrHowanyň gyzandaky we sowandaky ýagdaýy
- Howanyň hem agramy bar
- Ýanmak üçin howa gerek

**Duşuşyk sapagy-** okuwçylar üçin örän täsirli bolýar. Duşuşyk sapagyndan öň mugallym belli bir tema boýunça adaty sapak geçýär we indiki sapagyň duşuşyk sapagy boljakdygyny öňünden duýdurýar. Sapaga nähili myhmanlaryň çagyryljakdygyny okuwçylar bilen maslahatlaşýarlar, çakylyk hatlary taýýar edilýär. Şeýlelikde bu sapaga okuwçylaryň özlerinden başga-da olaryň ata-eneleri, doganlary hem-de dürli hünärdeki işgärler çagyrylýar. Sapagyň has netijeli geçmegi üçin sapaga degişli suratlaryň, okuwçylaryň geçen ýylky ýazan nutuklaryň, zähmete, hünär saýlap almaklyga degişli ýazylan kitaplaryň sergisi guralýar. Hünär saýlap almaklyga degişli çeper eserler, hekaýa, goşgular, nakyllar, atalar sözlerini, pähimler, gündelik metbugat boýunça bu barada täze çykyşlar gözläp tapmak we taýýarlamak okuwçylara tabşyrylýar. Şeýle görnüşli sapaklara başgaça açyk sapaklar hem diýilýär. Sapaklara okuwçylaryň hem taýýarlyk görmegi çagalaryň

jogapkärçiligini artdyrýar, olarda ahlak sypatlarynyň kemala gelmegine kömek edýär.

**IInteraktiw sapaklar-** esasan multimedia tagtasyny ulanmaklyk bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde bilim bermegiň interaktiw usullaryişjeň ulanylýar, olaryň esasy mazmuny kompýuterleriň we habar beriş, maglumat beriş resurslarynyň giňden ulanylmagy arkaly, mugallym bilen okuwçynyň arasynda ynamly gatnaşygyň döredilmeginden ybaratdyr. 4-nji synpda “Tebigatdaky suw” diýen temada interaktiw tagtany ulanyp okuwçylaryň suwuň häsiýetleri baradaky düşünjelerini has aýdyňlaşdyryp bolýar. Meselem, tebigatda suwuň aýlanyşyny interaktiw tagtadan peýdalanyp okuwçylara suratdaky ýaly yzygiderlilikde görkezmek bolar. Esasy bellemeli zatlaryň biri hem mugallymyň bilim bermegi niň netijeliligi mugallymyň özüniň hünär ussatlygyna baglydyr









**Suratda: tebigatda suwuň aýlanyşygynyň yzygiderliligi.**

Mugallymyň interaktiw sapagy ilki bilen üns bilen meýilnamalaşdyrmagy gerek. Sapakda interaktiw tagtadan käbir zatlary görkezyp bolandan soň okuwçylar bilen gurajak sorag-jogaplarynyň tekstlerini hem taýýarlaýar. Sorag-jogap alyşmak arkaly berkidilen sapak (şonda sorag-jogaplara okuwçylaryň özleriniň işjeň gatnaşmaklaryny guramaly) okuwçylaryň temany oňat özleşdirmegine kömek edýär.

## § 38. V synpyň fiziki geografiýa dersi, onuň mazmuny, bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti

Fiziki geografiýany okatmagyň maksady, mazmuny, wezipeleri we wagty (*sagat sany*) Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen “Orta mekdepleriň V-IX-synplary üçin geografiýa dersi boýunça okuw Maksatnamasynda (*2007-ý.*) kesgitlenendir.

Fiziki geografiýa dersi 5-nji synpda okadylyp, ol başlangyç synplardaky tebigaty öwreniş dersinden geografiýa dersine yzygiderli geçişi amala aşyrýar we VI, VII, VIII, IX-synplardaky geografiýa dersleri üçin esas bolup hyzmat edýär. Bu dersiň üsti bilen okuwçylar plan we karta, globus baradaky düşünjeleri we olary peýdalanmak, dürli ölçeg işlerinde ulanyp bilmek başarnyklaryny ele alýarlar. Dersiň üsti bilen okuwçylara fiziki geografiýanyň esasyny düzýän litosfera, atmosfera, gidrosfera, biosfera we olaryň bölekleri hakyndaky ilkinji düşünjeler, kanunalaýyklyklar öwredilýär.

Mekdebiň fiziki geografiýa bilimleriniň ulgamynyň esasynda, geosfera we tebigy kompleksler, olara mahsus bolan tebigy prosesler we olary düzýän komleksleriň özara gatnaşyklary barada umumy düşünjeler durýar. Bu umumy fiziki geografiki düşünjeleriň esasynda, ol düşünjeler bilen berk arabaglanyşykda bolan, Ýeriň, şol sanda ýurdumyzyň çäginiň tebigaty, tebigy toplumlarynyň (kompleksleriniň) köpdürliligini aňladýan sebitleýin fiziki geografiýa düşünjeleriň ulgamy (sistemasy) emele gelýär.

Mekdebiň fiziki geografiýa dersini okatmagyň esasy elementleriniň biri okuw işidir – kartografiki we topografiki bilimleriň we başarnyklaryň ulgamyny okuwçylara bermekdir. Umumy we sebitleýin fiziki geografiýa düşünjelerini ele almaklyk üçin hökmany suratda kartografiki we topografiki bilimleriň ulgamyny özleşdirmelidir. V synpyň okuwçylarynyň fiziki geografiýanyň başlangyç kursy boýunça alan bilimleri,

başarnyklary we endikleri – orta mekdepleriň umumy fiziki geografiki bilimleri, başarnyklary we endikleri boýunça ulgamynyň esasy bölegidir. Şol bir wagtda olar fiziki geografiki düşünjeleri emele getirýän nazaryýet esasydyr. Beýle diýildigi, V synpyň fiziki geografiýa başlangyç kursunyň wezipesi, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda Ýeriň daşky gurşawy, tebigatyň toplumlary (kompleksleri), ony düzýän düzüm bölekleri (komponentleri) we olaryň arasyndaky özara gatnaşyklary barada ilkinji umumy düşünjeleri emele getirmek diýmekdir. V synpyň fiziki geografiýa dersinde topografik we kartografik bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň esaslary girizilendir.

Fiziki geografiýanyň başlangyç dersiniň bu ýokarda görkezilen meseleleri, umumybilim berýän mekdeplerde amala aşyrylýan, umumybilim berijilik we terbiýeleýjilik maksatlaryna laýyk gelýär. Fiziki geografiýanyň başlangyç dersinde öwrenilýän geografiki hadysalaryň we obýektleriň köp bölegi gös-göni okuwçylaryň daş-töweregindäki gurşawa degişlidir. Biziň daş-töweregimizi gurşap alan tebigatyň dürli görnüşlerine gözegçilik etmek we öwrenilýän tebigatyň, zatlaryň hem-de hadysalarynyň üsti bilen, okuwçylar tebigatyň hadysalaryny ylmy dünýägaraýyş taýdan beýan etmekligi öwrenýärler. Bu bolsa olaryň ylmy dünýägaraýyşlaryny giňeldýär. Bütin fiziki geografiýa dersiniň dowamynda geografiki gurşawy düzýän elementleri aýry-aýrylykda (*üzňelikde*) öwrenilmän, özara baglanyşykda we özara şertlilikde (*meselem, klimaty relýef bilen, giňlik, okeana ýakynlygy ýa-da daşlygy bilen baglanyşdyryp*) öwrenilýär. Şol bir wagtda tebigy hadysalara ösýän we özgerýän görnüşinde seredilýär. Bu bolsa okuwçylarda çuňňur ylmy dünýägaraýşyň emele getirilmegine ýardam berýär.

Fiziki geografiýanyň başlangyç dersi özünde köp sanly soraglary jemleýär. Ol soraglar 5-nji synp okuwçylary üçin täze soraglardyr, ýöne bu soraglar okuwçylara elmydama tebigatda

duşýan soraglardyr. Okuwçylaryň tebigatyň zatlaryna, hadysalaryna dogry düşündiriş bermekleri üçin takyk bolan maglumatlar esasynda bilim alýarlar. Okuwçylar fiziki geografiýa dersinde, adamlaryň zähmet işlerinde tebigatdan peýdalanyşy we olaryň tebigaty goramakda alyp barýan işleri baradaky alan bilimleri esasynda, tebigy şertlere we serişdelere (resurslara) ykdysady nukdaýnazardan baha bermegi öwrenýärler. Bularyň ählisi okuwçylaryň gözýetimini, ylmy dünýägaraýşyny giňeltmekde akyl ýetirmesini we ukyp-başarnyklaryny ösdürmekde uly orna eýedir. Bu dersde okuwçylaryň ukyplaryny we başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady esasynda, olar bilen açyk meýdanda gözýetimiň taraplaryny kesgitlemek, ýeriň planyny çyzmak, plany okamagy başarmak, aralyklary ölçemek, kartada gözýetimiň taraplaryny kesgitlemek ýaly birnäçe ýokary ähmiýetli amaly işler we düşündiriş tejribe işleri guralýar.

V synpyň fiziki geografiýa dersi okuwçylaryň mekdebiň beýleki derslerini düşünjeli özleşdirmekdäki taýýarlygynda hem uly orna eýedir. Fiziki geografiýanyň tebigat bilimlerine degişli derslerde bolşy ýaly, taryh dersini okatmak, öwretmek üçin okuwçylaryň fiziki geografiýa dersindäki kartagrafiki bilimleri zerurdyr. Şonuň üçin okuwçylar fiziki kartalar bilen işlemegi başarmalydyrlar. Fiziki geografiýa dersinde okuwçylara öwredilýän tebigy toplumlaryň, tebigatyň düzüm bölekleriniň alamatlary we olaryň arasyndaky aragatnaşyklary, özarabaglanşyklary baradaky bilim, tebigat bilimlerine degişli derslerde, şeýle-de dürli ekologik soraglary çözmekde giňden peýdalanylýar.

Fiziki geografiýa dersiniň öňünde durýan wezipesi, ondaky berilýän düşünjelere V synp okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklarynyň mümkinçiliklerine laýyk gelmelidir. Başlangyç synplaryň tebigaty öwreniş we IV synpyň tebigaty öwreniş derslerinde okuwçylar astronomiki, fiziki, himiki we biologiki bilimlere, bulardan başga-da ilkinji geografik

düşünjelere we kartografiki başarnyklara akyl ýetirmekligiň belli bir derejedäki taýýarlygyny görýärler. IV we V synpyň matematika dersinde okuwçylara gradus, burçlar, masştab, položitel we otrisatel temperatura ululyklarynyň sanlary, prosent, orta arifmetik ululyklar barada düşünjeler berilýär. Bu bilimleriň we başarnyklaryň ählisi V synpyň fiziki geografiýa dersiniň üsti bilen berilýän esasy umumy bilimleri we başarnyklary özleşdirmekde zerur bolan esasy bölegini düzýär.

**Fiziki geografiýa dersiniň gurluşy we düzümi.** V synpyň fiziki geografiýa dersiniň okuw maksatnamasy Ýeriň sferalary (*litosfera, gidrosfera, atmosfera, geografik gabyk*), olary öwrenmegiň usullary, tebigy kompleksleriň komponentleri we olaryň arasyndaky baglanyşygy, topografik plan, kartada we globusda Ýeri şekillendirmegiň aýratynlyklary hem-de ýer ýüzüniň halklary baradaky maglumatlary özünde jemleýär. Ders girişden we dokuz bölümden ybarat. Olar şu aşakdaky ýaly ýerleşdirilendir:

Giriş (*3 sagat*)

**I.** Ýer üstüniň şekillendirilişiniň görnüşleri (*12 sagat*);
**II.** Ýeriň gurluşy. Ýeriň bardalary. Litosfera (*9 sagat*);
**III.** Gidrosfera (*11 sagat*);
**IV.** Atmosfera (*10 sagat*);
**V.** Biosfera (*5 sagat*);
**VI.** Tebigatyň düzümleriniň özara baglanyşygy (*2 sagat*);
**VII.** Ýer ýüzündäki adamzat we dünýäniň syýasy kartasyndaky döwletler (*5 sagat*);
**VIII.** Tebigatyň adamyň ýaşaýşyna we saglygyna täsiri (*2 sagat*);
**IX.** Öz ýaşaýan ýeriňiziň tebigaty we ilaty (*2 sagat*)

Girişden hem-de bölümlerden daşary amaly sapaklar we gezelenç üçin – 5 sagat, ätiýaçlyk wagty üçin – 2 sagat berilýär.

**Girişde** (*3 sagat berilýär*) fiziki geografiýa dersi we geografiýa ylmy, gadym zamanyň adamlary Ýeri göz öňüne getirişi, häzirki zaman geografik barlaglary, geografik açyşlary,

şol sanda beýik geografik açyşlary, kartalaryň we globuslaryň taryhy barada düşünje berilýär.

**„Ýer üstüniň şekillendirilişiniň görnüşleri“ bölümi:** Fiziki geografiýa dersiniň bu bölümine jemi 12 sagat berilýär we ol iki bölege bölünip öwrenilýär – Ýeriň plany (*6 sagat*) we Geografik karta (*6 sagat*). Bölüm boýunça okuwçylar ilkinji topografik we kartografik bilimleri öwrenýärler hem-de anyk başarnyklary edinýärler. III synpyň Tebigaty öwreniş dersindäki ýeriň plany we plan boýunça gözýetimiň taraplaryny kesgitlemek ýaly öňden belli düşünjeler bu bölümde berkidilýär. Bölümiň esasy ornuny okuwçylaryň ýeriň planyny çyzyp, ony okap bilmeklerine, absolýut we otnositel beýiklikleriň biri-birinden tapawutlaryny kesgitlemege, gorizontallar boýunça relýefiň şekillendirilişine düşünmeklerine berilýär. Okuwçylar kartalaryň we globusyň esasy elementlerini (*Ýeri şekillendirmegiň aýratynlyklary, masştaby, meridianlar we paraleller, relýefiň şekillendirilişi, beýiklik şkalasy*), globusda we kartada belli bir nokatlaryň ýerleşişini we şolar boýunça aralyklary kesgitlemegi öwrenýärler. Bulardan daşary bu bölüm esasynda okuwçylara geografik kartalaryň görnüşleri, onuň plandan tapawudy, şertli belgileri, gradus tory, geografik giňlik we uzaklyk, geografik koordinatalar, planlaryň we geografik kartalaryň adamlaryň hojalyk we ylmy işlerinde peýdalanylyşy we ähmiýeti barada bilim berilýär.

„Ýer üstüniň şekillendirilişiniň görnüşleri“ bölümi öwrenilýän wagtynda okuwçylarda şu başarnyklar emele gelýär: Günüň, Demirgazyk ýyldyzyň we kompasyň kömegi boýunça duran ýeriňde we hereketde gözýetimiň taraplaryny kesgitlemek; azimuty kesgitlemek we berlen azimut boýunça obýekti tapmak; Ýeriň ýönekeý planyny çyzmagy, ony okamak; planyň we globusyň masştabyndan, beýiklik şkalasyndan peýdalanmak, geografik kartalary bilmek we okamak.

„Ýer üstüniň şekillendirilişiniň görnüşleri“ bölümi geçileninden soňra maksatnama boýunça Ýeriň gurluşy we onuw bardalaryna degişli bölümler başlanýar. Olar – litosfera, gidrosfera, atmosfera we biosfera.

Dersiň „Ýer üstüniň şekillendirilişiniň görnüşleri“ bölüminde temalar şu yzygiderlikde gelýär:

-Ýeriň plany näme?

-Planyň masştaby;

-Aralyklaryň ölçenilişi;

-Ýeriň plany boýunça ugurlaryň kesgitlenişi;

-Otnositel we absolýut beýiklik. Ýeriň üstüniň gorizontallar arkaly şekillendirilişi;

-Ýer üstüniň suratynyň alnyşy;

-Bir merkezden we ugur boýnça surata alnyşy. Ýeriň planyny çekmek;

-Geografik karta;

-Gradus tory;

-Geografik giňlik, geografik uzaklyk we geografik koordinatlar;

-Ýeriň planlarynyň we geografik kartalaryň ähmiýeti.

**„Litosfera“ bölümi:** Fiziki geografiýanyň bu bölümine jemi 9 sagat berlip, ol iki bölege bölünip öwredilýär: Litosfera – Ýeriň gaty gabygy (*4 sagat*); Ýer üstüniň görnüşleri (*5 sagat*).

„Litosfera“ bölüminde okuwçylar Ýeriň bu sferasy barada umumy düşünje alýarlar, olaryň kanunalaýyklyklarynyň käbir alamatlary (*daşky we içki güýçleriň täsiri netijesinde litosferanyň üýtgemegi*) we litosfera häsiýetli bolan hadysalar bilen tanyşýarlar. Bu bölümde okuwçylar Ýeriň içki gurluşy we ony düzýän jynslar, Ýer gabygynyň hereketi, wulkan atylmalary we Türkmenistanyň läbik wulkanlary, ýer titremeleri (*şol sanda Aşgabat ýer titremesi*) we olaryň öwrenilişi, gury ýerleriň we okean düýpleriniň daglaryň we düzlükleri dürli görnüşleri, olaryň emele gelşi, jynslaryň

häsiýeti we ýataklary, içki we daşky prosesleriň gatnaşmagy esasynda daglaryň we düzlükleriň üýtgemegi, ýeriň jümmüşini we gury ýeriň üstüni goramaklygyň usullary bilen tanyşýarlar.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň okuw kitabynda litosferany öwrenmegiň häzirki zaman usullary bilen tanyş etmeklige uly üns berilýär.

Dersiň „Litosfera“ bölüminde temalar şu yzygiderlikde gelýär:

-Litosfera we onuň gurluşy;
-Ýer gabygyny düzýän jynslar;
-Ýer gabygynyň hereketi;
-Wulkanlar. Gyzgyn çeşmeler, geýzerler. Türkmenistandaky läbik wulkanlar;
-Ýer üstüniň esasy görnüşleri;
-Daglar;
-Düzlükler;
-Dünýä okeanlarynyň düýbündäki daglar;
-Okean düýbüniň düzlükleri.

**„Gidrosfera“ bölümi:** Bu bölüme jemi 11 sagat berlip, ol „Dünýä okeany“ (*5 sagat*) we „Gury ýeriň suwlary“ (*6 sagat*) diýen iki bölege bölünip öwredilýär.

„Gidrosfera“ bölüminde suw baradaky umumy düşünjelerini özleşdirýärler we olara mahsus bolan aýratynlyklary hem-de suw bilen baglanyşykly bolup geçýän hadysalar bilen tanyşýarlar. „Dünýä okeany“ bölümçesi boýunça okuwçylara okeanlar, deňizler we olaryň bölekleri, suwlarynyň düzümi we olaryň hereketi (*tolkun, akym, daşgyn we gaýtgyn*), Dünýä okeanlarynyň ösümlik we haýwanat dünýäsi, okeanlaryň mineral baýlyklary, okenlaryň öwrenilişi, deňizleriň we okeanlaryň gämi gatnawy üçin peýdalanylyşy, olaryň baýlayklarynyň we suwlarynyň goralyşy barada bilim berilýär. „Gury ýeriň suwlary“ bölümçesi boýunça okuwçylara gury ýeriň suwlarynyň görnüşleri (*ýerasty suwlary, derýalar, köl we suw howdanlary*), olaryň emele gelşi we häsiýeti (*suwy*

*geçirýän we suwa çydamly gatlaklar, mineral we termal suwlary, derýalaryň akymynyň häsiýetine we ugruna relýefiň edýän täsiri, bosagalaryň we şaglawuklaryň emele gelşi, derýa suwunyň akyş kadasy hem-de iýmitlenişi we başgalar*), hojalyk ähmiýeti, suwlary ulanmagyň we olary goramagyň usullary, buzluklar, buzluklaryň emele gelşi we olaryň tebigatda suwuň aýlanyşygyndaky ähmiýeti barada düşünje berilýär.

Fiziki geografiýa dersiniň okuw kitabynda gidrosferany öwrenmegiň häzirki zaman usullary bilen tanyş etmeklige uly üns berilýär.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Gidrosfera“ bölüminde temalar şu yzygiderlikde berlendir:

-Gidrosfera näme?
-Ýerasty suwlar;
-Buzluklar;
-Derýalar;
-Köller;
-Kanallar we suw howdanlary;
-Dünýä okeanlary we onuň bölekleri;
-Dünýä okeanynyň suwlarynyň häsiýeti;
-Tolkunlar;
-Okean we deňiz akymlary;
-Okeanlaryň ösümlik we haýwanat dünýäsi.

Litosfera we gidrosfera barada bilim berilýän döwründe okuwçylar geosfera degişli bolan adalgalary özleşdirýärler, adalgalara degişli bolan zatlary (*obýektleri*) meýdanda we kartada tapmagy, karta boýunça okeanlaryň düýbüniň relýefini göz öňüne getirmegi, daglara we düzlüklere, okeanlara, deňizlere, derýalara we köllere ýazgy bermegi öwrenýärler. *(surat).*




'-nji *surat.* Atlantik okeanyň düýbüniň relýefiniň görnüşiniň kesimi.

**„Atmosfera“ bölümi:** Okuw maksatnamasy esasynda fiziki geografiýanyň „Atmosfera“ bölümine jemi 10 sagat berilýär. Bu bölüm boýunça okuwçylar atmosfera we onuň häsiýetli aýratynlyklary (*gurluşy, atmosfera basyşy, howanyň temperaturasy, ýeller, howada suw buglary, ümürler, bulutlar, ygallar*) barada umumy düşünje alýarlar. Okuwçylar atmosferada bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlar we hadysalar, atmosferanyň kanunalaýyklygynyň esasy häsiýetleri bilen (*beýiklik boýunça atmosfera basyşynyň üýtgemegi, ýylylyk guşaklyklary*) tanyşýarlar; olarda howa we howa massalary, klimat we klimaty emele getiriji faktorlary, Gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň Ýer ýüzünde paýlanylyşy barada düşünjeleri emele gelýär.

V synpyň okuw döwründe fiziki geografiýa dersi boýunça okuwçylar yzygider howanyň ýagdaýyna we günüň dik düşüşine gözegçilik edýärler. Okuwçylar bu gözegçiligiň dowamynda gözegçilik maglumatlaryny kämilleşdirmek, gije-gündiziň, hepdäniň, aýyň we paslyň howa ýagdaýyna ýazgy bermek; gözegçiligiň gidişinde ýyl pasyllarynyň gelşiniň fenalogik wagtlaryny ýüze çykarmak, howa ýagdaýynyň elementleri boýunça tertipnamany (*grafigi*) düzmek we

okamak, meteorologik gurallary bilen işlemek ýaly başarnyklary ele alýarlar.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Atmosfera“ bölüminde temalar şu yzygiderlilikde berlendir:

-Atmosfera we onuň gurluşy;
-Howanyň temperaturasy;
-Howanyň temperaturasynyň ýylyň dowamynda üýtgemegi;
-Atmosfera basyşy;
-Ýeller;
-Suw bugy we bulutlar;
-Atmosfera ygallary;
-Howa we klimat;
-Klimat;
-Gün ýagtylygynyň we ýylylygynyň ýer ýüzünde paýlanylyşy.

**„Biosfera“ bölümi:** Okuwçylaryň litosfera, gidrosfera we atmosfera barada alan bilimleri biosferany öwrenmek üçin esasy özeni bolup hyzmat edýär. Okuw maksatnamasy boýunça bu bölüme jemi 5 sagat berilýär. „Biosfera“ bölümi boýunça okuwçyla biosfera we onuň düzümi, Ýer ýüzünde ýaşaýşyň döreýşiniň taryhy, tebigatda maddalaryň aýlanyşygy we suwuň aýlanyşygy, ösümlik dünýäsinde madda çalşygy, biosferada adamyň orny, ýeriň janly organizmleriniň ýaýraýşy, olaryň köpdürliligi hem-de organizmleriň geosferalara (*litosfera, gidrosfera we atmosfera*) ýetirýän täsiri barada umumy düşünje berilýär. Bu bölümde gury ýeriň we suwuň ýaşaýjylary boýunça aýratyn düşünjeler hem berilýär. Ýagny, gury ýerde organizmleriň ýaýraýşy we olaryň köpdürliligi, organizmleriň özara baglanyşygy, ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaýramagyna adamlaryň ýetirýän täsirleri barada bilim berilýär. Okuwçylara okeanlaryň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürliligi (*plankton, nekton, bentos*), Dünýä okeanynda çuňluk we geografik giňlige baglylykda janly organizmleriň ýaýraýşy, adamyň dünýä okeanynyň ýaşaýjylaryny peýdalanmakda

hojalyk işleri we bu işleriň peýdaly hem-de zyýanly aýratynlyklary barada maglumatlar öwredilýär.

„Biosfera“ bölüminde janly organizmleriň ýaşaýyş aýratynlyklary we gurşawy bilen baglylykda döredýän tebigy zolaklar (*Arktiki we Antarktiki çöller, tundra we tokaý tundra, Taýga, garyşyk we ýasyýaprakly tokaýlar, tokaýly sähra we sähra, ýarym çöl we çöl, sawannalar we seýrek tokaýlar, ýasy ýaprakly we mydama gök öwüsýän tokaýlar we gyrymsy agaçlar, musson tokaýlar, çygly tropik tokaýlar hem-de beýiklik guşaklyklar*) we olara adamyň hojalyk işleri netijesinde ýetirilýän zyýanlary barada giňişleýin düşünje berilýär.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Biosfera“ bölüminde temalar şu yzygiderlilikde berlendir:

-Ýerde janly organizmler;

-Organizmleriň ýer bardalaryna ýetirýän täsiri;

-Ýeri gorap saklamak.

**„Tebigatyň düzümleriniň özara baglanyşygy“ bölümi:** Okuw maksatnamasy esasynda V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Tebigatyň düzümleriniň özara baglanyşygy“ bölümine jemi 2 sagat berilýär. Bu bölüm esasynda okuwçylara geografik bardalar we olaryň biri-birine ýetirýän täsiri, olaryň araçäkleri, uly we kiçi tebigy toplumlary, olaryň häsiýetlendirilişi, tebigy toplumyň üýtgemegi we onuň ütgemegine adamlaryň gatnaşmagy (*oňaýly we oňaýsyz täsirler*), adamyň tebigata çemeleşişiniň görnüşleri (*tebigaty öwrenmek, tebigatdan peýdalanmak, tebigaty özgertmek we tebigaty goramak*) barada umumy düşünje berilýär.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Tebigatyň düzümleriniň özara baglanyşygy“ bölüminde temalar şu yzygiderlikde berlendir:

-Tebigy toplumlar, geografik barda we biosfera;

-Adamyň tebigy topluma ýetirýän täsiri.

**„Ýer ýüzündäki adamzat we dünýäniň syýasy kartasyndaky döwletler“ bölümi:** Bu bölüme okuw

maksatnamasy boýunça jemi 5 sagat berilýär. Fiziki geografiýa dersiniň bu bölüminde okuwçylara Ýer ýüzünde ýaşaýan ilatyň sany we bu sanlaryň ýyl-saýyn artyşynyň yzygiderliligi, adamzadyň jyns görnüşleriniň (*Ýewropeoit, mongoloid, negroid-ekwatorial jynslar*) häsiýetlendirilişi, ilatly ýerleriň esasy aýratynlyklary, olaryň kartada we panda şekillendirilişiniň görnüşleri barada umumy düşünje berilýär. Ilat bilen baglanyşykly maglumatlardan daşary karta boýunça düşünjeler berilýär. Okuwçylara syýasy kartalaryň görnüşleri, olaryň mazmuny we düzümi, şertli belgileriniň ýerleşdirilişi, bulardan başga-da Dünýäniň syýasy kartasynda Türkmenistan Watanymyzyň geografik ýerleşişi, onuň araçäkleşýän döwletleri barada kartografik düşünjeleri berilýär. Ýer ýüzüniň ähli ýerinde mydamalyk ýaşaýan ilat ýoklugy sebäpli okuwçylara bu bölümiň üsti bilen hemişelik ýaşaýan ilaty bolmadyk Antarktida materiginde hiç bir döwletiň ýoklugy hem düşündirilýär.

Bu bölüm esasynda okuwçylarda diňe bir fiziki geografik kartalar bilen däl, eýsem ykdysady kartalar bilen işlemeklik başarnyklary emele gelýär.

V synpyň fiziki geografiýa dersiniň „Ýer ýüzündäki adamzat we dünýäniň syýasy kartasyndaky döwletler“ bölüminde temalar şu yzygiderlikde berlendir:

-Ýer ýüzüniň ilaty;
-Ilatly ýerler;
-Dünýäniň kartasyndaky halklar we döwletler;
-Döwletleriň syýasy kartalarda şekillendirilişi.

**„Tebigatyň adamyň ýaşaýşyna we saglygyna täsiri“ bölümi:** Fiziki geografiýanyň bu bölümine jemi 2 sagat berilýär. „Tebigatyň adamyň ýaşaýşyna we saglygyna täsiri“ bölümi esasan tebigy betbagtçylyklara we tebigaty goramaklyga bagyşlanandyr. Bu bölümiň üsti bilen okuwçylara betbagtçylykly tebigy hadysalar, olaryň görnüşleri (*ýertitreme, wulkanlaryň atylmagy, sunami, tornada, taýfun*), tebigatyň

adamyň durmuşyna we saglygyna täsiriniň esasy görnüşleri we öz ýaşaýan ýeriňize häsiýetli betbagtçylykly tebigy hadysalar barada umumy düşünje berilýär. Okuwçylara tebigaty goramak bilen baglanyşykly – adamyň tebigatdaky orny, Ýer togalagynyň dürli böleklerine adamyň tebigata ýetirýän täsiriniň aýratynlyklary, ekologiýa, tebigatyň baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak, şol sanda tebigaty goramak we onuň baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak hakynda Türkmenistanda kabul edilen kanunlar barada giňişleýin maglumatlar öwredilýär.

**„Öz ýaşaýan ýeriňiziň tebigaty we ilaty“ bölümi:** Okuw maksatnamasynda görkezilişi boýunça bu bölüme jemi 2 sagat berilýär. Bu bölümiň temalary jemleýji sapaklary hökmünde alnyp barylýar. Jemleýji sapaklaryň esasynda okuwçylaryň V synpyň fiziki geografiýa dersinde alan ähli bilimleri, düşünjeleri we başarnyklary barlanylýar. Bu barlag işleri sorag-jogap, söhbetdeşlik, barlagnama, karta üsti bilen bilimleri barlamak we beýleki usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

V synpda fiziki geografiýanyň umumy düşünjeleri, diňe ýekeleýin geografik düşünjeleri öwretmegiň üsti bilen emele gelip bilýär. Onda, esasan, ýerli obýektler we hadysalar bolup biler. V synpyň okuw maksatnamasyna öz ýaşaýan ýeriň geografik aýratynlyklaryny (*öz ýaşaýan ýeriň relýefi, klimaty, derýalary, kölleri, tebigy kompleksleri*) öwretmeklik hem girizilendir. Ýokarda ady agzalan geografik obýektler özlerine degişli bolan bölümlerinde öwredilýär. Şonuň esasynda okuwçylar, bir tarapdan, umumy tebigat, ikinji bir tarapdan, ýaşaýan ýurdumyzyň tebigaty barada bilim alýarlar. Netijede okuwçylaryň III we IV synplarda öz ýaşaýan ýerleriniň tebigaty barada alan düşünjeleri ýokarlandyrylýar.

V synpyň okuwçylarynda umumy fiziki geografik düşünjelerini bermeklikde diňe ülkäni öwreniş esaslary olaryň akyl ýetiriş mümkinçilikleri üçin has pes bolardy, şonuň üçin

okuw maksatnamasyna Ýer ýüzüniň şol sanda Türkmenistanyň esasy obýektlerini öz içine alýan geografik nomenklaturalary girizilendir. Bu geografik obýektlere esaslanyp okuwçylarda umumy geografik düşünjeler kemala getirilýär. Şonuň bilen bir hatarda bu geografik obýektleri özleşdirmeklik we olary kartada görkezmeklik okuwçylaryň geografik dünýägaraýşynyň kämilleşmegine hem-de indiki geljek geografik derslerine taýýarlyk görmegine ýardam berýär.

**Fiziki geografiýa dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerinden we başarnyklaryndan edilýän talaplar.** "Türkmenistanda bilim hakynda" kanunyň I-bölüminiň 6-njy maddasynda şeýle diýilýär:

"Türkmenistanda bilimiň döwlet standartlary bellenilýär, bu standartlar ähli tipdäki bilim berýän edaralary gutaryp çykýanlara bildirilýän talaplaryň zerur, hökmany, minimal derejesini kesgitleýär.

Döwlet standartlaryny işläp taýýarlamagyň we tassyklamagyň tertibini Türkmenistanyň Ministrler kabineti kesgitleýär".

Şonuň esasynda mekdepde geografiýa derslerinde okuwçylara hökmany öwretmeli we olaryň bilimlerinden edilýän talaplara degişli geografik düşünjeleriň, adalgalaryň, maglumatlaryň, başarnyklaryň sanawy kesgitlenilendir. Olar baradaky maglumatlar Türkmenistanyň Bilim Ministrligi tarapyndan hödürlenen "Orta mekdepleriň matematika, ýaşaýşy öwreniş hem-de geografiýa dersleri boýunça ýeke-täk talaplar we baha ölçegleri" diýen gollanmada (*Aşgabat, TDNG, 2004.*) berlip, mugallymlar üçin öwrenilmegi zerurdyr.

Bu gollanmada 5-nji synpda öwrenilýän "Fiziki geografiýa" dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerinden we başarnyklaryndan edilýän talaplaryň mazmuny, sanawy şu aşakdakylardan ybarat:

**Okuwçylar bilmelidirler:**

-Okuw maksatnamasynyň mazmunyna görä we okuw kitabynyň ýazgylaryna laýyklykda öwrenilen esasy geografik atlaryň kartada ýerleşişini we olar barada gysga gürrüň bermegi;

-Ỳeriň ölçeglerini, ekwator, meridianlar, paraleller, tropikler, polýar tegelekleri, geografik polýuslar, ýylylyk we ýagtylyk guşaklyklary baradaky düşünjeleri;

-Wagt guşaklyklaryny, kalendaryny, gije-gündiziň deňleşýän wagtyny, iň uzak we iň gysga günleriň senelerini, ýyl pasyllaryny we olaryň çalyşmagynyň sebäplerini;

-Ýeriň içki gurluşyny, ýer gabygyndaky dag jynslaryň görnüşlerini, ýer üstüniň esasy görnüşlerini;

-Gidrosferanyň düzümini, gury ýerdäki suwlaryň görnüşlerini, dünýä ummanynyň böleklerini, olaryň suwunyň hereketiniň görnüşlerini we ösümlik, haýwanat dünýäsini;

-Atmosferanyň gurluşyny, howanyň düzümini, temperaturasynyň, atmosfera basyşynyň üýtgemeginiň sebäplerini, ýel, bulut, ygal, klimat baradaky düşünjeleri;

-Janly bedenleriň köpdürliligini, olaryň Ỳer bardalaryna edýän täsirini, tebigaty goramagyň we oňa çemeleşmegiň düzgünlerini;

-Ilat, ilatyň sany we artyşy, ilatly ýerleriň görnüşleri, syýasy karta baradaky düşünjeleri;

**Okuwçylar başarmalydyr:**

-Meýdanda we karta boýunça ugur tapmagy, hereket etmegiň ýoluny kesgitlemegi;

-Karta boýunça aralyklary, aýry-aýry nokatlaryň (*ýerleriň*) deňiz derejesinden beýikligini we geografik koordinatlaryny kesgitlemegi;

-Globuslardan, geografik atlaslardan, sudur kartalardan peýdalanmagy;

-Gündelik durmuşda tebigaty goramagyň we onda özüňi alyp barmagyň ýönekeý kadalaryny berjaý etmegi.

5-nji synpda geografiýany okatmakda mugallym bu talaplardan ugur alyp dürli usullardaky okuw işlerini guramalydyr. Fiziki geografiýa dersiniň mazmunyndan, esasan, ýokarky görkezilen bilimleriň we başarnyklaryň okuwçylaryň ählisi tarapyndan özleşdirilmeginiň netijesine görä, mugallymyň işine baha berilýär.

Mugallym okuw maksatnamasyna laýyklykda "Fiziki geografiýa" sapaklarynda, synpdan daşary işlerde we temalary maksatnamada berilen, hödürlenen maslahatlar esasynda kesgitlemelidir.

**"Fiziki geografiýa" okuw kitaby we onuň bilen işlemegiň guralyşy.**

Türkmenistanyň orta mekdeplerinde 5-nji synp üçin Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan çap edilen, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen "Fiziki geografiýa" (*A.Babaýew, G. Gurbandurdyýew, A. Keşşikow, N. Öräýew.Fiziki geografiýa,5-nji synp üçin.,A.,TDNG,2002)* okuw kitaby ulanylýar.

V – synp okuwçylary geografiýa boýunça ýörite okuw kitaby bilen ilkinji gezek tanyşýarlar. Şonuň üçin ilkinji sapaklarda bu okuw kitabynyň esasy aýratynlyklary, ähmiýeti we ondan peýdalanmagyň esasy usullary şu aşakdaky yzygiderlikde öwredilýär:

Okuw kitabyndan gelmeli temany (*paragrafy*), suraty, çyzgyny tapmak.

Ỳagylary düşündirişli okamak, zerur bolan maglumaty, sany tapmak, esasy geografik düşünjäni saỳlap bilmek, dürli hadysalaryň meselelerini we tapawutlaryny gözlemek we kesgitlemek.

Okuw kitabyndaky soraglara, ỳumuşlara düşünmek, olar bilen özbaşdak işlemek, olara jogap tapmak üçin zerur maglumatlary saỳlap almak.

Okuw kitabyndaky kartalaryň şertli belgilerini okamak, kartalary deňeşdirmek.

Dürli san maglumatlaryny deňeşdirmek, olar boýunça hasaplamalar geçirmek we subutnamalar düzmek, olary ulgamlaşdyrmak.

Okuw kitabyndaky suratlara ýazgy, beýan bermek we olary deňeşdirmek we başgalar.

V-synpda fiziki geografiýany okatmak boýunça usuly gollanmada (*A.Keşşikow,Aşgabat, 2004* ) okuw kitaby bilen işlemeklik barada birnäçe usuly maslahatlar berlipdir. Okuw kitabyndan peýdalanmaklaryň esasy usullary, dürli goşmaça maglumatlar, has täsirli we gyzykly soraglar hem-de ýumuşlar. "Fiziki geografiýa" okuw kitabynda hem berilse maksadalaýyk bolardy.

V – synp okuwçylarynyň okuw kitabyndaky tema ýazgylaryna gowy düşünmegi, ondaky iň esasy düşünjeleri tapawutlandyryp bilmegi, şeýle hem ýazynyň geografik kartalar bilen özara baglanyşygyny ýüze çykaryp bilmekleri örän zerurdyr. Şonuň üçin mugallym okuwçylaryň okuw kitabyndaky ýazgylar we geografik karta bilen bilelikde işläp bilmek başarnyklaryny ösdürmäge aýratyn üns bermelidirler. Bu wezipäni çözmek üçin geografiýany okatmaklygyň ilkinji sapaklaryndan başlap, okuwçylara okuw kitabyndaky ýazgyny okap, ondaky ýer-ýurt atlarynyň kartada ýerleşişini kesgitlemek, tapmak, görkezmek öwredilýär. Şeýle edilende okuwçylaryň bu başarnygy soňky synplarda okuw endigine öwrülýär. Bu synpda geografiýa sapaklarynda we özbaşdak hem-de öý işlerinde okuwçylar bilen okuw kitabyndaky dürli suratlar, çyzgylar bilen işlemeklige hem aýratyn orun bermek zerur. Sebäbi olaryň kabul ediş, akyl ýetiriş aýratynlyklarynda (*ýaş aýratynlyga görä*) görkezme - gözýetimli pikirlenip bilmeklik uly rol oýnaýar. Şonuň üçin olara bermekde has täsirli görkezme esbaplaryň, ylaýta-da, hadysalaryň hakyky özüniň, modeliniň, suratynyň ähmiýeti örän uludyr.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Milli Bilim instituty bilen bilelikde V-synpda okadylỳan häzirki “Fiziki geografiỳa” täze okuw kitabyny döretmegiň üstünde uly işler alyp barỳar, (*2007-nji ỳylda çykan geografiỳany okatmagyň maksatnamasy esasynda*). Bu işe usulyỳetçi alymlar, tejribeli geografiỳa mugallymlary hem gatnaşdyrylỳar.

## § 39. Fiziki geografiýany okatmakda adaty we adaty däl sapaklar.

**Okatmagyň esasy usuly sapakdyr.** Fiziki geografiýny okatmak beýleki dersler ýaly köplenç synp-sapak görnüşinde gurulýar. Okuw maglumatlarynyň göwnejaý öwredilmegi okatmagyň guralyşyna we onuň utgaşdyrylyşyna baglydyr. Okatmak nazaryýetinde wagt taýdan çäklendirlen, okuwçylaryň belli bir toparyny özünde jemleýän, mugallymyň ýolbaşçylygynda synpda okuwçylar bilen belli bir tertipde okuw işleriň bitewi ulgamynyň birligine sapak diýilýär. Her bir sapak 45 minudyň dowamynda aýry-aýry etaplardan (sapagyň elementlerinden), etaplar bolsa pursatlardan ybarat bolýar. Şeýle bölüler arkaly sapakda dürli iş usullary özara utgaşdyrylar.

Bilim ulgamynyň has kämilleşdirilýän häzirki döwründe geografiýa sapaklardan edilan talaplar aýdyňlaşdyryldy we olar esasan aşakdakylara bölünýär:

1. Terbiýeçilik işleri boýunça edilýän talaplar.
2. Okuw işleri boýunça edilýän talaplar.
3. Okuwçylaryň endiklerini berkitmek we başarnyklaryny ýokarlandyrmak boýunça edilýän talaplar.
4. Endik we başarnyk boýunça edilýän talaplar.

Terbiýeçilik işleri boýunça edilýän talaplara şular degişli: okuwçylaryň ideýa-syýasy kämilligi, olarda giň dünýägaraýşyň kemala gelmegini gazanmak, okuwçylara zähmet, estetik, ahlak terbiýeleriň bermegi we watançylyk duýgularyny, ruhuny

ösdürmegiň mümkinçiligini gözlemek, tapmak we durmuşa ornaşdyrmak.

Okuw işleri boýunça edilýän talaplara şular degişli: her sapak geografiýany okatmagyň birligi hökmünde ýüze çykmaly. Bir sapak islendik beýleki sapakdan gurluşy, maksady, mazmuny, ulanylýan serişdeleri we usullary arkaly tapawutlanmaly. Täze temany beýan etmekde dürli usullardan peýdalanmak, okuw maglumatlarynyň hökman bilinmeli böleklerini anyklamak, sapagy durmuş bilen baglanyşdyrmak.

Sapagyň dowamynda ylmyň täze gazananlaryny öwredýän okuw maglumatlary bilen baglanyşykly beýan etmek. Sapagyň logiki yzygiderligi, onuň bir etabyndan başga bir etabyna geçmek oýlanyşykly düzülmelidir we berjaý edilmelidir. Sapagyň guralyşy, okuw materiallaryň beýan edilişi, özbaşdak işleriň geçirlişi, synpyň umumy ýetişik ýagdaýyna laýyk gelmelidir. Her bir sapakda dersara baglanşyk ýola goýulmalydyr.

Endik we başarnyk boýunça edilýän talaplara şular degişlidir. Okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimlerini durmuşda, tejribede peýdalanmagyny yzygider ýola goýmak. Okuwçylara toparlaýyn ýumuş tabşyrmak bilen olaryň her biriniň özbaşdak ukyplaryny hasaba almak.

**Fiziki geografiýa dersi boýunça adaty däl sapaklar.** Geografiýany okatmagyň usullarynyň kämilleşmegi bilen fiziki geografiýa dersinden sapaklaryň görnüşleri hem köpdürli häsiýetlere eýe boldy. Meselem,

1. Giriş sapaklary.
2. Jemleýji-gaýtalamak sapaklary.
3. Täze temany beýan etmek sapaklary.
4. Seminar sapaklary.
5. Tejribe sapaklary.
6. Fakultatiw sapaklar.
7. Interaktiw sapaklar we başgalar.

Garaşsyz,baky Bitarap ýurdumyzyň ösüşlerini çaltlandyrmak maksady bilen ýaş nesliň durmuşa taýýarlygyna ýokary talap bildirilýär. Bu meseläni çözmek bilimiň mazmunyny kämilleşdirmek bilen hem bagly bolup durýar. Onuň esasy ugurlarynyň biri hem okatmagyň usullarynyň işjeň görnüşlerini ulanmakdyr. Olaryň netijeliligi diňe özboluşlylyga bagly bolman, mugallymyň başarjaňlygyna, onuň şol usullary özüniň usuly ulgamy bilen baglanyşdyryp bilmegine-de baglydyr. Olar mugallymyň okuw – terbiýeçilik işinde okuwçynyň işjeňligini artdyrmak üçin iş guraly bolup durýar. Işiň hili diňe saýlanan usula bagly bolman, mugallymyň okuw işini şol usul boýunça gurap bilşine hem bagly bolýar.

Haçanda okuwçy işjeň işlese we pikir etse, şonda islendik usul maksadyna ýetip biler. Şonuň üçin okatmagyň usuly saýlanyp alnanda okatmagyň esasy ugurlaryna we kanunlaryna hem-de okuw maglumatlarynyň mazmunyna daýanylsa ýerlikli bolýar. Şulardan ugur almak bilen döredijilikli işleýän geografiýa mugllymlary fiziki geofrafiýadan sapaklary guramagyň dürli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanýarlar. Meselem:

**Ýaryş sapagy.** Bu sapagyň maksady dürli görnüşli tebigat bilen baglanyşyklary tapmaçalary çözmek, toparlara birmeňzeş görnüşde berlen krosswordlary çözmek, fiziki geografiýa degişli soraglara jogap bermek bilen baglanyşykly ýumuşlar arkaly okuwçylaryň bilimlerini barlamakdan we berkitmekden ybaratdyr. Sapagyň bu görnüşini adaty sapaklaryň belli bir böleginde hem ulanmak bolar. Meselem, 5-nji synpda “Ýerde janly organizmler” diýen temany mugallym beýan edip bolandan soň okuwçylarda ösümlikleri gorap saklamak we sapagy berkitmek maksady bilen şeýle tapmaçadan peýdalanýar:

Üç ýyl mundan ozalda,
Durdy ekdi üç bagy.
Birinji bag getirdi,

Elli sany almany.
Ikinji birinjiden,
Bäşisin az getirdi.
Üçünji ikinjiden,
Otuzyn az getirdi.
Menem baryp üç bagdan,
Näçe alma ýygmaly?
Jogabyn bilen oglan,
Sowgadyny almaly.
(50+45+15=110 alma)

Şeýle usulda guralan sapak okuwçylarda derse bolan höwesi we sapagyň dersara baglanyşygyny artdyrýar.

**Okuwçylaryň alyp barýan sapaklary**. Sapagyň bu görnüşi täze bilimleri özleşdirmäge degişlidir. Ol sapagyň ikä bölünmegini göz öňünde tutýar. Bu sapakda giňişleýin umumy sapak geçilenden soň ikinji sapakda guralyp bilner. Şol sapagyň soňunda ders mugallymy "nobatçy mugallymy" belleýär ýa-da ony okuwçylar saýlaýar. Ol diňlenen umumy sapagyň esasynda ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglary taýýarlaýar. Sapakda "Mugallymyň" haýsy okuwçy bolmalydygyny okuwçylaryň özleri mugallymyň



ýolbaşçylygynda öňki sapakda kesgitleseler has hem oňat bolýar. Sebäbi "Mugallym" boljak okuwçy sapaga oňat taýýarlanyp gelýär. Temany özbaşdak öwrenýär, düşünmedik ýerlerini mugallymdan soraýar, temada ulanmak üçin soraglary taýýarlap gelýär.

**5-nji synpda interaktiw sapaklary guramagyň usullary.** Dünýä tejribesinde gňden ulnylýan, okuwçyny akyl, duýgy, beden, ruhy taýdan özara bagly kämil durmuşa ýokary hilli taýýarlaýan toplumlaýyn bilim beriş usuly bolan interaktiw usul ähli okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmaklaryny, öz pikirlerini beýan etmeklerini nazarda tutýar. 5-nji synpyň fiziki geografiýa dersinden multimedia tagtasyndan peýdalanyp "Geýzerler" temasyny geçmek bolýar. Ýerasty suwlarynyň ýeriň üstüne atylyp çykmagyna geýzerler diýilýär. Geýzerleriň emele gelşini suratdaky ýaly yzygiderlilikde okuwçylara düşündirmek bolýar.





Mugallym multimedia tagtasynda suratlary

**Suratda: geýzeriň emele gelşiniň yzygiderliligi.**

görkezip bolandan soň temanyň mazmuny boýunça sorag-jogap guraýar. Şonda okuwçylara suratdan peýdalanyp gürrüň bermeklerine rugsat bermeli. Şeýle edilmegi okuwçylaryň surat boýunça belli bir yzygiderlilikde soraglara jogap berip bilmegine mümkinçilik döreýär.

Interaktiw usulyň esasy bolsa her bir okuwçynyň öz pikirini aýdyň, açyk aýdyp bilmegindedir.

## §40. VI synpda okadylýan “Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” dersiniň maksady, mazmuny we wezipeleri.

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VI synpynda “Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” okadylyp, onuň maksady, mazmuny we wezipeleri Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen “Orta mekdepleriň V-IX synplary üçin geografiýa dersi boýunça okuw maksatnamasynda” (2007-nji ýyl) kesgitlenilendir. Bu dersiň esasy maksady şu aşakdakylary öwretmekden ybaratdyr:

- Aýry-aýry materikleriň (Ýewraziýa, Afrika, Demirgazyk we Günorta Amerika, Awstraliýa. Antarktida) we dünýä ummanynyň bölekleriniň (Ýuwaş Atlantik, Hind, Demirgazyk buzly ummanlar) geogradfik ýerleşişi, ölçegleri, keşbi, ýer üstüniň gurluşy, geologik gurluşy we gazylyp alynýan baýlyklary, klimaty içerki suwlary, toprak we ösümlik örtügi, haýwanat dünýäsi, ilaty we syýasy kartasy baradaky bilimleri;
- Ýer togalagynyň geografik bardasy, tebigat bilen jemgyýetiň özara täsiri, ekologiýa, umumy geografik kanunalaýyklyklar, geografik kartalar we beýleki kartografik önümlerden peýdalanmak baradaky V synpda öwrenilen bilimleriň, başarnyklarynyň has içgin öwrenilmegi we berkidilmegi.
- Dersde öwrenilýän mowzuklary, geografik düşünjeleri Türkmenistanyň tebigaty, Mukaddes Ruhnama we beýleki dersler bilen berk baglanyşykda öwrenmeklik.

- Okuwçylarda Ýer togalagynyň dürli sebitlerindäki, materiklerindäki tebigy hadysalary, wakalary we desgalary deňeşdirmek başarnyklaryny kemala getirmek we başgalar.

Okuw maksatnamasy esasynda VI synpda “Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” dersini okatmaklyga ýyl dowamynda 68 sagat (mekdepde 2 sagat) berlipdir. Dersiň tutuş mazmuny 14-bölümden ybarat:

(Giriş sapaklaryna 2-sagat berilýär)
Litosfera (ýeriň daş gabygy) we onuň üstüniň gurluşy (relýefi) – 2 sagat.
Atmosfera we klimat – 3-sagat.
Gidrosfera – 3-sagat.
Biosfera – 2-sagat.
Ýeriň geografik bardalary – 3-sagat.
Dünýäniň ilaty we syýasy kartasy – 2-sagat.
Bu bölümlerde X-nji synpda öwrenilenler çuňlaşdyrylýar,

gaýtalanýar we berkidilýär.

Ýewraziýa – 14-sagat.

Ähli materikleri öwrenmek boýunça mowzuklar esasan şeýle yzygiderlikde berlipdir: Geografik ýerleşisi, çetki nokatlary, tutýan meýdany, kenarlaryna ýanaşýan ummanlar we deňizler, materigiň öwrenilişiniň taryhy, ýer üstüniň gurluşy, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary, klimaty, içerki suwlary, geografik guşaklyklary we zolaklary, olaryň toprak, ösümlik örtügi we haýwanat dünýäsi, ilaty, syýasy kartasy we uly ýurtlary;

Afrika – 8-sagat.

Demirgazyk Amerika – 6-sagat.

Günorta Amerika – 7-sagat.

Awstraliýa we Okeaniýa – 3-sagat

Antartida – 2-sagat.

Ummanlar (okeanlar)– 4-sagat.

Ummanlara häsiýetnama şu aşakdaky yzygiderlikde öwredilýär: Geografik ýerleşisi, ululyklary we şekili, kenarlarynyň häsiýetleri we deňizleri, adalary, öwreniliş taryhy, düýbüniň ýerkeşbi, klimaty, suw üstüniň temperaturasy, tolkunlar, akymlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi, tebigy guşaklyklary, ummandaky adamyň hojalyk işleri we ekologiýa meseleleri.

Materikleriň we ummanlaryň tebigy toplumlaryny deňeşdirmek – 2-sagat.

Ätiýaçlyk wagty üçin – 2-sagat bellenilýär. Amaly sapaklar we okuw gezelençlerine – 4 sagat

Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy dersiniň mazmunynda berlen 6-sany amaly iş jemleýji sapaklar görnüşinde ýerine ýetirilmelidir. Ders boýunça öwrenilýän mowzuklaryň aglabasy 5-nji synpdaky geçilen “Fiziki geografiýa” dersi Mukaddes Ruhnama, “Açyk gapylar”, “Ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek” baradaky eşleri, şeýle hem ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasatyndaky wakalar bilen berk baglanyşykda öwredilmelidir.

## “Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerinden we başarnyklaryndan edilýän talaplar.

Materikleriň we ummanlaryň ***********dersiniň mazmuny okuw, kitabyndaky ýazgylaryň möçberi has giň. Olardan esasy geografik düşünjeleri, bilimleri saýlap almakda we okuwçylara öwretmekde Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen ýeke-täk talaplardan ugur almaklyk maksada laýykdyr. Onda bellenilişine görä VI synp okuwçylary aýry-aýry materikler boýunça şu aşakdakylary bilmelidir:

- Materikleriň geografik ýerleşişi, çetki nokatlary, tutýan meýdany, ýanaşýan ummanlar we deňizler;
- Öwrenilişiniň gysga taryhy;
- Ýer üstüniň gurluşy – esasy daglary, peslikleri we düzlükleri, olaryň kartada ýerleşişi;
- Esasy gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary we olaryň känleriniň ýerleşisi.
- Klimat şertleri, klimat guşaklyklary, howanyň temperaturasynyň we ygallarynyň paýlanyşy;
- Esasy derýalary, kölleri, dag buzluklary we olaryň ýerleşişi;
- Geografik zolaklary, olaryň her biriniň esasy toprak, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşleri;
- Ilatynyň sany, gelip çykyşy, milli düzümi, gürlüligi we artyşy. Adamyň tebigata täsiriniň has uly ekologiýa meseleleri;
- Syýasy kartasy we okuw kitabynda öwrenilýän ýurtlaryň gysga geografik häsiýetnamasy;

Her bir umman boýunça şu aşakdaky düşünjeleri bilmelidirler.

- Ummanyň geografik ýerleşisi, ululygy, deňizleri we esasy adalary. Öwreniliş taryhy;

- Umman düýbüniň uly suwasty gerişleri, çöketlikleri;
- Klimat guşaklary, suwunyň temperaturasy we şorlugy;
- Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň özboluşlylygy;
- Umman suwlarynyň peýdalanylyşy we ekologiýasy.

VI – synp okuwçylary başarmalydyr:

- Her bir materige degişli öwrenilýän esasy geografik hadysalary ýer-ýurt atlaryny kartadan görkezmegi;
- Materik, dünýä bölegi, kontinent düşünjelerini tapawutlandyryp bilmegi;
- Deňiz, aýlag, bogaz, ada, ýarym ada, ýyly we sowuk umman akymlary diýen düşünjelerini özara tapawutlandyrmagy we olaryň iň esasylaryny kartadan tapmagy;
- Süýji, duzly (şor), akar we ýata suwly kölleri tapawutlandyrmagy we kartadan görkezmegi;
- Öwrenilýän ýurtlaryň gysga geografik häsiýetnamasyny berlen meýilnama boýunça düzmegi we olaryň özara deňeşdirip bilmegi;

VI synpda geografiya sapaklaryny okatmak usullary esasan V synpdakylara meňzeş bolup, täze mowzuklary düşündirmekde, beýan etmekde hekaýa, gaýybana gezelenç, syýahat, deňeşdirmek ýaly usullara aýratyn orun zerur. Her bir sapakda dünýäniň ýarym şarlarynyň, aýry-aýry materikleriň umumygeografik wee ýörüte – mowzuklaýyn kartalarynyň, globusynyň ulanylmagy has maksadalaýykdyr. Olaryň netijeli peýdalanmagy okuwçylaryň mowzugyň mazmunyna has gowy düşünmegini, täze bilimleri özleşdirmäge bolan gyzyklanmalarynyň artmagyny üpjün edýär.

Geçirilýän ilkinji sapaklarda we amaly işlerde okuwçylara materige, ummana, aýratyn alnan bir döwlete gysga geografik häsiýetnama bermegiň yzygiderli meýilnamasy örän

berk öwredilmelidir (gerek bolsa ýat tutdurmalydyr). Bu meýilnamalary bilýän okuwçy üçin aýratyn alnan bir materigiň, ummanyň ýa-da ýurduň geografiýasy barada gürrüň bermegiň has ýeňil bolýandygyny köp ýyllyk iş tejribeleriň netijeleri subut edýär.

**“Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” okuw kitaby we onuň bilen işleriň guralyşy.**

Okuwçylary bu okuw kitabynyň mazmuny bilen ilkinji sapakda tanyşdyrmak zerurdyr. Şonda her bir materige, ummana berilýän häsiýetnamanyň ählisi üçin birmeňzeş meýilnama esasynda we logiki yzygiderlikdeligine okuwçylaryň ünsi çekilýär. Usulýetçi alymlaryň we tejribeli geyografiýa mugallymlaryň belleýişleri ýaly VI synpyň okuw kitabyndaky ýazgylaryň şeýle yzygiderlikde bolmagy, ondan peýdalanmagy has ýeňilleşdirýär.

Okuw kitabyndaky materikler ýa-da ummanlar baradaky ýazgylaryň üstünde işlemekde okuwçylara şu aşakdaky usullar öwredilmelidir:

1. Mowzugyň ýazgysyndaky iň esasy jümleleri, kesgitlemeleri, hadysalary, wakalary, san maglumatlaryny, adalgalary ýa-da ýer-ýurt atlaryny saýlamagy başarmak. Onuň üçin okuwçylara mowzuk ýagysyndaky şeýle sözleriň, söz düzümleriniň aşagyny gara galam bilen çyzyp görkezmäge degişli ýumuşlar hem tabşyrylyp biliner. Bu ýumuşlaryň yzygiderli ýola goýulmagy netijesinde okuwçylar bu usuly has gowy özleşdirýärler.

2. Mowzugyň ýazgysynyň gurluşynyň, yzygiderliginiň logiki düzüminiň ulgamyny kesgitlemek. Bu usul hem esasy düzüm bölekleri we olaryň ozara baglanyşygyny görkezýän jümleleri gara galam bilen bellemek arkaly öwredilse maksadalaýyk we netijeli bolýar.
3. Mowzugyň ýazgysy boýunça yzygiderli meýilnama taýýarlamak we başgalar.

Bu usullar VI synp okuwçylara belli bir derejede V synpda hem öwredilýär. Emma olaryň gaýtalanmagy we berkidilmegi zerur hasaplanýar. Sebäbi bu usullary okuwçylar has gowy özleşdirip bilseler olaryň okuw kitabyndaky ýazgylardan özbaşdak peýdalanyp, bilimleri ele almak başarnyklary has ösýär we kämilleşýär.

Ders boýunça okadylýan ilkinji sapaklardan başlap okuw kitabyndaky ýazgylary we kartalary bilelikde peýdalanyp bilmekligi öwretmeklige hem aýratyn üns berilmelidir. Sebäbi VI-synpyň okuw kitabynda we atlasynda köp sanly özboluşly, ýörüte kartalar ýerleşdirilipdir. Bu kartalardan ýerlikli peýdalanmagy başarýan okuwçy üçin bolsa okuw kitabynyň ýazgysyndaky köp sanly maglumatlary ýatlajak bolmagyň geregi hem bolmaýar. Kartany okamagy başarýan okuwçylar materigiň ýer üstüniň gurluşy, klimaty, içerki suwlary, tebigy guşaklyklary we zolaklary, döwletleri baradaky düşünjeleri kynçylyksyz we örän düýpli özleşdirmegi başarýarlar.

Okuw kitabyndaky suratlaryň, jedwelleriň, klimat diagrammalarynyň we beýleki çyzgylaryň düzülişi, olaryň okalyşy baradaky bilimler we başarnyklar okuw ýylynyň bütin dowamynda öwredilýär. Netijede okuwçylar olardan zerur bolan maglumatlary, düşünjeleri alyp bilmek başarnyklaryna eýe bolýarlar. Klimat diagrammlaryny derňemeklik, olary

okuw kitabyndaky ýazgy we klimat kartalary bilen deňeşdirmek esasynda guralsa has netijeli bolýar.

Bu usullaryň öwredilmegi netijesinde okuwçylaryň okuw kitabyndan özbaşdak peýdalanmak başarnyklary VI-synpyň ahyrynda doly kemala gelýär.

## §41. VII- synpda okadylan “Tükmenistanyň fiziki geografiýasy”dersiniň maksady, mazmuny we wezipeleri.

Türkmernistanyň Garaşsyzlygyny almagy bilen bilim ulgamynda hem uly özgerişler boldy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyndaky we Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden bilim syýasatyndaky täze ýörelgelere we sargytlara esaslanyp mekdepde okadylýan dersleriň aglabalarynyň mazmunynda düýpli özgerişler boldy. Şeýle uly özgeriş, has takygy düýpli täzelenme “Tükrmenistanyň fiziki geografiýasy” dersinde hem boldy. 1993-1994-nji okuw ýylyndan başlap ol aýratyn ders hökmünde mekdepleriň VII-synplarynda okadylyp başlandy.

Türkmenistanyň fiziki geografiýasyny okatmaklyga jemi 68-sagat berilip (hepdede 2 sagat) onuň mazmuny yzygider täzelenip dur. Geografiýanyň mekdep dersiniň okuw maksatnamasynyň (2007ý.) mazmuny esasynda VII-synpda öwrenilýär. Mowzuklar esasy 6- bölüme we adam ekalogiýasyna hem-de tebigaty goramak, peýdalanmak işleriniň hukuk esaslaryna bagyşlanan 2-sany ýörite kiçi bölüme bölünýär. Mowzuklar şeýle yzygiderli mazmunynda öwrenilýär:

1. Dersi öwrenmekligiň maksady we usullary baradaky giriş sapagy – 2 sagat.

2. Türkmenistanyň fiziki geografiýasynyň umumy beýanyna degişli mowzuklar – 10 sagat
3. Türkmenistanyň klimaty – 6 sagat
4. Türkmenistanyň suwlary – 8 sagat
5. Türkmenistanyň topary we ýer baýlyklary - 5 sagat
6. Türkmenistanyň ösümlik we haýwant dünýäsi – 6 sagat
7. Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we goramak – 4 sagat
8. Türkmenistanyň tebigy etraplary we olaryň aýratynlyklary – 15 sagat
9. Türkmenistanyň şertlerinde tebigat we adam – 3 sagat.
10. Türkmenistanda tebigy gurşawdan peýdalanmaklygyň we ony goramaklygyň hukuk esaslary – 3 sagat. Okuw gezelençleri üçin –4 sagat berilýär.

9-10-njy mowzuklar esasan jemleýji, ekalogiýa maksatly sapaklar bolup, olarda tebigy şertleriň adama edýän täsiri, azyk önümlerini, agyz suwuny peýdalanmagyň düzgünleri, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Saglyk” maksatnamasy, tebigy gurşawy peýdalanmaklygyň we goramaklygyň esaslary, bu ugurda ýurdumyzda we dünýä ýurtlary bilen bilelikde geçirilýän çäreleriň toplumy öwredilýär.

Käbir mowzuklary has çuňlaşdyryp öwrenmek maksady bilen 2 sagat ätiýaçlyk wagt berlendir.

Türkmenistanyň fiziki geografiýasy dersiniň esasy maksady VII-synp okuwçylarynda watanymyzyň geografik ýerleşişini, ýer üstüniň gurluşyny, tebigy baýlyklaryny, klimatyny, içerki suwlaryny, ösümlik toprak örtügini, haýwanat dünýäsini we tebigy şertlerine görä tapawutly etraplaryny öwretmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň fiziki geografiýasy sapaklarynda örenilýän mowzuklar, geografik düşünjeler Mukaddes Ruhnamadaky we beýleki derslerdäki geografik maglumatlar bilen berk baglanyşykda düşündirilmelidir.

Ýurt Garaşsyzlygy ýyllarynda amala aşyrlan ykdysady, ekalogiýa çärelerini öwrenmeklige hem aýratyn üns berilmelidir. Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny ösdürmekde ýörite geçilmeli amaly işleriň (7-sany) talaba laýyk guralmagy zerurdyr.

### *“Türkmenistanyň fiziki geografiýasy” dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerinden we başarnyklaryndan edilýän talaplar:*

Türkmenistanyň fiziki geografiýasy dersi mekdeplerde öwrenilýän dersleriň arasynda has uly ähmiýete eýedir. Sebäbi ýurdumyzyň her bir raýety watanymyzyň tebigatyň aýratynlyklaryny, tebigaty we tebigy baýlyklary aýawly peýdalanmagyň ýönekeý düzgünlerini bilmelidir. Bu bölümleri öwrenen adamda Garaşsyz, Baky Bitarap watanymyzyň tebigatynyň gözelligine söýgi we buýsanç duýgulary bolup biler. Munuň şeýledigi Mukaddes Ruhnamada şeýle tekrarlanýar:

“Türkmen tebigaty – türkmen milletiniň gönezligidir.

Türkmen tebigaty – türkmeniň ruhy dünýäsine düşünmegiň iň ilkinji hem esasy açarydyr.”

Türkmen tebigaty – türkmen milletiniň ruhy diliniň harplygydyr”. (Ruhnama, 180-sah).

“Dag ýerinde dagy, düz ýerinde düzi, çöl ýerinde çöli, deňiz ýerinde deňzi, derýa erinde tereň derýalary” bolan bu toprak türkmeniň çüwen bagty, Allanyň ýalkap beren eziz diýary! Ynsaply, kanagatly türkmene: “Bar, dünýäni aýlanda, ýurt tutun” diýseň-de, türkmen şundan gowy topragy saýlamazdy. Dünýäde ýetmişden gowrak uly-uly döwletleri, soltanlyklary döreden türkmen, aýlanyp-öwrülip, şu topraga gaýdyp gelipdir” (Ruhnama, 78 sah.).

Beýleki geografiýa derslerinde bolşy ýaly, Türkmenistanyň fiziki geografiýasy boýunça hem

okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna bildirilýän ýeke-täk talaplar Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenilendir.

Oňa görä VII-synp okuwçylary bilimidiler:

- Türkmenistanyň we omuň welaýatlarynyň geografik ýerleşişini, araçäklerini we meýdanyny;
- Ýer üstüniň gurluşyny – daglaryny, belentliklerini, düzlüklerini, pesliklerini, çöketliklerini, çöllerini, oazislerini we özleşdirilýän tarp ýerlerini;
- Esasy gazylma baýlyklaryny we olaryň känlerini;
- Klimat şertlerini, toprak, ösümlik görnüşleriniň we haýwanat dünýäsiniň esasy görnüşlerini;
- Türkmenistanyň derýalaryny, köllerini, suw howdanlaryny, ýerasty suwlaryny we olaryň peýdalanyşyny;
- Türkmenistanyň ekalogik ýagdaýyny, tebigy baýlyklary aýawly peýdalanmak, artdyrmak we gorap saklamak boýunça Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda geçirilýän çäreleri. Esasy tebigy yadygärlikleriň, goraghanalaryň ähmiýetlerini;
- Türkmenistanyň tebigy etraplaryny, olaryň tebigy aýratynlyklaryny;

Okuwçylar başarmalydyrlar:

- Öwrenilýän esasy tebigy hadysalaryň, wakalaryň, desgalaryň, ýer-ýurtlaryň ýerleşýän ýerlerini kartadan görkezmegi;
- Howa ýagdaýlaryna gözegçilik etmegi we gözegçilik maglumatlaryny peýdalanyp howanyň tempiraturasynyň, atmosfera basyşynyň, ygallaryň, öwüşýän ýelleriň aýlyk, ýyllyk çyzgylaryny taýýarlamagy;
- Kartalardan peýdalanyp daga, tebigy etraplara gysga häsiýetnama düzmegi;
- Surat kartalar bilen işlemegi;

- Türkmenistanyň fiziki geografiýasynyň mazmuny bilen bagly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň permanlaryny, kararlaryny maksatnamalaryny we beýleki döwlet resminamalaryny degişli mowzuklar öwrenilende peýdalanmagy;

Mugallym okadýan sapaklarynda dürli mowzuklary öwredende, dürli usullarda okuwçylaryň bilimlerine, başarnyklaryny barlap bahalandyrmak işlerini geçirende, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlanda ýokarda bellenilen ýeketäk talaplardan ugur almalydyr.

***“Türkmenistanyň fiziki geografiýasy” okuw kitaby we onuň bilen işleriň guralyşy.***

Orta mekdepler üçin “Türkmenistanyň fiziki geografiýasy” boýunça täze okuw kitaby taýýarlanyldy (2007-ý. Awtorlary A.Babaýew, G.Gurbandurdyýew) we VII-synpda geografiýa sapaklary şu okuw kitaby boýunça okadylýar. 2005-nji ýylda tassyklanan okuw maksatnamasy esasynda täze, has kämilleşdirilen okuw kitabyny taýýarlamak işleri alnyp barylýar.

Okuwçylara “Türkmenistanyň fiziki geografiýasy okuw kitaby bilen işlemegiň esasy aýratynlyklary we usullary ilkinji sapaklarda öwredilip başlanmalydyr. Bu okuw kitabynyň esasy mazmunynyň “Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy” okuw kitaby bilen belli bir derejede meňzeşdigi we ony peýdalanmagyň okuwçylar üçin uly kynçylyklar döretmegi hem bellenip geçilmelidir. Sebäbi bu okuw kitaplaryň ýazgylaryndan esasy düşünjeleri saýlap almak, zerur bolan wagtlary tapmak, ýazgylar esasynda gysga meýilnama düzmek, okuw kitabyndaky kartalary okamak, dürli suratlary, çyzgylary derňemek, okuw kitabyndaky goşmaça maglumatlar bilen işlemek usullaryny okuwçylar VI-njy synpda öwrenipdirler”.

VII-synp okuwçylaryna okuw kitaby bilen işlemekligiň has çylşyrymlaşýan şu usullary hem yzygiderlikde öwredilýär:

- Dürli tebigy hadysalaryň, wakalaryň ýüze çykmegynyň, ýerleşmeginiň esasy sebäbini ýüze çykarmak.
- Mowzuk hakyndaky ýazgynyň esasy böleklerini, tebigy hadysalarynyň meňzeşlik we tapawutly häsiýetlerini, olaryň ýüze çykmagynyň sebäplerini görkezýän maglumatlary kesgitläp bilmek.
- Mowzuk hakyndaky ýazga, ondaky suratlar, çyzgylar, kartalar bilen özara baglanyşykda derňew, seljerme bermek we başgalar.

Okuw kitaby bilen işlemegiň bu usullary sapaklaryň jemleýji, täze mowzugy berkitmek döwürlerinde öwredilýär. Meselem: "Türkmenistanyň ýer üstüniň geologik gurluşy, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary" mowzugy öwrenmekde okuwçylaryň okuw kitabyndaky ýazgylara gowy düşünmegi, özleşdirmegi üçin geografik taryhy döwürleriň (eralaryň) atlary, yzygiderligi we ýaşy baradaky maglumatlar jemlenen jetwellerden peýdalanyp bilmegiň usullaryndan baş çykaryp bilmekleri zerurdyr. Bu iş bolsa okuwçylardan dürli jetwellerden özbaşdak peýdalanyp bilmek başarnygyna bagly bolýar.

Okuw kitaby okuwçylaryň bilimleriniň derejesini we hilini belli bir derejede deňleşdirmäge hem täsir edýär. Sebäbi ondan peýdalanmagyň dürli usullaryny gowy özleşdirlen okuwçylaryň ählisinde dürli mowzuklar baradaky bilimleri, geografik düşünjeleri özbaşdak öwrenip bilmäge başarnyklary bolýar. Bu bolsa okuw kitabynyň dersi öwrenmekdäki ähmiýetini has-da artdyrýar.

## §42 . VIII-synpda okadylỳan “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersiniň maksady, mazmuny we wezipeleri

Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy özbaşdak ders hökmünde mekdeplerde ỳurt Garaşsyzlygyny alandan soň öwrenilip başlandy. Bu ders VIII-synpda okadylyp, oňa maksatnama boỳunça jemi 68-sagat (hepdede 2-sagat) berilỳär. Dersi okatmagyň esasy maksady ỳurdumyzyň halk hojalygynyň we ilatynyň ösüş aỳratynlyklaryny, ỳerleşisini, Garaşsyzlyk ỳyllarynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli ykdysady syỳasatynyň netijelerini, ähmiỳetini we geljegini, Türkmenstanyň ykdysadyỳetiniň görlüp-eşidilmedik derejede ösỳändiginiň esasy sebäplerini we başgalary okuwçylara öwretmekdir.

“Orta mekdepleriň V-IX-synplary üçin geografiỳa dersi boỳunça okuw maksatnamasynda (2007 ỳ)” “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersiniň mazmuny şeỳle yzygiderlikde berilỳär:

1. Giriş – 1 sagat.
2. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan dünýäniň syýasykartasynda- 1 sagat
3. Ilata hyzmat ediş ulgamynyň geografiỳasy – 1 sagat.
4. Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryna ykdysady-geogrfaik häsiýetnama – 5 sagat
5. Türkmenistanyň ilaty we zähmet baỳlyklary – 5 sagat.
6. Türkmenistanyň halk hojalygy bazar ykdysadyýetinde giçiş döwründe –2 sagat
7. Senagat pudaklary we olaryň geografiỳasy – 6 sagat.
8. Türkmenistanyň oba- senagat toplumy – 10 sagat.
9. Türkmenistanyň dolandyryş – çäk bölünişigi – 2 sagat.
10. Ulag we aragatnaşyk ulgamy – 4 sagat.

11. Türkmenistanyň ykdysady etraplary – 24 sagat.
12. Türmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklary – 1 sagat.
13. Okuw –önümçilik syýahatlaryna – 2 sagat, ätiýaçlyk wagt üçin – 2 sagat berilipdir.

Dersiň mazmunynyň şeỳle yzygiderligi ykdysady geografiỳany okatmaklygyň köpỳyllyk tejribeleri esasynda iň amatly hasaplanylỳar. Sebäbi her bir ỳurda, sebite, welaỳata ykdysady-geografik häsiỳetnama bermegi okatmagyň dünỳä tejribesi şeỳle hem usulỳet, pedogogika, psihologiỳa ylymlary tassyklaỳar.

Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy sapaklarynda diňe bir maksatnamada görkezilen mowzuklardyr, geografik düşünjelerden başga-da mugallymyň öňünde okuwçylara öwretmeli şu aşakdaky wezipeleri goỳulỳar:

1. “Türkmenistany ykdysady, syỳasy wew medeni taỳdan ösdürmegiň 2020-nji ỳỳla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasyny we onda bellenilen işleriň amala aşyrylyşyny öwretmek zerurdyr.
2. Ỳurdumyzyň gündelik durmuşynda, içeri we daşary syỳasatynda alnyp barylỳan işler, ykdysady, medeni wakalar öwredilmelidir. Onuň üçin dünỳä ỳurtlary, olaryň ỳolbaşçylary ỳa-da işewür toparlary bilen Prezidentimiziň we hökümetiň arasynda bolup geçỳän gepleşikler, ỳurdumyzyň ykdysady durmuşyndaky wakalar we ş.m. baradaky gündelik metbugat, radio-telewideniỳe habarlary peỳdalanylsa maksada laỳyk bolỳar. Tejribeli mugallymlar VIII-synpda her bir geçỳän sapagyň dowamynda bu iş üçin ỳörüte 4-5 minut wagtyny meỳilnamalaşdyrỳar.

3. Geografiỳa sapaklarynda we synpdan daşary geçirilỳän işlerde berilỳän bilimleriň, öwredilỳän düşünjeleriň üsti bilen okuwçylaryň Watanymyza bolan söỳgüsini, buỳsanjyny, onuň tebigy baỳlyklaryny aỳawly peỳdalanmagyň, gorap saklamagyň zerurlygyna, bu işlere öz goşandynyň hem bolmalydygyna ynançlaryny has-da artdyrmaklyga aỳratyn üns berilmelidir.

**“Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersi boỳunça okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna bildirilỳän talaplar.**

VIII-synpda öwrenilỳän “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografi-ỳasy” dersi mekdepde okadylỳan geografiỳa dersleriniň iň esaslarynyň biri bolup, ol okuwçylaryň aňynda ykdysadyỳete, önümçilik pudaklarynyň ulgamyna we ỳerleşisiniň şertlerine dogry dünỳägaraỳyşlaryny, tebigat bilen jemgyỳetiň özara gatnaşyklarynda tutỳan ornuna baha berip bilmekligi kemala getirỳär.

Mugallymyň esasy wezipesi ders boỳunça öwrenilỳän mowzuklaryň üsti bilen okuwçylaryň tebigy hadysalaryň, baỳlyklaryň hojalyk pudaklary bilen berk baglanyşykdygyna, jemgyỳet durmuşynda, ỳurdumyzda bolup geçỳän wakalara dogry düşünip, netije çykaryp bilmeklerini gazanmakdyr.

Türkmenistanyň bilim ministriligi tarapyndan hödürlenen ỳeke-täk talaplar esasynda VIII-synp okuwçylary “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersi boỳunça şulary bilmelidir:

- Türkmenistanyň ykdysady geografik ỳerleşisini, tutỳan meỳdanyny we araçäkleşỳän döwletlerini;

- Ỳurdumyzyň ilatynyň sanyny, Garaşsyzlyk ỳyllaryndaky artyşynyň sebäplerini, gürlüligini, milli düzümini we oba hem-de şäher ilatynyň paỳyny;
- Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişigini, welaỳatlaryň, şäherleriň atlaryny we ỳerleşisini;
- Türkmenistanyň hojalygynyň gurluş düzümini;
- Ỳangyç-energetika toplumynyň pudaklaryny, esasy nebit we gaz känlerini;
- Maşyn gurluşyk we metal işläp bejerỳän, himiỳa, gurluşyk materallar senagatynyň esasy merkezlerini;
- Türkmenistanyň oba hojalygynyň düzümini, olaryň ỳerleşisini we ösüşini, Beỳik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Täze oba", "Gök guşak" maksatnamalarynyň ähmiỳetini;
- Ulag ulgamynyň esasy görnüşlerini we olaryň Garaşsyzlyk ỳyllaryndaky batly ösüşlerini. Täze gurlan gara, demir ỳollary we turba geçirijileri;
- Türkmenistanyň ykdysady etraplarynyň gysga ỳkdysady-geografik häsiỳetnamasyny;
- Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşygynda möhüm ähmiỳetli önümleri we uly orun tutỳan döwletleri;
- Türkmenistanyň ekologik ỳagdaỳynyň özgeriş çaklamalaryny;
- Türkmenistanyň bazar ykdysadyỳetine geçmegi bilen onuň eỳeçilik görnüşlerinde garaşylỳan özgerişleri;
- "Türkmenistany ykdysady, syỳasy we medeni taỳdan ösdürmegiň 2020-nji ỳyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasynda öňde goỳlan esasy wezipeleri, dürli senagat oba hojalyk önümlerini öndürmegiň, ulag, gurluşyk, medeni pudaklary ösdürmegiň esasy san maglumatlaryny we maksatnamanyň ähmiỳetini;

“Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersi boỳunça okuw ỳylynyň dowamynda amaly iş sapaklarynda okuwçylara şu aşakdaky başarnyklar öwredilmelidir:

- Ders boỳunça öwrenilỳän mowzuklardaky esasy ỳerleriň, gazylma baỳlyklaryň känleriniň, senagat merkezleriniň, has iri we täze gurlup ulanylmaga berlen kärhanalaryň ỳerleşỳän ỳerlerini, ulag ỳollaryny, täze özleşdirilỳän ỳerleri, ykdysady etraplaryň araçäklerini Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşygynda möhüm orny eỳeleỳän ỳurtlary kartadan görkezmek.
- Dürli önümleriň öndürilişiniň ösüşini, ilatyň sanynyň artyşyny görkezỳän diagrammalary düzmek we olardan peỳdalanmak;
- Sudur karta boỳunça işlemek;
- Suwarymly ỳerleriň, gazylma baỳlyklaryň känleriniň ekologiỳasy, ỳaşaỳan etrabyň, şäheriň ykdysady-geografik aỳratynlyklary barada dürli okuw kitaplardan, metbugatdan, kartalardan peỳdalanyp häsiỳetnama düzüp bilmek;

***Ders boỳunça geçirilỳän ähli sapaklarda we sapakdan daşary işlerde okuwçylara bilim bermekde we olaryň bilimlerini, başarnyklaryny, barlap bahalandyrmakda görkezilen ỳeke-täk talaplardan ugur almak zerurdyr.***

“Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby bilen işleriň guralyşy.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň orta mekdeplerinde ulanylỳan “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby (awtorlary, N.Öräỳew, A.Batyrow, - 2002 ỳ) mazmuny boỳunça “Türkmenistanyň fiziki geografiỳasy” okuw kitabyndan düỳpli tapawutlansa-da, bu iki okuw kitabyň düzüminde, usulỳet gurluşynda meňzeşlikler köp.

Bular barada we okuw kitabynyň mazmuny, ondan peỳdalanmagyň esasy usullary hakynda okuwçylara ilkinji sapakda düşündirişleriň maslahatlaryň berilmegi zerurdyr.

“Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby bilen okuwçylaryň işini guramakda, olara ykdysady geografiỳany öwrenmekdäki täze, heniz gabat gelmedik düşünjeler, çyzgylar, kartalar we başga çeşmeler hakynda, olardan peỳdalanmagyň ỳollary barada maslahatlar zerurdyr. Ykdysady geografiỳanyň fiziki geografiỳadan aỳratynlyklary esasan şulardan ybarat:

1. Mowzuklaryň ỳazgylarynda okuwçylaryň bilmeỳän adalgalaryň nätanyş sözleriň köp bolmagy.
2. Dürli san maglumatlarynyň, ỳörüte kartalaryň, jedwelleriň dürli görnüşleriniň berilmegi.
3. Mowzugy özbaşdak öwrenmek ỳa-da berkitmek üçin olaryň soňundan ỳörüte ugrukdyryjy soraglaryň we ỳumuşlaryň berilmeỳändigi (olar esasan uly bölümlerden soň beriliỳär).
4. Dürli mowzuklarda berilen san maglumatlarynyň, wakalar baradaky ỳazgylaryň “könelmegi”. Meselem: ilatyň sany, milli düzümi, dürli senagat, oba hojalyk önümleriniň öndürilen möçberi we başgalar baradaky okuw kitabynda berilen san maglumatlary 2004-nji ỳylda düỳbünden başgaça boldy. Bu bolsa okuwçylarda ỳeke-täk bilimleriniň bolmagyny gazanmakda uly kynçylyklar döredỳär.

Şonuň üçin okuwçylara şeỳle san maglumatlary öwredilende onuň haỳsy ỳyldaky görkezijidigine aỳratyn üns bermegiň zerurdygy öwrediliỳär. Şeỳle sanlar sapakda öwrenilende okuw kitabyndakysy bilen bilelikde iň soňky görkezijisi hem aỳdyliỳar. Soňky görkeziji döwlet

resminamalarynda ỳa-da türkmen – milli hasabat instituty tarapyndan tassyklanan bolmalydyr. Umuman ykdysady geografiỳadan san maglumatlaryny has köp ulanmga, olary okuwçylardan talap etmäge köp ýykgyn edilmeli däldir…

Okuw kitabynyň birinji bölegi (Türkmenistanyň hojalygynyň pudaklaỳyn düzümi) boỳunça mowzuk ỳazgylaryndan peỳdalanmagyň usullary gowy öwredilse, okuwçylar kitabyň ikinji bölegindäki (Tebigy etraplaryň ykdysady-geografik häsiỳetnamasy) dürli okuw çeşmelerinden özbaşdak peỳdalanmagy başarỳarlar. Bu bolsa olaryň şeỳle hem mugallymyň okuw işiniň has ỳeňilleşmegini üpjün edỳär.

VIII-synp okuwçylaryna geografiỳadan okuw kitaby bilen özbaşdak işlemek başarnyklarynyň öwredilmeginiň netijesinde mugallym olaryň umumy ösüşine, ykdysadyỳet baradaky gyzyklanmalarynyň kemala gelmegine hem uly ỳardam edỳär. Ykdysadyỳet barada gowy bilimli ỳaşlar bolsa geljekde ỳurduň iň ynsaply, düşünjeli, watansöỳüji raỳatlary, dürli edaradyr – kärhanalaryň gowy ỳolbaşçylary bolup biler. Bu bolsa “Bilimli nesil – kuwwatly Watan” diỳen çagyryşyna – sargydyna geografiỳa mugallymlaryň mynasyp goşandy bolar.

Okuw kitabyndaky köpdürli, dürli häsiỳetli we maksatlara gönükdirilen ỳumuşlar okuwçylaryň dürli çeşmeleri, şol sanda okuw kitabyndan daşary atlaslary, metbugat, radio-telewedeniỳe habarlary, internet ulgamyny peỳdalanmak başarnyklaryny hem talap edỳär. Bu bolsa okuwçylaryň şahsy mümkinçiliklerine, bilelikde öwrenmeklerini guramaklyga bagly bolup, mugallymdan yzygiderli ulgamlaỳyn işleri ỳola goỳmagy talap edýär.

## §43. “Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersiniň maksady, mazmuny we wezipeleri.

Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy – jemgyỳetçilik geografik ylymdyr. Orta mekdebiň IX-synplarynda okadylỳan bu derse maksatnama boỳunça 68-sagat (hepdede 2-sagat) berilỳär. Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy dersini okatmaklygyň esasy maksady okuwçylara adamzat jemgyỳetiniň dürli ỳurtlardaky ösüş aỳratynlyklaryny, dünỳäniň tutuşlygyna we aỳry-aỳry ỳurtlar, sebitler boỳunça önümçiligiň, ilatyň ỳerleşişiniň kanunalaỳyklyklaryny, aỳratynlyklaryny we tebigy gurşawyň goralyşyny okuwçylara öwretmekden ybaratdyr.

Bu ders boỳunça geçirilỳän sapaklaryň fiziki geografiỳa we “Türkmenistanyň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersleri bilen berk baglanyşygy bardyr. Has takygy V-VIII-synplarda geçilen geografiỳa sapaklarynda ỳeterlik bilimlere we başarnyklara eỳe bolan okuwçylar üçin “Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersini özleşdirmek ỳeňildir. Ders boỳunça geçilỳän sapaklaryň Mukaddes Ruhnamadaky we beỳleki derslerdäki, taryhy we geografik maglumatlar bilen baglanyşdyrylmagy zerurdyr. Sebäbi olar mowzuklaryň many-mazmunynyň has baỳlaşmagyny we düşnikli bolmagyny üpjün edỳär.

Geografiỳany okatmagyň mekdep maksatnamasy (2007ỳ) esasynda “Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersi şu aşakdaky mazmunda we yzygiderlikde öwredilỳär:

1. Giriş – 1 sagat.

2. Dünỳäniň umumy ykdysady-geografik häsiỳetnamasy – 9 sagat. Bu bölümde “Dünýäniň tebigy baýlyklary”, “Dünỳäniň häzirki zaman syỳasy kartasy”, “Dünỳäniň ilaty” diỳen mowzuklar öwrenilỳär.
3. Dünỳä hojalygy – 10 sagat. Bu bölümde “Ylmy-tehniki öwrülişik döwründe dünỳä hojalygy. Onuň dünỳäniň öndüriji güỳçleriniň ösüşine we ỳerleşdirilişine täsiri”, “Dünỳä senagaty”, “Dünỳä oba hojalygy”, “Dünỳäniň ulag ulgamy”, “Bütindünýä ykdysady gatnaşyklary” diỳen mowzuklar öwrenilỳär.
4. Ỳewropa ỳurtlary bölümde (12 sagat) Russiỳa Federasiỳasy, Ukraina, Beỳik Britaniỳa, Germaniỳa Federatiw respublikasy, Fransiỳa, Italiỳa, döwletleri aỳratynlykda, Demirgazyk Ỳewropa, Baltika ỳurtlary bilelikde öwrenilỳär.
5. Aziỳa ỳurtlary bölümde (16 sagat) Kawkaz, Merkzezi Aziỳa ỳurtlary bilelikde, Hindistan, Indoneziỳa, Hytaỳ, Ỳaponiỳa, döwletleri aỳratynlykda öwrenilỳär.
6. Demirgazyk Amerika ỳurtlary (4 sagat) ABŞ, Kanada aỳratynlykda öwrenilỳär.
7. Latyn Amerikasy ỳurtlaryna (5 sagat) bilelikde häsiỳetnama berilip, Braziliỳa, Meksika, Argentina aỳratynlykda öwrenilỳär.
8. Afrika ỳurtlarynyň hem (5 sagat) bilelikde häsiỳetnamasy Demirgazyk, Gündogar, Merkezi we Günbatar Günorta Afrika döwletleri diỳen sapaklar boỳunça Müsür, Günorta Afrika Respublika aýrtaöwrenilỳär.
9. Awstraliỳa we Okeaniỳa döwletleri – 2 sagat.
10. Bütündünỳä ykdysady gatnaşyklary – 1 sagat. Ätiỳaçlyk wagta 2 sagat berilipdir.

***“Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersi boỳunça***

***okuwçylaryň bilim derejesinden edilýän talaplar***

Dünýäniň ykdysady-durmuş geografiýasy mekdepde öwrenilýän geografik dersleriniň jemleýjisi bolup, onda okuwçylaryň ozalky öwrenen geografik bilimleri we başarnyklary has ösdürilýär hem-de berkidilýär. türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen ýeke-täk talaplara görä IX-synp okuwçylarynyň bilimleri we başarnyklary şu aşakdaky mazmuna gabat gelmelidir:

Okuwçylar bilmelidirler:

- Dünýä ýurtlarynyň syýasy, döwlet gurluşy, tutýan meýdany, ilatynyň sany, ykdysady ösüş derejesi boýunça toparlaryny we olara degişli esasy ýurtlaryň atlaryny;
- Dünýäniň tebugy baýlyklarynyň görnüşlerini we olaryň has köp ýerleşen, peýdalanylýan döwletlerini;
- Dünýäniň ekologiýa meselelerini we olary çözmek boýunça alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlygy;
- Dünýä ilatynyň sanyny, köpelişiniň görnüşlerini jyns, ýaş, milli synpy düzümlerini, ýerleşisini iň köp, iň seýrek we gür ilatly ýurtlary;
- Häzirki zaman dinleriniň görnüşlerini we olaryň geografiýasyny;
- "Ylmy-tehniki öwrülişik" düşünjäni we onuň dünýä hojalygyna täsirini;
- Nebit, gaz, kömür, elektroenergetika, gara we reňkli metallurguýa, maşyn gurluşygy, himiýa, dokma, tokaý senagatynyň ösen döwletlerini;
- Has köp däne, pagta, şaly, günebakar, gant şugundyry, şeker çiňrigi, sitrus miwelerini köp öndürýän sebitleri we ýurtlary;

- Dersiň dowamynda öwrenilỳän ỳurtlaryň geografik ỳerleşisini, ỳöriteleşen senagat, oba hojalyk we ulag pudaklaryny;
- Dünỳä ỳurtlarynyň daşary şonda-ykdysady aragatnaşyklarynyň görnüşlerini we esasy ugurlary;
- Mukaddes Ruhnamadaky we beỳleki derslerindäki, Atalyk kitaplaryndaky Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň taryhy çykyşlaryndaky hoşniỳetli özara bähbitli goňşyçylyk syỳasaty bilen baglanyşykly, alyp barỳan işlerini “Açyk gapylar” syỳasatynyň ähmiỳetini;

Okuwçylar başarmalydyr:

- Dersiň mazmuny boỳunça geçilen mowzuklarda öwrenilen ỳurtlary, olaryň paỳtagtlaryny, hökman bilinmegi talap edilỳän, ykdysady maglumatlary boỳunça has tapawutlandyrỳan sebitleri we döwletleri kartadan görkezmegi;
- Aỳratyn alnan bir ỳurduň syỳasy-geografik ỳagdaỳyna häsiỳetnama bermegi;
- Aỳratyn alnan bir ỳurda ykdysady-geografik häsiỳetnama bermegiň ỳörüte (tipiki) meỳilnamasyny ỳatdan aỳtmagy;
- Ders boỳunça aỳratynlykda öwrenilen döwletlere gysga ykdysady-geografik häsiỳetnama bermegi;
- Döwletlere deňeşdirme ykdysady-geografik häsiỳetnama bermegi;
- Ỳörüte kartalardan, atlasdan peỳdalanyp, sudur kartalar bilen işlemegi;

Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny okatmak işinde bu başarnyklar bir-biri bilen baglanyşykly kemala getirilỳär. Şonuň üçin her bir mowzuk öwrenilỳän sapakda ỳa-da öỳ işi görnüşinde, şeỳle hem uly mowzuklaryň, bölümiň ahyrynhda guralỳan ỳörüte amaly iş sapaklarynda ỳeke-täk

talap edilỳän bilimleri has berkitmek, dürli başarnyklary kemala getirmek ỳa-da ösdürmek maksady bilen okuwçylaryň özbaşdak tejribe işleri guralỳar. bu işler ähli synplarda boluşy ỳaly, IX synpda geografiỳany okatmakda hem yzygider we ulgamlaỳyn alnyp barylmalydyr. Bu işleriň netijesinde mekdebi tamamlaỳan okuwçylaryň geografik bilimleriniň we başarnyklarynyň derejesiniň talaba laỳyk bolmagyny gazanyp bolar.

**“Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby bilen işleriň guralyşy.**

IX synp okuwçylary okuw kitaby bilen işlemek usullaryndan gowy peỳdalanyp bilỳärler. Onuň esasy sebäbi olarda VIII synpyň okuw kitaby bilen işlemek başarnyklarynyň bolmagydyr. Olaryň ykdysady geografik bilimleri özleşdirmeklige taỳỳarlygy hem gowy bolỳar.

“Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby bilen işlemek usullarynyň şu aşakdaky görnüşleri has netijeli hasaplanỳar:

1. Mowzugyň ỳazgysyny okap derňemek.
2. Okuw kitabyndaky san-hasabat maglumatlary we kartalary derňemek.
3. Mowzuklaryň, bölümleriň ỳazgylaryndan soň berlen dürli soraglaryň we ỳumuşlaryň üstünde özbaşdak işlemek.
4. Bir mowzuga degişli ỳazgylardan, san-hasabat maglumatlardan, kartalardan, suratlardan, çyzgylardan bililikde peỳdalanyp bilmek.

Mekdeplerde häzirki ulanylỳan “Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” okuw kitaby (awtorlary N.Öräỳew, R.Batyrow. 1997ỳ) könelişdi, onuň düzülişinde we çap edilişinde kemçilikler hem köp. Geografiỳany okatmagyň mekdep maksatnamasy (2007ỳ) bilen mazmuny doly gabat gelỳän we has täze san-hasabat maglumatlary jemlenen kämil okuw kitaby 2008-nji ỳylda çap edilip mekdepleriň ählisi onuň bilen doly üpjün ediler.

IX-synp okuwçylaryny ilkinji geografiỳa sapagynda okuw kitabynyň gurluşy, onuň mazmuny bilen tanyşdyrmaly. Onuň VIII-synpyň okuw kitaby bilen meňzeşliklerini we peỳdalanmak ussullaryň hem belli bir derejede köp tapawutlanmaỳandygyny öwretmeli. Sebäbi IX-synpyň okuwçylarynyň okuw kitabyndan özbaşdak peỳdalanyp bilmek başarnyklary has ỳokary derejede bolmalydyr.

Okuw kitabyndaky aỳry-aỳry ỳurtlar baradaky maglumatlar öwredilende okuwçylarda her bir ỳurt barada umumy düşünjeler kemala gelỳär, olaryň ykdysady-geografiỳa häsiỳetnamasyny düzüp bilmek başarnyklary has kämilleşỳär. Her bir ỳurtda ykdysady-geografik häsiỳetnama düzende okuwçylar okuw kitabynda berlen ỳazgylary, kartalary, suratlary, çyzgylary, san-hasabat maglumatlary doly we dogry peỳdalanmagy başarmalydyrlar. Bu başarnyk olaryň ol ỳa-da beỳleki hakynda diňe bir giňişleỳin maglumatlary öwrenmegi bilen saklanman, eỳsem dürli çeşmelerden, esasan hem okuw kitabyndan peỳdalanyp bilmekligiň has netijeli usullaryny hem üpjün edỳär.

“Dünỳäniň ykdysady-durmuş geografiỳasy” dersiniň mazmuny we IX-synp okuwçylarynyň ỳaş aỳratynlyklary ony okatmakda umumy okuw, amaly, tejribe sapaklaryny utgaşdyryp geçirmäge mümkinçilikler berỳär. Amaly, tejrib sapaklarda okuwçylar okuw kitaby we beỳleki goşmaça bilim çeşmeleri esasynda gysga ỳazgylar, deňeşdirme jedweller, ỳönekeỳ çyzgylar, kartoshemalar düzmek ỳaly başarnyklary hem öwrenmelidirler.

Umuman V-nji synpdan başlap okuw kitaplaryndan peỳdalanmak usullaryny doly özleşdiren okuwçylar IX-synpyň ikinji ỳarymynda özbaşdak şu aşakdaky işleri hiç bir kynçylyklar ỳerine ỳetirip bilmelidirler:

1. Okuw kitabyndaky islendik mowzuk baradaky ỳazgylary özbaşdak doly derňäp bilmegi;
2. Mowzuk baradaky ỳazgylardan iň esasy düşünjeleri saỳlap alyp bilmegi;
3. Ỳazgylarda ol ỳa-da beỳleki hadysanyň, wakanyň gurluşysyny, düzümini, sebäplerini we başgalary anyklap bilmegi;
4. Okuw kitabyny, metbugat materiallaryny, beỳleki bilim çeşmelerinden peỳdalanyp özbaşdak nutuklar, referatlar, habarlar taỳỳarlap bilmegi…

## Edebiýatlar:

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1 tom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2008.

2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2 tom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009.

3.Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007

4.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007

5.Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

6.Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.

7.Türkmenistanyň „Bilim hakynda“ Kanuny. Mugallymlar gazeti. 21.09.2009.

8.Halkyň saýlany we ynam bildireni. W.M. Hramowyň umumy redaksiýasy bilen. Aşgabat, 2007.

9.Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy.Aşgabat,2007.

10.Darinskiý A.B. Metodika prepodawaniýa geografii.,M.,Prosweşeniýe,1975

11.Metodika obuçeniýa geografii w sredneý şkole, Pod red. Bibik A.Ýe. i dr. M.,Prosweşeniýe,1975

12.Metodika obuçeniýa geografii w sredneý şkole, Pod red. Pançeşnikowoý L.M., M., Prosweşeniýe, 1983.

13.Uroki geografii w şkole, Pod red. Gerasimowoý T.P., M., Prosweşeniýe, 1967.

14.Babaýew A.G., Gurbandurdyýew G. we beýl., Fiziki geografiýa, 5-nji synp üçin okuw kitaby, Aşgabat, TDNG, 2002.

15.Çaryýew N., Lawrow A.R., Tebigaty öwreniş, 4-nji synp üçin okuw kitaby, Aşgabat, Magaryf, 2000.

16.Keşikow A., Orta mekdepleriň 5-nji synpynda fiziki geografiýa dersini okatmagyň usuly gollanmasy, Aşgabat, TDNG, 2005.

17.Orta mekdepleriň V-IX synplary üçin geografiýa dersi boýunça okuw maksatnamasy, Aşgabat, TDNG, 2005.

18.Gurbanow A.A., Kuzmin O.D. we beýl., Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri, Aşgabat, Magaryf, 1978.

19.Gurbanow Ö.R., Arnageldiýew A., Ülkäniň tebigatyny öwrenmek., Aşgabat, Ylym, 1994.

20.Sereda W.I., Sistema wneklassnoý raboty po geografii w sredneý şkole, M., Prosweşeniýe, 1972.

21.Gurbandurdýyew G., Türkmen milli wagt hasaplary we senenamalary. Aşgabat, TDNG, 2006.

22.Orta mekdepleriň V-IX synplary üçin geografiýa dersi boýunça okuw maksatnamasy, Aşgabat, TDNG, 2007.

23. W.P.Goroşenko,Metodika prepodawaniýa geografii w naçalnoý şkole, Moskwa 1957.

24.Metodika prepodawaniýa prirodowedeniýa, W.M.Pakulowa, W.I.Kuznesowa, Moskwa 1990.

25. A.A.Gurbanow, O.D.Kuzmin, Oçerki po istorii rzwitiýa pedagogiçeskoý mysli w Turkmenistane, Aşgabat, Türkmenistan, 1972.

26.S.Muhammedow. Pedagogiki tejribeligiň geçirilişi. Mugallymlar gazeti, 16.11.2009.

27.S.Muhammedow. Täsin tebigatymyz bar. Mugallymlar gazeti.19.12.2005.

28.M.Abdykerimowa. Köýtendaga gaýybana gezelenç. Mugallymlar gazeti, 9.10.2009.

29.A.Gylyjow. Güneşli ülkäniň tebigaty. Aşgabat,Magaryf. 1978.

30.S.Atanyýazow. Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi. Aşgabat,Ylym.1980.

31.G.Annaýew. Köwata. Mugallymlar gazeti, 9.10.2009.

32.N.Hydyrow. Tebigata söýgi terbiýelenýär. Mugallymlar gazeti. 9.11.2009.

33.B.Myradow.Okatmagyň interaktiw usullary. Diýar 2008 №2.

34.B.Myradow. Pedagogiki ussatlyk – okatmagyň interaktiw usulynyň esasy. Diýar 2008 №6

35.Ensiklopediçeskiý slowar geografiçeskiý terminow. Glawnyý redaktor S.W.Kalesnik. Moskwa,Sowetskaýa ensiklopediýa,1968.

36.Orta mekdepleriň matematika, ýaşaýşy öwreniş hem-de geografiýa dersleri boýunça ýeke-täk talaplar we baha ölçegleri. Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen gollanma. Aşgabat, TDNG, 2004.

37. Белович И.В. и др. Методика преподавания географии. Практические работы, Москва, Просвещение, 1984

38. Голев В.П. Средства обучения географии и условия их эффективного пользования. Москва, Просвещение, 1987

39. Горошеко В.П. Сытникова И.А. Методика преподавания природоведения. Москва, Просвещение, 1987

40. Даринский А.В. Урок географии в средней школе. Москва, Просвещение, 1984

41. Лисенкова Г.Я., Панурова Г.Я., Потунин В.Б. Тематические планирование по географии. Москва, Просвещение, 1989

42. Методика обучения географии в средней школе. Под редакцией Л.М.Паншечниковой. Москва, Просвещение, 1983

43. Пакулова В.М., Кузнецова В.М. Преподавания природоведения. Москва, Просвещение, 1990

## MAZMUNY

Giriş..........................................................................................7
§1. Geografiýany öwretmegiň nazaryýeti we usulyýeti dersiniň maksady, wezipeleri……………………….......................…9
§2. Geografiýany okatmagyň usulyýeti dersiniň beýleki ylymlar bilen baglanyşygy...................................................15
§3. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ylmy – barlag usullary...........................................................................17
§4. Geografiýany okatmagyň usulyýetiniň ösüş taryhy..............................................................................27
§5. Türkmenistanda geografiýa we onuň okadylyşynyň kämilleşdirilmegi...................................................................34
§6. Geografiýany okatmagyň mazmuny.................................42
§7. Geografiýany okatmagyň pedagogiki we psihologiki esaslary......................................................................50
§8. Geografiýany okatmakda okuwçylarda başarnyklaryň we endikleriň kemala getirilişi hem-de ösdürilişi.........................57
§9. Umumygeografik düşünjeleriň we kanunalaýyklyklaryň öwrenilişi…………...................................................................62
§10. Geografiýany okatmagyň usullary..................................68
§11. Geografiýany okatmakda dilden beýan ediş usuly...........76
§12. Geografiýany okatmakda gözegçilik usuly......................79
§13. Görkezip okatmak usuly................................................84
§14. Okatmagyň tejribe usuly................................................89
§15. Geografiýany okatmakda okuw işleriniň guralyşy.........93
§16. Geografiýa sapaklarynyň gurluşy we düzüm bölekleri..........................................................................100
§17. Geografiýa sapaklarynyň görnüşleri we olaryň saýlanyp alnyşy..........................................................................105
§18. Geografiýany okatmakda adaty däl we tejribe sapaklarynyň ähmiýeti...................................................................112

§19. Okuw işleriniň beýleki görnüşleri..................................118
§20. Geografiýa sapaklaryny derňemegiň usulyýeti..............121
§21. Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we baha bermek.....127
§22. Pedagogiki tejribeleriň geçirilişi...................................133
§23. Geografiýany okatmagyň serişdeleri.............................139
§24. Kartalar, atlaslar, kartografiki materiallar,
globus – okatmagyň serişdesidir..........................................145
§25. Geografiýa derslerinde atlaslaryň, sudur kartalaryň
peýdalanylyşy……………………………………………155
§26. Görkezme esbaplary we görkezme serişdeleri...............164
§27. Geografiýany okatmagyň tehniki serişdeleri..................169
§28. Okatmakda san maglumatlary, okuw kitaplary .............174
§29. Geografiýa otagy............................................................182
§30. Geografiýa meýdançasy..................................................188
§31. Janly burç we ülkäni öwreniş otagy..............................196
§32. Geografiýadan synpdan daşary işler.............................199
§33. Geografiýadan synpdan daşary işleriň görnüşleri we
olaryň guralyşy......................................................................213
§34. Gezelençler.....................................................................223
§35. Geografiýadan synpdan daşary işleriň beýleki
görnüşleri...............................................................................232

**GEOGRAFIÝA DERSLERINIŇ SYNPLAR BOÝUNÇA AÝRATYNLYKLARY**

§36. IV synpyň tebigaty öwrenişi, onuň mazmuny, bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti.......................................240
§37. Tebigaty öwreniş dersiniň mazmuny boýunça sapaklaryň guralyşy.................................................................................249
§38. V synpyň fiziki geografiýa dersi, onuň mazmuny, bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti......................................254
§39. Fiziki geografiýany okatmakda adaty we adaty däl sapaklar...................................................................................271
§40. VI synpda okadylýan “Materikleriň we ummanlaryň fiziki geografiýasy” dersiniň maksady, mazmuny, usullary we serişdeleri ..............................................................................276

§41. VII synpda okadylýan “Türkmenistanyň fiziki geografiýasy” dersiniň maksady, mazmuny, usullary we serişdeleri.............................................................................283
§42. VIII synpda okadylýan “Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy” dersiniň maksady, mazmuny, usullary we serişdeleri.............................................................................289
§43. IX synpda okadylýan “Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy” dersiniň maksady, mazmuny, usullary we serişdeleri.............................................................................296
Edebiýat .............................................................................303
Mazmuny.............................................................................306